Soltanşa ATANYÝAZOW

# ŞEJERE
## Türkmeniň nesil daragty

Aşgabat, «Turan-1»
1994

**BBK 63.5 (2)**
**A 91**

**Atanyýazow S.**
ŞEJERE (Türkmeniň nesil daragty), A.: “Turan-1”—1994.

Her bir halkyň tire-taýpasy onuň gönezligi, asyl köki bolup, olaryň atlary halkyň geçmişini biziň günlerimize mizetmän ýetiren ajaýyp kitapdyr. Bilesigeliji giň okyjylar köpçüligine, ylaýta-da ýaşlara niýetlenen bu kitapda türkmen tire-taýpalarynyň gyzykly taryhy, olaryň adynyň döreýiş sebäpleri we manysy barada gürrüň gidýär, getirilýän maglumatlaryň ygtybarly bolmagy üçin, awtor gadymy hytaý, grek, orta asyr arap, türk we pars alymlarynyň işlerinden giňden peýdalanýar, ençeme türkmen tire-taýpalarynyň adynyň ýüze çykyşy barada gadymy we häzirki zaman alymlarynyň çaklamalaryndan düýbünden üýtgeşik pikirleri okyjylara hödürleýär.

Halkymyzyň gadymy geçmişine göz ýetirmek isleseňiz, şu kitaby okaň!

**A—0505000000** **BBK 63.5 (2)**
**A91**

“Turan-1”

## SÖZBAŞY

Gadymy ata-babalarymyzyň "Ýedi arkaňyzy bilmek—parz" diýen dana aýtgysy bar. Şu ýörelgeden ugur alyp, olar öz çagalaryna geçmiş atalarynyň adyny ürç edip ýatladypdyrlar. Gazak halkynda bu däp häzire çenli ýörgünlidir. Diňe bir türki kowumlara däl, eýsem türki halklaryň köpüsine mahsus bolan nesil yzarlamak düzgüni türkmenlerde **nesil daragty**, araplarda **şejere**, käbir türki halklarda **ýedi ata, ýedi arka**, oruslarda **rodoslownaýa**, ylmy dilde bolsa **genealogiýa** diýen atlar bilen bellidir.

Geçmişiňi bilmän, geljege göz ýetirmek mümkin däl. Ata-babalarymyzyň asyrlar boýy sünnäläp bize ýetiren gowy däplerinden, şol sanda geçen nesilleri ýatda saklamak we olary hormatlamak endiginden ýüz döndürsek, biz öz neberelerimizde şu günki we geljekki nesillere sarpa goýmak ýaly asylly sypaty terbiýeläp bilmeris, çünki geçmiş özüne aýawly çemeleşmegi talap edýär, edilen hyýanat üçin bolsa dessine ar alýar. Dagystanyň meşhur şahyry Rasul Gamzatowyň atasy Gamzat Çadasynyň aýlawly aýdan ajaýyň sözlerinden çen tutsaň, "Geçmişine sapança atany ol top bilen urýar".

Ululara hormat goýmazlyk, garrylary sylamazlyk, ýakynlaryň bilen oňuşmazlyk, gara nebis üçin hallan atmaklyk, gedemlik, tireparazlyk, ogurlyk ýaly geçmişde ata-babalarymyzyň ýigrenen zatlary häzirki ýaşlarymyzyň arasynda barha güýjäp, ýoň bolup barýar. Munuň esasy sebäbini biziň könämizi ýatdan çykaranlygymyzdan, ata-babalaryň gowy däplerini unudanlygymyzdan, umuman, geçmişimiziň üstüne atanak çekenligimizden gözlemek dogry bolar. Beýle ýagdaýda ýaşlarda erbet endikleriň, ýigrenji häsiýetleriň dörejegi şübhesizdir, çünki Yrak türkmenleriniň nakylynda jaýdar aýdylyşy ýaly, "aslyny unudan atasyny atar".

Soňky 50 ýylyň dowamynda içgin öwrenmeklik gadagan edilen

temalaryň biri-de türkmen tire-taýpalarynyň gurluşy, gelip çykyşy we olaryň atlarydyr. Şu döwür içinde rus dilinde bolaýmasa, türkmen dilinde olar barada ylmy işler neşir edilmedi, ylmy derňewler-de geçirilmedi. “Tire-taýpalaryň we olaryň atlarynyň öwrenilmegi il içinde tireparazlygy ösdürer” diýen galp düşünjeden ugur alyndy. Hakykatda weli düýbünden tersine: öz aslyňy bilmezlik, diňe bir türkmen taýpalarynyň däl, eýsem, türki halklaryň, şeýle-de goňşulykda ýaşaýan halklaryň gan garyndaşlygyna, olaryň aglabasynyň asyl köküniň, gelip çykyşynyň şol bir gözbaşdan gaýdýanlygyna düşünmezlik tireparazlygy we milletçiligi döredýär.

Etnonimika, umuman, etnografiýa ylmynda dogry bellenilişi ýaly, dünýäde keseki gany gatyşmadyk, töweregindäki dürli halklar bilen garylmadyk, ýagny bir ata-eneden (ganybir maşgaladan) dörän ýekeje-de arassa, ig halk, taýpa, hatda tire-de ýok. Uzak asylaryň dowamynda bu etnik toparlar öz içine garyndaş we garyndaş däl taýpa-tireleriň, halklaryň dürli böleklerini kabul edip durýar. Wagtyň geçmegi bilen, soň goşulan az sanly il uly taýpanyň içine siňip, eräp gidýär. Muňa her bir okyjy öz obasynyň mysalynda-da göz ýetirip biler: soňky 30—40 ýylyň içinde onuň obasyna beýleki obalardan birnäçe maşgala göçüp gelendir ýa-da göçüp gidendir. Ençeme maşgalalar beýleki tire-taýpalardan gyz alyp, gyz berendirler. Bu ýagdaý uzak asyrlaryň dowamynda gaýtalanyp duran zat.

Basybalyjykly uruşlary, göçe-göçlükleri, pajygaly sosial-ykdysady hadysalary hasap etmäniňde-de, ýokarda ýatlanan we ähli tire-taýpalara mahsus bolan etnik gatnaşyklar ilatyň dürli toparynyň arasynda ganyň gatyşyp durmagyna getirýär.

Ähli taryhy çeşmeleriň biragyzdan tassyklamagyna görä, türki halklar iňňän gadymy eýýamda bir kökden, bir topardan dörän il bolup, soňra olar aýrylyşypdyrlar, aglabasy soňra özbaşdak halk derejesine çenli ösüp ýetişipdir. Türkmen taýpalary hem bir kökden (gadymy oguzlardan) gaýdýar, olar bir kökden dörän äpet daragtyň ululy-kiçili şahalarydyr. Köp asyryň dowamynda türkmen halky goňşy halklarynyň we taýpalarynyň dürli toparlaryny öz düzümine kabul edipdir. Öz gezeginde bu halkyň dürli bölekleri hem ýakyn we uzak halklaryň (hatda oruslaryň, wengrleriň, bolgarlaryň, kürtleriň, parslaryň...) arasyna siňip gidipdir.

Diýmek, türkmen tire-taýpalarynyň biri-birlerini ganybir dogan hasap edişi ýaly, biz özümizi töweregimizi gurşap alan köp sanly halklar, halkyýetler bilen hem ganybir garyndaş saýmalydyrys. Ynha, okyjylaryň dykgatyna hödürlenýän şu kitabyň esasy ideýasy şundan ybarat. Oçerkleri okap çykan her bir okyjy şundan soň taýpa-tireleriň wekillerini özi bilen doganlygyna, töweregimizi gurşap alan halklaryň hem biri-birleri bilen gan garyndaşlygyna göz ýeterse gerek.

1988-nji ýylda "Ylym" neşirýatynda biziň "Slowar turkmenskih etnonimow" ("Türkmen etnonimleriniň sözlügi") diýen kitabymyz orus dilinde çap edildi. Onda türkmen tire-taýpa atlarynyň 2300-den gowragy ýerleşdirilip, olara düşündiriş berlipdi. Eliňizdäki oçerkler şol sözlügiň esasynda ýazylan bolsa-da, onuň terjimesi däl, sebäbi bu kitapdaky oçerkler üçin ýatlanan sözlügiň 2300 makalasyndan diňe 300-den gowragy seçilip alyndy, olar hem sözlük makalasy görnüşinde berilmän, oçerk häsiýetinde giňişleýin teswir edildi. Galyberse-de, bu kitaba girizilen etnonimleriň köpüsi täzeden işlenildi, olaryň aňladýan manylary we gelip çykyşy ýatlanan sözlükdäkiden başgaçarak düşündirildi. Muňa, bir tarapdan, türkmen etnonimleri barada goşmaça toplanan maglumatlar sebäp bolsa, ikinji tarapdan, rus dilinde çap edilen sözlük neşire tabşyrylandan soň, biz türkmen etnonimleriniň ylmy-teoretiki meseleleri bilen meşgullanyp, bu atlary doganlyk türki halklaryň tire-taýpa atlary bilen degşirip öwrendik. Bu ýagdaý türkmen etnonimleriniň ençemesiniň gelip çykyşyna täzeçe çemeleşmäge mümkinçilik döretdi. Üçünjiden, 1990-njy ýylyň aprel aýyndan başlap, "Şejere" ýörelgesi bilen "Ýaş kommunist" gazetiniň şenbe güni çykýan her sanynda türkmen etnonimleri baradaky makalalarymyz çap bolup ugrandan soň, respublikamyzyň dürli künjeklerinde ýaşaýan okyjylardan onlarça hat aldyk. Ol hatlardaky peýdaly bellikleri we habar berilýän goşmaça maglumatlary biz nazarda tutduk. Orus dilinde çap edilen sözlügimiz barada metbugat sahypalarynda aýdylan tankydy bellikler hem hasaba alyndy. Netijede, bu kitapda ýerleşdirilen ençeme türkmen etnonimleriniň aňladýan manylary rus dilinde çap edilen sözlükdäkiden başgaça düşündirildi.

Türkmen etnonimleri we olar baradaky taryhy maglumatlar, köplenç, gadymy hem-de häzirki döwür alymlarynyň çap edilen işlerinden alyndy, 1963-nji ýyldan başlap, bular barada biziň il içinden

toplan maglumatlarymyz hem işde doly peýdalanyldy.

Ol ýa-da beýleki etnonimiň aňladýan manysyny we onuň gelip çykyşyny anyklamak aňsat iş däl, çünki bu atlaryň ençemesiniň döränine birnäçe asyr, käbiriniň ýüze çykan wagtyndan bäri bolsa 2—3 müň ýyl geçipdir, emma olaryň manysy we ýüze çykyş sebäpleri barada taryhy çeşmelerde anyk we ynançly maglumatlar duş gelmeýär diýerliklidir. Şeýle ýagdaýda biz deňeşdirme usulyndan peýdalandyk, ýagny bir etnonimi derňänimizde, ony tutuş sistemany emele getirýän özüne kybapdaş beýleki türki (türkmen) etnonimleri bilen degşirip, saldarlap görüp öwrendik we onuň gelip çykyşy barada jaýdar hasaplan çaklamalarymyzy orta atdyk.

Tire-taýpa atlarynyň manysy barada okyjylaryň dykgatyna hödürlenen çaklamalar—awtoryň hususy pikiri. Biz ony meseläniň gutarnykly çözgüdi hasaplamaýarys, çünki geljekki çuň ylmy derňewler, täze tapylan goşmaça maglumatlar netijesinde ol ýa beýleki etnonimiň aňladýan manysy başga hili düşündirilip bilner. Biz bu babatda giň okyjylar köpçüliginiň kömegine bil baglaýarys. Türkmen etnonimleri baradaky belliklerini, tankydy pikirlerini habar beren okyjylardan biz gaty hoşal bolardyk. Hatlary awtora şu adrese ibermek bolar: 744000, Aşgabat, Gogol köçesi,15. Türkmenistan YA-nyň H. Baýlyýew adyndaky Dil bilimi instituty.

## GIRIŞ

Tire-taýpa atlarynyň gelip çykyşy baradaky şeýle kitabyň türkmen okyjyaryna niýetlenen ilkinji gezek neşir edilýändigi üçin, biz onomastika ylmynyň bir şahasy bolan etnonimikanyň ýörite terminleri, türkmen tire-taýpa atlarynyň özboluşly aýratynlyklary, olaryň beýleki türki halklaryň etnonimiýasy bilen özara gatnaşygy we ylym üçin ähmiýeti barada gysgaça düşündiriş bermegi makul bildik.

**Etnonimika**—grekleriň **etnos** ("halk") we **onoma** ("at") sözlerinden emele gelip, "tire-taýpa we halk atlaryny öwrenýän ylym" diýen manyny aňladýar. Taýpa-tiräniň bölünip alnan bir adyna (meselem, ýomut diýen ada) etnonim, belli bir halkyň ýa-da ülkäniň şeýle atlarynyň jemine, tutuş sistemasyna bolsa etnonimiýa diýilýär. Eliňizdäki kitapda tire-taýpa atlary diýen termin bilen bir hatarda etnonimler diýen adalga hem giňden ulanyldy.

Etnik atlar dakylyş häsiýetine görä iki uly topara bölünýärler: awtoetnonimler, ýagny halkyň ýa-da taýpa-tiräniň özi üçin saýlan (kabul eden) ady we alloetnonimler, ýagny halka ýa-da taýpa-tirä töwerekdaki iliň dakan ady. Iliň özi üçin saýlan atlary aglaba gowy manyly sözlerden hasyl bolýar, emma daş-töweregiň dakan atlarynda (alloetnonimlerde) kemsidiji äheňler hem duş gelýär. Meselem, Germaniýanyň esasy ilaty özüne doýç diýse, gündogar ýurtlaryň ilaty oňa alman, ruslar bolsa nemes diýip at berýärler. Nemes sözi nemoý ("güň, lal") sözi bilen asyldaşdyr. Dili düşnüksiz bolany üçin, ruslar olara şeýle at beripdirler.

Mälim bolşy ýaly, türkmen taýpalarynyň düzlüşi örän çylşyrymly: taýpalaryň köpüsi 2-den 5-e çenli uly bölümlerden ybarat. Meselem: teke (bölümleri: utamyş we togtamyş), ýomut (atabaý we jafarbaý), ýemreli (dagly we gumly), alili (ýüzbaşy we onbegi) taýpalary 2, salyrlar

garaman, kiçiaga we ýalawaç diýen 3, ärsarylar uludepe, güneş, gara we bekewül diýen 4, çowdurlar bolsa garaçowdur, burunjyk, bozajy, abdal we igdir diýen 5 uly bölümden ybarat. Öz gezeginde bu bölümler ençeme uruglara, uruglar hem onlarça ownuk tirelere bölünýärler. Biri beýlekisine tabyn bolan şeýle bölünişik ýokardan aşaklygyna sananda 2-den 10-a (ata taýpasynda 13-e) çenli ýetýär. Ylymda-da, halk arasynda-da bu çylşyrymly bölünişigiň ähli halkalaryny ýeke-ýekeden (ýokardan aşak) atlandyrýan, 1-nji halkany2 (3, 4, 5...)-njiden tapawutlandyrýan ýörite termin ýok. Meselem, "taýpa" manysynda ylmy çeşmelerde-de, il içinde-de "taýpa", "urug", "halk", "il", hatda "tire" ýaly sözleriň ulanylyşyna duş gelýäris. Aşaky halkalar barada-da ýagdaý şeýle. Bu türki halklaryň ählisine mahsus zatdyr. Ýöne beýle diýildigi türkmen dili ownukly-irili etnik toparlary aňlatmaga ukyply terminlere garyp diýildigi däldir. Bu dilde we onuň şiwelerinde şeýle bölekleriň ady hökmünde, ýokarda sananlarymyzdan başga-da, oba, kowum, birata (salyr), gandüşer (saryk), topar, lakam, depe, türpe, desde (ärsary), bölüg (Mary), aryş (Astrahan türkmenleri), dähe (bujakly), top, tohum, maşgala, aýmak ýaly ençeme sözler ulanylýar.

Eliňizdäki ktapda özbaşdak milletleriň ady halk, teke, ýomut... ýaly uly taýpalar taýpa, onuň 2-den 5-e çenli uly şahalary bölüm, olardan kiçileri urug, urudan soňky bölünişiginiň ähli halkalary hem tire diýen terminler bilen aňladyldy.

Türki, şol sanda türkmen etnonimiýasyna mahsus sypat hökmünde urug-tireleriň köplenç jübüt-jübütden düzülýändigini, şol jübütleriň adynyň we aglaba ýagdaýda ýanaşyk ulanylýandygyny görkezmek mümkin. Muňa ak, gara (akgoýunly—garagoýunly, ak daşaýak—gara daşaýak, ak goňur—gara goňur), uzyn, gysga, kelte (uzyn ak—gysga ak) ýaly tapawutlandyryjy sözler bilen gelýän etnonimler aýdyň mysal bolup biler. Beýleki urug-tire atlary hem köplenç goşalandyrylyp ulanylýar (beg—wekil, öküz—salak, uludepe—güneş, gara—bekewül we ş.m.). Ärsary şiwesinde beýle goşa etnik toparlara jabdak tireler diýilýär, ylymda bolsa bu hadysa dualizm ("ikileme") diýen at bilen bellidir.

## Etnonimleri öwrenmegiň ähmiýeti

Halkyň etnogenezini (düýp köküni, gönezligini), onuň iňňän irki

eýýamlarda ulanan sözlerini, dilini, hojalyk şertlerini, aragatnaşyk eden halklaryny, meşgullanan kärlerini we ş.m. öwrenmekde etnonimler bahasyna ýetip bolmajak ylmy çeşme hasaplanýar, çünki olar ençeme asyry, hatda müňýyllyklary öz üstünden geçirseler-de, dilimiziň gadymy sözlerini mizemez görnüşde biziň biziň günlerimize ýetiripdirler. Hut şonuň üçin alymlar tire-taýpa atlaryny ähmiýeti boýunça gadymy ýazuw ýadygärlikleri bilen deň tutup, olary öwrenmeklige ulu üns beripdirler.

Türki etnonimler barada ençeme maglumatlary 2000 ýyl çemesi mundan öň ýazylan hytaý senenamalaryndan, gadymy grek alymlarynyň galamyna degişli taryhy işlerden tapmak mümkin.

Türkmen taýpalrynyň 24-niň we olaryň ençeme uruglarynyň adyny ilkinji gezek derňän, olaryň ýerleşiş tertibini we tagmalaryny görkezen alym Mahmyt Kaşgarydyr. XI asyryň beýik dilçisi hasplanýan Mahmyt, alymlaryň tassyklamagyna görä, oguzlaryň kynyk taýpasyndan bolup, Kaşgarda doglupdyr we şol etrapda (Sinszýanda) hem aradan çykypdyr. Ol özüniň 1072—1074-nji ýyllarda ýazyp gutaran “Diwan lugat at-türk” (“Türki sözler diwany”) diýen uly göwrümli, üç tomluk eserinde şeýle ýazýar: “Türkler aslynda 20 taýpadyr... Her taýpanyň sansyz uruglary bar. Men bulardan esasylaryny, ýagny ene uruglary ýazdym, olaryň şahalaryny (bölümlerini) taşladym. Ýöne oguz-türkmenleriniň maýda (ownuk) uruglaryny hem, olaryň mallaryna goýulýan belliklerini (tagmalaryny) hem ýazdym, çünki damlarda bulary bilmäge zerurlyk bardy. Gündogardan başlap, her bir taýpanyň oturýan ýerini tertip bilen yzygider görkezdim”.

Hormatly okyjy! Eliňizdäki kitapda siz Mahmyt Kaşgarynyň adyna köp duş gelersiňiz. Türkmen taýpa-tireleriniň atlaryny düşündirmekde biz onuň “Diwanyny” gymmatly çeşme hökmünde köp peýdalandyk. Kitapda Reşideddin, Abylgazy, Ýazyjy-ogly, Salar Baba ýaly meşhur alymlaryň ady hem köp gaýtalanýar. Şonuň üçin bu şahslar we olaryň ýazan eserleri barada gysgaça ýatlamagymyz gerek.

Eýranyň Hemedan şäherinde 1247-nji ýylda doglan görnükli taryhçy alym Fazlallah ibn Reşideddin (ölen wagty 1318) özüniň “Jem-i at-tawaryh” (“Taryhyň jemi”) diýen üç tomluk ajaýyp eserini 1300—1310-njy ýyllarda Eýrandaky mongol hökümdaryna bagyşlap, pars dilinde ýazýar. Türki we mongol halklarynyň taýpa bölünişigine bagyşlanan 2-nji tomda Reşideddin türkmenleriň 24 taýpasynyň orunlaryny,

atlarynyň manysyny, ongonlaryny (totemlerini) we tagmalaryny ýekän-ýekän sanaýar.

Ýazyjy-oglunyň XV asyrda ýazan “Taryh-y aly Seljuk” (“Beýik seljuklar taryhy”) atly eseri Stambulyň Topgapy muzeýinde saklanýar. Bu eser Reşideddiniň eseri esasynda türki dilde ýazylyp, onda dürli “Oguznamalardan” ýerlikli peýdalanylypdyr. Bu eserde-de türkmen taýpalary, olaryň aňladýan manysy, her taýpanyň guşy (ongony, totemi), tagmasy, mal soýlanda olara degişli ülüşler yzygiderli görkezilýär.

Asly nusaýly Salar Baba Gulaly ogly Harydarynyň “Oguznama” diýen eseri hem Reşideddiniň ýatlanan kitaby esasynda 1555-nji ýylda türkmen dilinde ýazylyp, onda-da türkmen taýpalary ýokarky terzde derňelipdir.

Hywa hany Abulgazy Bahadyr han (1603—1664) türkmenlere garşy gazaply syýasat ýöredip, olary köp gyrýar. Ömrüniň ahyrynda öz etmişine ökünip, türkmenleriň öňündäki günäsini ýuwmak üçin, 1659—1661-nji ýyllarda “Şejere-ýi terakime” (“Türkmenleriň nesil daragty”) diýen kitabyny ýazýar. Abulgazy hem Reşideddiniň kitabyndan ymykly peýdalanypdyr, çünki ol Yspyhanyň ýakynyndaky Tabarek galasynda 10 ýyllap agöýli edilip (girewine) saklanýar, şol döwürde-de Reşideddiniň eseri bilen tanyşýar. Bu barada awtoryň özi habar berýär.

Türkmen taýpa-tireleriniň atlary barada diňe bir bu awtorlaryň eserlerinde däl, eýsem rewolýusiýadan öňki we soňky Ýewropa hem-de orus alymlarynyň ýazan kitaplarynda gymmatly maglumatlara duş gelmek bolýar. Soňky ýyllar içinde türkmen etnograflary hem bu babatda köp işler etdiler. Olaryň arasynda ilki bilen G.I. Karpowyň ady ýatlanmaga mynasypdyr, çünki bu alym baryp 20-nji ýyllarda türkmen taýpa-tireleri barada maglumat ýygnamaga girişdi, 1925-nji ýylda bolsa “Plemennoý i rodowoý sostaw turkmen” (“türkmenleriň taýpa we urug gurluşy”) diýen kitabyny çap etdirdi. Soňky ýyllarda ol türkmen urug-taýpalary barada köp maglumat toplap ýa-da dürli işgärlere topladyp, aglaba taýpalar barada makalalar ýazdy, olaryň ençemesini “G.I.Karpow” diýen at bilen ýa-da “Hoşgeldi Bagtyýarow” diýen türkmen lakamy bilen dürli žurnallarda neşir etdirdi.

Türkmen etnonimleri barada taryh ylymlarynyň doktorlary Sergeý Atajanowyň, Ata Jykyýewiň we Annadurdy Orazowyň bitiren hyzmatlary hem bellenmäge mynasypdyr.

## Türki etnonimleriň arasyndaky umumylyk we aýratynlyklar barada

Mälim bolşy ýaly, dünýä halklarynyň ählisi öz ösüşiniň belli bir pursatynda taýpa-tire bňlünişigini başdan geçiripdir. Şeýle bölünişik çarwa halklarda, meselem, gazaklarda, gyrgyzlarda, garagalpaklarda, başgyrtlarda, türkmenlerde we beýleki ençeme türki halklarda has uzak saklanypdyr. Ir döwürlerde oturymlylyga geçen azerbaýjan, tatar halklarynda, Özbegistanyň aglaba ülkelerinde taýpa-tire bölünişigi kem-kemden ýatdan çykarylypdyr.

Türkmenlerde taýpa-tire bölünişiginiň uzak we berk saklanmagynyň ýene bir sebäbi olaryň daşyny gurşap alan feodal döwletleriň (Hywa hanlygynyň, Buhara emirliginiň we Eýran şalygynyň) bu halka garşy alyp baran basybalyjjylykly syýasaty bilen baglanyşyklydyr. Türkmen topragyna göz gyzdyran we onuň edermen halkyny dyza çökermäge ymtylan bu hökümdarlar “bölüşdir-de höküm sür” diýen kolonial şygary baýdak edinip, türkmen taýpalaryny (we dürli türki halklary) biri-biriniň garşysyna goýup, olaryň arasynda duşmançylyk oduny tutaşdyrypdyrlar. Beýle ýagdaýda merkezleşen döwleti bolmadyk türkmenler diňe öz taýpadaşlaryndan, urugdaşlaryndan haraý gözläpdir. Bu hem öz gezeginde tire-taýpa bölünişigini çuňlaşdyryp, onuň uzak saklanmagyna getiripdir.

Umuman, tire-taýpalaryň döremegi halkyň biri-birine garaşly ululy-kiçili böleklere bölünmegi we olaryň hersine aýry-aýry atlaryň dakylmagy taryhy zerurlyk netijesinde ýüze çykýar. Bu bölünişikde we olaryň atlarynda bolsa geçmişiň taryhy wakalary hem-de däp-dessurlary öz şöhlelenmesini tapýar. Başgaça aýdanda, tire-taýpalara bňlünmeklik we olara at dakmaklyk däbi öz döwrüniň jemgyýetçilik gurluşyndaky aýratynlyklara esaslanýar. Munuň aýdyň mysaly hökmünde türkmen taýpalarynyň 24-e bölünmek däbini ýatlamak hem ýeterlikdir (orta asyr alymlary, şeýle-de gadymy “Oguznamalar” türkmenleri 24 taýpadan ybarat il edip görkezýärler). Bu däp gadymy gunlaryň harby-administratiw bölünişigi esasynda ýüze çykypdyr. Mälim bolşy ýaly, gun goşunlary ilki sag we çep ganata bölünipdirler. Her ganat üç şahadan, her şaha hem 4 bölümden ybarat eken (jemi 24 bölüm). Taryhy çeşmelerde uly bölümleriň hersiniň özüniň mahsus atynyň (gyr at, dor at, ak at, gara

at, ala at) bolandygy hem bellenilýär. Gunlaryň döwründäki bu bölünişik däbi türkmenleriň 24 taýpa bölünmek däbinde we etnonimiýasynda şu wagta çenli saklanypdyr.

Diňe bir etnonimiýada däl, eýsem halkyň maddy we ruhy medeniýetiniň dürli gatlaklarynda bu däbiň saklanyp galandygy barada Ahmet Bekmyradow şeýle ýazýar: "Edil hunlaryň keçe-halysyndaky ýaly, üç hatardan 8-e bölüp, 24 göl salmak däbi türkmen haly sungatynda ýörgünli däpleriň biri. Türkmen halylarynda 24 göli dörtden alty hatara ýa-da 24 göli 12-den iki hatara bölüp salmak däbiniň ýörgünlidigini aýtmalydyrys. Bu däpler hem hunlaryň, olaryň soňky dowamy bolan oguzlaryň gurluşy bilen baglanyşykly. 24 göli dörtden alty hatara bölmek Oguz hanyň alty ogly hem olaryň hersiniň dört oglundan emele gelen türkmen taýpalarynyň birleşigini aňlatsa, 24 göli 12-den iki hatara bölüp salmak hem Oguz hanyň 24 agtygynyň 12-den iki ganata bölünişi baradaky gadymdan gelýän halk ynanjy bilen baglydyr"[1] (durmuşyň dürli ugurlarynda 24-e bölünmek däbiniň duş gelşi barada "ýigrimidört" diýen makalada giňden gürrüň berildi)

Türkmen tire-taýpalary we olaryň atlary dürli döwürleriň önümidir. Dörän wagtlaryna görä türkmen etnonimlerini biz 5 topa böldük. Olaryň birinji (iň irki) gatlagy gadymy türki ýazuw ýadygärliginde we hytaý çeşmelerinde duş gelýän alpan, bürgüt, war, gun, gyzan, gypjak, daz, dowlat, dokuz, däli (tele), sabyr, suwar, sakar, giç ýaly etnonimlerinden ybarat.

Häzirki Türkmenistanyň (umuman, Orta Aziýanyň) territoriýasynda, bu etrapa entek türki halklaryň gelmezinden has owal, sak, massaget, tohar, alan ýa-da as, gürgen, teber (tabur), parnlar, sogdular, dahlar, margianalar, amurdlar (amardlar) ýaly öňden oturymly we göçme halklar ýaşapdyrlar. Dörän wagty nukdaýnazardan olary ýokarda sanalan türki halklardan we taýpalardan giçkidir çaklamak nädogry bolar, çünki bu etnonimleriň aglabasy 2, hatda 3 müň ýyly öz üstünden geçiren atlardyr. Ýöne weli bu atlar bilen belli bolan etnik toparlaryň türki halklaryň düzümine aralaşan döwri gadymy türki etnonimleriň ýüze çykan eýýamyndan soňky döwre degişlidir.

Orta asyr alymlarynyň (Mahmyt Kaşgarly, Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar Baba, Abulgazy dagynyň) eserlerinde agzalýan türkmen

[1] Bekmyradow Ahmet. Andalyp hem oguznamaçylyk däbi.

etnonimlerini biz dörän wagty taýdan 2-nji gatlagy emele getirýän atlar hasaplaýarys, çünki olaryň dörän wagty ol awtorlaryň ýaşan döwründen has ozaldyr.

Türki (türkmen) etnonimiýasynyň döreýşindäki 5-nji, iň ahyrky gatlak XV—XIX asyrlarda ýüze çykan köp sanly türki taýpa-tire atlaryny öz içine alýar. Bu atlaryň aglabasy türki sözlerden emele gelip, olaryň ençemesiniň dörän döwrüne we ýüze çykan ýerine degişli dokumental maglumatlary hem tapmak bolýar.

Şu ýerde türkmen etnonimleriniň ýüze çykyşyndaky we aňladýan manylaryndaky käbir aýratynlyklar barada-da kelam-agyz gürrüň bermegimiz gerek.

Bu kitapdaky oçerkleri okap çykan okyjylaryň ençemesi etnonimleriň asyl kökünіň "taýpa", "urug", "garym-gatym il" manysyndaky adaty sözlerden (jyns atlardan) emele gelendigine gözi ýetse gerek. Muny geň görüp otursa zat ýok: **doýç** (nemesleriň özleri üçin kabul eden ady), **udmurt, nenes, niwh** (birmada halk), **inuit** (eskimoslaryň özlerine dakan ady), **mari** (Mary respublikasynda ýaşaýan halkyň ady) ýaly ençeme etnonimler hem "adam", "adamlar topary", "il" ýaly manyda ýüze çykypdyrlar. Bu bolsa taýpa-uruglaryň ilki dörän we sanynyň hem entek az bolan eýýamynda, olary şol topary aňladýan adaty sözler bilen atlandyrmagyň ýeterlik bolandygyny görkezýär. Bu ýagdaý etnonimleriň ýaňy döräp başlan döwürlerine mahsus bolupdyr.

Döreýiş sebäpleri, gurluşlary we aňladýan manylary babatda türkmen etnonimleri beýleki türki halklaryň tire-taýpa atlaryndan onçakly tapawutlanmaýarlar. Bu ýagdaý türki halklaryň geçmişde gan baryndaş bolanlygyndan, olaryň maddy we ruhy medeniýetiniň (şol sanda, etnonimleriniň) hem bir kökden döränliginden, umumylygyndan gelip çykýar. Muňa şol bir etnik adyň ençeme türki halklaryň etnonimiýasynda gaýtalanýandygy hem güwa geçýär.

Biz türkmen tire-taýpa atlaryny ençeme türki halklaryň etnonimleri bilen degşirip, biri-birleri bilen deňeşdirip gördük. Netijede, olaryň arasynda köp sanly meňzeşlikleriň, adybir urug-tireleriň bardygyna göz ýetirdik.

Iki ýa-da köp halklaryň düzüminde şol bir atdaky tire-taýpalaryň köp duş gelmegi bu halklaryň geçmişde ýakyn garyndaş bolanlygyndan ýa-da olaryň arasyndaky etnik gatnaşyklaryň ýygylygyndan habar berýär.

Bu nukdaýnazardan seretseň, adybir tire-taýpalaryň köplügi gyrgyzlaryň türkmen halky bilen geçmişde has ýakyn bolanlygyna güwä geçýär. Biz öz derňewlerimizde bu iki halkyň 183 taýpa-tiresiniň biri-biri bilen atdaşlygyny ýüze çykardyk. Bularyň 22-siniň diňe bir özi däl, eýsem, olaryň degişli taýpalary hem atlary boýunça biri-birine gabat gelýär: türkmenlerde **saryk, ärsary**, gyrgyzlarda **saruu, sary bagyş**—ählisinde sary sözi bar.

Diňe bir etnonimleriň däl, eýsem, maddy maddy medeniýetiň beýleki taraplarynyň hem deň gelmegi (meselem, etli nahar atlaryndaky we olaryň taýýarlanyşyndaky meňzeşlikler, türkmen gelin-gyzlarynyň **gülýaka** we **bozbent** diýen şaý-sepleriniň günorta gyrgyzlaryň **töönöç** diýen şaý-sepi bilen meňzeşligi, türkmenleriň **köjeme** diýen nagyş ediş usulynyň diňe gyrgyzlarda we başgyrtlarda saklanmagy we ş.m.) türkmenleriň hem-de gyrgyzlaryň geçmiş ýakynlygynyň gözli şaýadydyr. Taryhy çeşmeler hem muňa doly güwä geçýär. Mälim bolşy ýaly, X asyrda we ondan öň türkmenler häzirki Gyrgyzystanyň territoriýasynda—Yssykköl, Jetiögýz etraplarynda we Çu-Talas jülgelerinde oturypdyrlar. Hatda X asyrda türkmenleriň patyşasy Çu derýasynyň boýundaky Orda şäherini özüne paýtagt edinipdir.

Abulgazy **Gyrgyzy** Oguz hanyň bir agtygynyň ady hasaplaýar, häzirki alymlar (N.A. Baskakow) gyrgyz dien etnonimiň **kyryg oguz** (ýagny “gyzyl oguz”) sözlerinden emele gelendigini tassyklaýarlar.

Ýene bir fakt. Gyrgyzlaryň kandy taýpasynyň düzüminde **türkmen**, türkmenleriň çowdur we igdir taýpalarynda bolsa **gyrgyz** we **manas** diýen etnonimler duş gelýär. Bu umumylyklaryň ählisi jemlenip, türkmen we gyrgyz halklarynyň geçmişde bir kökden dörändigini, ganybir garyndaş bolandygyny görkezýär.

Adybir urug-tireleriň sanyna görä, bu iki halkyň käbir taýpalarynyň biri-biri bilen has ýakyn aragatnaşykda bolandygyna göz ýetirmek kyn däl. Meselem, ärsary taýpasynyň düzüminde 55, tekelerde 43, ýomutlarda 37, saryklarda 33, salyr we çowdurlarda 26, gökleňlerde 23 etnonim gyrgyz urug-tire atlary bilen, gyrgyzlaryň hem adigine taýpasynda 40, sary bagyşda 28, saýakda 27, saruu taýpasynda 25, soltoda 18, bagyş taýpasynda 17, çekir saýak we muňguş taýpalarynda 14 etnonim türkmen urug-tireleriniň atlary bilen gabat gelýär.

Biz şeýle deňeşdirmeler netijesinde azerbaýjanlaryň we özbekleriň

hersinde 80, gazak we garagalpaklarda 60, başgyrtlarda 30, altaýlarda 15 etnonimiň türkmenlerdäki bilen deň gelýändigini anykladyk. Iki we köp halkyň düzümindäki bu atdaş etnik toparlaryň käbiriniň özbaşdak, biri-birine dahylsyz atlandyrylan bolmagy mümkindir, ýöne olaryň köpüsi türki halklaryň gan garyndaşlygynyň gözli şaýady hökmünde berk kanunalaýyklyk esasynda dörän etnonimlerdir.

Eliňizdäki kitaba girizilen oçerkleriň aglabasynda getirilen etimologik derňewlerde ençeme atlaryň yzyndaky goşulmalar köplügi ýa-da jemi bildirýän affiksler hökmünde häsiýetlendirilýär. Okyjylaryň “Şunça köplük goşulmasy bolarmy?” diýip geňirgenmekleri mümkindir. Meseläni anyklaşdyrmak we okyjylary alasarmyk ýagdaýda goýmazlyk üçin, bu goşulmalar barada gysgaça düşündiriş bermegi zerur hasaplaýarys.

Häzirki türki, şol sanda türkmen dillerinde köplük sany aňlatmakda –**lar/ler** goşulmasy ýörgünli bolsa-da, bu dilleriň mongol, tungus-manjur, koreý... dilleri bilen birlikde **altaý dilleri** diýen dil toparyny emele getiren eýýamynda, ondan öňki  we soňky döwürlerde köplügi, jemi, topary, kollektiwi aňlatmakda ençeme goşulmalar ulanylypdyr. Ady belli türkşynas alymlaryň biragyzdan tassyklamaklaryna görä, ol goşulmalaryň esasylary aşakdakylardan ybarat:

**-r (-ar/-er, -yr/-ir, -ur/-ür).** Etnonimlerden mysallar: owşar, salar[1], suwar, tatar, teber, towar, tüwer, üker, ýazyr, eýmir, goňur, awar, hazar, bulgar we ş.m.

**-z (-az/-ez, -uz/-üz)**: oguz, topaz, ekiz, gerkez, gyrgyz, burkaz we ş.m. Gadymy köplügiň bu goşulmasy **biz, siz, göz, omuz, dyz, ekiz (iki-z)** sözlerinde, şeýle-de 2-nji ýöňkemäniň köplüginde gelen **aldyzyň, geldiňiz** ýaly işlik formalarynda saklanýar.

**-s (-as/-es)**: bedes, garnas, temes, çeges, hars, hakas, barlas we ş.m.

**-ş (-aş/-eş, -uş-üş, -yş/-iş)**: mamaş, meleş, güneş, eleş, parraş, bataş, çalyş, alnyş, owuş, gögüş we ş.m.

---

[1] Getirilýän mysallaryň türkmen edebi dilinde häzirki aňladýan manylaryndan ugur alyp, olaryň yzyndaky bölekleriň gadymy köplük goşulmasydygyna okyjylaryň şübhelenmegi hem mümkindir. Biz olara bu etnik atlaryň asyl sözüniň (meselem, **salar** etnoniminiň **sal** sözüniň) tire-taýpa ady hökmünde başga goşulmalar bilen hem duş gelýändigini ýatladýarys. Meselem, salyk, salak, saltyk, seljuk we ş.m. Mysal getirilýän etnonimleriň aglabasy barada hem ýagdaý şeýledir

**-ç (-aç/-eç)**: gögeç, kyraç, tumaç, halaç, çekiç, eleç we ş.m.

**-n (-an/-en, -yn/-in)**: alan, alwan//alpan, garkyn, gyzan, imren, poran, temen, tekren, haryn, çakan, çotan we ş.m. Şu topara degişli argyn, baran, burjan, tabyn, uýsan, suwan, kuman, kataga ýaly türki etnonimler hem bar. *Oglan, eren, egin, çigin, goşun, tozan, ilen-çalan* ýaly sözlerde-de bu gadymy goşulma duş gelýär.

**-t (-at/-et, -yt/-it, -ut/-üt)**: ýomut, baýat, goňrat, alat, goçat, merkit, orsut, saýat, ürküt, arlat, maňgyt, türküt we ş.m. *Süýt (asly süý), ganat, ýigit, çigit (çigmek sözünden), ilat, ýaşyt, bulut* ýaly adaty sözlerde-de bu goşulma duş gelýär.

**-k (-ak/-ek, -yk/-ik)**: abşak, aryk, badak, gowak, gutak, gyzyk, gynyk, gyryk, köwek, salak, saryk, temek, türk, uwak, çatrak, şamak we ş.m. Bu goşulma *aldyk (aldy-k), geldik ýaly işliklerde we dyrnak, toýnak, barmak, aýak, ýaňak, dodak, gabak, gulak, tirsek, topuk, goltuk, bilek, emjek* ýaly köplügi ýa-da ikiligi bildirýän aýry-aýry sözlerde hem saklanyp galypdyr.

**-l (-al/-el)**: badal, gutal, gagşal, depel, şagal we ş.m.

**-m (-ym/-im, -um/-üm)**: gutam, gögem, otam, ögem, tekem, çulum, şaýym, erdem we ş.m. Ýene-de deňeşdiriň: *üçem (çaga), dördem.*

Ýokarda sanalan köplük ýa-da jem goşulmalarynyň aglabasy häzir ulanyşdan galypdyr, olara diňe aýry-aýry sözleriň, esasan hem etnonimleriň düzüminde duş gelmek bolýar. Bu ýagdaý dilimiziň taryhyny öwrenmekde tire-taýpa atlarynyň juda ähmiýetli çeşmedigine ýene bir gezek güwä geçýär.

## ABDALLAR

Abdallar iňňän gadymy taýpalaryň biridir. “Türkmen sowet ensiklopediýasynyň” (TES) 1-nji tomunda ýazylyşyna görä, XIX asyra çenli olar özbaşdak taýpa bolup, soňra türkmenleriň çowdur taýpalar birleşmesiniň düzümine goşulyp gidipdirler. Häzirki döwürde Daşhowuz welaýatynyň Kalinin, Telman, Daşhowuz raýonlaryndaky abdallar çowdur taýpasyny hasyl edýän bäş urugyň biri hasaplanýar. Çärjew oblastynyň Hojambaz raýonynyň Mekan, Kerki raýonynyň Gowak obalaryndaky abdallar bolsa ärsarylaryň abdal urugyny emele getirýärler. Emma Astrahan oblastynyň Funtowo—1 we Funtowo—2 obalarynda,

şeýle-de Stawropol ülkesiniň Ipatowo, Türkmen, Blagodarnenskoýe, Arzgir, Neftekumsk raýonlarynda ýaşaýan abdallar özbaşdak taýpalygyny saklaýarlar, ýöne olar hem çowdur we igdirler bilen goňşulykda ýa-da gatyşyp ýaşaýarlar. Abdallar diýen taýpa we urug atlary gazaklaryň, başgyrtlaryň, özbekleriň (lakaýlaryň) düzüminde-de duş gelýär. Gazak alymy M.S. Mukanowyň pikirine görä, gazak we türkmen abdallarynyň aslynda bir kökden emele gelip, olar gazaklara türkmenlerden geçipdirler. Owganystanda-da abdallar bar, hatda dürräniler dinastiýasyny emele getiren hökümdarlaryň hem asly abdal eken.

Abdallar munça giň territoriýa nädip ýaýradylarka? Olar asyl köki nireden?

Bu sowallara jogap bermek üçin, gadymy taryhyň jümmüşine aralaşmagymyz zerur. Taryhçy alymlaryň aglabasy abdallary geçmişde güýçli döwletiň düýbüni tutan eftalitleriň galyndylary hasap edýärler. Gadymy taryhy çeşmeler, şeýle-de görnükli taryhçylar (meselem, W.W. Bartold) eftalitlere **ak hunlar** hem diýilýändigini ýazýarlar, hatda hindi diline **eftalit** diýen etnonim **huna** görnüşinde ulanylypdyr. Mälim bolşy ýaly, hunlar ýa-da gunlar bolsa ençeme türki halklaryň, şol sanda türkmenleriň gadymy ata-babalarydyr (ýeri gelende aýtsak, **gün** sözi köne türki dillerinde “halk” diýen manyda bolup, ol türkmeniň **il-gün** söz düzüminiň gün böleginde saklanyp galypdyr). Eftalitler geçmişde Mongoliýa sähralarynda ýaşapdyrlar, ýöne žuan-žuan (žužan) diýen türki taýpa bilen oňuşman, V asyryň ortalarynda olar häzirki Gazagystanyň territoriýasyna gelýärler, soňra ikä bölünip, bir bölegi 350-nji ýyllar çemesinde Wolga, ikinjisi hem Amyderýa boýuna gidýärler. Amyderýa boýuna gelen abdallar Badahşany paýtagt tutunýarlar. V asyryň ortalarynda olar tutuş Owganystany, Orta Aziýany, Horasany, Gündogar Türkistany, Hindistanyň esli bölegini basyp alyp, uly döwlet gurýarlar. VI asyrda bu etraplara aralaşan gök türkleriň zarbasy astynda eftalitler döwleti synýar (Hindistanda 530, Orta Aziýa we Owganystanda 560-njy ýyllarda). Olaryň giň imperiýasy hem gök türkler we eýranlylar arasynda bölüşilýär. Netijede, aman galan eftalitleriň bölek-büçekleri ençeme türki halklaryň we eýran dilli taýpalaryň arasyna siňip gidýär. Olara abdallar diýip at berýärler. Eftalit diýen adyň abdal görnüşine geçmegini dil nukdaýnazardan kanunalaýyk zat hasaplamak bolar. Bu adyň yzyndaky **-it** bölegi halk we taýpa-tire atlarynda köplük sany aňladýan gadymy

türki goşulmadyr. **Eftal** sözi bolsa ýeňillik bilen abdala öwrülip biler. Ýeri gelende aýtsak, Çärjew oblastynda abdallar özlerine **apda:l**, beýleki ýerlerde hem **aftal, aftal** diýýärler.

Irki orta asyrlarda bu at grek ýazuw çeşmelerinde abdel, eptalit, hytaýlarda ýada, araplarda haýtal, ýaftal, ermeni çeşmelerinde hepdal, idal, tetal, parslarda hetal, haýtal görnüşlerinde duş gelýär.

Eýse, abdal etnoniminiň manysy näme? Ilkinji gezek ýazuw çeşmelerinde heftal görnüşinde 457-nji ýylda duş gelýän bu adyň manysy barada dürli çaklamalar bar:

1. VII asyrda ýaşap geçen wizantiýaly taryhçy Feofanyň ýazmagyna görä, bu at sasani imperiýasynyň patyşasy Piruzy (459—484 ýyllar) ýeňen eftalit hökümdary Eftalanyň ady bilen baglanyşyklydyr.

2. Türkolog alym N.A. Baskakowyň pikiriçe, gadymy bulgar taýpasy bolan abdallaryň ady çuwaş dilindäki awat (“gazmak”, “ýer agdarmak” manysynda) sözünden we al goşulmasyndan ybarat bolup, ol ‘ýer sürýänler”, “ekerançy” (daýhan) manysyndadyr.

3. X asyr Buhara alymy Balamynyň ýazyşyça, **heftal** diýen at **haýta:l** diýen ýerli sözden bolup, ol “güýçli” ,”zor adamlar”, “pälwan” diýen manylary aňladýar. Balamynyň pikiri hakykata ýakyndyr, çünki gadymy uýgur dilinde-de aptal sözi “gahryman”, “güýçli adam” diýen manydadyr. Galyberse-de, halk we taýpa-tire atlarynda özlerini “zor”, “güýçli” manylardaky sözler bilen atlandyrmak däbi bar.

Eftalitlere ak hunlar diýilýändiginden we käbir çeşmelerde olaryň saryýagyz adamlar hökmünde ýatlanylýandygyndan ugur alyp, käbir taryhçylar (meselem, akademik B.G.Gafurow) eftalitleri eýran dillerinde geplän ýewropeid jynsly adamlar hasap edýärler. Bu pikir bilen ylalaşmak kyndyr, çünki, öň ýatlaýşymyz ýaly, gunlar—türki halklaryň ata-babalary bolany üçin, olar türki dilde-de geplän bolsalar gerek. Muňa **gun** diýen etnik adyň türküçedigi, olaryň hanlaryna (edil gadymy türki dillerde bolşy ýaly hakan, şazadalaryna-da tegin diýilýändigi hem tassyklaýar. **Ak hun** etnoniminiň **ak** sözi hem bu ýerde reňki däl-de taýpanyň ýerleşen tarapyny, gündogary aňladýar.

Şu ýerde Eftalitleriň ulanan käbir däp-dessurlarynyň abdallar arasynda şu güne çenli saklanandygyny-da bellemek gerek. Meselem, Eftalit şazadalary dört we altyburçly tahýalary geýipdirler. Abdal çagalarynda häzir hem “Burç emjek“ diýilýän şeýle tahýalara duş

gelinýär.

Diýmek, abdallar iňňän gadymy türkmen (türki) etnonimleriniň biri bolup, ol öz döwründe giň we güýçli imperiýany döeden eftalitleriň adyndan emele gelipdir.

## AWÇY, MERGENÇI

Saýat raýonynda bir oba Sowetine, Ýolöten raýonynyň Ýokary Suhty oba Sowetine degişli bir oba Awçy, şu obalara barýan ýaplara hem Saýatda Awçyaryk, Ýolötende bolsa Awçyýap diýilýär. Bu obalar saryk taýpasynyň alaşa urugynyň awçy tiresi bilen baglanyşyklydyr. Dogry, Saýatdaky obanyň adyny ýerli ýaşulular bu ýerde awyň (towuk-towşanyň) köp bolandygy bilen düşündirýärler. Ýöne Amyderýanyň boýlarynda, ylaýta-da gür jeňňelerde towuk-towşansyz ýer bolmandyr, az hem bolsa, bu janawerlere häzir hem duş gelinýär. Näme üçin ala-böle Saýatdaky aryga we oba şeýle at dakylmaly? Bu soragyň dogry jogabyny taryhy çeşmelerden we Saýadyň ýer-ýurt atlarynda häzire çenli saklanyp galan saryk etnonimlerinden tapmak bolýar. Mälim bolşy ýaly, XVII-XVIII asyrlarda saryklaryň uly bölegi Dänew, Çärjew, Saýat, Farap raýonlarynda ýaşapdyr. Muňa Çärjew raýonyndaky Sarykbala ("ýokarky saryk") we Sarykpaýan ("aşaky saryk") diýen ýaplaryň hem-de öňki obalaryň, Saýat raýonynyň Çekiç obasyndaky Erdelaryk diýen ýabyň atlary güwä geçýär. Soňky adyň **erdel** sözi saryklaryň **erden** dien tire adynyň üýtgän görnüşidir. Tagtabazar raýonynda Erden diýen oba hem bar. 1785-nji ýylda Marynyň hany Baýramaly han Buhara emiri Şamyrat Welnamy tarapyndan öldürilenden soň (ýa-da onuň 5—10 ýyl öň ýanynda), Mary etraplary emir tarapyndan saryklara hatlanyp berilýär (has dogrusy, satylýar). Şondan soň lebaply saryklaryň uly bölegi Mara göçýär, bir bölegi hem Özbegistanyň Kaşgaderýa oblastynyň häzirki "Mübärek" sowhozyna baryp, Saryk obasyny emele getirýär. Olaryň galan-gaçanlary bolsa ýerli taýpa-tireleriň içine siňip gidýär. Diýmek, Saýadyň Awçy obasyna at beren hem saryklaryň awçy tiresi bolmaly.

Tiräniň awçy diýen ady jikme-jik düşündirişi talap etmeýär. Ol şeýle-de hemme kişä aýan: "awçylar, awçylyk bilen gün görýänler". Geçmişde ilatyň belli bir böleginiň awçylyk we aw etini satmak bilen meşgullanandygy köplere mälimdir. Ýagyçylyk zamanlarynda

oky nyşana dogry urup bilýän mergenler sylagly, hormatly adamlar bolupdyrlar. Olara hökümdarlar hem uly sarpa goýupdyrlar. Meselem, saryklaryň etnografiýasyny ýörite öwrenen taryhçy alym Çary Ýazlyýewiň şaýatlyk etmegine görä, Çärjew etrabynda ýaşaýan saryklaryň arasynda Gylyç mergen we Naýza mergen diýen şahslar bolupdyr. Olar juda ökde mergenligi bilen Baýramaly hany aňk edenligi üçin, han olara Murgabyň aýagyndan mülk ýer hem beripdir. Rowaýata görä, şu han bu mergenlerden heder edip, soňra olary öldüripdir. Häzir Sakarçage raýonynda şu mergenleriň adyna Gylyçberki we Naýzaberki diýen gumlar bar. Şeýle megrenligi, awçylygy bilen tapawutlanan adamlaryň raýatyndaky ilata ýa-da bu hünäre türgenleşen adamlaryň tutuş toparyna awçylar, mergenler diýlip at dakylmagy bolup biläýjek zatdyr. Ilki kesp-käri bildirýän şeýle sözler wagtyň geçmegi bilen tire-taýpa atlaryna öwrülip gidýär. Hojambaz raýonynyň “Tallymerjen” sowhozynda ýaşaýan mergençi tiresiniň döreýşi muňa doly güwä geçýär. Hut şu asyryň başlaryna çenli bu tiräniň wekilleri Garşy (Kaşgaderýa) etraplarynda ýaşap, awçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Olara mergençiler diýipdirler.

## AGAR

Orta asyr türkmen taýpalarynyň birine agarlar diýilýär. Soňky döwürlerde agarlar dürli sebäplere görä (belki-de, olaryň köp böleginiň Eýrana, Türkiýä we beýleki ýurtlara göçenligi üçin), özbaşdak taýpalygyny ýitirip, dürli türkmen taýpalarynyň içine siňip gidipdirler. Häzir olar urug we tire hökmünde baýat, ýomut, teke taýpalarynyň düzüminde duş gelýärler. Agarlar geçmişde has giň territoriýa ýaýran bolarly, üçnki oba atlary hökmünde bu söz Dänew, Ýylanly we Mary raýonlarynda duş gelýär. Ýolöten, Krasnowodskiý, Sakarçäge, Çärjew raýonlarynda Agar diýen guýular, Esenguly raýonynda gum, Mary raýonyndaky Dörtguýynyň ýakynynda Agarkak, Kerki raýonynda Agarlyk diýen oba, Saragt raýonynda Agarsaý diýen käl, Gazanjyk—Gyzyletrek aralygynda Agarsemen diýen gum, Saragt raýonynda Agarçeşme, Gyzylarbat raýonynda Agarybyk diýen gadymy gonamçylyk bar. Bu atlaryň ählisi agarlar bilen baglanyşykly bolup, ady tutulýan ýerlerde öň agarlaryň ýaşandygyna (ýa-da häzir hem ýaşaýandygyna ) güwä geçýär.

Krymda-da Agarmyş diýen ýer bolup, onuň ady, moskwaly alym A.W. Superanskaýanyň pikiriçe, şu ýerde ýaşan türkmenleriň (salyrlaryň) agar diýen urugynyň ady bilen baglanyşyklydyr. Şahyr Mollanepes agarlaryň adyny atly-abraýly tireler bilen bir hatarda goýýar:

*Ilbaşy gaýu-baýat, ymykly, agar, arabaçy,*
*Nerezimde bir seniň dek ýa-ha bolgaý, bolmagaý.*

Türkmen taryhçysy S.Agajanow agarlaryň okly, gökli, soltanly diýen oguz-türkmen taýpalary bilen birlikde XI asyrda Syrderýa boýlaryndan Balkan etraplaryna göçüp gelendigini belleýär, diýmek, agarlaryň Mangyşlak-Balkan töwereklerine göçüşi seljüklaryň hereketi bilen baglanyşyklydyr. Ýöne şol döwürde agarlar özbaşdak uly taýpa hökmünde tanalmadyk bolarly, çünki Mahmyt Kaşgarynyň "Türki sözler diwany" diýen ajaýyp sözlüginde sanalýan 24 türkmen taýpasynyň arasynda agarlaryň ady duş gelmeýär. Reşideddin (XIV asyr), Ýazyjy-ogly (XV asyr), Salar Baba Gulaly ogly (XVI asyr) ýaly alymlaryň işlerinde-de bu at agzalmaýar. Ol ilkinji gezek Hywa hany we görnükli taryhçy Abulgazy Bahadyr hanyň (1603—1664) "Şejere-ýe terakime" ("türkmenleriň şejeresi", ýagny nesil daragty) diýen kitabynda duş gelýär. Abulgazy Syrderýa boýlaryndaky oguzlaryň dürli taýpalarynyň: eýmir, tüwer, igdir, çawyldyr (ýagny çowdur), garkyn, salyr we agyr ýaly taýpalarynyň türkmen begleri Gylk beg, Gazan beg we Garaman beg ýaly serkerdeleriň baştutanlygynda Mangyşlaga göçenligini habar berýär. Bu ýerde Abylgazy şol döwürde ýazylan, emma bize näbelli bolan ýazuw çeşmelerinden peýdalanan bolsa gerek.

Eýsem, agar sözüniň manysy näme? Bu soraga anyk jogap bermek kyn, ýöne birnäçe çaklamalary öňe sürmek mümkin:

1. Geçen asyryň ikinji ýarymynda ençeme türki halklaryň arasynda gezip, olaryň sözlerini 4 tomdan ybarat äpet sözlükde (jemi 8 kitapda) neşir etdiren akademik W.W. Radlow **agar** sözüni "türki taýpanyň ady", **akar** sözüni bolsa "keseki", "özge" (akar millet—"keseki il") diýip düşündirýär. Abylgazy hem agarlary hakyky türkmen taýpalaryna goşman, ony **özge il** hökmünde ýatlaýar: "Imdi özge illerni aýtalyň, Agar we aýmakly ili uýgur Yrkyl (Erkil) hoja (byň nebeleridir) kim, (Yrkyl Hoja) Oguz hanyň ogly Günhanyň weziri erdi. (Bu taýpalar)

anyň ogullary turur”. Diýmek, agarlaryň Balkan türkmenlerine başga ýerden (Syrderýa boýlaryndan) soňra goşulandygy üçin, onuň şeýle at alan bolmagy mümkindir.

2. Dil taýdan türkmen diline has ýakyn bolan karaýym dilinde **agarak** (“uly, ekabyr, öňbaşçy”) diýen söz bar. Agar diýen etnonimiň şu söz bilen asyldaş bolmagy hem ähtimaldyr (“uly taýpa” ýa-da “öňbaşçynyň ili” diýen manyda).

3. Bu at iki bölekden ybarat bolup, onuň ag (ýagny ak) böleginiň türkmen dilindäki **ak** diýen reňk adyndan emele gelmegi mümkindir, çünki ak sözi **agaýak, akbalak, akbarak, akgarlyk, akgoňur, akgoýunly, akgulanjy, akkel, akman** ýaly onlarça türkmen etnonimleriniň düzüminde duş gelýär (bu sözüň manysy barada **Gara, ak** diýen makala serediň). Şu pikir hakykata laýyk bolsa, onda agar etnoniminiň –ar bölegi gadymy türki goşulma bolup, ol köplügi, jemi bildirýär: ak-aklar. Bu goşulma awşar, gajar, padar, sakar, salar, suwar, towar, tüwer, ýker ýaly ençeme türkmen tire-taýpalarynyň, tatar, awar, hazar, gamar-kemer, bulgar ýaly halklaryň atlarynda duş gelýär.

Bu çaklamalaryň haýsynyň hakykata gabat gelýändigine seretmezden, agar diýen orta asyr türkmen taýpasynyň adynyň türki sözden emele gelendigi şübhesizdir.

Sözümiziň ahyrynda, Balkan etraplarynda türkmen çarwalarynyň şan-şöhratyny ýokary göteren agary goýunlary ilki ösdürip ýetişdirenler agar taýpasynyň wekilleridir. Bu taýpanyň uz gelin-gyzlary düýe ýüňünden ýuka, nepis matalary dokamaga we ondan meşhur türkmen çäkmenlerini tikip bejermäge gaty ezber bolupdyrlar. Muny öňde ýatlan akademegimiz W.W. Radlow ýörite belläpdir. Bu çäkmenlere-de **agary çäkmen** diýilýär.

## AGAÇ ÄRI

Türkmen halkynyň orta asyrlarda dörän taýpalarynyň birine şeýle at berlipdir. Bu at görnülki Eýran taryhçysy, 1298—1370-nji ýyllar aralygynda Eýrandaky mongol ilhanylary Gazan hanyň we Oljaýtu hanyň baş weziri bolup işlän Reşideddiniň (1247—1318) üç tomdan ybarat “Jami ar tawarih” (“Taryhyň ýygyndysy”) atly meşhur kitabynda ilkinji gezek duş gelýär. Reşideddin şeýle ýazýar: “Gadym döwürlerde” agaç äri diýen at ýokdy. Oguz taýpalary bu ülkelere aralaşandan soň, şol

taýpalaryň biriniň tokaýlyk ýerde ýerleşendigi üçin, oňa agaç äri (ýagny “tokaý adamlary”—S.A.) diýip at berýärler. Mongollarda-da tokaýda ýurt tutunan adamlara hoýin-irgýon, ýagny tokaý taýpasy diýýärler” (I tom, 1-nji kitap, 85 sah.).

Reşideddiniň sözlerinden bu taýpanyň nirede emele gelendigi belli bolman galýar. Häzirki döwürde Orta Aziýada ýaşaýan türkmenleriň arasynda-da bu etnonim saklanmandyr. Ähtimal, bu at soňra şol manydaky başga söz bilen çalşyrylan bolsa gerek. Şeýle çaklama esasynda hatap we mukry taýpalarynyň düzümindäki **tokaý**, garadaşlylaryň arasyndaky **orman** diýen urug atlaryny gadymy **agaç äri** diýen taýpa ady bilen bir hatarda goýmak gyzyklydyr (türki dillerde **orman** “tokaý” diýmekdir).

“Agaç äri ýaly söz düzüminden dörän etnonim başga-da barmy?” diýen soragyň ýüze çykmagy mümkin. Türk alymy Ibrahim Kafeogly geçmişdäki türki halklaryň (belki, oguzlaryň) arasynda Kümeri (“gum äri”) diýen taýpanyň bolandygy barada ýazýar. Belki, seljuklaryň günbatara ýörişleri döwründe oguz-türkmen taýpalarynyň biriniň gumda, beýlekisiniň hem tokaýda ýerleşendigi üçin, olara şeýle at berlendir.

## AGÖÝLI

Özbegistanyň Horezm oblastynyň Ürgenç raýonynda ýaşaýan salyr türkmenleriniň arasynda agöýli diýen urug bar. Onuň ady Orta Aziýa halklarynda, Eýranda gadymdan bäri dowam eden harby-syýasy däp bilen baglanyşykly ýüze çykýar. Meselem, Hywa hanlary özlerine tabyn bolan taýpalaryň ýa-da basyp alan ýerleriniň ilatynyň hana garşy baş galdyrmazlygy, onuň goşuny paýtagta gidenden soň, yzynda gozgalaň turuzmazlygy üçin, şol taýpanyň (ýa-da obanyň) abraýly ýaşulularynyň, aksakgallarynyň ogullaryndan ýa-da ýakynlaryndan ybarat bolan bir bölek ilaty öz paýtagtyna girew üçin göçürýän ekenler. Eger taýpa ýa-da oba boýun egmesi (gozgalaň etse), onda şol äkidilen topar ilkinji nobatda öldürilýän eken. Girew hökmünde äkidilen şeýle topara **agöýlüler** diýip at beripdirler, çünki olar öz obasyndan berlen täze, ak öýlerde ýaşapdyrlar. Ýatlanan agöýlüler hem XVIII-XIX asyrlarda Hywa hanlarynyň Mary türkmenleriniň, şol sanda Saragt we Ýolöten salyrlarynyň üstüne ençeme gezek talaňçylykky çozuşlary mahaly Hywa girew üçin äkidilen adamlarynyň nebereleridir. Ilki olara agöýlüler

diýlipdir, soňra olaryň bu sosial-syýasy ady tire adyna öwrülip gidipdir.

Türkmenleriň öz içinde-de **agöýli** diýen toparlar bolupdyr, muňa Ahalda duş gelýän **agöýli** diýen tire atlary şaýatlyk edýärler. Ýöne bu ýerde agöýlüler girewi aňlatman, eýsem, taýpanyň, urugyň ýa-da tutuş obanyň ýagy çozaýjak ýerlerinde galkan hökmünde goýlan ýaş ýigitleri-garawullary aňladypdyr. Meselem, çozup gelýän duşmany ilki bolup garşy almak üçin, Eýrandan Ahala gelýän dag ýollarynyň agzyna öýlenen we öýlenmedik ýaş ýigitleri göçürip getirip, olara gala salyp beripdirler, ýaşamaklary üçin bolsa ak öý tutupdyrlar. Bu agöýlüler bir urugdan däl-de, goraljak uruglaryň her birinden ýygnalypdyr. Ilki şol garawullara agöýli diýlip, soňra bu at olaryň neberelerine-de geçipdir.

## ADAK ILI, ADAKLY HYZYR, HYDYRILI

XVI asyrda Sarygamyş etraplarynda ýaşan türkmen taýpalarynyň birine **adak** ýa-da **adakly hyzyr** diýlip at beripdirler. ***Şol asyryň Uzboýuň*** orta akymlarynda dörän bu taýpa alililer we düýejiler bilen birlikde **üçil** (ýagny “üç taýpa”) diýen taýpalar birleşigini emele getiripdir.

Bu taýpanyň adak, adakly diýlip at almagynyň sebäbi şeýle: Amyderýa Sarygamşyň, Üňzüň üsti bilen Kaspi deňzine guýýan döwründe Sarygamyş gaty giň eken, şonuň üçin oňa orta asyrlarda Gyzdeňzi (has dogrusy, Guz deňzi, ýagny Oguz deňzi) hem diýýän ekenler. Onuň uly adalarynyň birinde türkmenleriň bir taýpasy ýaşap, olar şäher hem gurupdyrlar. Oňa Adak, soňra Ýaňyşäher diýlipdir. Daşhowuz oblastynyň ilaty bu şäheriň harabalaryna häzir Akgala diýip at berýär. **Adak** sözi ada diýmekdir. Şeýlelikde, **adak ili** “adada ýaşaýan il”, **adakly hyzyr** hem “adada ýaşaýan hyzyr taýpasy” diýen manyny aňladýar. Bu taýpanyň galyndylary soňra türkmenleriň hydyrili taýpasyny emele getiripdir. 1578-nji ýylda Üňzüň suwy kesilýär, Sarygamyş kem-kemden guraýar. Bu etrapda ýaşaýan türkmenler hem dumly-duşa dagaýar. Hydyrilililer bölek-bölek bolup, häzirki Daşhowuz, Horezm, Çärjew, Buhara, Samarkant welaýatlarynyň territoriýalaryna siňýärler. Samarkant raýonynyň “Moskwa” kolhozynda, şeýle-de Buhara welaýatynyň Garaköl raýonynda ýaşaýan hydyrilileriň arasynda adakly diýen etnonim şol gadymy geçmişden galan miras hökmünde şu wagta çenli saklanypdyr.

Eýsem, **hyzyr, hydyr** diýen sözüň manysy näme? Bu at, biziň

pikirimizçe, gadymy **hazar** diýen etnonimiň biraz üýtgän görnüşidir (hazarlara hazyrlar, hyzyrlar hem diýlipdir). Hazar diýen türki halk VII asyryň ortalarynda Itil (Wolga) boýlaryny, Demirgazyk Kawkazy, Azow ýakalaryny, Krymy öz içine alan uly döwleti esaslandyran türki dilli halkdyr. Bu döwlet ilki 735-nji ýylda araplaryň, soňra 795-nji ýylda peçenegleriň (it beçeneleriň), 960-njy ýyllarda orus knýazy Swýatoslawyň uran zarbalary esasynda dagydylyp, ençeme halklaryň arasyna siňip gidýär. Hazar döwletiniň Horezm döwleti bilen ýakyn aragatnaşykda bolandygyny nazara alsak, onda hazarlaryň bir böleginiň şol döwürlerde gadymy Horezme aralaşmagy bolaýjak zatdyr. Hatda türkmenler öňki Kaspi deňzine-de Hazar diýipdirler. Ony beýik Magtymguly şahyryň:

*Jeýhun bilen bahry-Hazar arasy,*
*Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň –*
*diýen setirleri hem tassyklaýar.*

## AJAM, AJAMAR, AJAN

Salyrlaryň ýalawaç urugynda **ajam**, ärsarylaryň gyzylaýak urugynda **ajamar** (ajam är, ýagny “Ajam ili”), gökleňleriň düzüminde hem **ajam** diýen tire atlary duş gelýär. Bu atlaryň ählisi Ajam diýen ýurt ady bilen baglanyşykly bolsa gerek. Araplar özleriniň basyp alan çet dilli ülkeleriniň ählisine Ajam, Ajem dýipdirler. Pars edebiýatynda Eýrana we eýranlylara Ajam diýlipdir. Bu at şol manyda türkmen diline pars dilinden geçipdir. “Nejep oglan ” dessanyndaky:

*Ajam ilinden gelmişem,*
*Ganly jigerim dilmişem.*

Ýa-da Mollanepesiň eserlerindäki:

*Eýran, Turan, arap, ajam ilinde,*
*Görmedim seniň deý owadan gelin –*

diýen setirlere üns beriň.

Diýmek, ýokardaky etnonimleriň ählisi “eýranly” diýen manydadyr.

Mälim bolşy ýaly, türkmenler iň bärsinden XI asyrdan, ýagny seljuklaryň hereketinden başlap, tä sowet döwründe Eýran-Türkmenistan serheti ýapylýança, Eýran bilen ýygy gatnaşykda bolupdyrlar. Häzirem Eýranda türkmenleriň uly topary ýaşaýar. Orta asyrlarda bu gatnaşyk has hem güýçli eken. Muny Abylgazy Bahadyr hanyň (XVII asyr) "Türkmenleriň şejeresi" diýen kitabynda getirilýän şeýle maglumatlar hem tassyklaýar. XIII asyrda salyrlaryň (terakime salyrlaryň) bir bölegi Ogurjyk alpyň baştutanlygynda Eýrana, soňra Eýran Azerbaýjanyna, ahyrda hem Kryma barýar. Bu ýerde-de ýerlemän, ol Maňgyşlak we Balkan etraplaryna dolanyp gelýär. Şol ilata ajam, ajamlar, ajan ýaly atlaryň dakylan bolmagy mümkindir. Türkmen taýpa-tireleriniň arasynda balkanly, maňgyşlakly, maryly, ahally ýaly ýer-ýurt atlary bilen baglanyşykly at alanlarynyň köpdügi muňa güwä geçýär.

## AJY, AJYBEG, AÇ, AÇBEG

Ärsarylaryň uludepe bölüminde **ajy** diýen urug ady, gökleňlerde **ajybeg**, teke we ärsarylarda **aç**, ärsarylaryň esenmeňli urugynyň we Samarkantdaky hydyrilileriň düzüminde bolsa **açbeg** atly tire atlary duş gelýär. Bularyň ählisiniň aslynda bir kökden (sözden) emele gelendigini aňlamak kyn däl.

Ýerli ýaşulular **ajy** sözi bilen gelýän atlary **hajy** sözüniň gysgalan görnüşi hasap edýärler. Dogrudan-da, Stawropol türkmenleri **hajy** ýerine **a:jy** diýýärler. Käbir ýaşulular bolsa Halaç raýonyndaky ajy urugynyň adyny temmäki ekip, ondan nas eýläp satmak (ýagny ajy tagam) bilen baglanyşdyrýarlar. Ajyly ýaşulular weli soňky pikiri düýbünden inkär edip, tutuş obada ajy zady ekmekligiň erbet görülýändigini, şeýle yrymyň häli-häzire çenli ýörgünlidigini gürrüň berýärler. Rowaýatlarda **aç** sözi bilen gelýän tireleriň bir aç (garyp) adamdan ýaýran adamlardygyny aýdylýar.

**Ajy** diýen türkmen etnonimi ilkinji gezek Russiýanyň patyşasy Mihail Fýodorowiçiň 1641-nji ýylyň 31-nji maýynda Hywa hany Isfendiýara ýazan hatynda agzalýar. Bu hatda türkmenleriň ajy urugyndan bolan täjirleriň baý kerweniniň Moskwa şäherine gelenligi aýdylýar. "Türkmenistan SSR-niň taryhynyň" I tomunyň 1-nji kitabynda şol ajylaryň türkmen söwdagärleridigi ýörite nygtalýar (398 sah.). Ähtimal,

bu ajylar Balkan we Maňgyşlak etraplarynda ýaşan döwürlerinde Orsyýetiň jümmüşine aralaşan bolsalar gerek.

**Ajy** we **aç** entonimleriniň ajy tagam bilen-de, açlyk-garyplyk bilen-de asla-ha dahylly däldigini öňünden bellemegimiz gerek, çünki bir ýa-da birnäçe müňýyllyklary arka atan gadymy adyň manysyny “ynha, şu” diýip göni aýtmakda, ony häzirki döwrüň şol ada meňzeş sözünden (omoniminden) gözlemek-de mümkin däl. Şonuň üçin bu ýerde käbir çaklamalary orta atmakçydyrys.

Öňi bilen etnonimiň juda gadymydygyna delil getireliň. Gyrgyzlaryň saýak, sarybagyş, solto atly taýpalarynyň düzüminde **ajy**, adigine, komurat, saruu, çerik saýak taýpalarynda **ajybek**, goňratlarda **ajy, aşy**, altaýlaryň (altaý-kižileriň) düzüminde oçy diýen urug atlary duş gelýär. Bular biziň **ajy** diýen taýpa-tirelerimiziň gadymy garyndaşlarydyr. Taryhdan mälim bolşy ýaly, türkmenler baryp irki orta asyrlarda, ýagny Beýik Türk Kaganatynyň gülläp ösen döwürlerinde Altaý, Mongoliýa, Hytaý, Yssykköl, Talas-Çu etraplarynda häzirki köp sanly türki halklaryň ata-babalary, şol sanda gyrgyzlar, altaýlar bilen goňşulykda ýa-da gatyşyp ýaşapdyrlar. Ýöne X-XI asyrlardan (ýagny seljuklaryň günbatara ýörişinden) soň olaryň hersi bir tarapa göçüp, aralary has uzaklaşypdyr. Emma ajy, aç etnonimleri olaryň bilelikde oturan eýýamynda döräp, bu halklaryň şol zamanda biri-biri bilen ýakyn etnik gatnaşykda bolandygyndan, gatyşandygyndan habar berýär.

Indi **ajy, aç** etnonimleriniň manysy barada käbir çaklamalary ýatlalyň. Gazak alymy A.Abdyrahmanow gazak halkynyň düzümindäki **ajy, aşýy** diýen urugyň adyny aşina diýen gadymy türki taýpanyň ady bilen baglanyşdyrýar we onuň adynyň manysyny “taýpabaşy daýy”, “ene tarapdan dörän tirebaşy” diýip düşündirýär. Beýle düşündiriş bilen ylalaşmasak-da, A.Abdyrahmanowyň **ajy, aşy** etnonimleriniň öz köküni gadymy aşina diýen türki taýpa diremegini unasyň gelýär. Eger bu pikir dogry bolsa, onda bu etnonim aslynda Mongoliýa ýa-da Hytaýyň çäklerinde döräp, özi-de gadymy türkleriň totemistik ynanjy, yrymy, gözýetimi, ýagny dürli haýwanlary özlerine howandar hasaplamagy bilen baglanyşykly ýüze çykan bolsa gerek, çünki **aşina ýa-da açina** diýen at mongollaryň “möjek, böri” manylaryndaky **şino, çino** sözünden we hytaýlylaryň **a**-sözüňiň goşulmasyndan (prefiksden) emele gelipdir (a-şino-aşina). Türki halklarda möjegiň totem, eý görülýän howandar

haýwan hasap edilýändigi we bu janaweriň dürli halklar arasyndaky kulty barada **gurt, möjek, böri** etnonimleriniň düşündirilişinde giňden gürrüň ederis.

## AZERBAÝJAN

Azerbaýjanyň we Eýran Azerbaýjanynyň ilaty häzirki döwürde resmi suratda **azerbaýjan, azerbaýjanly** diýlip atlandyrylýar. Bu termin sowet häkimiýeti döwründe kanul edildi. Kawkaz halklary häli-häzire çenli **azerbaýjan** diýen etnonime derek başga sözleri ulanýarlar. Meselem, gürjüler arasynda **tatari**, osetiýalylarda **tataýrag**, abhazlarda **atatar,** ermenilerde we lezgilerde **türk**, Gürjüstanda ýaşaýan rumly greklerde **türkos**, garaçaý-balkarlarda **türkli**, gumuklarda, laklarda we darginlerde **gajar, hajar, kajarly**, çeçenlerde **giýezalo** (“tatar” manysynda), awarlarda, antlarda we çamalallarda **padar**, rutullarda we sahurlarda bolsa **mugal** diýen atlar häzirki **azerbaýjan** diýen etnonimiň ýerine giňden ulanylýar.

XV-XVII asyrlara degişli gürji, rus we ermeni çeşmelerinde Azerbaýjanda ýaşaýan ilata **gyzylbaşlylar** diýlipdir, ýöne bu termin juda giň manyda bolup, ol Eýranda we Kawkazda ýaşaýan ençeme halkyň tutuş ady hökmünde-de ulanylypdyr. Türkmen klassik edebiýatynda, meselem, “Görogly” eposynda azerbaýjanlylaryň **häzirbeýjanly** diýen ady ýörgünlidir. Akademik B.A.Garryýew tarapyndan 1983-nji ýylda Moskwada neşir etdirilen “Görogly” eposyndan alnan şu setirlere üns beriň:

— Haýsy ýurduň adamsydyňyz, näjaýly çykdyňyz?

Onda Körogly aýtdy:

— Bizler **häzirbeýjanly** borus.

— **Häzirbeýjanly** bolsaň, ber habaryňy. (162 sah.).

Şu eposda bu etnonimiň **bejanly** diýen gysgalan görnüşine-de duş gelinýär:

— Sen Köroglynyň dogmasy bolsaň, aslyň nireli?

— Aslym **bejanly**, tagsyr.

— Niçesiniň özi **bejanly**, niçesiniň enesi **bejanly**, gaýym daýy-ýegen çykdylar, munuň bilen (230 sah.).

Dürli halklar tarapyndan azerbaýjanlylara şunça köp at berlen bolsa-

da, bu halk özüni geçmişde **türk** ýa-da **türkmen** diýip atlandyrypdyr. Munuň özüne ýetik sebäbi bar. XI asyrdaky seljuklar hereketi döwründe we ondan öň Azerbaýjanda ýaşaýan dürli halklaryň arasyna türki kowumlar aralaşyp, olar bilen gatyşypdyr. Şonuň üçin häzirki Azerbaýjanda türkmen tire-taýpalarynyň ady bilen gabat gelýän müňlerçe ýer-ýurt atlary saklanyp galypdyr. Meselem, Apşeron (azerbaýjança Awşaran) ýarym adasynda awşar diýen türkmen taýpasy ýaşandygy üçin, oňa şeýle at berlipdir. Bu respublikada Dewiçi (düýeji), Saatly (Saýatly), Halaç diýen raýon we posýoloklar hem bar. Azerbaýjanda uly çarwadar taýpa ýa-da iri sosial topara **terakime** diýilýär. Ol arap sözi bolup, "türkmenler" diýen manyny aňladýar.

Azerbaýjanyň dürli raýonlarynda bolanymyzda, biz özlerini oguz ýa-da **türkmen** diýip atlandyrýan ilata köp duş geldik.

Azerbaýjanly diýen etnonim aslynda şu ýurduň ady bolup, bu söz biziň eramyzdan öň ýazylan grek we latyn çeşmelerinde **Atropatena** görnüşinde duş gelýär. Ol "ot ýurdy" "oduň mekany" diýen manyda bolup, şu ýurduň nebite baýdygy bilen baglanyşykly dörän bolsa gerek. Soňra bu gadymy at pars dilinde **Aturpatakan**, arap dilinde hem **Adarbaýjan** (azerbaýjan) görnüşine geçipdir. Iň ahyrda-da bu ýurduň ady şu etrapda ýaşaýan halkyň umumy adyny aňlatmaga başlapdyr.

Türkmenleriň ýakyn garyndaşy bolan we gepleşik dilleri boýunça türk, türkmen we gagauz halklary bilen birlikde türki dilleriň oguz toparyny düzýän azerbaýjan halkynyň etnik adynyň ýüze çykyşy, gysgaça şeýledir.

## AÝMAK

Salyr, çowdur (abdal), ärsary we käbir beýleki taýpalaryň düzüminde **a:ýmaklar** diýen tirelere duş gelinýär. Bular Amyderýa we Murgap boýlarynda ýaşan, mundan birnäçe asyr öň bolsa Owganystana hem-de Eýrana göçen aýmaklaryň galyndylary bilen baglanyşykly dörän tirelerdir. Häzir aýmaklaryň köpüsi Owganystanyň demirgazyk-günbatar we merkezi böleklerinde ýaşaýarlar. Olar 4 sany uly taýpadan (halkdan) ybarat: jemşidiler, hazarylar, firuzkuhlar we taýmanlar. Şonuň üçinem bu taýpalara **çaraýmaklar** (ýagny "dört aýmaklar") hem diýilýär. Ylmy edebiýatlarda hazarylar mongol, jemşidiler bolsa pars halkyna

degişli hasaplanýar. Ýöne weli hazarylaryň gadymy **hazar** diýen türki halk bilen baglanyşykly dörän bolmagy hakykata has ýakyndyr. Häzirki döwürde bu taýpalaryň köpüsi täjikçe gepleşýän hem bolsalar, olaryň (iň bolmanda, aglabasynyň) aslynyň türki halklara degişlidigini unutmak bolmaz. Muny bu taýpalaryň gadymy türki aýmak diýen ady hem tassyklaýar. Ýokarda sanalan taýpalaryň ýa-da olaryň tireleriniň atlary türkmen etnonimiýasynda we toponimiýasynda köp duş gelýär. Meselem, Daşhowuz we Lenin raýonlarynda Jemşidi diýen obalar, ýaplar we gala bar. Bu ýerlerde häzir hem jemşidiler ýaşaýarlar. Murgap raýonynyň öňki, şu ýerdäki demir ýol stansiýasynyň bolsa häzirki atlary bolan Semennik toponimi hem jemşidileriň semendik diýen urugynyň adyndandyr. Mälim bolşy ýaly, Murgabyň ýokary akymynda we Hyratda jemşidiler ýaşapdyrlar. 1841—1842-nji ýyllarda Hywa hany Rahymguly olaryň 7600 öýlüsini Hywa etrabyna göçürýär. Hazarylaryň ady **hydyrili (hyzyrili)** diýen türkmen taýpasynyň, taýmanlaryň ady hem **taýmaz** görnüşinde ärsarylaryň we tekeleriň urug-tire atlarynda saklanypdyrlar. Firuzkuh—pars dilinde "Pöwrize dagy" diýmekdir. Şeýlelikde, bu taýpanyň dörän ýeri hem Türkmenistan bilen baglanyşyklydyr. Gysgaça aýdanda, aýmaklaryň we ony düzýän 4 halkyň ählisi türkmenler bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyrlar.

**Aýmak** diýen at gadymy türki – mongol sözünden emele gelipdir. Türki halklaryň köpüsinde bu söz "halk", "taýpa", gyrgyz, gazak, garagalpak dillerinde "ülke", "raýon", ýakut dilinde "familiýa", "garyndaşlar topary" ýaly manylarda ulanylýar. Mongollarda-da **obog, oboh** we **aýmak** sözleriniň biri-birine ýakyn manysy bar. Hywa hany Abulgazy Bahadyr han (XVII asyr) **aýmak** sözüni "süýek", ýagny "urug", "tohum", akademik W.W.Radlow hem "halk", "taýpa" we "oba", "maşgala" diýip düşündirýärler. Türkiýe türkmenleri "taýpa" sözüniň ýerine **oýmak** sözüni ulanýarlar. Geň ýeri, ewenk dilinde-de **aýmak** sözi "urug", "taýpa" manysyndadyr. Bu ýagdaý bolsa gürrüňi edilýän sözüň türki dilleriň umumy altaý döwrüne degişlidigini subut edýär. Ýeri gelende aýtsak, türkmen dilindäki **oba** sözi hem **aýmak** sözüniň fonetik wariantydyr (aýmak-oýmak-oomak-omak-obak-oba), çünki türkmenlerde we ençeme türki halklarda geçmişde bir tiräniň ýa-da bir urugyň wekilleri gatyşyp ýaşaman, özbaşyna aýratyn obalary emele getiripdirler. Diýmek, bu ýerde **oba** sözi **tire, taýpa, urug** sözleri

bilen manydaş gelýär.

Özbegistanyň Kaşgaderýa, Surhanderýa welaýatlarynda, Çärjew welaýatynyň hem Çarşaňňy raýonynda ýaşaýan aýmaklaryň arasynda barlag geçiren etnograf alym Balkys Karmyşowa aýmak diýen etnik termininiň başgaçarak manysyny belleýär: "ýurt eýesi", "öňden oturan taýpa", "gadymy güýçli halk".

Näme üçin aýmaklar "urug", "taýpa" manysyndaky aýmak sözi bilen atlandyryldyka? Muny geň görüp oturasy iş ýok. Tire-taýpalaryň ilki döräp başlan döwürlerinde dünýäniň köp halklarynda olaryň ady hökmünde "adamlar", "taýpa", "tire", "halk" manysyndaky sözler ulanylypdyr. Meselem, nemesler özlerine **doýç**, udmurtlar **ar**, komiler **murt** diýýärler. Bularyň ählisi "adam", "halk" manysyndadyr. Türkmenleriň ata-babalary bolan gunlaryň we oguzlaryň etnik atlary hem "taýpa", "halk" ýaly manylary aňladýar (bular barada degişli makalalarda giňden gürrüň bereris).

## AÝY

Alilileriň, nohurlylaryň, Bagyr obasynda ýaşaýan tekeleriň düzüminde **aýy** atly tireler bar. Türki dilli halk bolan gyrgyzlaryň arasynda **aýuu**, özbeklerde (gypjaklarda) **aýu**, başgyrtlarda **aýyu** diýen urug-tireler türkmenlerdäki aýy tiresi bilen atdaş bolmak bilen birlikde, **aýy-aýu** etnoniminiň gadymy türki eýýamda, iň bärkisi – XI asyrdan öň dörändigine şaýatlyk edýärler.

**Aýy** diýen tire-taýpa atlary gadymy ata-babalarymyzyň ynanç-düşünjeleri, ýagny her taýpanyň belli bir haýwany eý görmegi, ony howandar tutunmagy, mukaddes hasaplamagy (ylmy dilde totemizm) bilen baglanyşyklydyr. Möjek, it, aýy ýaly güýçli haýwanlar totem hökmünde köp halklarda duş gelýär. Meselem, Fridrih Engelsiň ýazmagyna görä, Demirgazyk Amerikaly indeýleriň seneka taýpasynyň irokez diýen urugynyň sekiz tiresi 8 sany biri-birinden üýtgeşik haýwany totem edinipdir, ol haýwanlaryň atlary bolsa bu janawerleri özüne penakär saýýan tireleriň etnik ady hökmünde hem ulanylypdyr. Ynha, ol haýwanlaryň atlary: möjek, aýy, pyşbaga, samyr, sugun, çuluk, leglek, laçyn. Diýmek, aýy tiresiniň gadymy ata-babalary hut şu haýwany özlerine penakär tutunan, totem edinen bolsalar gerek.

# AKGOÝUNLY, GARAGOÝUNLY, BARANY

Akgoýunly we garagoýunly diýen türkmen taýpalarynyň hersi özbaşdak döwlet gurmagy başaran uly we güýçli il hökmünde biziň halkymyzyň adyny arşa göteren, ony dünýä tanadan taýpalardyr. Olaryň wekilleri XI asyrda seljuklaryň günbatara ýörişi döwründe häzirki Türkmenistanyň territoriýasyndan (Balkandan, Maňgyşlakdan, Sarahsdan) Eýran, Türkiýe, Kawkaz, Siriýa, Yrak ýaly ýurtlara ýaýraýarlar. Bu taýpalaryň hersi barada aýry-aýrylykda gürrüň edeliň.

Taryhy çeşmeleriň güwä geçmegine görä **akgoýunlylar** türkmenleriň Mahmyt Kaşgary (XI asyr) tarapyndan sanalýan 24 taýpasynyň biri bolan baýyndyrlardan gelip çykypdyr. Rum (Wizantiýa) senenamalarynda olaryň ady ilkinji gezek 1340-njy tutulýar. Türkiýedäki Diýarbekir şäheriniň töwereklerinde, Tigr derýasynyň ýokary akymynda ýaşaýan akgoýunlylar XV asyryň başlarynda has güýçlenip, özleriniň döwletini gurýarlar (1468-nji ýyl). Bu döwleti esaslandyran Uzyn Hasan (1453-1478) diýen şa ilki bilen garagoýunlylaryň şasy Jahan şanyň goşunlaryny ýeňýär, öz baýdagynda-da ol akgoýnuň suratyny şekillendirýär. Köp alymlaryň tassyklamaklaryna görä, baýdakdaky şol surat zerarly bu taýpany akgoýunly diýip atlandyrýarlar. Wizantiýaly taryhçylaryň işlerinde akgoýunlylaryň ady grekçä terjime edilip, **askroprobatidler** görnüşinde ulanylypdyr.

Uzyn Hasan garagoýunlylary ýeňip, Ermenistanyň, Azerbaýjanyň, Yragyň, Günbatar Eýranyň territoriýalaryny olaryň elinden basyp alýar we Töwrizi özüne paýtagt edinýär. Uzyn Hasan höküm süren ýyllarynda akgoýunlylar döwletiniň halkara abraýy has artýar, Wenwsiýa, Rim papasy, Majarystan (Wengriýa) ýaly kuwwatly döwletler 1463-nji ýylda Osman imperiýasynyň garşysyna onuň bilen şertnama baglaşmaga mejbur bolýarlar.

Akgoýunlylar döwleti XVI asyryň başlarynda asly türkmen bolan, emma türkmenlere garşy gazaply syýasat ýöreden gyzylbaşlaryň patyşasy, sefewiler dinastiýasynyň düýbüni tutujy ajaýyp şahyr şa Ysmaýyl I Hataýy tarapyndan dagadylýar.

**Garagoýunlylar** mongol basybalyşlaryndan soň (XIII asyr) Türkmenistandan Alynky Aziýa gelen taýpalaardan ybarat bolup, olaryň esasy özeni, akademik W.W. Bartoldyň pikiriçe, türkmenleriň

baharly taýpasyndan, musulman hökümdarlarynyň şejeresini ýazan K.E. Bosfortyň pikiriçe bolsa, orta asyr türkmen taýpasy ywalardan durýan eken. Taýpa hökmünde XIII asyryň aýagynda—XIV asyryň başynda baharly taýpasynyň serdarlarynyň biri bolan Baýram Hojanyň baştutanlygynda emele gelen garagoýunlylar dinastiýasy Ermenistandaky Wan kölüniň gündogarynda, Kura (türkmençe Küri) derýasynyň demirgazygynda ýerleşen territoriýany eýeläp, akgoýunlylardan has öň özbaşdak döwlet gurýarlar. Baýram Hoja ölenden soň, onuň ornuna ogly Garaýusup geçýär, ol Timuryň ogly Miranşany, soňra jelaýyrlary ýeňip, Azerbaýjanyň köp bölegini, Yragy, Ermenistany basyp alýar we 1410-njy ýylda garagoýunlylar döwletini esaslandyrýar. Öň ýatlaýşymyz ýaly, bu döwlet garagoýunlylar tarapyndan syndyrylýar. Täsin ýeri, garagoýunly şalarynyň: Garaýusubyň, Isgenderiň baýdaklarynda-da gara goýnuň şekilleri bolupdyr.

Näme üçin biz akgoýunly we garagoýunly taýpalary barada ymykly gürrüň edýäris? Birinjiden, olar Orta Aziýadan Alynky Aziýa giden türkmen taýpalarynyň nebereleridir. Ikinjiden, bu taýpalaryň atlary häzirki Türkmenistanda ýaşaýan türkmenleriň tireleri ýa-da uruglary hökmünde häli-häzire çenli saklanyp galypdyr. Meselem, **akgoýunly** diýen tire ärsarylaryň, **garagoýun, garagoýunly** diýen tireler hem ýomutlaryň, salyrlaryň we ärsarylaryň düzüminde duş gelýär.

Akgoýunly we garagoýunly taýpalaryna olaryň baýdaklaryna çekilen suratlar sebäpli şeýle at berildimikä? Biz bu soraga biragyzdan “ýok” diýip jogap bermekçidiris. Türkmenlerde goýun (ylaýta-da gara goýun. Deňeşdiriň. Semizligi gara goýun göterer—nakyl) eý görülýän öý haýwanydyr. Muňa ýomutlaryň düzümindäki **goýunbaş**, saryklardaky **goýunjy (goýunçy)**, tekelerdäki **guzy**, gökleňlerdäki **garaguzy** ýaly etnonimler hem şaýatlyk edýär. Hatda X asyrda garagoýunly taýpasy başgaça — **barany** diýlip atlandyrylýa eken. Orus diline-de **baran** görnüşinde geçen bu söz gadymy türki baran//maran (ýagny “goýun”) sözündendir.

Käbir alymlar akgoýunly we garagoýunly taýpalarynyň Alynky Aziýa gelenden soň şeýle atlandyrylandygyny tekrarlaýarlar. Beýle pikir bilen hem ylalaşmak mümkin däl, çünki birinjiden, Türkmenistandaky akgoýunly we garagoýunly diýen tireleriň ählisi Alynky Aziýadan yzyna gaýdyp gelenler däl-de, şu ýerden hiç ýere göçmän galan

ilatyň nebereleridir. Ikinjiden, irki orta asyrlarda uly we abraýly türki taýpalaryň biri bolan dowlatlarda, häzirki özbek halkynyň içine siňip giden uly taýpalaryň biri dörmenlerde (türkmenlerde?) **ak-koýly** we **kara-koýly** diýen etnonimler duş gelýär. Bu ýagdaýlar akgoýunly we garagoýunly etnonimleriniň seljuklaryň hereketinden (X asyrdan) has öň ýüze çykandygyny görkezýär.

Her niçik bolsa-da, bu atlar maldarçylyk bilen baglanyşykly döräpdirler: Alynky Aziýada öz döwletlerini döreden akgoýunlylar we garagoýunlylar hem çarwa taýpalar bolupdyrlar. Belki, saryja tohumly goýunlary ýetişdirip, özlerini dünýä meşhur eden saryjya urugy ýaly, akgoýunlylar we garagoýunlylar hem ak we gara reňkli goýunlary ýetişdirmekde öz döwrüniň meşhur maldarlary bolandyrlar, belki-de, bu taýpalaryň ady **baran** ýa-da **goýun** sözünden, bu atlaryň öňündäki **ak** we **gara** sözleri bir taýpanyň dürli bölekleriniň ýerleşýän taraplary bilen baglanyşyklydyr? Türki etnonimiýada köp duş gelýän **ak** we **gara** sözleri soňky pikiriň dogrudygyna güwä geçýär.

## AKDERI, GARADERI, BÄŞDERI, GÜNDERI

Ärsarylaryň uludepe bölüminde akderi diýen urug bar. Onuň wekilleri Halaç posýologynyň töwereginde, Çarşaňňy raýonynda, Täjigistanyň Jylyköl raýonynda we Owganystanda ýaşaýarlar. Şu urugyň ady bilen baglanyşykly dörän ýer-ýurt atlaryna-da duş gelinýär. Halaç, Çarşaňňy, Täjigistandaky Gumseňňir raýonlarynda Akderi diýen obalar, Halaçdaky Akderigala we Akderi maşyn kanaly, Garagum çölündäki Akderisaltyk diýen guýy, Gumseňňir raýonyndaky Akderiaryk ýaly atlar munuň aýdyň mysalydyr.

Akderi ady göräýmäge düşnükli. Bu at agzalanda, ak deriden içmek ýa-da silkme telpek geýýän adamlar göz öňüne gelýär. Ýerli ýaşulular adyň manysy barada şeýle rowaýaty gürrüň berýärler. Ir zamanlarda gyş çagy çagasyny ekläp bilmedik bir garyp ony ak derä dolap, barly obanyň deňinde ýoluň üstüne taşlap gidýär. Çaganyň çyrlap gygyrýan sesini eşiden obalylar ony ýygnaýarlar. Şol çaga ulalýar, ondan ýaýran nesillere-de akderililer diýen at galýar. Jyly̌kölli ýaşulular şol çaganyň taşlanan köçesiniň anyk adresini-de aýdýarlar: ol Halaçdaky Akderi galasyna barýan ýol bolmaly. Başga rowaýata görä bolsa, akderileriň

tirebaşysy bäbekkä gaty ejiz bolup, ony ak derä dolap ulaldypdyrlar.

Her niçik bolsa-da, rowaýatlar rowaýatlygyna galýar. Olar bu adyň döreýiş sebäbini we manysyny anyk düşündirip bilmeýärler.

Akderi diýen urug ady iňňän gadymy türkmen etnonimleriniň biridir. Onuň ak teri görnüşinde gyrgyz halkynyň saýak diýen urugynyň düzüminde-de duş gelýändigini nazara alsak, onda etnonimiň seljuklaryň hereketinden (XI asyr) has öň, baryp türkmenleriň, gyrgyzlaryň we beýleki ençeme türki halklaryň häzirki Gyrgyzystanyň, Altaýyň, Mongoliýanyň territoriýalarynda bilelikde ýaşan döwürlerinde dörändigine göz ýetirmek kyn däl.

Adyň manysynyň ak reňkli derä asly dahyly ýok. Ak goňur—gara goňur, ak daşaýak—gara daşaýak, akman—garaman ýaly türkmen etnonimlerinde bolşy ýaly, bu adyň düzümindäki ak sözi reňk bilen däl-de, iki bölünen bir tiräniň (urugyň) ýerleşen tarapy bilen baglanyşyklydyr. Ol köplenç “gündogar” diýen manyda gelýär (“gündogar tarapda oturan deriler”). Muňa saryklaryň gyzyl urugynyň düzümindäki garaderi (“günbatar tarapda ýerleşen deriler”) diýen tiräniň ady hem güwa geçýär.

Bu adyň ikinji bölegi (“deri” sözi) hem derä dahylly däl. Ol gadymy türki **termek, tirmek** işliginden emele gelip, häzirki türkmen dilindäki tire sözüniň irki görnüşidir. Türkmen diliniň gadymy ýazuw ýadygärliklerinde we klassyk şahyrlarymyzyň goşgularynda bu söze näçe diýseň duş gelmek bolýar. Mysallar getireliň.

Türki dilleriň (şol sanda türkmen diliniň) VII—VIII asyrlara degişli bolan Orhon—Ýeniseý ýazuw ýadygärliklerinde, meselem, Mongoliýadaky Selenga derýasynyň kenaryndan tapylan Moýun Çur ýadygärliginde (senesi 759-njy ýyl) tiril sözi “ýygylmak, toplanmak” ýaly manylarda ulanylypdyr. “Türki sözleriň diwany” atly üç tomluk uly sözlügi ýazan Mahmyt Kaşgarly (XI asyr) termek sözüni “toplamak, üýşürmek” (ol ýarmak terdi—“ol pul toplady”—II tom, 39 sah.), terig sözüni hem “topar, ýygyn” (II tom, 41 sah.) manylarynda ulanypdyr.

Aşakdaky mysallar türkmen klassyk edebiýatymyzda tirmek işliginiň “ýygmak” manysynda köp ulanylandygyna şaýatlyk edýär:

*Bag içre girdim ýördüm,*
*Gyrmyzy gülünden* ***tirdim*** *(“Şasenem—Garyp” dessany).*

Ýa-da:

*Açylan bagyňda alma-enaryň,*
*Keşt edip gülleriň* ***tirebilmedim*** *("Zöhre—Tahyr").*

Diýmek, akderi etnonimiň deri bölegi tir, ter düýp işliginiň yzyna işlikden at ýasaýjy –i goşulmasynyň goşulmagy bilen ýasalyp, "ýygyn, topar", ýagny "dürli ilden ýygnanyp, bir ýere üýşen tire" diýen manyda döräpdir. Şeýle ýol bilen emele gelen sözlere guýy (guý-y), tuty, soky, süri, dyky çaly atlary mysal getirmek bolar.

Urug, tire sözleriniň tiräniň has at hökmünde ualynylyşy kanuny ýagdaýdyr, çünki urug-tireleriň ýaňy döräp ugran we sany entel az bolan döwürlerinde, olary tapawutlandyrmak üçin aýry-aýry sözler däl-de, "topar. Tire, üýşmek, jem" ýaly manylary aňladýan jyns atlar şol torayň has ady hökmünde köp ulanylypdyr. Muňa uludepe, ýomut, gun, oguz ýaly aatlar hem myasl bplup biler (olar hakynda öz ýerinde gürrüň ederis).

Akderi urugyň düzüminde bäşderi we günderi diýen tireler hem bar. **Bäşderi**—"bäş tireden ýygnanan il", **günderi** hem "gun tiresi" diýmekdir (gunlar türkmenleriň gadymy ata-babalarydyr).

Sözümiziň ahyrynda, türkmen edebiýatynyň, diliniň we halkymyzyň geçmiş taryhynyň öwrenilişinde gözbaşda duran, Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Edebiýat institutynyň Golýazmalar fondunyň binýadyny tutan ilkinji sowet alymy Abdylhekim (ýa-da Abraý) Gulmuhammedowyň Halaçdaky akderi urugyndandygyny hem bellemekçidiris.

## AKJA, AKJALY, AKJYK

Ärsarylaryň garkyn we yslam uruglarynyň düzüminde **akja** diýen tire ady duş gelýär. Şu atdaky tireler Astrahan şäherinden 17 kilometr uzaklykdaky Atal obasynda ýaşaýan igdirleriň, şeýle-de arabaçy we düýeji diýen türkmen taýpalarynyň düzüminde-de bar. Düýejilerdäki akjalara bulutkowanlar hem diýilýär. Günbatar ýomutlara degişli akja tiresiniň adyny görnükli türkmen alymy N.N. Ýomutskiý adam ady hasaplaýar. Onuň pikiriçe, bu tire Baganyň (baga—tire ady) agtygy,

Hanmämmet Akjanyň ogly Akja diýen şahsyň nebereleri bolmaly. Şonuň üçin tirä  akjaly (ýagny, "Akjanyň ili") hem diýilýär.

**Akja** we **akjaly** diýen atlar irki türkmen etnonimlerine degişlidir, çünki **akjalu** diýen urug adyna biz Türkiýäniň Sewas welaýatynda ýaşaýan oguz türkmenleriniň bozok diýen uly taýpalar toplumynyň düzüminde-de duş gelýäris. Mälim bolşy ýaly, bu türkmenler seljuklaryň ýörişi döwründe (XI asyr) Orta Aziýadan Türkiýä etraplaryna aralaşan bolmaly.

Akja we akjaly diýen tire atlary adam ady bilen baglanyşykly bolman, başga manylary aňlatmagy hem mümkindir. Belki, bu at Owganystandaky Akja welaýatynyň adyndandyr, sebäbi baryp irki orta asyrlarda Owganystanyň Balh, Badahşan, Akja, Şybyrgan, Mazaryşerip, Antguýy, Hyrat welaýatlarynda türki halklar, şol sanda türkmenler hem ýaşapdyrlar. Akjadan Türkmenistanyň dürli künjeklerine, ondan aňry—Türkiýe, Yraga, Siriýa göçen ilata öňki oturan ýerleriniň ady bilen **akjaly** diýlip dakylmagy bolup biläýjek zatdyr.

Ýene bir çaklama. Türkmen (umumy türki) etnonimleri aglaba ikä bölünýär. Türkmen şiwelerinde olara **jabdyk** ýa-da **jübüt tireler**, ylmy dilde bolsa **dual** ("ikileme") düzümler diýilýär. Bir tireden ýa urugdan bolan bu garyndaş bölekleri tapawutlandyrmak üçin, ýerleşen taraplary boýunça, olaryň etnik adynyň öňünden **ak** ("gündogar"), **gara** ("günbatar"), **aşak, ýokary, ownuk, uşak, iri, uly** ýaly epitetler goşulýar. Has atlaryň gysgylma ymtylyş häsiýeti netijesinde, olaryň esasy sözleri düşüp galyp, diňe epitetleriň has at hökmünde ulanylýan ýagdaýlary hem duş gelýär. Muňa türkmen tireleriniň arasynda duş gelýän **ketde, kiçgine, uzyn, gysga, ownuk** ýaly atlar hem güwä geçýär. Diýmek, akja, akjaly etnoniminiň jübüt atlarynyň bir epiteti bolan ak sözünden we onuň yzyna kiçeltmekligi, az sanlylygy bildirýän –**ja** goşulmasynyň goşulmagyndan emele gelen bolmagy-da mümkindir. Ýomutlaryň düzüminde bar bolan **ak** urugynyň adyny bu pikiri tassyklaýan delil hökmünde ýatlamak mümkin.

Soňky pikir hakykata laýyk bolsa, onda Çärjew raýonynda ýaşaýan salyrlaryň **akjyk** urugynyň ady hem **akja** etnonimi bilen manydaşdyr we ol bu toparlaryň bir kökden emele gelen bolmagynyň mümkinligini görkezýär.

## AKMAN, GARAMAN

Taýpa atlary hökmünde **akman** we **garaman** diýen sözler Mahmyt Kaşgarynyň (XI asyr), Reşideddiniň (XIV asyr), Abylgazy Bahadyr hanyň (XVII asyr) işlerinde duş gelmeýän hem bolsa, olary gadymy türkmen etnonimleriniň hataryna goşmak mümkin, çünki bu atlar irki taryhy çeşmelerde, şeýle-de seljuklaryň ýörişi döwründe (XI asyr) we ondan biraz soň uzak ýurtlara göçen türkmenleriň arasynda duş gelýär. Meselem, görnükli türkmen taryhçysy S.G.Agajanowyň barlaglaryndan mälim bolşuna görä, akman we garaman diýen iri türkmen taýpalary Hoja Ahmet Ýasawynyň (1105—1166) döwründe häzirki Gazagystanyň Çimkent oblastynyň Türküstan şäheriniň töwereklerinde ýaşapdyr. Olaryň taýpabaşylary, rowaýata görä, abdal serkerdeleri Akman we Garaman bolany üçin, Akmanyň iline **akmanlar**, Garamanyňka hem **garamanlar** diýlipdir. Hytaý türkmenleriniň dilini we taryhyny öwrenen moskwaly akademik E.R. Tenişewiň ýazmagyna görä, Samarkantdaky Nurata türkmenleriniň (salyrlaryň) bir bölegi 1370-nji ýylda Hytaýa göçüp, Pekinden 50 kilometr uzaklykdaky Sýunhua welaýatynda ýerleşýär. Olara salarlar diýilýär. Bu salarlar Akman we Garamany özleriniň mukaddes taýpabaşylary hasaplaýarlar. Hatda şu ýerdäki Geýszi şäherinde olar Garamanyň mazaryny hem görkezýärler. Akban diýen taýpa ady adaý gazaklarynyň düzüminde-de bar.

Şeýle-de bolsa, garamanlara seredende, akmanlaryň sany az bolmaga çemeli, çünki bu taýpa Türkmenistanda duş gelmeýär. Ol hazir Türküstan şäheriniň etegindäki Şaştöpe (Täçdepe) obasynda, Buhara oblastynyň Garaköl we Alat raýonlatynda ýaşaýan salyrlaryň düzüminde saklanyp galypdyr.

**Garamanlar** weli Hytaýdan başlap, Gündogar Ýewropa ýurtlaryna çenli ýaýrapdyrlar. Olar Orta Aziýada, Hytaýda, Makedoniýada, Bolgariýada, Türkiýede, Yrakda, Siriýada, Kawkazda duş gelýärler. Türkiýede şu garamanlar tarapyndan ösdürilip ýetişdirilen goýunlaryň bir görnüşine-de garaman goýunlary diýilýär. Z.Ş.Nawşirwanowyň şaýatlyk etmegine görä, garaman diýen türkmen taýpasy Krymda-da ýaşapdyr. Ol Saltykbabanyň ýolbaşçylygynda 1263—1264-nji ýyllarda Arzyrumdan Kryma göçüp gelipdir. Hatda Krymda Garaman diýen ýer atlary hem duş gelýär.

Kiçiaga, ýalawaç we garaman Türkmenistandaky salyrlaryň uly üç bölüminiň atlarydyr.

Indi **akman** we **garaman** sözleriniň aňladýan manysy barada gürrüň edeliň. Ýokarda ýatlanyşy ýaly, rowaýatlar we olara esaslanýan alymlaryň köpüsi Akman we Garaman sözlerini taýpabaşylaryň ady hasaplaýarlar. Hatda Abylgazynyň "Türkmenleriň şejeresi" diýen işinde ýazyşyna görä, Syrderýa boýlarynda ýaşaýan türkmenler X—XI asyrlarda Garaman begiň ýolbaşçylygynda uly il bolup Maňgyşlaga göçýärler. Biziň pikirimizçe, Akman we Garaman diýen adam atlary bu etnonimlerden soň ýüze çykypdyr, ýagny ol serkerdelere taýpalarynyň ady dakylypdyr. Bu atlaryň düzümindäki **ak** we **gara** sözleri düşnükli, olar iki garyndaş taýpany tapawutlandyrmak üçin, şol taýpalaryň ýerleşýän ýerine görä, olaryň adynyň öňünden goşulypdyr (**ak**—"gündogar", **gara**—"günbatar"). Ýöne bu atlardaky man sözüniň manysy anyk däl. Käbir çaklamalara görä, bu söz "goýun" manysyndaky **man** ýa-da **maň** sözündendir. Türkmenler 4—5 ýaşly goýunlara **maň** diýýärler. Dogrudan-da, eý görülýän mal bolan goýnuň ady türkmen etnonimiýasynda köp duş gelýär: goýunjy, goç, goçat, goýunbaş, guzular, guzujy we ş.m. Eger bu pikir dogry bolsa, onda akman we garaman diýen atlar akgoýunly we garagoýunly etnonimler bilen manydaş, bu taýpalar bolsa garyndaş bolmaly.

Ikinji çaklama görä, derňelýän etnonimleriň **man** sözi garman, gyrman, orman, nawman, sarman, syzman, gätmen, jürmen, türkmen, şawman, ýasman diýen türkmen tire-taýpa atlarynyň, kuban-kuman, besermen, dörmen, naýman ýaly türki etnonimleriň **man-men** bölekleri bilen manydaş bolup, ol "halk, il, taýpa, urug" ýaly manyny aňladýär. Biziň pikirimizçe, soňky çaklama hakykata has ýakyndyr.

## ALABÖLÜK, ALAÖÝLÜKLI, ALBÖRÜKLI, ALKAÖÝLI, ALKYREWLI

Orta asyr türkmen-oguzlaryň düzüminde şeýle atda uly taýpa bolupdyr. Taryhy çeşmelerde bu adyň gadymy görnüşi we manysy barada dürli çaklamalar getirilýär. Meselem, XI asyryň görnükli dilçi alymy Mahmyt Kaşgarlynyň "Türki sözler diwany" atly ajaýyp sözlüginde **alkabölük** 22 türkmen taýpasynyň biri hasaplanýar. XIV asyr taryhçysy

Reşideddin bu taýpanyň adyny **alkyr-ewli** görnüşinde ýazýar we ony Oguz hanyň Günhan diýen oglundan bolan üçünji agtygynyň ady hasaplaýar. Ýazyjy-oglunyň (XV asyr) we Salar Baba Gulaly oglunyň işlerinde-de bu at **alka-ewli** görnüşinde getirilipdir. Reşideddin **Alkyr-ewli** diýen adam (soňra taýpa) adynyň manysyny "her ýerde bolsa-da ýakymly bolar" diýip, Abylgazy hem (XVII asyr) Oguz hanyň Alkaöýli diýen agtynyň hem-de onuň neberelerinden emele gelen türkmen taýpasynyň adyny "muwapyk", "laýyk", "ýalymly" diýip terjime edýärler. Salar Baba bolsa bu adyň "baý we bagtly" diýen manysynyň tarapyny tutýar.

Gürrüň edilýän etnonimiň türki (türkmen) sözlerinden emele gelendigine seretmezden, onuň anyk manysy "ynha, şu" diýip aýdaýmak gaty çetin, çünki taryhy çeşmelerde bu at dürli görnüşlerde duş gelýär. Şonuň üçin onuň asyl köki, haýsy sözlerden we goşulmalardan ybaratdygy belli bolman galýar.

Türkmenleriň soňky döwürlere degişli tire-taýpalarynyň atlarynda-da bu sözüň dürli görnüşlerde ulanylýandygyny bellemelidiris. Meselem, Horezm oblastyndaky salyrlaryň düzüminde **alabörük**, Saragtdaky salyrlaryň kiçiaga urugynyň düzüminde hem **albörükli** diýen etnonimler duş gelýär. Etnograf—alym Ata Jykyýew ony "ala börükli", ýagny "ala tahýa geýýänler" diýip düşündirýär. Ýöne bu adyň Mahmyt Kaşgary tarapyndan agzalýan alkabölük diýen etnonimiň biraz fonetik üýtgeşmä sezewar edilen görnüşidigini aňlamak kyn däl.

Ürgenç şäherinde ýaşaýan salyrlaryň bir bölegine **alaöýlükli** diýilýär. Türkmen halkynyň taryhyny ürç edip öwrenen moskwaly alym G.P. Wasilýewa bu etnonimiň aslynda gadymy **alabölük** taýpasyndan gaýdýanlygyny çak edýär, çünki bu ýerde alabölük diýen türkmen urugy 1779-njy ýylda-da bar eken. Ýöne bu alym alaöýlükli diýen urug-tire adyny "keseki öýli", "başga öýli" diýip düşündirýär.

Düşündirişler köp, ýöne olaryň hiç haýsy ylmy taýdan doly esaslandyrylan we ynandyryjy däl. Biz hem bu etnonimiň hakyky manysyny häzirlikçe anyklap bilmedik, ýöne onuň ir (XI asyrda) duşýan **alkabölük** wariantyndan ugur alyp, bu etnonimiň **alka** we **bölük** diýen iki sözden durýanlygyny aýtmakçydyrys. Onuň **bölek** sözi "bölek", "topar" (ýagny "urug, tire") manyda bolsa gerek, ýöne wagtyň geçmegi bilen **bölük** sözüniň **öýli (ewli)** sözi bilen ornuny çalyşmagy iňkise

goýýar. Bu ýagdaýy **garabölük—garaöýli** diýen türkmen etnoniminde hem synlamak mümkin. Alkabölük etnonimiň birinji sözüni alka, alkyr, alkyn ýaly sözler bilen birlikde bir kökden dörän hasaplasak, onda alka sözi hem “ýygyn”, “topar” ýa-da “galyndy” (“göçmän galanlar”) ýaly manylarda ýüze çykandyr diýip hasaplamak mümkin. Deňeşdirmek üçin, çagataý türkleriniň alkyn sözüni “ýygyn” manyda ulanandygyny, türkmen şiwelerinde alkyndy sözüniň “galyndy” (“sabyn”) manyda duş gelýändigini şu ýerde ýatlap geçeliň. Eger bu söz etnonimiň düzüminde ilki **alka** däl-de, **ala** görnüşinde ulanylan bolsa, onda onuň gadymy türki (karaim, kaşgar, kuman) dillerindäki **alaý** sözüniň gysgalan görnüşidigini çaklamak mümkin. Bu dillerde alaý sözi “ýygyn”, “topar” (has dogrusy, “urug”, “tier”) manysynda ulanylypdyr. Eger şu çaklamamyz dogry bolsa, onda alabölük diýen etnonimiň iki sözi-de şol bir manyny, ýagny “topary”, “urugy” aňladýar.

## ALAÝONTLY, ALAT

Häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda ýaşaýan türkmen taýpa-tireleriň düzüminde bu etnonimler duş gelmeýärler. Muňa seretmezden, alaýontly we alaý diýen taýpa atlary iňňän gadymy türki, şol sanda türkmen etnonimleriniň biridir, çünki ol baryp gadymy türki we hytaý ýazuw ýadygärliklerinde köp agzalýar. Gadymy türki dillerde **ýund** sözi “ýylky, at” diýen manyda ulanylypdyr. Hatda Mahmyt Kaşgary ýylky ýylyny-da **ýund ýyly** diýip atlandyrypdyr. Ýund sözi “baýtal” manysynda häzire çenli türk dilinde saklanyp galypdyr. Ähtimal, türkmen dilindäki **ýona** we **ýonaçy** sözleri hem şu söz bilen asyldaş bolsa gerek.

Diýmek, alaýontly—“ala atly” diýen manydadyr. Hytaýda Tan imperiýasy döwründe ýazylan senenamalarda we “Tun-dýan” diýen hytaý ensiklopediýasynda bu türki etnonim **eloçji** (okalyşy **alat**), **alan, helan** görnüşlerde ýazylypdyr we “ala at” diýlip terjime edilipdir. Biziň eramyzyň başlaryndaky hytaý çeşmelerinde **bo-ma** diýen türki etnonim agzalýar. Ol alat (ala at) diýen türki adyň hytaýça kalkasydyr. Şol çeşmelerde ýazylyşyna görä, alatlar baradaky ilkinji maglumatlar şu eranyň IV asyryna degişlidir. Şol döwürde alatlar Hytaýdaky Huanhe derýasynyň boýundaky Ordos düzlüginiň demirgazygynda ýaşapdyrlar. VII asyrda olaryň uly bölegi Altaý daglarynyň demirgazyk taraplaryna

göçüpdirler. VIII asyrda bolsa olar uzak günbatarlara aralaşyp, ownuk böleklere bölünipdirler we beýleki türki taýpalaryň arasyna siňipdirler. Özbaşdak taýpalygyny ýitiren alatlaryň uly topary oguz türkmenleriniň (peçenegleriň), bulgarlaryň, gypjaklaryň arasynda eräp gidipdirler.

Irki orta asyrlarda alatlaryň bir topary alaýondly, alaýondlug diýlip atlandyrmaga başlaýar. Bu atlaryň ikisi-de şol bir manyny aňladýar. XI asyr alymy Mahmyt Kaşgarly 22 (hakykatda 24) türkmen taýpasynyň 17-njisi hökmünde **Ula-Ýondulug** diýen taýpanyň adyny ilkinji gezek tutýar. Ol bu taýpanyň tagmasynyň şekilini şeýle görkezýär:

Reşideddin (XIV asyr), türk alymy Ýazyjy-ogly (XV), Salar Baba Gulaly ogly (XVI), Abylgazy (XVII) ýaly alymlaryň işlerinde Alaýondly—adam ady, ýagny Oguz hanyň Daghan oglundan bolan agtygynyň ady hasaplanýar. Reşideddin, Salar Baba bu adyň manysyny “gowy mally”, “maly gurat”, Ýazyjy-ogly we Abylgazy bolsa “ala atly” diýip düşündirýärler. Garagalpak alymy, ýazyjy Daulen Aýtmuratow **alaýuntly** etnoniminiň aslyny alaýunlog (ýagny ”alaýüňlek”) sözlerinden gözleýär we onuň “ala çokully”, “ala saçly” diýen manysynyň tarapyny tutýar. Onuň pikiriçe, bu at gadymy türkleriň kellesinde (depesinde) çokul, örülen saç goýmak däbi bilen baglanyşyklydyr.

Her niçik bolsa-da, biz bu etnonimiň “ala atly” manysynyň tarapyny tutýarys, çünki birinjiden, hytaý çeşmeleri, şeýle-de Ýazyjy-ogly we Abylgazy bu adyň hut şu manydadygyny nygtaýarlar. Ikinjiden, türki halklar, şol sanda türkmenler aty mukaddes mal hökmünde eý görüpdirler. Muny “Ertir turup, ataňy gör, atańdan soň atyňy” diýen türkmen nakyly hem tassyklaýar. Geçmişiň uruş-dawalara baý eýýamynda atsyz ýaşamak mümkin hem däl ekeni. Ahal-teke bedewleri ýaly dünýä meşhur atlary ösdürip ýetişdiren ata-babalarymyz atyň gadyryny gowy bilipdirler, hatda ölen atyny edil adam jaýlan ýaly jaýlamak däbi hem muňa güwä geçýär. Diýmek, ala atlar türki halklaryň (türkmenleriň) belli bir topary üçin totem hökmünde hyzmat eden bolmagy mümkin. Bu toparyň şeýle atlary ösdürip ýetişdirmek arkaly şu ady alan bomagy-da ähtimaldyr. Biziň bu pikirimizi gökleňleriň, tekeleriň düzüminde ýaby, hojalarda baýtally, saryklarda alaşa, garaatly, ýapagy, ärsarylarda, esgilerde alataýly, taýlar, arabaçylarda aldory ýaly urug-tire atlarynyň saklanmagy hem tassyklaýar.

Häzir alat we alaýontly diýen etnonimler Türkmenistanda duş

gelmeýän hem bolsalar, bu taýpanyň wekilleri Çärjew oblastynyň **territoriýasynda öň ýaşapdyr?/.** Muňa Farap raýony bilen serhetdeş bolan Alat raýonynyň we demir ýol satnsiýasynyň (Buhara oblastynda), şeýle-de Üçajy posýologynyň ýakynyndaky Alat diýen guýynyň atlary güwä geçýär.

## OLAM, ALAN, ALAM, ALAŇ, AS

Türkmen taýpalarynyň biri bolan olamlaryň wekilleri häzirki döwürde Hojambaz raýonynyň merkezinde hem-de Kirow (öňki Olam) oba sowetinde, Çarşaňňy raýonynyň Akgumolam, öňki Dostluk raýonynyň Olamsurhy obalarynda, Kerki şäherine ýakyn obalarda, Samarkant şäheriniň Türkmengüzer (ýa-da Kölabat) mähellesinde (kwartalynda), Surhanderýa welaýatynyň Termez raýonynyň Kepderhana obasynda, Täjigistanyň Jylyköl raýonynda, şeýle-de Owganystan respublikasynda ýaşaýarlar. Ýemrelileriň dagly urugynyň düzüminde-de olam diýen tire duş gelýär.

Salyrlaryň garaman we ýomutlaryň garaçuka bölümlerinde **alam**, Kaşgaderýa welaýatynyň Naharystan raýonynda ýaşaýan pamyk türkmenlerinde bolsa **alan** diýen tireler bar. Bularyň ählisi aslynda bir kökden emele gelen toparlar bolup, olaryň olam, alam we alan diýen atlary hem şol bir sözüň dürli fonetik öwüşginleridir.

Bu taýpalaryň bir wagtky oturan, ýaşan ýa-da häzir hem ýaşaýan ýerleri barada olaryň etnik atlary dakylan obalar we beýleki ýerler has ygtybarly çeşme bolup hyzmat edýär. Olam sözi bilen gelýän we ýokarda agzalan obalardan başga-da, bu söz Çarşaňňydaky Olamaryk diýen ýaba, Gyzylgumuň içi bilen Hojambazdan Buhara gidýän gadymy Olamýola, Ýylanly raýonynyň Keneges obasyndaky Olamýaba dakylypdyr. 1857-nji ýyla çenli Ýolötendäki Alamdepäniň töwereklerinde salyrlaryň alam tiresi ýaşapdyr. Saragtda-da olaryň häzirki oturan ýerine Alamdepe diýilýär.

Olam diýen adyň ýüze çykyşy barada biz ýerli ýaşululardan rowaýatlar ýazyp aldyk. Iň ýörgünli rowaýatda aýdylyşyna görä, olamlaryň ýakyn daryndaşy salyrlardyr. Ir zamanlarda olamlar Ärsary babanyň raýatynda ýaşapdyrlar. Ärsary babanyň ýanyna gezmäge gelen bir abraýly adam (ymam) olam kethudasyny görkezip, Ärsarydan: “Bu

kim?" diýip sorapdyr. Ärsary hem: "Olam (ol hem) meniň oglum" diýip jogap beripdir. Şondan soň olamlara şu at galanmyş.

Rowaýatyň hakykat bilen galtaşýan taraplary hem bar. Meselem, olaryň salyrlar bilen has ýakyn garyndaşlygyny salyrlaryň düzümindäki alam tiresi, şeýle-de köp ýerde olamlaryň salyrlar bilen goňşulykda ýerleşişi hem tassyklaýar. Olamlaryň salyr taýpalar birleşigine degişlidigi barada Hywa hany Abylgazy Bahadyr hanyň "Türkmenleriň şejeresi" diýen işinde getirýän maglumatlary has ähmiýetlidir. Onuň ýazyşyça, Köneürgenç etraplarynda ýaşaýan olamlar Suwarjygyň ogly Hurşydyň nebereleri bolup, olara olam-ürgenji diýýärler. Suwarjyk alp we Ögürjik alp bolsa Salyr Gazanyň nesilleridir.

Türki halklaryň köküni yzalýalan alymlaryň aglabasy häzirki olam taýpasyny we olam tiresini gadymy alan diýen halk bilen baglanyşdyrýar. Dogrudan-da, II—IX asyrlarda alanlar köpçülikleýin Demirgazyk Kawkazda ýaşapdyrlar. IX—X asyrlarda olaryň bir bölegi Horezm döwletine degişli bolan Sarygamyş kölüniň töwereklerinde oturýan ekenler. "Türkmenistan SSR-niň taryhynda" (I tom I kitap) gürrüň berlişine görä, sarmat massaget taýpalar toplumyna degişli bolan alanlar baryp biziň eramyzyň I asyrynda Azow deňzinden tä Arala çenli giň territoriýa ýaýrap, Türkmenistanda, umuman, Orta Aziýada ýaşaýan halklaryň düzümine giň ornaşan halk bolupdyr. Akademik A.A. Roslýakow alanlaryň mundan 2000 müň ýyl ozal Türkmenistana aralaşandygyny, türkmen halkynyň arasyndaky süýri kelleligiň (dolihosefaliýanyň), gyzyl reňkli eşikleriň, atyň käbir şaý-sepleriniň türkmenlere hut alanlardan geçenligini belleýär. Taryh ylymlarynyň doktory, moskwaly alym G.P. Wasilýewa olam taýpasynyň hem-de salyrlaryň alan urugynyň hut Horasan (ýa-da Sarygamyş) alanlarynyň nebereleridigini, olaryň Abu Reýhan al-Biruny (973—1050) döwründe beýleki türkmen taýpa-tireleri bilen goşulyşandygyny ýazýar. Şu alymyň şaýatlyk etmegine görä, entek X—XI asyrlarda-da şol alanlaryň gepleşiginde esasy türkmen şiwelerinden ep-esli tapawut bolup, olar horezmlileriň we peçenegleriň gatyşyk dilinde gepläpdirler.

Diýmek, alanlar azyndan 1000 ýyl mundan ozal türkmen tire-taýpalary bilen gatyşyp, olaryň arasyna siňipdir, ýöne öz gadymy **alan** diýen adyny **alam** we **olam** görnüşinde şu güne çenli saklapdyr.

Geçmişde alanlara **as** ýa-da **ýas** hem diýlipdir. Bu gadymy taýpanyň

(halkyň) oseti (osetin) halkynyň döremeginde aýgytly rol oýnandygyny şu ýerde ýatlap geçmek gerek (ýeri gelende ýatsak, osetileriň gelip çykyş prosesine—etnogenezine halaçlar hem gatnaşypdyr). Alanlar **as** diýen ady **os** görnüşinde **oseti** halkynyň adynda şu wagta çenli saklanypdyr (**olam** we **alam** diýen etnonimlerde hem **a-o** ses çalşygygny görýäris). Oseti diýen adyň ikinji bölegi **–eti** gürji dilinde ýurt manysyny berýär. Deňeşdiriň: Swan—Swaneti—Swanetiýa, Kah—Kaheti—Kahetiýa.

Alan diýen adyň **as** ýa-da **ýas** diýen wariantlary-da türkmen etnonimiýasynda şöhlelenipdir. Muňa çowdurlaryň (igdirleriň) düzümindäki **asa** hem-de **ýasa** diýen tire atlary şaýatlyk edýärler.

Diýmek, olam, alam, alan, as diýen tire-taýpa atlary gadymy alanlaryň adyna syrygyp, olar türkmen etnonimiýasynyň iňňän irki gatlagyna degişlidir.

## ALAÇA, ALAÇYK, ALAŞA

Türkmen urug-tireleriniň atlary bolan bu sözleriň aslynda bir kökden dörän bolmagy mümkindir. Wagtyň geçmegi bilen olar dürli fonetik öwüşginlere eýe bolan bolsalar gerek. Bu sözler tekeleriň utamyş bölüminde **alaça** diýen tiräniň, saryklaryň **alaşa** urugynyň we onuň polatşa urugynyň **alaçyk** tiresiniň atlarynda saklanyp galypdyr.

Bu etnonimleriň aňladýan manylary barada taryhy çeşmelerde hiç zat aýdylmaýar. Halk rowaýatlary hem saryklaryň alaşa urugynyň adyny Alyşa diýen adamyň (tirebaşynyň) ady bilen baglanyşdyrýar. Alaça, alaşa diýen sözleriň häzirki manylaryndan ugur alýan düşündirişlere-de duş gelinýär, ýöne olara ynanmak kyn.

**Alaça, alaçyk, alaşa** diýen atlaryň manysy we ýüze çykyş taryhy barada ynançly tutaryk bolmany üçin, biz bu hakda käbir çaklamalary hödürlemekçi. Birinji çaklama görä, bu atlar käbir türki dillerde duş gelýän **alaş, alaç** sözünden emele gelipdir. Akademik W.W.Radlowyň bellemegine görä, **alaş** sözi diňe bir gyrgyz urugynyň ady bolmak bilen çäklenmän, ol “Başga ýerden (tireden) gelen”, “soň goşulan”, “keseki” ýaly manylary aňladýan sözdür. Türkmen taýpa-tireleriniň düzümine çetden gelip goşulan ilata şu adyň berlen bolmagy hakykata ýakyndyr, çünki ähli tire-taýpalara keseki ilat mydama goşulyp durupdyr. Eger şeýle bolsa, onda alaşa, alaça etnonimleriniň yzyndaky a gadymy at ýasaýjy

goşulmadyr. Muňa türkmen tire-taýpa atlary hökmünde ulanylýan **baga** (asly bag, ýagny “urug, tire” sözünden), **beçene** (beçen), **çaka, çala** (çal), **asa** ýa-da **ýasa** (as ýa-da ýas) ýaly sözler hem mysal bolup biler. Şu çaklama esasynda alaçyk tiresiniň adyny alaç-jyk ýa-da alaş-jyk (ýagny “soň goşulan kiçi tire”, “az sanly keseki il”) diýip düşündirmek mümkin.

Ikinji çaklama görä, bu atlaryň alaça, alaçyk diýen türki sözler bilen baglanyşykly bolmagy mümkin. W.W. Radlow türkmenlerde daşyna dürli matalar bilen ýapylan öýlere alaça, gyrgyz, tatar (gazan we Krym tatarlarynyň) dillerinde bolsa çöp-çalamdan edilen kümelere alaçyk diýlendigini belleýär. Orta asyr türkmenleri gara öýlere-de alaçyk diýipdirler. Diýmek, bu adyň “alaçalarda (alaçyklarda, gara öýlerde) ýaşaýanlar” manyda ýüze çykan bolmagy mümkindir.

Ýene bir çaklama görä, bu atlar “gatym-garym ilat”, “köp tire wekillerinden düzülen” manysyndaky **ala** sözünden emele gelipdir.

Bu çaklamalaryň haýsynyň hakykydygyna seretmezden, alaça, alaçyk, alaşa etnonimleriniň köküniň iňňän gadymy döwürlere uzaýandygyny, olaryň gyrgyz, gazak, türkmen we käbir beýleki türki halklarynyň bile oturan, ýaşan döwürlerinde dörändigini bellemelidiris, çünki bu atlar agzalan halklar üçin umumydyr. Hatda geçen asyryň görnükli orus etnografy N.A. Aristowyň berýän maglumatyna görä, ähli gazaklaryň ilbaşysyna hem alaşa diýilýär.

## ALBAN, ALWAN, ALPAN

Büzmeýin töwereklerinde tekeleriň utamyş bölümine degişli **alwan** diýen tire, sakarlaryň hojainebeg bölüminde hem **alpan** diýen urug atlaryna duş gelinýär. Sakar raýonynda **Alpan, Alpantapça** diýen obalar, **Alpanaryk** diýen ýap hem bar. Bu etnonimler we toponimler şol bir etnik adyň dürli fonetik öwüşginlerinden emele gelipdirler.

**Alwan we alpan** diýen türkmen tireleri öz aslyny **alban** diýen gadymy türki taýpadan alyp gaýdýar. V—VII asyrlarda albanlar suwan diýen türki taýpa bilen birlikde Jetisuwda (Semireçýede) ýaşapdyrlar we dulatlar diýen taýpalar birleşigine giripdirler. Beýik Türki Kaganat dagandan soň, bu birleşigi emele getiren taýpalar, şol sanda albanlar çar tarapa pytrap, häzirki gazak, garagalpak, gyrgyz, türkmen, özbek halklarynyň arasyna giňip gidipdirler. Ýöne bu halklaryň düzüminde

hem şol albanlar öz gadymy adyny saklapdyrlar.

Biziň pikirimizçe, **alwan, alpan** diýen etnik atlar alp diýen türki sözden we jemi, köplügi bildirýän **an** diýen gadymy goşulmadan durýar. Orhon-Ýeniseý ýazuw ýadygärliklerinde, Mahmyt Kaşgarynyň sözlüginde şeýle-de, häzirki altaý, şor, gyrgyz dillerinde **alp** sözi "batyr", "pälwan", "gahryman","mergen" ýaly manylary aňladýar. Hatda Mahmyt Kaşgary **alp ýürek** (ýagny "batyr") söz düzümini we "alplar bilen uruşma, begler bilen turuşma" (ýagny "garşysyna gitme, bäsleşme") diýen nakyly hem getirýär.

**Alp** sözi türki hökümdarlarynyň adynyň bir bölegi hökmünde örän köp ulanylypdyr. Meselem, Turanyň legendar hökümdary we Garahanylar dinastiýasynyň nesilbaşysy hasaplanýan Afrasiýabyň hakyky türki ady **Alp är toňa** (töňňe?) ýa-da **Toňa alp ärdir**. Gadymy türki patyşalar we serkerdeler **Alp-Gutlug bilge kagan, Alp-Tarhan, Alp-Tegin, Alp-Togrul, Alp-Turmuş, Alp-Tutug, Alpagut,** seljuk soltany **Alp-Arslan** ýaly atlaryň düzümindäki **alp** sözleri munuň aýdyň şaýadydyr. Salyrlaryň nesilbaşysy Salyr Gazanyň ýörgünli ady hem **Salyr Gazan alpdyr.**

Diýmek, **alban, alwan, alpan** diýen etnonimler bir kökden döräp, olaryň ilkinji görnüşi alpandyr. Bu taýpanyň wekilleri özlerine etnik at hökmünde "batyrlar", "pälwanlar" manysyndaky gowy manyly sözi seçip alypdyrlar. Bu ýöne ýerden däl. Etnonimika ylmynda taýpa-tire atlary döreýiş aýratynlyklary boýunça iki topara bölünýär: awtoetnonimler (halkyň öz-özüne dakýan ady) we alloetnonimler (taýpa-tirelere çetden dakylýan at). Alloetnonimlerde erbet manyly, kemsidiji atlara duş gelinýär, ýöne awtoetnonimlerde beýle ýagdaýa gabat gelinmeýär, sebäbi hiç halk

Züne erbet at dakmaýar. **Alpan** diýen gadymy at bilen manydaş etnonimler soňky döwürlerde-de döräpdir. Muňa ärsarylardaky **batyrlar**, (Hojambaz etrabynyň Gultak obasy), **piller** (şu raýonyň Mekan obasy), alili, pamyk (Kaşgaderýa oblasty) salyr, saryk, änewli, ärsary taýpalarynyň, şeýle-de kürtleriň şadylly taýpasynyň düzümindäki **palwanlar, pälwanly** diýen urug-tireleriň atlary hem myasl bolup biler.

Biziň eramyzyň başlarynda we ondan öň häzirki Azerbaýjanyň territoriýasynda albanlar diýen halk ýaşapdyr, olar biziň eramyzdan öňki I müňýyllygyň ahyryndan tä biziň eramyzyň X asyryna çeni Küri (Kura) we Araz (Araks) derýalarynyň boýunda güýçli döwlet hem döredipdirler.

Şol döwürde bu ýere Albaniýa diýlipdir. Balkan ýarym adasynda häzir Albaniýa Halk Respublikasy bolup, onuň ilatynyň 71 prosentini alban diýen musulman halk tutýar (dogry, bu halk özüne şkiptar, ýagny "bürgütler" diýip at berýär). Eýsem, bu albanlaryň biziň gürrüňini edýän albanlarymyz bilen nähili dahyly bar?

Biziň elimizde bu etnonimleriň şol bir sözden emele gelendigini tassyklaýan delil ýok. Albaniýadaky albanlaryň dili türki däl-de Hindi-Ýewropa diller toparyna degişlidir. Köp alymlaryň pikirine görä, Kawkaz albanlarynyň dili hem türki däl, ýöne bu albanlar baryp biziň eramyzyň başlarynda türki taýpalar bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr. Şu eramyzyň başynda Kawkaz Albaniýasynyň demirgazygynda türki halklar ýaşan bolsa, IV—V asyrlarda bu ýere hazarlar, suwarlar, hunlar, basmiller ýaly ençeme türki taýpalar aralaşyp, bu albanlaryň diline uly täsir edipdirler. Şu zatlardan çen tutsaň, Kawkaz albanlarynyň etnik adynyň hem aslynda **alpan** sözünden bolaýmagy mümkindir. Soňra bu adyň Balkanda ýaşaýan albanlar (şkiptara) hem geçendigini çaklamak bolar.

Şu aýdylanlar esasynda, **alwan, alpan** diýen türkmen urug-tire atlarynyň gadymy **alban** diýen türki etnonime sygyrýandygyny, bu etnik adyň hem biziň eramyzyň başynda ýa-da ondan öňki müňýyllykda (2—2,5 müň ýyl mundan ozal) dörändigini bellemekçidiris.

## ALILI

Magtymguly Garly ýaly ajaýyp bagşyny ile beren alili diýen türkmen taýpasynyň wekilleri häzirki döwürde köpçülikleýin Kaka etrabynyň Onbegi we Ýüzbaşy obalarynda, Daşhowuz welaýatynyň Ýylanly we Lenin raýonlarynda (Alilioýda), Çärjew oblastynyň Dänew, Farap, Buhara welaýatynyň Peşku raýonlarynda, şeýle-de Owganystan respublikasynyň Antguýy we Mazaryşerip welaýatlarynda ýaşaýarlar.

Sany boýunça ortagürp taýpalaryň biri bolan alilileriň etnik adynyň döreýşi we manysy barada dürli rowaýatlar aýdylýar. Türkmen etnografy G.I.Karpowyň işlerinde getirilýän şeýle rowaýatlaryň birinde alili diýen etnonim "ala il", "agzala il" diýip düşündirilýär. Bu adyň Aly ili görnüşinden ugur alyp, ony "Alynyň (ýagny Hezret Alynyň) ili" diýip teswirleýänler hem bar. Hatda arheolog Hemra Ýusupow bu adyň şu manysyna daýanyp, alilileriň Eýranlara, ýagny yslam dininiň

şaýy mezhebine uýýanlaryň galyndylary hasaplaýar. Elbetde, beýle düşündirişler bilen ylalaşmak mümkin däl.

Dilçi alym O. Çommadow alili etnonimini Magtymguly şahyryň “türkmen binasy” atly goşgusynyň:

*Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, **Ahal ili bir** bolup,*
*Kylsa bir jaýga ýörişni, açylar gül lälesi—*

diýen setirlerindäki **Ahal ili** söz düzüminiň gysgalan görnüşi hasaplaýar (Ahal ili—aal ili—alili). Tekeler Ahaly eýelemezinden öň, alilileriň ýazyrlar bilen goňşulykda, Ahalyň edil jümmüşinde (häzirki Aşgabat we Gökdepe raýonlarynyň territoriýasynda) ýaşandygyny, hatda Aşgabat raýonynyň Gypjak obasyna hem alilileriň gypjak urugynyň adynyň dakylandygyny nazara alsak, O. Çommadowyň pikiri hakykata laýyk ýaly görünýär, ýöne Magtymguludan has öň, baryp XVII asyrda ýaşan Hywa hany Abylgazy Bahadyr hanyň “Türkmenleriň şejeresi” diýen meşhur kitabynda bu taýpanyň adynyň **Ahal ili** däl-de, hut **alili** görnüşinde ulanylandygyny alymyň bu pikirine müňkürlik döredýär.

Abylgazy alilileriň döreýşi we onuň adynyň manysy barada anyk maglumatlary getirýär. Onuň ýazyşyna we “TSSR-iň taryhynda” ( I tom, 1 kitap) tassyklanyşyna görä,  XIV asyryň ortalarynda gadymy Uzboýuň orta akymynda, Ärsary baýyň raýatynda Hydyr Jora (çeşmelerde Çora), Aly Jora we Igbek diýen üç sany baý doganlar ýaşapdyr. Bular Ärsary baýyň gyzy Mamabikäniň azatlyga goýberen gulunyň ogullary eken (alilileriň arasynda saklanyp galan rowaýatda Aly Jora Ärsary baýyň inisi hasaplanýar. Seret. “TSSR-iň taryhy”. I tom, 1 kitap, 322 sah. 4-nji çykgyt). Abylgazy şu işinde garyp düşen özbekleriň (mongollaryň) we türkmenleriň uly toparynyň Hydyr Joranyň we Aly Joranyň penasyna özüni atanlygyny, Hydyryň raýatyndaky ile Hydyr ili (hydyrili), Alynyňka hem Aly ili (alili) diýlip at berlendigini, alilileriň şol döwürde Orta Uzboýuň iki kenarynda, Aktam we Garrygeçit aralykda ýaşandygyny ýazýar. Şu etrapda Alilişor adyny häzire çenli saklap galan uly şorlugyň bolmagy hem Abylgazynyň aýdanlaryny tassyklaýar.

Orta Uzboýda emel gelen alililer Daşhowuz, Çärjew, Buhara etraplaryna nähili düşdülerkä?—diýen soragyň ýüze çykmagy mümkin. 1578-nji ýylda Üňzüň (Uzboýuň) suwy kesilýär. Onuň ýakasynda ýaşaýan

türkmenler, şol sanda alililer hem çar tarapa göçmäge mejbur bolýar. Olaryň uly bölegi Ahala gelýär, bir bölegi hem Dänewiň Kölaryk—Alili diýen ýerinde ornaşýar. Ähtimal, Buhara emiri dänewli alilileriň bir toparyny Buhara göçüren bolsa gerek.

Alililer Daşhowuza-da zor bilen göçürilýär. Hywa hany Allagulynyň Ahala eden basybalyjykly ýörişleri köplenç ýerli ilaty boýun egdirmek üçin ony Hywa sürmek bilen tamamlanypdyr. Bu han 1830-njy ýylyň maý aýynda Kaka etraplaryna eden ýörişinde Kakada (Abywertde) ýaşaýan alilileri, magtymlary zor bilen sürüp äkidýär we olara Gylyçnyýazbaý kanalynyň aýagyndan ýer berýär. Olaryň täze ýurtlaryna hem Alilioý we Magtymoý diýip at berýärler.

## ARABAÇY, KANLY

Arabaçy diýen türkmen taýpasy XV—XVI asyrlarda Balkan, Maňgyşlak etraplarynda dörän bolsa gerek, çünki Mahmyt Kaşgary, Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar Baba ýaly alymlaryň däl, eýsem Abylgazynyň “Türkmenleriň şejeresi” diýen kitabynda-da onuň ady tutulmaýar.

Taýpa hökmünde arabaçy sözi ilkinji gezek Hywa hanlarynyň köşk taryhçysy Munisiň “Firdaaus ul-ykbal” diýen işinde ýatlanylýar. Ol arabaçylaryň ärsarylar bilen goňşuçylykda, Balkan—Maňgyşlak etraplarynda ýaşaýandygyny, olaryň çowdur taýpasynyň bir bölegidigini ýazýar. Arabaçylaryň çowdurlara degişlidigi baradaky pikire ynanasyň gelmeýär, çünki arabaçy ýaşululary özlerini Ärsarybabanyň arabakeşleriniň nesilleri hasaplaýarlar. Galyberse-de, şahyr Mollanepes arabaçylary başga taýpalar bilen bir hatarda sanaýar:

*Ilbaşy gaýu-baýat, ymykly (bolmalysy: emekli), arap, arabaçy,*
*Nerezimde bir seniň dek ýa-ha bolgaý, bolmagaý.*

1842-nji ýylda Türkmenistana aýlanan G.I.Danilewskiý hem arabaçylaryň ärsarylar we tekeler bilen göçüp-gonup ýörendigini belleýär.

XVII asyryň başlarynda-da arabaçylaryň sany köp däl eken. Muny olaryň Hywa hany Isfendiýara (höküm süren döwri 1623—1643) tölän

salgydynyň (goýnunyň) sanyndan aňmak mümkin: içki salyrlar 17 müň, eseniler 10.600, gökleňlileriň we adaklylaryň hersi 13.200, arabaçylar bolsa 4.400 goýun töläpdirler.

Maňgyşlak we Balkan etraplarynda ýaşamak kynlaşansoň, beýleki türkmen taýpalary bilen birlikde arabaçylar hem oazise özüni atýar. Olaryň uly bölegi Çärjew töweregine gelip, häzirki Dänew, Farap, öňki Burdalyk raýonlarynda ornaşýar, bir bölegi hem Hywa etraplaryna göçýär. Häzirki döwürde şol arabaçylaryň wekilleri Dänew raýonynyň Biragyz, Kelleaýak, Zergömen, Araky obalarynda, Türkmengala, Baýramaly raýonlarynda, Buhara welaýatynyň Şafrikan raýonyndaky Arabaçy obasynda, Garagalpagystanyň Biruny we Amyderýa raýonlarynda duş gelýär. Azerbaýjanyň Barda we Kedebek raýonlarynda-da Arabaçy diýen obalar bolup, olar hem bu ýerde arabaçylaryň ýaşaýandygy üçin şeýle at alypdyrlar.

Arabaçy diýen etnik at, göräýmäge, öz-özünden düşnükli: “araba ýasaýanlar” ýa-da “araba sürýänler”. Eger bu at şu manyda ýüze çykan bolsa, onda ony **kaňly** diýen gadymy türki taýpa bilen deňeşdirmek has gyzyklydyr. “Türkmen sowet ensiklopediýasynyň” 4-nji tomunda bellenişine görä, kaňlylar XI asyrda Yrtyş derýasynyň boýlaryndan göçüp gelen komanlaryň (polowesleriň) ýerli oguzlar (peçenegler) bilen gatyşyp gitmegi netijesinde XI—XIII asyrlarda Aral sähralarynda ýüze çykan türk taýpalarynyň birleşmesidir. XIII asyryň görnükli taryhçysy Reşideddin dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýran we türkmen diýip atlandyrylýan oguzlaryň uly taýpalary hökmünde gypjaklaryň, halaçlaryň, kaňlylaryň we garlyklaryň atlaryny tutýar (ýeri gelende aýtsak, arabaçylaryň 12 urugynyň biri hem garlyklardyr). Bu alym Oguz hanyň döwründe kaňlylaryň beýleki taýpalardan tapawutlanyp, araba oýlap tapandygyny, ýüklerini hem düýä däl-de, araba ýükleýändigini, şonuň üçin hem olara “kaňly” (ýagny “arabaly”) diýlendigini belläýr. Şol döwürde türki halklar araba **kaň** diýipdirler, çünki tigirleni barýan araba kaň-kaň edip ses çykarypdyr.

Eger Reşideddiniň pikiri dogry bolsa, onda arabaçy diýen adyň göni kalka (terjime) netijesinde kaňlydan emele gelen bolmagy mümkindir. Ýöne bu ýerde iňkise goýýan zatlar bar. Birinjiden, gazak dilçisi, akademik Abdyaly Kaýdarow kaňly etnoniminiň aslyny altaý topar dillerinde “derýa”, “suw” manysynda ulanylan **kan, kaň** sözi

bilen baglanyşdyrýär. Ikinjiden, arabaçy taýpasyndan bolan we XIX asyrda ýaşap geçen şahyr Aryf özüniň “Nesihatnama” diýen goşgular ýygyndysynda bu etnonimiň manysyny düýbünden başga sözler bilen baglanyşdyrýar:

*Kiçi agtygydyr ol Oguz hanyň,*
*Agyn bil, bolmasyn aňa gümanyň.*
*Soňky adyn sorsaň, erur arbaçy,*
*Her bir işe seni küşeş kylguçy.*
*Arbaçy adyna bu erdi sebäp:*
*Bar erdi bir piri-kämil mukarrap,*
*Mübärek atlary Seýit Atadyr.*
*Bir kişi sorady Seýit Atadan,*
*—Niçe müridiň bar?--diýip andan.*
*Türkmen ili bu peçene halkydan.*
*Alarnyň sözlerin sen eşit anka:*
*—Arbagyn—çil—diýdi Seýit ol Ata.*
*—Arbagyn “kyrk” bolar arap lebzinde.*
*Çil ýene”kyrk” bolar parsy lebzinde.*
*Awamynnas (ýagny sada) halky kyn görüp any,*
*Arbaçy diýdiler, eşitgil muny.*

Diýmek, Aryfyň pikiriçe, **arabaçy (arbaçy)** “kyrk” diýen manydadyr.

Her niçik bolsa-da, arabaçy diýen etnik ady gadymy peçenegleriň nesli bolan kaňlylar we kesp-hünär aňladýan “arabaçy” diýen türkmen sözi bilen baglanyşdyrmak dogry bolsa gerek, çünki Aryf hem “türkmen ili bu peçene halkydan” diýip belleýär.

## ARAKÇY, ARAKY

Ärsarylaryň bekewül bölüminde **arakçy**, Dänew, Gärjew, Farap raýonlarynda we Buhara welaýatynda ýaşaýan salyrlaryň düzüminde hem araky diýen urug-tireler bolup, olaryň adynyň “arak” sözi bilen asla dahyly ýok. Bu etnonimler Yrak diýen ýurt adyndan hasyl bolupdyrlar. **Yrak** toponimi urdu, dari, puştu dillerinde **Arak**, käbir Eýran dillerinde

**Erak**, türkmen dilinde hem **Yrak** görnüşlerinde ulanylýar. Mälim bolşy ýaly, seljuklar hereketi döwründe (XI asyr) we ondan soň Yrak, Siriýa etraplaryna türkmenler köpçülikleýin göçüpdirler (bu ýurtlarda häzir hem türkmenler köp, hatda olarda türkmen dilinde kitaplar we gazet-žurnallar hem çykarylýar).

Akademik W.W. Bartoldyň ýazmagyna görä, orta asyrlarda oguz türkmenleri üç uly topara bölünipdirler: Seljuk, Balkan we Yrak türkmenleri. Abylgazynyň "Türkmenleriň şejeresi" diýen kitabynda ýazylyşyna görä, şol döwürde Diňlibegiň ýolbaşçylygynda salyr iliniň bir bölegi hem Yraga göçüp gelýär. Salyrlardan Ögürjik alp diýen batyr ýigit döreýär. Ol Yrakda agalyk edýän köp sanly baýyndyr türkmenleriniň hany bilen tersleşýär we uruşmaga güýji az bolany üçin, ol 900 öýli salyry we 100 öýli garkyny yzyna tirkäp, Yrakdan gaçýar-da, Şemaha gelýär. Baýyndyrlaryň çozmagyndan gorkup, bu ýerde-de ýerlemän, Ögürjik alp öz ili bilen Kryma gelýär. Bu il Krymdan hem gidýär, Itil (Wolga) derýasyndan geçip, Ýaýyk (Ural) boýuna gelýär.

Ol döwürde bu ýerde kaňly diýen türki taýpa ýaşaýan eken. Olaryň hany Gökdonlynyň rugsat bermegi bilen, Ögürjik alp öz ili bilen ençeme ýyl Ýaýyk boýunda oturýar, ýöne ol Gökdonly bilen tersleşip, bu ýerden hem gaçýar. Gökdonly Ögürjigiň yzyndan ýetip, onuň iliniň 700 öýlüsini alyp galýar. Ögürjik 300 öýli bilen gaçyp, özüni Maňgyşlaga atýar.Üç ýyl ol Garahan diýen ýerde oturýar. Ögürjigiň Garahanda ýerleşendigini eşiden Gökdonly onuň üstüne ýöriş edýär. Ögürjik muny bilip, Balkana gaçýar. Bu ýerde ençeme ýyl oturandan soň, Ögürjigiň ili häzirki Dänew raýonynyň Gabakly obasyndan Buhara oblastynyň Alat posýologyna çenli aralyga göçüp, ýurt tutunýar. Bu barada "Türkmenleriň şejeresi" diýen kitapda getirilen goşguda (tartymda) aýdylýar.

Diýmek, Yrakdan çykan salyr we garkynlara soňky ýerlerinde "yrakly" diýiljegi kanuny ýagdaýdyr. Azerbaýjanly **yrakly** diýen etnonimiň bardygy biziň çaklamamyzyň hakykata laýykdygyny görkezýär.

Arakçy we araky etnonimleriň yzyndaky **–çy** hem-de **-y** goşulmalary degişliligi, jemi, köplýgi bildirýärler. Etnonimiýada we toponimiýada **–çy, -çi** goşulmasy käbir türki dillerde we türkmen şiwelerinde **-ly,** -li ornuna ulanylýar: arakly—arakçy, hywaly—hywaçy, çelekenli—çelekençi we ş.m.

Ýene bir zady bellemekçidiris: Ögürjik alpyň ady Saragtda ýaşaýan salyrlaryň garaman bölüminiň bir urugynyň ady hökmünde saklanyp galypdyr. Ýolöten raýonyndaky **Ükürjikli** diýen gala we demir ýol razýezdine hem şol urugyň ady dakylypdyr, çünki geçen asyryň ortasyna çenli ükürjikliler şu ýerde ýaşapdyr.

## ARBAP, ERBAP

Baýat, salyr, hatap, ärsary taýpalarynyň düzüminde **arbap**, mürçeli, nohurly we änewli taýpalarynda hem **arbap** diýen tireler duş gelýär. Bu atlaryň ikisi-de rebb diýen arap sözüniň köplük sany bolup, aslynda ol “eýe”, “hojaýyn” we “mülkdar” diýen manylary aňladýar. Orta Aziýanyň dürli ýerlerinde arbap sözüniň “oba kethudasy”, “aksakgal”, “mirap”, “başlyk” ýaly manylary hem bar. Hywa hany Abylgazynyň işlerinde bellenişine görä, XVI asyrda bu hanlykda şäher häkimlerine arbap diýlipdir. Bu titul dürli halklaryň wekillerine, şol sanda türkmenlere hem dakylypdyr.

Diýmek, arbap, erbap diýen türkmen tirelerine olaryň tirebaşylarynyň kesebesi, tituly esasynda şeýle at dakylypdyr: arbabyň ili (tiresi)—arbap.

## ARYK

Ärsary, teke, ýomut, çowdur taýpalarynyň düzüminde **aryk, aryklar** diýen uruglar we tireler bar. Ärsarylardaky **arykbatyr** urugynyň we **arykberkeli** diýen tiräniň, tekelerdäki **arykgaraja, arykkör, arykperran** diýen diýen tireleriň atlarynda-da aryk sözüne duş gelýäris. Aryk diýen urug-tireleriň ýaşaýan (ýa-da ýaşan) obalaryna, eýelik eden ýaplaryna, galalaryna-da olaryň etnik atlary dakylypdyr. Meselem: **Arygoba, Arygyň jary** (Murgap raýonynda); **Aryk** (Çarşaňňy, Garagum), **Arykbatyr** (Kerki), **Arykkör** (Wekilbazar), **Arykkörhaşyrdyk** (Mary), **Aryklar** (Türkmengala), **Arykňerreň** (Mary, Murgap) we ş.m.

Türkmen diliniň aglaba gepleşik we şiwelerinde arryk sözüniň **aryk** görnüşinde (bir r bilen) aýdylyşyndan ugur alyp, bu etnonimleriň köplenç “arryk, hortaň adamlar” ýa-da “arryk adamyň ili” diýip düşündirýärler. Sowet häkimiýetiniň ilkinji ýyllarynda türkmen tire-taýpa atlaryny ürç edip öwrenen we köp sanly ylmy işleri çap etdiren G.I.Karpow hem

**aryk** diýen etnik ady “arryk”, “hor” (toşiý) diýip terjime edýär. Ýöne beýle düşündirişleriň hakykata laýyk gelmeýändigini bellemelidiris.

**Aryk** diýen etnonim iňňän gadymy bolup, ol seljuklar hereketinden (XI asyr) ençeme has öň, ençeme türki halklaryň Altaý, Mongoliýa we Gyrgyzystan etraplarynda bilelikde ýa-da goňşulykda ýaşan eýýamynda ýüze çykýar. Muny uýgurlaryň, gyrgyzlaryň, garagalpaklaryň we beýleki türki halklaryň düzüminde **aryk** diýen urug-tire adynyň duş gelýändigi bilen delillendirmek mümkin. Gadymy türki döwürde aryk aýratyn taýpa ýa-da taýpa birleşigi bolup, dürli sebäplere görä, onuň dagan we ençeme türki halklaryň arasyna siňip giden bolmagy mümkindir.

Şol agzalýan eýýamda türki halklar **aryk** sözüni “arassa’, “sap”, “päkize” ýaly manylarda ulanypdyrlar. Orhon-Ýeniseý ýazuw ýadygärliklerinde (VI—VIII asyrlar), Mahmyt Kaşgarynyň “Türki sözleriň diwany” diýen sözlüginde (XI asyr) bu söz hut şol manyda duş gelýär. Häzirki türkmen dilinde **aryk** sözüniň **ar** bölegi **arlyk** (çaganyň arlygy), **artmak, arçamak** (ýagny arassalamak) sözlerinde saklanyp galypdyr. Stawropol türkmenleri “arassa, päkize, owadan” manylarynda **aruw** sözüni ulanýarlar.

Diýmek, **aryk** diýen etnonim ilki dörän döwründe “arassa taýpa”, “beýleki taýpalar bilen gatyşmadyk il”, “ig” ýaly manylary aňladypdyr. Beýleki taýpa-tireler we halklar bilen gatyşmadyk il, halk ýa-da taýpa ýokdur. Şeýle-de bolsa, iňňän irki döwürlerden hut soňky asyrlara çenli käbir taýpa-tireler özlerine “arassa”, “ig” manysyndaky atlary dakypdyrlar. Muny **igdir** (ýagny “ig il”) diýen gadymy taýpanyň, gökleňleriň **garyşmaz**, ýomutlaryň **tüýs ýolma** (ýagny “hakyky, arassa ýolma”, garadaşlylaryň **päkize** diýen tireleriniň atlary hem tassyklaýar.

## ATA

Respublikamyzyň köp raýonlaryna ýaýran türkmen taýpalarynyň biri atalardyr (etnograf S. M. Demidowyň ýazyşyna görä, hoja, şyh, seýit, magtym, müjewür ýaly taýpalar bilen birlikde, atalar hem öwlat taýpa hasaplanýar).

Atalar taýpa hökmünde Balkan daglarynyň ýakynyndaky sähralarda emele gelipdirler. Moskwaly etnograf S.P. Polýakow Bäherden etraplarynda ýaşan orta asyr ýazyrlarynyň medeni zonada (Ahalda) däl-

de, gumda ýaşan böleklerinden atalaryň hasyl bolandygyny ýazýar (ýöne bu pikir hakykata doly laýyk däl).

XIX asyryň ikinji çärýeginiň başlarynda öri meýdanlarynyň daralmagy we erbetleşmegi, tire-taýpa dawalary hem-de harby ýagdaýlar atalary bu ýerden gitmäge mejbur edýär. Olar ikä bölünip, bir bölegi Kürendaga (Gazanjyga we Gyzylarbada), uly bölegi hem Daşhowuz etraplaryna (Hanýabyň we Ataýabyň boýlaryna) göçüp gelýär. Soňky topar täze gelen mekanynda 21—22 ýyl oturýar, soňra Hywa hany Seýitmuhammediň rugsadyny alyp, 1856-njy towşan ýylynda häzirki Garagalpagystanyň Dörtgül we Biruny (öňki Şapbaz) raýonlarynda orun tutýar. Bu topara girýän ilatyň bir bölegi soňra Darganata, Dänew, Mary we Sakarçäge etraplaryna göçüp, bu ýerlerdäki Ata obalaryny döredýär. Kürendaga giden atalaryň bölekleri Tejene we Eýranyň Gürgen welaýatlaryna hem aralaşýarlar. Ýerli rus häkimiýetleriniň rugsat bermegi bilen, 1891-nji ýylda Tejende, Maryda we Etrekde ýaşaýan atalardan 160 hojalyk Saragta göçürilip, bu ýerdäki Ata obasyny emele getirýär.

Taýpanyň adynyň emele gelşi barada şulary aýtmak mümkin. Ata— türki söz. Ol aslynda çagany dünýä inderen atany (kakany) aňladýar. Ýöne bu söz soňky wagtda **azan ata, gaýyn ata, ylym atasy, atalyk** ýaly düşünjeleri hem aňlatmagy başlaýar. Taýpanyň ýaşululary, ylaýta-da ruhany wekilleri ata sözüniň soňky manylaryndan ugur alyp, bu etnik ady dört çaryýarlaryň üçünjisi, Muhammet pygamberiň egindeşi, arap halyfy Osman ibn Affanyň (höküm süren ýyllary 644—656) ady we çini bilen baglanyşdyrýarlar (taýpanyň özüni hem şu şahsdan gaýdýan hasap edýärler), ýagny Osman Gurhany täzeden işläp, ony ile ýaýratmak barada köp tagalla edeni üçin, ony **ylmy ata** hasaplaýarlar we ata taýpasyna halyfyň şu ylmy titulynyň geçendigini belleýärler.

Eýsem, ata diýen etnik at nähili döredikä? Bu termin ajaýyp türki (türkmen) mistiki şahyry, iri din wekili Hoja Ahmet Ýasawy (1103—1166) we onuň ýaşan döwrüniň medeniýeti bilen baglanyşyklydyr. Ahmet Ýasawy Türküstan şäheriniň ýakynyndaky Ýasa obasynda dogulýar (ýeri gelende aýtsak, çowdurlaryň düzümindäki ýasa tiresiniň adynyň şu obanyň adyndan bolmagy mümkindir). Sopuçylykda uly abraýa eýe bolandan soň, Hoja Ahmediň çykan taýpasy hem ýasa diýen ady alýar. Taýpanyň urugbaşylarynyň adynyň yzyna bolsa ata diýen türki söz goşulýar. S.M. Demidowyň dogry belleýşi ýaly, diniň we medeniýetiň

şol ösen döwründe türki sözlere sarpa artýar, **şyh, pir** ýaly manysy düşnüksiz arap sözleri ata diýen türki söz bilen çalşyrylýar.

Hoja Ahmediň dini taglymatlaryny dowam etdirijiler hem öz adynyň yzyna **ata** diýen hormatly, mukaddes tituly dakynýarlar. Şeýle şahslaryň biri hem XVI asyryň ikinji çärýeginde Balkan türkmenleriniň arasyna gelip, sopuçylygy wagyz eden Hasan ata ýa-da Ahsan şyhdyr. Çarwa türkmenleri ony Gözliata (“görgür ata”, “öňden görýän”) diýip atlandyrypdyrlar. Dürli taýpa-tirelerden we halklardan onuň töweregine üýşen ile-de **Gözliatanyň ili** diýipdirler (Gözliatanyň mazary Garagumda, Şagadam (Krasnowodsk) şäheriniň 150 kilometr demirgazyk-gündogarynda ýerleşýär). Ol ölenden soň, uzak wagtlap onuň raýatyndakylara gözliata, XVIII asyryň ahyrlaryndan soň bolsa diňe ata diýip at beripdirler. Magtymguly bu taýpanyň adyny diňe **gözliata** diýip tutýar. Meselem, onuň “Ot nedir” goşgusynda: “Sen gözli ata bolsaň, biz—gerkez ili” diýen setir bar.

Diýmek, ata taýpasynyň ady we onuň **nurata, omarata, ybagata** diýen üç bölüminiň atlarynyň yzyndaky **ata** sözleri **hoja, şyh, pir** sözleri bilen birlikde “keramatly”, “mukaddes” diýen manyda ulanylan türki sözden emele gelipdir.

Şu ýerde ýene bir zady bellemekçidiris. Bu taýpanyň ýaşululary Arçmanata, Goçata, Köwata, Nowata, Garybata, Goturtata, Nantyşata, Talaýhanata, Çopanata, Darganata ýaly toponimleriň düzümindäki **ata** sözünden ugur alyp, olaryň ählisini ata taýpasynyň wekilleri bilen baglanyşdyrýarlar. Beýle pikir hakykatdan daşdyr, çünki ýer-ýurt atlarynyň yzyna goşulýan **ata** sözi edil Astanababa, Bilalbaba, Çäçbaba, Ýylanlybaba, Uzyntutbaba ýaly toponimlerde duş gelýän **baba, hoja** (Hojagaýnar, Hojambaz, Hojagarawul, Hojagübürdek), **pir** (Awçypir), **jan** (Bakyjan, Agişanjan, Agoglanjan), **mama** (Aýmama, Gyzmama), **ene** (Ogamene), **bibi** (Parawbibi, Gyzbibi) sözleri ýaly, mukaddes ýerleriň: öwlüýäleriň, mawzoleýleriň, çeşmeleriň atlaryna “mukaddes” manysynda köp ulanylýan sözdür. Meselem, Darganatada atalaryň ýaşaýandygyna we onuň adynyň “dargan, pytran atalar” diýlip düşündirilýändigine seretmezden, bu adyň atalara dahylly ýeri ýok, çünki atalar taýpa hökmünde ýüze çykmazdan has öň hem bu ýerdäki Dargan mawzoleýine Darganata diýilýär eken.

## BAGA, BAGAJA, BAGWELI, BAGLY, BAŞBAGLY

Eserdeň okyjylar bu türkmen etnonimleriniň ählisiniň düzüminde **bag** (ba:g, **a** çekimlisi uzyn aýdylýar) sözüniň bardygyna üns berendirler. Bu sözüň manysyny düşündirmezden öňürti, sanalan etnik atlaryň haýsy taýpalara duş gelýändigini aýyl-saýyl edeliň: **baga**—teke, ýomut, **bagaja**—ata, saryk, teke, **bagweli**—alili, **bagly**—gökleň, **başbagly**—ärsary we baýat taýpalarynyň düzümine girýär.

Garagalpak alymy Daulen Aýtmuratow türki halklarda, meselem, türkmenlerde duş gelýän **baga** diýen etnonimi gadymy türki buga (buka, ýagny “öküz”) sözi bilen asyldaş hasaplaýar we ony totemden emele gelen at hasaplaýar (totem—gadymy adamlaryň dürli haýwanlary özüne howandar hasaplamagy, ony mukaddes saýmagy). Biziň pikirimizçe, sanalan etnonimleriň özeni bolan **bag** sözi **baglamak, bagjyk** ýaly sözlerde ulanylan bag sözi bilen asyldaşdyr. Häzirki edebi dilde diňe “ýüp ” manysynda ulanylýan bu söz Orhon-Ýeniseý türki ýazuw ýadygärliklerinde ( VI-VIII asyrlar) we Mahmyt Kaşgarynyň sözlüginde (XI asyr), “duşak”, “düwün”, “bogy”, “daňy”, “desse” ýaly manylary aňladypdyr. Bulardan başga-da, gadymy türkler **bag** sözüni “urug”, “tire” manylarynda-da ulanypdyrlar. Diýmek, **bag** we **bog** (bogmak: deňeşdiriň: bogaz, bogaldak, bogdak, bogun, aýbogdaş) sözleri aslynda nämede bolsa bir zadyň, närsäniň, adamlaryň bir ýere toplanan, ýyglan görnüşini, topuny, jemini aňladýar. **Tire** (has dogrusy **tiýre**) sözüniň hem aslynda “tirmek”, ýagny “toplamak”, “ýygnamak” sözünden emele gelendigini nazara alsak, derňelýän etnonimleriň düzümindäki bag sözüniň manysy düşnükli bolýar: “top”, “topar”, “tire”. Muny geň görüp oturasy zat ýok. Etnik toparlar ilki dörän we sanynyň az bolan döwürlerinde olary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin, dürli-dürli atlary dakmagyň zerurlygy bolmandyr, ol toparlar “top”, “tire”, “bag” ýaly jyns atlar bilen atlandyrylypdyr. **Bag** sözünden dörän etnonimleriň ýüze çykyş sebäbi, ynha, şeýledir.

Indi bu etnonimleriň kabul eden goşulmalary barada kelam-agyz aýtmak zerur. **Baga** diýen adyň yzyndaky **a, tire** sözünde we **alaşa, bada, beçene, baga, hara, çaka** ýaly etnonimlerde bolşy ýaly, jemi, köplügi bildirýän at ýasaýjy türki goşulmadyr.

**Bagaja**—“kiçi baga”, “bagalaryň kiçi bölegi”, **bagweli** hem “weli

diýen adamyň tiresi” diýen manylary aňladýar. Etnonimiýada **–ly, -li** goşulmasy **(bagly)** toparyň haýsy tirä degişlidigini bildirýär.

## BAGTY, GUTLAR

Daşhowuz welaýatynyň Ýylanly raýonyndaky garadaşly taýpasynyň jaglanly diýen urugynyň düzüminde **bagty** diýen tire bar. Onuň wekilleri şu raýonyň **Bagty** (öňki **Aşaky Bagty** we **Ýokarky Bagty**) oba sowetinde hem-de häzirki Täzeýol oba sowetine garaşly **Bagtyly** obasynda ýaşaýarlar. Biziň pikirimizçe, bu tiräniň ady garadaşlylara heniz **ýazyrlar** diýilýän döwürde (XI asyrdan soň), ýazyrlaryň hem Ahalda (esasan Gökdepe-Bäherden etraplarynda) ýaşan mahalynda ýüze çykypdyr, çünki ýaşulularyň tassyklamalaryna görä, bagtylaryň degişli urugy bolan jaglanlylar Köpetdagyň Jaglan depesinde oturan döwürlerinde olara şol oturan depeleriniň ady dakylypdyr.

Göräýmäge **bagty** diýen at öz-özünden düşnükli: ol **bagt** sözünden we degişliligi jemi bildirýän –y goşulmagyndan ybarat. Şeýle gurluşdaky etnonimler türkmen dilinde başga-da köp: barany, bükri, gaýy, göki, gunny, sanjary, suhty, suhry, ýabany we başgalar. Emma bu tirä näme üçin bagt sözi bilen baglanyşykly adyň galandygy düşnüksiz. Bu barada biz birnäçe çaklamany orta atmakçy.

1.Abylgazynyň ‘Türkmenleriň şejeresi” diýen kitabynda ýazylyşyna görä XIV asyrda, hydyrili diýen türkmen taýpasy Üňzüň boýunda (ýazyrlaryň ýakynynda) oturýan döwürlerinde, olaryň düzüminde **gut** ýa-da **gutlar** diýen tire bolupdyr. Üňzüň suwy kesilenden soň, ol **gut, gutak, gutam** diýen atlar bilen saryklaryň, gutal görnüşinde ärsarylaryň, **gutly** görnüşinde tekeleriň, **gutçy** görnüşnde alili we sakarlaryň arasynda siňipdir (**gutçy** diýen adyň **guşçy** etnonimi bilen baglanyşykly bolmagy hem mümkindir). Bu atlardaky gut sözi gadymy türki dillerde bagt diýen manyny aňladypdyr. Häzirki türkmen dilinde bu söz **Gutly** diýen adam adynda, **gutlamak** işliginde, “gutly bolsun” diýen söz düzüminde we “It geldi—gut geldi” diýen nakylda saklanyp galypdyr. Türkmenler Altaý, Mongoliýa we Gyrgyzystan etraplaryndan Orta Aziýa aralaşandan soň, olaryň dili pars-täjik sözlerini köp kabul edýär. Bir wagtky gut diýen türki söz bagt diýen pars sözi bilen çalşyrylýar. Bu täsir eýranlylar bilen serhetdeş ýaşan garadaşlylarda has hem güýçli bolsa gerek. Diýmek,

Üňzüň boýundan ýazyrlaryň arasyna gelen **gutlara** bagty diýen adyň dakylan bolmagy mümkindir.

2. Soltan Sanjaryň häkimlik eden döwründe (XII asyr) tutuş Horasan, şeýle-de Eýranyň ençeme welaýatlary (Kerman, Maşat, Nişapur we beýlekiler) oguz-türkmen emirleriniň, soltanlarynyň gol astynda bolupdyr. Mara we Saragsa hökümdar bolmaga ymtylan şeýle emirleriň biri hem Bagtyýardyr. Onuň birnäçe müň adamdan ybarat goşuny we öz ili bolupdyr. Bagtyýar iliniň ýa-da onuň bir böleginiň soňra garadaşlylaryň arasyna siňip, oňa **bagty** diýen adyň dakylan bolmagy ähtimaldyr. (Bagtyýar ili—bagtyýarlar – bagty).

3. Eýranyň günorta-günbatar raýonlarynda **bagtyýarlar** diýen göçme parsy halkyýet ýaşaýar (Ýeri gelende aýtsak, bu bagtyýarlara hem ýokarda ýatlanan emiriň adynyň dakylan bolmagy mümkindir, çünki Mara we Saragta emir bolmak arzuwy paşmandan soň, Bagtyýar Eýran welaýatlaryna aralaşýar). Nedir şa 1730-njy ýyllarda bagtyýarlylaryň bir bölegini zor bilen Horasana göçürýär. Ahalda we deňizýakasynda ýaşaýan türkmen taýpalary bagtyýarlar bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyrlar. Şonuň üçin **bagty** diýen etnik adyň bagtyýarlar bilen baglanyşykly dörän bolmagy hem mümkindir. Gökleň etnoniminiň **leň** böleginiň şol bagtyýarlara direýändigini nazara alsak (bu barada **gökleň** diýen adyň düşündirilişinde doly gürrüň bereris), bu çaklamanyň hakykata ýakyndygyna göz ýetirmek kyn däl.

## BADA, BADAK, BADAL, BADRAK, BATAŞ, BATYM

Ýomut, teke, ärsary taýpalarynyň düzümindäki **bada**, ärsarylardaky **badak**, Çärjew oblastynda ýaşaýan şyhlaryň arasyndaky **badal**, ýomut we çowdurlardaky **badrak**, ärsary we surhulardaky **bataş**, saryklardaky **batym** ýaly uruglaryň ýa-da tireleriň atlary bir kökden (**bad** ýa-da **bat** sözünden) emele gelipdirler, muny şol sözlerdäki a çekimlisiniň gysga aýdylyşy hem tassyklaýar.

Bularyň aglabasy iňňän gadymy türki etnonimleridir, çünki bataşlaryň baryp XV asyrda Aral deňziniň kenarlarynda ýaşandygy, soňra olaryň köpçülikleýin Amyderýa we Kaşgaderýa boýlaryna göçendigi barada taryhy çeşmeler habar berýärler (olar häzir hem şu ýerde ýaşaýarlar). Badrak diýen etnonim başgyrtlaryň tabyň, özbekleriň lakaý

we dörmen, gazaklaryň kaňly taýpalarynyň düzüminde hem duş gelýär, hatda başgyrt badraklary Akmany özleriniň taýpabaşysy hasaplaýarlar (akman—salyrlaryň 4 bölüminiň biridir). Diýmek, badrak XI asyrdan has öň, ýagny agzalan türki halklaryň Altaý, Gyrgyz sähralarynda bilelikde oturan döwürlerinde dörän etnonimdir.

Häzirki türki dilleriň aglabasynda, şol sanda türkmen dilinde hem **bad** ýa-da **bat** sözüniň urug-tire adyna laýyk bolaýjak manysyna duş gelinmeýär. Diňe Mahmyt Kaşgarynyň sözlüginiň (XI asyr) üçünji tomunda **bady** sözi “baglady” manysynda ulanylypdyr. Diýmek, **bad (bat)** sözi “bag”, ýagny “düwün”, “çigin”, “tire” manysynda bolmaly. Eger şeýle bolsa, onda bu etnonimler hem **baga, bagaja, bäşbagly** etnonimlerindäki **bag** sözi bilen asyldaşdyr diýen çaklamany orta atmak mümkin. Türki dillerde **g** we **d** sesleriniň çalşyrylyp bilinjekdigine hem delil bar. Meselem, hut türkmen diliniň şiwelerinde **g** sesine derek **ý** ulanyşyna duş gelýäris: **beg—beý, ýegen—ýeýän, degmek—deýmek, Egemberdi—Eýämberdi** (adam ady) we ş.m. Öz gezeginde **ý** sesi hem şol bir sözde **d** sesini çalşyryp bilýär: **aýak—adak** (**adagaraba**—çagany aýaklandyrmak üçin bejerilýän araba), **beýik—beduk** we başgalar. Diýmek, aýlawly ýollar bilen bolsa-da, türki dillerde **g** sesi **d** sesini çalşyryp biljek eken. Ýöne bu ýerde **bag** sözi bilen gelen etnonimlerde **a** sesiniň uzyn, **bad, bat** sözlerinden emele gelenlerde bolsa gysga aýdylmagy bu çaklamanyň dogrudygyna şübhe döredýär. Muňa seretmezden, derňelýän etnonimleriň asyl manysy barada anyk bir zat aýtmaga häzirlikçe biziň elimizde hiç hili delil ýok.

Derňelýän etnonimlerde **bat, bad** sözleriniň yzyna **–a** (bad-a), **-ak, -al, -rak** (bu ýerde iki goşulma: -yr we –ak), **-aş, -ym** ýaly goşulmalar goşulypdyr. Gadymky hyzmatynda häzirki türki dillerde ulanyşdan galyp, olar diňe käbir sözlerde we goşulmalarda saklanypdyr. Türki dilleriň ösüşiniň altaý we hun döwri diýlip at berilýän irki eýýamlarda, hatda ondan hem öň bu goşulmalaryň ählisi köplügi, jemi bildirýän goşulmalar eken. Şeýle çaklama esasynda şu makalanyň sözbaşysynda sanalýan urug-tire atlarynyň ählisini “urug”, “tire”, “topar” diýip düşündirmek hakykata ýakyn bolsa gerek.

## BAÝ, BAÝYNDYR, BAÝAT

Baryp irki orta asyrlarda **baýyndyr** (a sesi uzyn aýdylýar) we **baýat** taýpalary oguz türkmenleriniň özbaşdak etnik toparlary hökmünde taryhyň sahnasyna çykanlygyna, **baý** diýen urug-tireleriň bolsa aglaba türkmen taýpalarynyň düzüminde duş gelýändigine seretmezden, biz bu etnik toparlaryň bir kökden, atlarynyň hem şol bir sözden ýüze çykandygyna şübhelenmeýäris. Aşakda etjek gürrüňimiz bu pikiri delillendirse gerek.

**Baý** ýa-da **baýlar** diýen etnonimler ata, garadaşly, ýemreli, ýomut, mukry, olam, salyr, saryk, teke, ärsary ýaly türkmen taýpalarynyň däl, eýsem başgyrt, gazak, gyrgyz, özbek, Krym tatarlary ýaly türki halklaryň düzüminde-de bar. Bu etnonimleriň Günorta Sibiriň we Demirgazyk Altaýyň territoriýalarynda ýaşaýan samodiý halkyýetlerinde we mongollarda duş gelýändigini nazara alyp, başgyrt alymy R.G. Kuzeýew **baý** diýen etnik toparyň biziň eramyzdan öňki birinji müňýyllygyň ahyrlarynda türki, mongol we somadiý halkyýetleriniň gatyşyp ýaşan döwründe dörändigini belleýär. Ol şol döwürde uly etnik topary (taýpalar birleşigini) emele getirip, soňra agzalan halklaryň arasyna siňip giden bolsa gerek.

Mahmyt Kaşgary baýyndyrlary 24 türkmen taýpasynyň üçünjisi hasaplaýar. Hazirki döwürde Köneürgenç raýonynda **Baýyndyroý** diýen obanyň, Garrygalada **Bagandar** atly çeşmäniň we galanyň, gökleňleriň, çandyrlaryň düzüminde **baýyndyr** diýen urug-tireleriň bardygyna seretmezden, Kaşgarynyň zamanynda sany we güýji boýunça üçünji orunda duran bu kuwwatly taýpanyň uly bölegi XI asyrda seljuklar bilen Türkiýä, Yraga, Siriýa, Kawkaza gidipdir, şonuň üçinem bu taýpa häzirki Türkmenistanda onçakly uly yz galdyrmandyr. Akademik W.W. Bartold orus senenamalarynda köp agzalýan berendeý diýen türki taýpanyň adyny şu baýyndyrlaryň adynyň üýtgän görnüşi hasaplaýar. Ýeri gelende aýtsak, Türkmenistandan giden şol baýyndyrlaryň XIV—XV asyrlarda Tigr derýasynyň ýokary akymynda kuwwatly akgoýunlylar döwletini esaslandyrandygyny, uzyn Hasan ýaly meşhur patyşalaryň we güýçli serkerdeleriň ençemesiniň şu taýpadan çykanlygyny bellemelidiris.

Mahmyt Kaşgarynyň döwründe 9-njy orunda duran baýat taýpasy weli, onuň ady bilen baglanyşykly toponimlerden çen tutsaň, biziň

respublikamyzda goja Hazaryňkenarlaryndan başlap, Amyderýa boýlaryna çenli aralykda mesgen tutupdyr. 1928-nji ýyla deňeç Gyzyletrek posýologyna **Baýathajy** diýlen bolsa, Darganata, Dänew, Çärjew, Sakar, Farap we Hojambaz raýonlarynda baýatlar häzire çenli kowçum-kowçum bolup ýaşaýarlar. Buhara welaýatynyň köp raýonlarynda, ylaýta-da Latda we Garakölde bu taýpanyň uly bölegi ýerleşýär. Olar Täjigistanda-da duş gelýärler. Azerbaýjanda baýatlar Genje şäheriniň töwereklerinde, Agjabedi, Guba, Neftçala, Ujar, Şamahy, Şuşa raýonlarynda ýaşaýarlar. Ýeri gelende aýtsak, hut Gorkut atanyň özi we beýik Nyzamy Genjewi hem şu baýatlardan gelip çykypdyr.

Owganystan, Eýran, Türkiýe, Yrak, Siriýa ýaly ýurtlarda-da baýatlaryň köp sanlysy bar. Bu ülkelere (Owganystandan beýlekilere), şeýle-de Kawkaza olar seljuklaryň ýörişi döwründe aralaşýarlar.

Baý, baýyndyr we baýat diýen etnonimleri geçmişdäki we häzirki alymlaryň ählisi: Mahmyt Kaşgary, Reşideddin (XIV asyr), Ýazyjy-ogly (XV), nusaýly Salar Baba Gulaly ogly (XVI), Abylgazy (XVII), akademikler W.W. Radlow. A.N. Kononow we beýlekiler biragyzdan **baý, baýlyk** sözi bilen baglanyşdyrýarlar. Mahmyt we Reşideddin Oguz hanyň birinji ogly Gökhandan bolan agtygyna Baýundur diýip at dakylandygyny, bu sözüň “öýi, ýaşaýan ýeri döwletli, bereketli bolsun” diýen manydadygyny belleýärler. Ýazyjy-ogly ony “döwlet eýesi”, Salar Baba “baý we döwletli bolsun”, Abylgazy hem (Baýandury) “nygmatly” we “bagtly” diýip düşündirýärler.

Ady tutulan orta asyr alymlary **Baýady** Oguz hanyň Günhan diýen oglundan bolan ikinji çaganyň ady hasaplaýarlar we onuň manysyny hem “aşly-nanly”, “döwetli”, “bagtly”, “baý” diýip düşündirýärler. R.G. Kuzeýew bu taýpanyň adyny oguz-türkmen taýpasy peçenegleriň (itbeçeneleriň) **baýaut** urugynyň ady bilen baglanyşdyrýarlar.

Baý, baýyndyr we baýat etnonimleriniň asyl manysy barada ýokarda agzalan abraýly alymlaryň taryhy işlerinde aýdylýan pikirleri biziň inkär etmek niýetimiz ýok. Bu rtnik atlaryň ählisi bolmasa-da, käbirleriniň **baý** sözi bilen baglanyşykly ýüze çykan bolmagy mümkindir. Ýöne olaryň iňňän gadymy geçmişde “tire”, “urug”, “topar” ýaly manylary aňladýan **bag** sözünden emele gelmek mümkinçiliginiň bardygyny hem ýatlap geçmekçidiris, çünki **baýyndyr** diýen adyň **Bagandar** görnüşiniň Garrygala raýonynyň tonomimiýasynda saklanyp galandygyny ýokarda

ýatlapdyk. **G** (k) sesiniň ý sesi bilen çalşyrylyşyna bolsa türki dilleriň taryhy fonetikasy näçe diýseň mysal berýär: beg—beý, bike (asly beg eke—biý eke—bike), taga—daýy, dok—doýmak, ege—eýe we ş.m.

Derňelýän etnonimleriň **baý** ýa-da **bag** sözleriniň haýsysyndan emele gelendigine seretmezden, olaryň yzyndaky goşulmalar şol bir manyny: köplügi, jemi aňlatmaga hyzmat edýärler. Meselem, **baýat** (baý—at) diýen atdaky –at goşulmasy türki dilleriň ösüşiniň has irki döwürlerinde köplügi bildiripdir we ol **ganat** (mongol dilinde gana—“uly perek”), **süýt** (mongol dilinde sün), **ýigit** (deňeşdiriň: çegen), **çigit** (çigmek), **ýaşyt**, **ilat** ýaly sözleriň, şeýle-de **ýomut, goňrat, alat, merkit, orsut, saýat** (saý—at) ýaly ençeme türkmen etnonimleriniň düzüminde saklanyp galypdyr.

**Baýyndyr** diýen atda **baý** sözüniň yzyna goşulýan goşulmalar has çylşyrymlydyr: baý:yn:dyr. Bularyň birinjisi **–n** (-yn, -en, -in, -un, -ün) bolup, ol **oglan** (asly—ogul-an), **eren, goşun, bütin, tozan, ilen-çalan** ýaly sözlerde we **alpan, garkyn, gyzan** (guzan, ýagny oguz-an), **keman, haryn, çakan** ýaly türkmen etnonimlerinde duş gelýär. Onuň yzyndaky **–dyr** goşulmasy (deňeşdiriň: i**gdir, çandyr, çowdur**) aslynda ýokarda agzalan **–t** ( a-t, -et) we **–r** (-ar, -er, -yr, -ir) goşulmalarynyň birikmeginden hasyl bolup, ol-da köplügi aňladýar. Şu ýerde “Näme üçin bir sözde şol bir manyny aňladýan iki goşulma tirkeşip gelipdir? Olaryň biri ýeterlik dälmi?” diýen soragyň ýüze çykmagy mümkin. Munuň jogaby şeýle: uzak wagtyň dowamynda asyl söz bilen goşulma bir-birine sepleşip, kebşirlenip gidýär. Meselem, **oglan, eren, goşun, ýaşyt, ilat** ýaly sözlerde häzir goşulma bardygy asla duýulmaýar (dil biliminde muňa fuziýa diýilýär). Şeýle ýagdaýda şol manydaky başga goşulmanyň bir söze bir we birnäçe gezek goşulmagy mümkindir.

Diýmek, baý, baýyndyr, baýat diýen etnonimleriň aslynda baý sözünden ýa-da “toparlar”, “jemende”, “üýşmek”, “tire” manysyndaky **bag** diýen jyns atdan emele gelen bolmagy ähtimaldyr.

## BAÝRAMŞALY, ÖZLÜTEMIR, TEMIR

Türkmenleriň ýomut taýpasynyň iki uly bölüminiň birine **baýramşaly** diýilýär. Daşhowuz oblastynda ýerleşen ýomutlaryň ählisi şu bölüme degişlidir. Taryhy çeşmelerde baýramşalylaryň özlütemir ýa-

da ötlütemir diýen ady hem duş gelýär.

Hywa hany Abylgazy Bahadyr hanyň (XVII asyr) “Türkmenleriň şejeresi” diýen kitabynda ýazylyşyna görä, Salyr Gazanyň neberesi bolan Ýomudyň Özlütemir we Gutlutemir diýen iki ogly bar eken. Özlütemirden üç ogul dogulýar: Isa, Musa we Bahramşah. Diýmek, Baýramşaly etnoniminiň gadymy formasy Özlütemirdir. Biziň pikirimizçe, **Özlütemir** diýen etnik at aslynda Temir diýen taýpabaşynyň adyndan emele gelipdir. Geçmişde bu il özbaşdak taýpa derejesine ýetip, soňra **temir** diýen at bilen saryklaryň **temirli** görnüşinde abdallaryň, **temir ogly** görnüşinde ýomutlaryň, **temirhoja** görnüşinde hem salyr merkitleriniň düzümine giripdir. Özlütemir diýen adyň öňündäki **öz** ýa-da **özli** sözi türki tire-taýpa atlarynda köp duş gelip, ol **öz özen** sözleri bilen asyldaşdyr. Türkiýäniň Siwas welaýatynda özli diýen türkmen urugy hem bar. Şu ýerdäki baýatlaryň bir bölümine **ak baýat** ýa-da **öz baýat** diýilýär. **Öz baýat**—“baýatlaryň özeni, esasy düýbi, köki” diýen manyda bolsa gerek.

Abylgazynyň ýatlanan işinde **Bahramşah**, Hywa hanlarynyň köşk taryhçylary Munis bilen Agahynyň “Firdaus ul-ykbal” diýen kitabynda hem **Baýramşah, Baýaramşahy** görnüşlerinde ýazylyşyndan ugur alsak, bu at aslynda Bahram ýa-da Baýram diýen taýpadaşynyň adydyr (adyň yzyndaky şah sözi “şa, patyşa” diýen manydadyr, -ly goşulmasy bolsa degişliligi aňladýar: “Baýram şanyň ili”).

Bahram ýa-da Baýram-şa ady bilen türkmen taryhynda yz galdyran şahsyýetler bar. Olaryň biri—Bahram-şah Ýamin ad-dawla diýen türkmen Gaznawylar döwletiniň 12-nji hökümdary bolup, ol 1118-1152-nji ýyllarda Eýrana, Owganystana we Orta Aziýanyň uly bölegine hökümdarlyk edipdir. Başga bir Bahram-şah gynyk diýen türkmen taýpasyndan bolup, ilki Kaspiý we Aral deňizleri arasynda ýaşan göçme ilatyň serkerdesi bolupdyr. Soňra 1170-1175-nji ýyllarda ol Eýranyň Kirman welaýatyna hökümdarlyk edýär. Baýram şalylaryň etnik adyny şu iki şahsyň haýsam bolsa biriniň (ähtimal, soňkusynyň) ady bilen baglanyşdyrmak hakykata ýakyn bolsa gerek, çünki bu toparyň ilki dörän ýeri Balkan, Eterk, Gürgen etraplary bolup, olaryň uly bölegi Hywa hany Şirgazynyň döwründe häzirki Tagta raýonyndaky Aksaraý we Buzgömen diýen ýerlere zor bilen göçürilýär. Şol döwürde olaryň sany 7-8 müň öýli diýlip görkezilýär.

Ýerli ilat baýram şaly etnoniminiň **şaly** bölegindäki –a sesini gysga aýdýar. Eger şuňa esaslansak, onda bu adyň **Baýram (Bahram)** diýen birinji sözi adam ady bolsa-da, onuň ikinji sözi “şa, patyşa” sözi bilen bagly däl. Gypjaklarda **şaly, şalu** diýen taýpa bar. Onuň uly bölegi giçki orta asyrlarda Eýranyň demirgazygynda ýaşaýan bagtyýarlar taýpasynyň çeharleň urugynyň düzümine siňýär. Olar häzir hem şu ýerde ýaşaýarlar. Ýomutlaryň özbaşdak etnik topary hökmünde Etrek, Gürgen we Balkan etraplarynda kemala gelen we şol şaly gypjaklary bilen ýakyn aragatnaşyk eden döwürlerinde, baýramşalylaryň **baýram (bahram)** diýen etnik adynyň yzyna şaly sözüniň goşulan bolmagy hem mümkindir.

## BAÝRAÇ

Saryklaryň alaşa bölüminde **baýraç** diýen urug bar. Tagtabazar raýonyndaky Baýraç obasyna-da şu urugyň ady dakylypdyr.

Akademik W.W. Bartold türkmenlerde soňky döwürlerde-de urug-tireleriň dörändigini, olara etnik at hökmünde serkerdeleriniň adynyň dakylýandygyny bellemek bilen, ilkinji nobatda baýraçlaryň adyny mysal getirýär. Dogrudan-da, baýraçlar gadymy topar däl. Olar saryklar Etrek, Gürgen etraplarynda ýaşan döwürde, XVII asyryň başlarynda döräpdirler. Şol zamanda bulara Baýraç diýen serkerde ýolbaşçylyk edipdir. Baýraç han Hywa hany Abylgaza boýun egmedikligi üçin, 1649-njy syçan ýylynda Abylgazy 10 müň goşun bilen Etrege çozýar. Şol söweşde baýraçlar uçdan-tutma gyrylýar, zatlary we mallary olja alynýar. Baýraç han tutulýar, ol iki ýyl saklanyp, 1651-nji towşan ýylynda öldürilýär.

Abylgazy baýraçlary “uçdan-tutma gyrdym” diýip öwünse-de, bu urugyň belli bir bölegi aman galýar, çünki Hywa goşunynda soňky asyrlarda gulluk eden türkmenleriň arasynda baýraç serkerdeleriniň (meselem, Rahmanberdi biýiň) atlary tutulýar, hatda geçen asyryň başlarynda Hywa hanynyň zulumyndan dynmak üçin, Buhara emirinden kömek soramaga baran saryk begzadalarynyň arasynda Mahmut togsaba, Guratgeldi (?), Ibadylla beg ýaly baýraç serkerdeleri hem bolupdyr.

## BALKAN, BALKANLY, MAŇGYŞLALY, MAŇGYŞLOW

Salyrlaryň, tekeleriň, ärsarylaryň, hojalaryň düzüminde **balkanly**, **maňgyşlaly**, Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenlerinde bolsa **maňgyşlow** diýen urug-tireler bolup, olar X-XI asyrlardan soň türkmenleriň Balkanda we Maňgyşlakda oturandygy bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Soňky döwürlerde bu etrapdan göçmäge mejbur bolan ilat Lebap we Murgap boýlarynda, Nuratada ýaşaýan garyndaşlarynyň arasyna gidýär. Öňki oturymly ilat soň gelen garyndaşlaryny olaryň çykan mekanlary boýunça atlandyrmaga başlaýar.

## BALYKÇY

Ýomutlaryň uşak we ärsarylaryň güneş bölümlerinde **balykçy** diýen tireler duş gelýär. Ýerli ýaşulular Kaspi deňziniň ýakalarynda balykçylyk bilen gün görlen döwürlerde bu etnik toparlara şeýle adyň dakylandygyny gürrüň berýärler. Gadymy grek taryhçysy Gerodotyň (biziň eramyzdan öňki 490-425 ýyllar) Kaspi deňziniň kenarynda düwlen (orusça týulen) derisinden eşik geýýän halkyň ýaşaýandygy, onuň balygyň etini çig iýip gün görýändigi baradaky maglumatlaryny ýaşulularyň gürrüňleri bilen sepleşdirseň, balykçy diýen etnik adyň balykçylyk zerarly ýüze çykandygy hakykata laýyk ýaly görünýär. Ýöne indiki getirjek delillerimiz bu etnonimiň başga manysynyň tarapyny çalýar. **Balykçy, balyksy** diýen urug-taýpa atlary gazak, gyrgyz, başgyrt, hatda tuwa ýaly türki halklaryň düzüminde-de bar. Bu bolsa balykçy diýen etnik toparyň gadymy türk eýýamynda, türkmenleriň Kaspi boýlaryna gelmezden has öň ýüze çykanlygyny görkezýär.

**Şäher** diýen pars- täjik sözi türki dillere aralaşmazdan öň, bu sözüň ornuna gadymy türki **balyk** sözi ulanylypdyr. Başgyrt alymy R.G.Kuzeýewiň pikirine görä, şol zamanda şäherde ýa-da şäheriň eteklerinde ýaşaýan oturymdar ilata çarwalar balykçy, ýagny “şäherli” diýip at beripdirler. Bu at soňra taýpa adyna öwrülip, ol dürli türki halklaryň düzümine aralaşypdyr.

**Balykçy** diýen adyň yzyndaky –çy goşulmasynyň häzirki wagtda kesp-hünär bildirýän goşulmadygyny nazara alyp, bu etnik adyň “şäherli” diýen manysyny inkär etmek bolmaz, çünki ençeme türki

dillerde, hatda türkmen diliniň ýomut, nohurly ýaly şiwelerinde orun bildirýän **-ly, -li** goşulmasynyň ornuna **-çy, -çi** ulanylýar: hywaçy, çelekençi, esenguluçy we şuňa meňzeşler.

## BARAK, IT, KÖPEK, GANJYK

Gökleňleriň, ýomutlaryň we Nurata türkmenleriniň (Samarkant) düzüminde duş gelýän **barak** diýen urug-tire atlaryny dürlüçe düşündirýärler. Meselem, ýerli ýaşulular ýomut baraklarynyň Kaspi deňziniň kenarlarynda ýaşan döwürlerinde, barak (sakarbarak, sakarbalak) diýen guşy awlamaga ökde bolandygyny gürrüň berýärler. Türkmen etnonimlerini urç edip öwrenen G.I.Karpow bolsa bu atlary Altyn Orda hany Barak hanyň (höküm süren ýyllary 1422-1427) ady bilen baglanyşdyrýar. 1266-1271-nji ýyllarda aglaba türkmen taýpalarynyň mesgeni bolan Mawerannahra, Jetiögüze we Gündogar Türküstana hanlyk eden şahsa-da Barak han diýlendigini, onuň çagataýyň neberesidigini ýatlap geçeliň.

Ýöne **barak** diýen urug-tireleriň has ir, gadymy türki eýýamda ýüze çykan bolmagy hakykata has dogry gelýär, çünki bu at gyrgyzlaryň, kataga, goňrat we gypjak özbekleriniň, şeýle-de XI asyrdaky seljuklar hereketi döwründe Türkiýä, Yraga, Siriýa giden türkmenleriň düzüminde-de saklanypsyr.

Gadymy türki dillerde **barak** sözi “it” manysynda ulanylypdyr. Akademik W.W. Radlow käbir häzirki türki halklaryň gür we burum-burum tüýli haýwana (megerem, gürjä) barak diýýändigini belleýär. XIV asyr taryhçysy Reşideddin **barak** etnonimini **itbarak** görnüşinde ulanypdyr. Onuň iki sözi-de şol bir manyny aňladýar: “it”.

Eger şu pikir dogry bolsa, onda it bilen baglanyşykly etnonimler gadymy ata-babalarymyzyň irki düşünjeleri, olaryň dürli haýwanlary eý görüp, özüne howandar hasaplamagy (ylmy dilde totemizm) esasynda ýüze çykypdyr. Mälim bolşy ýaly, dünýäniň köp halklary, şol sanda gadymy türkler hem iti möjekden soňky hormatly orna geçirip, ony özüne hemaýatkär saýypdyrlar. Muny häzirki türkmen halkynyň düzüminde **it** (tekelerde), **itakly** (ärsarylarda), **köpek**, **köpekler** (baýat, gökleň, ýemreli, mukry, mürçeli, teke we ärsary taýpalarynda), **ganjyk** (gökleň we tekeler), **güjük** ( ýomut, teke we ärsarylarda), **gürji**

(salyr, teke, ärsary we änewlilerde) ýaly urug-tire atlarynyň saklanmagy hem tassyklaýar.

## BAHAR, BAHARLY

Ýemrelilerde we nohurlylarda **bahar**, gökleňlerde bolsa **baharly** diýen tireler bar. Daşhowuz welaýatynyň Lenin raýonyndaky **Baharbilbil**, Oktýabr raýonyndaky **Baharly** obalaryna-da şu tiräniň ady dakylypdyr. Baharlylara Owganystanda, Eýranyň günortasyndaky Parsystanda, Türkiýede, Yrakda, Siriýada hem duş gelinýär. 1970-nji ýylda Pakistanyň Rawalpindi, Yslamabat we Karaçi şäherlerinde biz baharly we hunza türkmenleriniň wekilleri bilen duşuşypdyk. Olar Pakistanda baharlylaryň esli bardygyny gürrüň beripdiler.

Türkmen etnografy G.I.Karpow Parsystandaky baharlylaryň azyndan müň öýlüdigini, seljuklaryň ýörişi döwründe (XI asyr) we mongollaryň Türkmenistany basyp alan ýyllarynda ( XIII asyryň başy) olaryň bu ýere Orta Aziýadan göçüp we gaçyp gelendigini ýazýar.

Biziň pikirimizçe, bahar, baharly etnonimleriniň bahar pasly bilen dahyly ýok, ol **buharly** diýen adyň biraz üýtgän görnüşidir, çünki, birinjiden, bu tiräniň ady çeşmelerde **boharly** görnüşinde hem duş gelýär. Ikinjiden, Buhara diýen at sanskrit dilindäki **wihara** (“ybadathana”, “monastyr”, “kilise”) sözünden bolup, ol ilki-ilkiler **Bahar** görnüşinde-de ulanylypdyr, soňra bu sözüň başyndaky **b** ýa-da **w** dodak çekimsizi öz yzyndaky çekimlä täsir edip, ony dodaklandyrypdyr (Bohar, Buhar). Üçünjiden, türki halklar, şol sanda türkmenler rus dilinde Buhara görnüşinde ýazylýan bu toponimi diňe Buhar, Puhar ýaly ulanýarlar. Muňa “mugt Buharda ýok” diýen nakyl hem güwä geçýär. Dördünjiden, irki orta asyrlardan bäri Buharada we onuň töwereklerinde täjikler, özbekler, araplar, ýewreýler we beýleki halklar bilen birlikde türkmenler hem ýaşapdyrlar. Häzir hem Buhara welaýatynyň ähli raýonlarynda oturymly türkmenlere duş gelinýär. Olaryň aglabasy Türkmenistandan baran däl-de, hiç ýana göçmän, şol ýerde galan ildir.

Diýmek, seljuklaryň hereketi döwründe Buharadan çykyp, Balkan, Ahal, Eýran, Türkiýe ýaly ýurtlara aralaşan buharaly türkmenler buharly, baharly diýen adyň dakylan bolmagy hakykata has ýakyndyr.

## BEGENJALY

Balkan welaýatlaryndaky ýomutlaryň düzüminde **begenjalylar** diýen tire bar. Bu tire XVIII asyryň ortalarynda Begenjaly diýen serkerdäniň töweregine ýygnanan ilden döreýär. Bu topara ilki **Begenjaly ili,** soňra hem diňe **begenjaly** diýen at galýar.

Eýsem, uly tirä adyny geçiren Begenjaly kim? Ol XVIII asyryň ortalarynda Gürgen ýomutlaryna serkerdelik edýär, öz ýegeni, gajarlaryň serkerdesi Muhammet Hasan han bilen birlikde Nedir şanyň Astrabatdaky we Mazanderandaky dikmeleriniň garşysyna gozgalaň turuzýar. Gozgalaň ýeňilýär. Begenjaly beg we Muhammet Hasan han 6 müň goşuny bilen Hywa ýomutlarynyň içine baryp, 1744—1745-nji ýyllarda Nedir şanyň Hywadaky dikmesi **Alyguly** hanyň garşysyna ýomutlaryň alyp baran göreşlerine ýolbaşçylyk edýärler. Nedir şanyň häkimiýeti dagandan soň, 1759-njy ýylda Begenjaly türkmenleriň Hywa hanynyň zulmuna garşy eden gozgalaňlaryna baştutanlyk edip, aldym-berdimli söweşleriň ençemesine gatnaşypdyr.

Bu şahsyň ady diňe bir tirä däl, eýsem Şagadam we Daşhowuz aralykdaky, Çagyl posýologynyň ýakynyndaky uly gyrlaryň birine-de dakylypdyr (Begenjalygyr).

## BEKDILI, BEG

**Beg, begler** diýen urug we tire atlary türkmen taýpalarynyň ählisinde diýen ýaly duş gelýär. Olar tirebaşynyň beg diýen tituly bilen baglanyşykly dörän atlardyr.

Häzir diňe gökleňleriň düzüminde tire ady hökmünde saklanan bekdili diýen söz orta asyr ogyz-türkmenleriniň 24 esasy taýpasynyň biriniň ady hökmünde ulanylypdyr. Mahmyt Kaşgary bu taýpany 7-nji, Abylgazy bolsa 11-nji orunda goýýar. Seljuklaryň ýörişi döwründe bekdilileriň köpüsi Eýran, Türkiýe, Kawkaz, Yrak, Siriýa ýaly ýurtlara göçüpdirler.

Mahmyt Kaşgary, Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salyr baba, Abylgazy ýaly geçmiş alymlarynyň ählisiniň işlerinde bekdili taýpasynyň ady Oguz hanyň Ýyldyz han oglundan bolan üçünji agtygynyň ady hasaplanýar we bu söze dürli-dürlüçe düşündiriliş berilýär: “ýaşulularyň sözi ýaly

hormatly” (Reşideddin); “garrylaryň sözüne kybapdaş mylaýym dilli” (Salyr baba); “sözi hormatly” we “döwletli” (Abylgazy); “begleriň sözi hormatly” (Ýazyjy-ogly). Edebiýatçy alym Ahmet Bekmyradowyň pikiriçe, bu adyň asly “bek dilli”, ýagny “syr saklaýan”.

Her niçik bolsa-da, biz bu taýpanyň adynyň baryp XI asyrda (Mahmydyň sözlüginde) **bektili** görnüşinde ýazylyşyndan ugur alyp, ony **beg, bek** diýen türki söz bilen baglanyşdyrmakçydyrys. Bu adyň yzyndaky **–li** iň soňunda goşulan goşulma bolup, ol degişliligi aňladýar. Onuň öňündäki **–ti** iki bölekden durup, **-t** bölegi iňňän gadym döwürlerde köplügi, jemi bildirýän türki goşulmadyr, **-i** hem türki bolup, ol-da degişliligi aňladypdyr. Diýmek, **bekdili** – “begler urugyna degişli il” diýen manyda ýüze çykan bolsa gerek. Muňa türkmen taýpa-tireleriniň şu ýol bilen ýasalan gadymy atlary güwä geçýär (suhty, bagty, gowky, soky we ş.m.).

## BEKEWÜL

Ulydepe, güneş we gara etnonimleri bilen bir hatarda ärsarylaryň uly dört bölüminiň birini düzýän bekewülleriň ady taýpa ady hökmünde ilkinji gezek Abylgazy Bahadyr hanyň “Türkmenleriň şerejesi” diýen taryhy işinde duş gelýär. Abylgazy Bekewüli Ärsary baýyň ikinji ogly Zeýnelgazydan bolan kiçi agtygynyň ady hasaplaýar (ulusy Gara). Şu maglumata we ilatyň arasynda saklanyp galan rowaýatlara esaslanyp, bekewülleriň taýpa (ýa-da urug – taýpalaryň birlişigi) hökmünde XIV asyryň ahyrlarynda, XV asyryň başlarynda Günbatar Türkmenistanda (Balkan – Maňgyşlak etraplarynda ) kemala gelendigini çekinmän aýtmak mümkin, çünki ondan öň ýazylan şejerelerde bekewül diýen etnonime duş gelinmeýär.

Abylgazynyň pikiriniň tersine, biz bekewül sözüni aslynda adam ady däl-de, eýsem tire ýa-da taýpabaşynyň lakamy, onuň wezipesiniň, derejesiniň ady hasaplaýarys. “Türkmen sowet ensiklopediýasynyň” 1-nji tomunda bu söz “toýdur baýramçylykda, üýşmeleňlerde dürli oýunlary, ýaryşlary gurap, olaryň dogry geçirilişine gözegçilik edýän adam ” diýlip düşündirilýär. Diýmek, has irki döwürlerde bu söz “tire-taýpanyň, jemagatyň guramaçysy, öňbaşçysy” ýaly manyda ilki taýpabaşynyň lakamy, soňra hem tutuş taýpanyň ady hökmünde

ulanylmaga başlan bolsa gerek.

**Bekewül** sözüniň taýpa ady bolmagy mynasyp başga manylary hem bar. Arap we orus ýazuwyndaky çeşmelerde bu söz **bekewül (bekaul)** we **bukawul** görnüşlerinde iki hili ýazylýar. Türki hanlyklarda we şalyklarda **bekewül** sözi han üçin taýýarlanan naharlary dadyp görýän emeldaryň wezipesiniň adydyr. Ol hanyň naharynyň zäherlenmezligi we gowy hilli bolmagy üçin jogap beripdir.

Türki we mongol hanlyklarynda **bukawul** görnüşinde duş gelýän ikinji terminiň asly "bukmak" işliginde bolup, ol "garawul", "gümrükhanada tagmalanmadyk (möhür basylmadyk) zatlary geçirmezlik üçin goýulýan serhetçi" ýaly manylarda ulanylypdyr. Türki we mongol hanlary, meselem, Çingiz han we onuň nebereleri öz goşunynda ýörite bukawullar saklapdyrlar. Oljalary tagmalamak, täze alnan oljalara tagma (möhür) basmak we olary esgerleriň arasynda çine görä bölüşdirmek şu bukawullaryň wezipesi eken. "TSSR-iň taryhyny" (I tom, 1-nji kitap, 358 sah.) ýazanlaryň pikirine görä, bekewül diýen türkmen tiresi hut şu mongol (?) sözi bilen baglanyşykly bolup, ol Altyn Ordada döräpdir.

**Bekewül** sözüniň ýokarda bellenen 3 manysynyň haýsysyna syrygýandygyna seretmezden, derňelýän etnonim taýpabaşynyň lakamyndan emele gelipdir. Häzirki döwürde bekewüller Garabekewül raýonynda, Hojambazda, Saýatda, Buhara welaýatynyň Garaköl, Alat we Buhara raýonlarynda, Jylykölde (Täjigistan), şeýle-de Owganystan respublikasynyň ençeme welaýatlarynda ýaşaýarlar. Daşhowuz welaýatynyň Ýylanly we Lenin raýonlarynda ýemrelileriň dagly bölüminiň düzüminde hem bekewüller bar. Bu ýagdaý bekewülleriň belli bir böleginiň Was töwereklerinde we Daşhowuz etraplarynda hem ýaşanlygyna güwä geçýär.

## BEÇENE, ITBEÇENE, PEÇENEG

Gadymy türk, orta asyr rus we gündogar Ýewropa ýurtlarynyň taryhynda öçmejek yz galdyran kuwwatly türki taýpalaryň biri peçeneglerdir. Türki halklarda **beçene, itbeçene** görnüşinde ulanylan bu etnik adyň gadymy görnüşi peçenegdir (XI asyr alymy Mahmyt Kaşgary bu ady şeýle ulanypdyr). **Beçene** sözüniň öňüne **it** sözüniň goşulyşyny Abylgazy (XVII asyr ) özüniň "Türkmenleriň şejeresi" diýen kitabynda

şeýle düşündirýär: beçeneler salyrlar bilen tersleşip, Toýmadyk hanyň ýolbaşçylygynda olary ýeňýärler. Muny gaty gören salyrlar beçeneleri it bilen deňeşdirip, olara it ýigrenç bilen **itbeçene** diýen ady dakýarlar. Abylgazynyň bu pikiri bilen ylalaşmak mümkin däl, çünki gadymy türklerde it ýigrenji däl-de, eýsem çuň hormaty bildiren söz bolupdyr, hatda irki ata-babalarymyz iti börüden soňra ikinji orunda goýupdyrlar (bu barada **barak, it, ganjyk, köpek** etnonimlerine bagyşlanan makalada giňden gürrüň edipdik).

Eýsem, peçenegler kim? Olaryň asly watany nirede?

X-XI asyrlarda Kiýew knýazlaryny uly howsala salan, ady agzalanda Bulgarystan, Hazarystan, Majarystan ýaly uly döwletleriň patyşalarynyň ýüregine dowul düşüren peçenegler öz aslyny VI-VII asyrlarda Beýik Türk Kaganatyny (imperiýasyny) emele getiren türki taýpalardan (Gök türklerden) alyp gaýdýar. Şol döwürde Yssykköl we Balkaş etraplarynda ýaşan bu peçeneglere **onoklar** ýa-da **türkeşler** hem diýlipdir. Beýik Türk imperiýasy synandan soň, şol döwrüň syýasy wakalary ençeme türki taýpalaryň çar tarapa dagamagyna sebäp bolýar. IX asyryň birinji ýarymynda peçenegleriň uly bölegi Emba, Ural, Wolga, Don etraplaryna ýöriş edýärler. Olar Kiýew knýazlarynyň serhetindäki giň sähralarda orun tutýarlar. IX-X asyrlarda peçenegler topar-topar göçüp gelip, bu ýerde olaryň sany barha köpelýär. 915—1036-njy ýyllar aralykda, Kiýew knýazlary Igoryň we Swýatoslawyň höküm süren döwürlerinde, peçenegler orus knýazlyklaryna 11 gezek gazaply hüjüm edýärler, hatda 968-nji ýylda Kiýewi hem gabaýarlar.

Çarwa peçenegler öri gözleginde diňe bir Orsyýetiň günorta oblastlaryna ýaýraman, eýsem olaryň uly toparlary Majarystan (Wengriýa), Bolgariýa ýaly Ýewropa ýurtlaryna hem göçüp gidýärler. Rus knýazlary birleşip, peçenegleriň garşysyna güýç toplaýarlar. Netijede, orus knýazy Ýaroslaw Mudryý 1036-njy ýylda peçenegleri Kiýewiň eteginde kül-peýekun edýär. Peçenegler dagaýar, olar kem-kemden üstün çykan halklaryň (oruslaryň, ukrainleriň, bolgarlaryň, majarlaryň) arasyna siňip gidýär.

XI asyrda "Türki sözler diwany" diýen ajaýyp sözlügi ýazan Mahmyt Kaşgary peçenegleri 22 türkmen taýpasynyň arasynda 19-njy, Reşideddin (XIV asyr) beçenäni 24 taýpanyň arasynda 7-nji, Abylgazy hem (XVII asyr) 14-nji orunda goýýar. Bu orta asyr alymlarynyň

eserlerinde peçenegler biragyzdan türkmen saýylýar. Beýik göçe-göçlük eýýamynda (IX-X asyrlar) peçenegleriň ähilisi uçdan-tutma Orsyýet sährasalaryna göçmän, olaryň belli bir bölegi Yssykköl etraplarynda galypdyrlar we häzirki türkmen, gyrgyz we beýleki halklaryň dürli taýpa-tirelerini emele getiripdirler.

Haýsy döwürde we haýsy ýerde ýaşaýandygyna seretmezden, beçeneleriň (peçenegleriň) tagmalary hem meňzeş: rim sifri V ýaly (Mahmyt Kaşgary ony ýatyryp goýýar - >, Abylgazy – başaşak - ^ ). Diýmek, bu çeşmelerde şol bir taýpa barada gürrüň gidýär. Hatda gyrgyz etnograflary häzirki gyrgyzlaryň düzüminde saklanyp galan itbeçene taýpasyny hem oguz-türkmen elementi hasaplaýarlar.

Ýene bir zady şu ýerde ýatlap geçeliň. X asyrda Ýewropa göçen peçenegler 8 sany uly taýpadan ybarat eken. Eýýäm XIII asyrda olaryň sany 13-e ýetýär. Şol taýpalaryň arasynda **ertem, gapan, garaja, gögerçi, temir, teber** ýaly atlary göterýänleri hem bar. Bu atlar şol durşuna ýa-da biraz üýtgän görnüşde türkmen etnonimiýasynda hem duş gelýär. Meselem, Darganatadaky **Gögerçinli** diýen orta asyr galasy beçeneleriň gögerji taýpasynyň wekilleri tarapyndan salnandyr diýip çaklaýarys. Saryklaryň **erden**, ärsarylaryň **gapan, garaja,** saryklaryň, ýomutlaryň, çowdurlaryň, salyrlaryň düzümindäki **temir, temirli, temirogly**, tekeleriň arasyndaky **teber** diýen tire-taýpa atlary peçenek etnonimleri bilen ýöne ýerden gabat gelenok, olar peçenegler bilen beýleki türkmen taýpalarynyň arasyndaky gadymy etnik aragatnaşyklardan habar berýärler.

Indi **peçeneg, beçene** diýen adyň manysy barada gürrüň edeliň. Ýatlanan orta asyr alymlarynyň ählisi, şeýle-de Ýazyjy-ogly (XV asyr), Salyr Baba Gulaly ogly (XVI asyr) dagy bu sözi Oguz hanyň ogly Gök hanyň oglunyň ady hasap edýärler we onuň manysyny “kylguçy”, ýagny, “ýerine ýetiriji”, “hyjuw bilen iş ediji” diýip düşündirýärler. Akademik S.P.Tolstow peçeneg diýen etnonimi gadymy **apasiak** ýa-da **pasian** diýen halk adyna syrykdyrsa, garagalpak alymy D.Aýtmuratow bu ady üç bölege bölüp, onuň **biç bölegini** hindi-ýewropa dillerinde “gamçy”, “örülen ýüp” manysyny aňladan söz, **-en** we **–er** böleklerini bolsa at ýasaýjy goşulmalar hasaplaýar. Onuň pikiriçe, bu at “depesinde gamçy ýaly örülen saç goýýanlar” diýmekdir, çünki gadymy türki halklaryň erkeklerinde şeýle däp ýörgünli bolupdyr. Bu düşündirişleriň

hiç haýsysyna-da ynanasyň gelmeýär. Biziň pikirimizçe, **peçeneg** sözüniň manysy babatda Krymdaky türki halklar (türkmenler) barada 1929-njy ýylda uly makala ýazan Z.Ş. Nawşirwanowyň pikiri hakykata ýakynrakdyr. Ol bu ady **peçen** we **ek** diýen iki bölege bölüp, birinji bölegini **bijin-piçin-peçen**, ýagny, "maýmyn" sözüne syrykdyrýar, **-ek** bolsa at ýasaýjy goşulmadyr. Şeýlelikde, bu alym peçeneg diýen etnonimi totemden emele gelen at hasaplaýar. Alymyň bu pikiri goldanmaga mynasyp, çünki itbeçene diýen adyň birinji bölegi hut türkmenleriň eý görýän haýwany, ýagny itiň totem hasaplanmagy bilen baglanyşyklydyr.

Her niçik bolsa-da, orus senenamalarynda öwran-öwran atlary tutulýan torklar (türkler), uz (oguz), polowes ( gypjak), kuman (gypjak), torkman (türkmen), çornyýe klobuki (garagalpak) ýaly türki taýpalar bilen bir hatarda, oguzlaryň peçeneg diýen gadymy taýpasy türkmen ganyny orus, ukrain, belorus, majar, bolgar, polýak, ýugoslaw gany bilen gatyşdyran, gan-garyndaş eden taýpa hökmünde bellenmäge mynasypdyr.

## BIWETEN

Baýat taýpasynyň düzüminde **biweten** diýen tire bar. Daşhowuz we Horezm welaýatlarynda bolsa häli-häzire çenli **biweten** diýen ady göterýän etnik toparlara duş gelinýär.

Hywa hanlygyndaky daýhançylygyň taryhy barada iş ýazan özbek alymy M.Ýuldaşowyň pikirine görä, **biweten** diýen termin XIX asyrda döreýär. Şol döwürde bu termin iki manyda ulanylypdyr: "ýersiz-ýurtsuz", "watansyz", ýagny garyp-gasar ilat we "patyşalyk mülkleri, metjit-medreselere wahym edilip berlen ýerleri kärendesine alyp işleýän kärendeçiler". Öz ýerleri bolmany üçin, bu garyp ilat nesilme-nesil kärendeçilik etmäge mejbur bolupdyr. Olara biwetenler, ýagny "watansyzlar" diýipdirler. Hanlykdaky garyp iliň sosial ýagdaýyny bildiren bu at soňra käýerlerde tire adyna öwrülip gidipdir.

## BITIK

Hydyrili taýpasynyň düzüminde **bitik** diýen urug, Farap raýonynda

**Bitik** diýen oba we ýap bar. Bu atlar iňňän gadymy türki sözden emele gelipdir. VI-VIII asyr Orhon –Ýeniseý türki ýazgylarda **bitmek** işligi "ýazmak" (hat ýazmak), **bitik** diýen at hem "kitap", "hat" ýaly manylary aňladypdyr. Mahmyt Kaşgarynyň döwründetürkmenler **bitigçi** sözüni "mürze", **bitiglik** sözüni "hatdat" we "sowatly", **bitigü** sözüni hem "syýa" manylarynda ulanypdyrlar. Ençeme türkşynas alymlaryň pikiriçe, **bit** we **bitik** sözleri hytaý dilinden ilki mongol, soňra bolsa türki dillere aralaşypdyr. **Bitik** sözüni türki dillerden pars dili hem kabul edipdir.

Türki dilleriň köpüsinde **bit** we **bitik** sözleri häli-häzire çenli şol gadymy manysynda ulanylýar, ýöne yslam dinini kabul eden türki halklaryň birnäçesinde **bitik** sözi hat, kitap diýen arap sözleri bilen çalşyrylýar. Türkmen dilinde bu söz hat-petek söz düzüminde saklanyp galypdyr.

Orta Aziýa, Eýran we Altyn Orda hanlyklarynda (şol sanda Buhara emirliginde hem) mongollardan galan **bitikçi** diýen titul bolup, ol "mürze", "sekretar", "diwanhanadaky hat-petek işlerini alyp barýan" diýen manylary aňladypdyr. Mongol hanlyklarynda **bitikçi** termininden öň şol manyda bagşy sözi ulanylypdyr.

Hanlyklarda **bitikçiler** uly abraýdan peýdalanypdyrlar, olara ýerler, ýaplar mülk edilip berlipdir. Şol ýerlere, ýaplara "Bitikçiniň ýeri", "Bitikçiniň ýaby", bitikçiniň töweregine üýşen ile-de "Bitikçiniň ili", "bitikçi", "bitik" diýiljekdigi düşnüklidir. Soňra bu at tire adyna-da geçip gidipdir.

## BOZAJY

Çowdur taýpasyny düzýän bäş uly bölümiň biri bozajylardyr. Orta asyrlarda olar Maňgyşlakda, Kaspiý deňziniň gündogar-demirgazyk kenaryndaky Bozajy (kartalarda Buzaçi) ýarym adasynda ýaşapdyrlar. Bu ýarym ada hem şu urugyň ady dakylypdyr. XVI-XVIII asyrlarda Maňgyşlakda ýaşamagyň kynlaşanlygy, galmyk, nigaý we gazak feodallarynyň dyngysyz çozup durmagy zerarly, beýleki türkmen taýpalary bilen birlikde bozajylaryň hem uly bölegi Daşhowuz welaýatynyň Telman we Kalinin raýonlaryna, Şagadama, Astrahana we Stawropol ülkesine göçmäge mejbur bolupdyrlar. Bozajy ýarym

adasynda häli-häzire çenli şol bozajylaryň we abdallaryň wekilleri duş gelýär.

Çowdur şiwesini öwrenen H.A.Maşakow we çowdurlaryň etnografiýasy barada dissertasiýa ýazan G.Nyýazgylyjow dagy bozajy etnonimini “bozhajy” sözleriniň gysgalan görnüşini hasaplaýarlar. Ýöne beýle pikir hakykata laýyk gelmeýär, çünki türkmen diliniň fonetik kanunlaryna laýyklykda, hajy sözündäki h sesiniň düşürilmegi a çekimlisine uzynlyk bermeli (**baýrama:jy, söýünja:jy** ýaly türkmen etnonimleri muňa doly güwä geçýär), emma **bozajy** etnoniminde a çekimlisi gysga aýdylýar.

Eýsem, **bozajy** sözüniň manysy näme? Ýaşulularyň käbirleri bu ady “bozaçy”, ýagny bozy diýen içgini taýýarlaýanlar diýip düşündirýärler. Etnonimiýada **–çy, -çi** goşulmasynyň açyklaşan **-jy, -ji** görnüşi hem köp ulanylýar. Meselem, düýeji, goýunjy, gulançy/gulançy we ş.m. Gazak, gyrgyz, altaý ýaly ençeme türki dillerde boza, buza sözi arpa-bugdaý, darydan, süýtden turşadylyp edilýän içgileri, araplarda we türkmen klassyk edebiýatynda bolsa çakyry aňladýar. Magtymgulynyň “Näbilsin” goşgusyndaky şeýle setirlere üns beriň:

*Ne tama bar hamr içen gedemden ,*
*Buzahor ýagşyny, ýasy näbilsin.*

Gazaklaryň buza taýýarlamaga ökdedigini, bozajylaryň Maňgyşlakda köp wagtlap gazaklar bilen goňşy oturandygyny, Daşhowuz bozajylaryň hem hut ýaňy-ýakynlara çenli boza diýen içgini taýýarlandyklaryny nazara alsak, bozajy etnoniminiň bozaçy diýen manysy hakykata laýyk ýaly görünýär. Türkmen etnonimiýasynda kesp-hünär bilen baglanyşykly **awçy, arabaçy, gawunçy, temmäkiçi** ýaly atlaryň köpdügini hem muňa delil hökmünde ýatlamak mümkin.

Bozajy diýen adyň ýokarda aýdylan manysy has ynamly ýaly duýulsa-da, biz onuň düýbünden başga hili ýüze çykmak mümkinçiligini hem bellemelidiris. Bu çaklama görä, **bozajy** diýen at **boz** sözünden we a hem-de **–jy (-çy)** goşulmalaryndan ybarat. Boz sözüniň häzirki türkmen dilinde ulanylýan boz (boz ýer) sözi bilen dahyly ýok. Ol gadymy türki dillerde “taýpa, urug” manylaryndaky **boz** sözündendir. Türk dilinde bu söz boý görnüşinde häzir hem “taýpa” manysynda ulanylýar. **Boz,**

**boý** sözleriniň asly bod bolup, ol hem **bodun, budun** sözi ulanylypdyr. **Bod-boz-boý** sözlerindäki **d-z-ý** ses gezekleşigi türki dillere mahsus fonetik hadysadyr. Deňeşdiriň: **adak-azak, aýak, adgyr-azgyr-aýgyr**.

**Boz** sözüniň yzyndaky –a atdan at ýasaýan iňňän gadymy türki goşulma bolup, ol **baga, bada, waga, çaka, hara, ýasa** ýaly ençeme türkmen etnonimleriniň, şeýle-de **gije** (asly giç sözünden), **goza** (goz, ýagny hoz sözünden), **gowa** (gow) ýaly käbir sözleriň ýasalmagyna hem gatnaşýar. Bu goşulma türkmen dilinde häzir önümsiz hasaplanýar.

**Bozajy** sözüniň yzyndaky **-jy** bolsa **–çy** goşulmasynyň açyl görnüşidir. Etnonimiýada ol degişliligi, jemi bildirýär.

Eger şu çaklamamayz dogry bolsa, onda **bozajy** etnonimi aslynda **boza** bolup, ol "taýpa", "urug" manysyndaky adaty jyns atdan emele gelipdir. Iňňän gadymy tire-taýpa atlarynyň aglaba "tire, taýpa, urug, jem" ýaly manylary aňlatmagy, ilkinji etnonimleriň hut şu ýol bilen ýasalmagy bu çaklamanyň hakykatdan uzak däldigini görkezýär.

Oguz türkmenleriniň mesgeni Balasagun şäherinde doglan Ýusup Balasagunynyň 1069-1070-nji ýyllarda ýazan "Kutadgu-bilik" ("bagt getirýän bilim") diýen ajaýyp eserinde boz sözüniň "tire, urug" manysynda ulanylandygyny nazara alsak, bozajy diýen türkmen etnoniminiň hem VIII-X asyrlarda Yssykköl-Syrderýa etraplarynda ýaşan oguzlaryň arasynda dörändigini çak etmek mümkin.

## BOZOK, BOZMELIK, BOZÝATAN

Gadymy "Oguznamalarda" we olara esaslanyp iş ýazan Mahmyt Kaşgary, Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar Baba, Abylgazy ýaly orta asyr alymlarynyň eserlerinde bozok diýen etnonim oguz türkmenleriniň 12 sany taýpasyny öz içine alýan uly etnik birleşmäniň umumy adydyr.

"Oguznamalarda" türkmenleriň uly atasy Oguz hanyň 6 ogly bolupdyr diýilýär. Ynha, olaryň atlary: Günhan, Aýhan, Ýyldyzhan, Gökhan, Deňizhan, Daghan. Rowaýatlarda bu 6 ogluň hersinden 4 ogul doglandygy , olaryň neberelerinden 24 türkmen taýpasynyň gelip çykandygy, olara-da şol 24 ogluň ( Oguz hanyň agtyklarynyň) adynyň dakylandygy barada gürrüň berilýär. Bozok birleşmesine Oguz hanyň ilkinji (uly) üç oglunyň nebereleri degişlidir. Reşideddinin "Jemi at-tawahir" (" Taryh ýygyndysy") diýen işinde olaryň atlary şeýle

görkezilýär: Günhanyň ogullary (ýa-da şol ogullardan dörän türkmen taýpalary): Gaýy, Alkyrewli (Abylgazyda Alkaöýli), Baýat, Garaewli; Aýhanyň ogullary: Ýazyr, Dodurga, Düker, Ýasyr (Abylgazyda Baýarly); Ýyldyzhanyň ogullary:Awşar, Bekdili, Garyk (Abylgazyda Gyzyk), Garkyn. Jemi 12 ogul – 12 taýpa. 24 taýpanyň galan 12-si Oguz hanyň kiçi ogullaryna (üç ogluna) degişli bolup, olara **sol ganat** ýa-da **üçok**, birinji topara bolsa **sag ganat** ýa-da **bozok** diýlipdir. Türkmenleriň 24 taýpa bölünmegi, olaryň 6 uly topara birleşmegi, ahyrynda hem şol 24-iň ikä – sag we çep ganata (bozoga we üçoka) aýrylmak däbi öz gözbaşyny gadymy hunlardan alyp gaýdýar (bu barada Ýigrimidört diýen tiräniň ady düşündirilende ymykly gürrüň ederis).

**Bozok** we **üçok** diýen etnonimleriň manysy barada Reşideddin gyzykly rowaýat getirýär: Oguz han Eýrany, Turany, Şamy (Siriýany), Müsüri, Kiçi Aziýany, Pereňi basyp alyp, bu ýeňşiň hatyrasyna öz watanynda (Urdagda we Kurdagda) äpet altyn çadyr dikýär, uly toý berýär. Toýda 900 baýtal we 90 000 goýun soýulýar. Bu toýa ol özüniň ähli aýallaryny, emirlerini, serkerdelerini çagyrýar, köp ýurdy eýelemäge kömek eden adamlara ylaýta-da özüniň 6 ogluna artykmaç hezzet-hormat edýär, olary sylaglaýar. Toýdan soň birnäçe gün geçýär. Oguz hanyň 6 ogly awa çykýar. Bu alty ogul bilelikde bir altyn ýaý we onuň üç sany okuny tapýar. Bu gymmatly tapyndygyny nähili bölüşjegini bilmän, ony alyp, Oguz hanyň ýanyna gelýärler. Oguz han altyn ýaýy üç uly ogluna berip: “Siz güýçli. Ýaýy döwüp (bozup) deň bölüşiň” diýýär. Kiçi üç oglunyň hersine hem bir altyn ok tutdurýar. Ýaýy bozup bölüşenlere ol bozuk, üç oky alanlara hem üçok diýip at berýär we : “Sizden önjek neberelere (taýpalara) hem bozuk we üçok adyny bermeli” diýip nesihat edýär. Oguz hanyň pikiriçe, altyn ýaýy bozup biljekler güýçli bolmaly, güýjem uly ogullarda. Şonuň üçin olar söweş wagty goşunyň sag ganatyna serkerdelik etmeli. Üç oky alanlaryň goşuny uly ogullara hemaýatçy bolmaly. Hökümdarlyk hem Oguz handan soň iň uly ogla (Günhana) geçmeli, ol uruşda öläýse, Aýhana, soňra Ýyldyzhana. Reşideddiniň kitabynda getirilýän rowaýata görä, Oguz han ölenden soň, Günhan 70 ýyllap ýurda häkimlik edýär.

Rowaýat rowaýat bolýar. Reşideddiniň getiren rowaýaty hunlaryň we olaryň nebereleri bolan oguzlaryň harby-administratiw bölünişigi barada gymmatly maglumatlar berse-de, **bozok** we **üçok**

diýen etnonimleriň hakyky manysy dogry düşündirip bilmeýär. Reşideddin ýaly meşhur taryhçy alymyň baryp XIV asyrda bu atlaryň manysyny rowaýatdan gözlemegi **bozok** we **üçok** etnonimleriniň juda gadymydygyna, olaryň hakyky manylarynyň eýýäm XIV asyra çenli ýitirilendigine güwä geçýär.

Eýsem, **bozok** diýen etnonimiň manysy näme? **Bozok, bozmelik**, **bozýatan** diýen atlaryň, şeýle-de öňde teswirlenen **bozajy** diýen urug adynyň düzüminde şol bir söz – **boz** sözi gaýtalanýar. Bu ýagdaý türkmen etnonimiýasynda **boz** sözüniň tötänleýin däl-de, diliň öz içki kanunalaýyklygy esasynda ýüze çykandygyny, onuň manysynyň hem bu atlaryň ählisinde birmeňzeşdigini görkezýär. Diýmek, **bozok** diýen etnonimiň düzümindäki **boz** sözi "taýpa," "tire" manysyndaly gadymy türki **bod** sözüniň soňrakky fonetik öwüşginidir ( bu barada bozajy etnonimine serediň). Bu adyň ikinji bölegi bolan ok sözi hem şol bir manyny – "taýpa", "tire" diýen manyny berýär. Ol ogul, oglan sözleriniň, **oguz,ok, okly, üçok** ýaly türkmen etnonimleriniň düzüminde hem duş gelýär ( bu barada oguz etnoniminiň teswirinde giňden gürrüň bereris).

Näme üçin şol bir etnonimde "taýpa" manysyndaky iki söz gaýtalanyp getirilýär? Muny düşündirmek gaty aňsat. Ynha, täze bir etnik topar döreýär. Ol "taýpa" manysynda şol döwürde ýörgünli ulanylýan jyns ady – adaty söz bilen atlandyrylmaga başlaýar. Dura-bara jyns at has ada – taýpanyň şahsy etnik adyna öwrülýär. Wagt geçýär. Käbir sözleriň ( biziň mysalymyzda boz sözüniň) könelişmegi netijesinde, onuň bir wagtky asyl manysy unudylýar. Netijede, soňky döwürde "taýpa" manysynda ulanylýan täze söz (ok sözi) onuň yzyna goşulýar. Onomastikada bu hadysa sinonimik zynjyrlar hem diýilýär. Esasy sözüň yzyna şol bir manydaky başga sözi beýleki şiweleriň ýa-da dilleriň wekilleri hem goşup biler.

Bozok etnonimini düzýän iki sözüň iňňän gadymydygyny we ol barada döredilen rowaýatlaryň hun-oguz gatnaşyklary döwründen habar berýänligini nazara alyp, bozok we üçok diýen etnik birleşmeleriň biziň eramyzdan öňki II-I asyrlarda (Oguz hanyň döwründe) dörän bolmagynyň mümkindigini çaklamak bolar.

Indi bozmelik we bozýatan diýen etnonimleriň manysy barada gürrüň edeliň. Salyrlaryň kiçiaga bölüminiň bir tiresiniň ady bolan bozmelik etnoniminiň ikinji bölegini düzýän melik sözi tire ady hökmünde

ärsarylaryň gultak, alilileriň ýüzbaşy urugynda we nohurlylarda hem duş gelýär. Bu söz aslynda arap sözi bolup, ol “hökümdar”, “patyşa”, “soltan” ýaly manylary aňladýar: bozmelik – “hökümdaryň taýpasy, urugy”. Bu at arap basybalyjylaryndan (VII asyrdan) soň ýüze çykypdyr.

Saryklaryň alaşa urugynyň bir tiresi bolan **bozýatanlaryň** ady weli has irkidir, çünki onuň ikinji bölegini düzýän **ýatan** sözi **ýatmak** işliginden bolup, ol **ýatuk** görnüşinde Mahmyt Kaşgarynyň sözlüginde-de duş gelýär. Ol “çomur, oturymly, göçüp-gonmaýan” diýen manyda bolsa gerek. **Ýatan** sözi özbaşdak tire ady hökmünde saryklaryň baýraç urugynyň, **ýatagan** tire ady hem Büzmeýinde ýaşaýan tekeleriň düzüminde duş gelýär.

## BORUGÇY

Hatap taýpasynyň düzüminde bo:rugçylar (o sesi uzyn aýdylýar) diýen tire bar. Şu tiräniň wekilleriniň ýaşaýanlygy üçin, Dostluk raýonyndaky bir oba we şol ýerdäki demir ýol stansiýasyna-da Borugçy diýilýär, ýöne resmi dokumentlerde obanyň we stansiýanyň atlary Burguçy görnüşinde nädogry ýazylýar.

Tiräniň ady gadymy türki **bor** sözünden emele gelipdir. **Hek** diýen pars sözi dilimize aralaşýança, türkmenler heke **bor** diýipdirler, türkmen diliniň şiwelerinde, şeýle-de türki dilleriň aglabasynda **bor, mor** sözleri häzirem ýörgünlidir.

Borugçy diýen adyň düzümindäki **–ug (-uk)** (goşulmasy **–ak,-ek, -yk, -ik, -uk, -ük** goşulmasynyň bir görnüşi boup, atdan at ýasaýan önümsiz goşulmadyr. Ol **başak, golak, böwrek** (**böwür** sözünden), **gabyk, gumak, suwuk** ýaly käbir sözlerde duş gelýär. Tire adynyň yzyndaky **–çy** goşulmasy ilatyň kesp-kärini, hünärini bildirýär. Diýmek, **borugçy** “hekçi” diýmekdir.

Näme üçin bu tirä “hekçi” diýildikä? Borugçy obasynyň günbatarynda Pulzyndan diýen bir dagjagaz bar, ol şu ýerdäki Küregendagyň bir bölegidir. Şu ýerde häzir Kerki şäheriniň hek öndürýän ýörite kärhanasy işleýär. Ýerli ilat has irki döwürlerde-de bu ýerden hak alyp, ony Kerki etraplarynyň ilatyna satypdyr. Şonuň üçin hem olara borugçy diýen at galypdyr.

## BOÝAKÇY, GÖKÇI, NILGER

Alilileriň onbegi, mürçelileriň owşar uruglarynyň düzüminde **boýakçy** (ýagny "boýagçy"), Çärjew raýonynda ýaşaýan salyrlaryň akjyk urugynda **gökçi**, ärsarylaryň söýünjajy we çarşaňňy uruglarynyň düzüminde hem **nilgerler** diýen tire atlaryna duş gelinýär. Bu atlaryň ählisi boýag öndürip satmak bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Şu atlary göterýän tireleriň wekilleri häli-häzire çenli bu gadymy hünärlerini dowam etdirýärler. Etnograf alym Janmämmet Öwezowyň ýazmagyna görä, mürçelileriň boýagçylary diňe bir boýag öndürmäge däl, eýsem matalary dürli reňke boýamaga-da gaty ökde ekenler.

## BÖRI, GURT, MÖJEK

Bersin we ýoluň (ýo: luň) uruglary bilen birlikde, **börüler** burkazlaryň üç uly bölüminiň birini düzýär. Buhara welaýatynyň Alat we Garaköl raýonlarynda ýaşaýan çandyrlaryň düzüminde **börübeg**, saryk, salyr we şyh taýpalarynyň arasynda **gurt**, ärsarylaryň gultak urugynda **gurtly**, tekelerde **gurtzäkir**, onuň goňur we gökje uruglarynda bolsa **möjek** diýen tire atlaryna duş gelinýär. Ýomutlaryň düzümindäki **gurçuk** tiresiniň ady aslynda **gurtjuk** bolup, ol "gurt urugynyň kiçi bölegi" diýen manyny aňladýar. Bu etnonimleriň ählisi şol bir manyny bilrdirýän **böri, gurt, möjek** diýen sinonimdeş sözlerden emele gelipdirler.

Näme üçin tire-taýpalar "möjek" manysyndaky söz bilen atlandyryldyka? Ol atlar haçan ýüze çykdyka?

Bu soraglara jogap bermek üçin, gadymy ata-babalarymyzyň dünýägaraýşy, olaryň irki ruhy medeniýeti bilen gysgaça tanyşmagymyz gerek.

Dünýä halklarynyň ählisi öz ösüşiniň has irki döwürlerinde, ýagny tire-taýpa bolup ýaşaýan eýýamlarynda, töwereginde ýaşaýan belli bir haýwany özüne howandar tutunyp, ony mukaddes hasaplapdyrlar, oňa hormat goýup, hatda etini hem iýmändirler. Şol döwür adamlarynyň düşünjesine görä, her toparyň öz haýwany onuň ýakyn garyndaşy, hossary, hatda şol topary döreden jandar hasaplanypdyr. Ylmy dilde muňa **totemizm**, eý görülýän haýwana bolsa **totem** diýilýär. Bu termin Demirgazyk Amerikada ýaşaýan indeýleriň **ojibwe ot-otem** ("onuň

urugy”) diýen sözlerdendir. Gadymy türki halklar toteme ongon, uran hem diýipdirler. Totemi şol bir haýwan bolan taýpalar özlerini ykbaldaş, hatda biri-biri bilen dogan hasaplapdyrlar.

Etnograf alymlaryň köpüsi totemlerden emele gelen etnonimleri has atlaryň arasynda ir dörän gatlak hasap edýär. Dünýä halklarynyň aglabasy iň çydamly, dogumly, akylly, çalasyn haýwan bolan möjegi özüne howandar tutunypdyr. Meselem, F.Engelsiň “Maşgalanyň, hususy eýeçiligiň we döwletiň döreýşi” atly meşhur kitabynda Demirgazyk Amerikada ýaşaýan irokez indeýleriniň seneka taýpasynyň 8 urugynyň ählisiniň dürli haýwanlary özüne totem edinendigini ýazýar. Bularyň arasynda möjek birinji orunda durýar. Ýene bir mysal. Gadym dünýä taryhynda gürrüň berlişine görä, biziň eramyzdan has öň dörän Rim şäheriniň emblemasy möjegi emip oturan iki oglanjygyň suratydyr. Rowaýata görä, bu şäher ýaşlykda ýetim galan we möjegi emip ulalan Romul we Rem tarapyndan esaslandyrylypdyr. Romul biziň eramyzdan öňki 754-717-nji ýyllarda Rimiň ilkinji patyşasy bolýar, şähere-de onuň ady dakylýar (Roma, rus dilinde bu at **Rim** görnüşinde nädogry ýazylýar. Ýeri gelende aýtsak, türkmen klassyk edebiýatynda köp duşýan **Rum** diýen ýurduň ady hem Roma bilen asyldaşdyr). Eýrandaky Gürgen welaýatyna we gadymy Köneürgenje (Gurganja) adyny geçiren **gürgen** diýen halkyň ady hem hindi-ýewropa dillerindäki **gorg** (asly **wrk**, orus dilinde **wolk**, nemes dilinde **wolf**) sözünden emele gelipdir. Manysy “möjek”.

Türki halklaryň ata-babalary möjegi has hem eý görüpdirler. Meselem, türki halklar bilen gadymy garyndaş bolan mongollar özüni gök börüden we maraldan, telesler hem möjekden we hun şanýuýynyň gyzyndan doglan hasap edipdirler. Biziň eramyzyň başlarynda we onuň öň ýanlarynda ýaşap geçen we soňra gazaklaryň, gyrgyzlaryň, türkmenleriň ( ajy, aç etnonimlerine serediň), başgyrtlaryň düzümine siňip giden aşina diýen türki taýpanyň ady şino, çino (“möjek”) diýen mongol sözünden emele gelipdir. Adyň öňündäki –a hytaý dilinde hormaty bildirýän sözüňi goşulmadyr :a – şina – “mukaddes böri”. Türki halklaryň uly bölegine geçmişde bozgurt ýa-da gökböri diýlipdir, özbeklerde we Özbegistanda ýaşaýan türkmenlerde gökböri diýen at köpgeri görnüşinde gadymy türki sport oýnunyň adynda saklanypdyr. Başgyrtlaryň başgurt – başkort diýen ady hem gurt sözi

bilen baglanyşyklydyr (baş gurt, ýagny esasy gurtlar ýa-da boz gurt). Irki türkleriň taryhy barada "Gadymy türkler" diýen ajaýyp kitaby ýazan L.N.Gumilýow hut VI asyrlarda hem türkleriň durmuşynda möjegiň uly ähmiýete eýe bolandygyny, hatda hytaý çeşmelerinde "türk hany" we "möjek" sözleriniň sinonim bolup ulanylandygyny ýazýar. Şol döwürde türkleriň baýdagynda hem möjegiň kellesi şekillendirilipdir. Gadymy Tukýu (türk) döwleti barada ýazylan hytaý çeşmelerinde getirilýän rowaýata görä, türkleriň asly börüden bolupdyr, şol işlerde hut Oguz hanyň özüniň hem boz gurtdan dörändigi barada aýdylýar. Şu çeşmelere daýanyp, akademik W.A.Gordlewskiý şeýle ýazýar: " Gadymy türkler üçin möjek – mukaddes janawar, ol türkleriň ata-babasy, taýpabaşysydyr".

Möjegiň ähmiýeti onuň durmuşdaky uly roly diňe gadymy türki etnonimiýada däl, eýsem maddy we ruhy medeniýetiň köp babatlarynda äşgär ýüze çykýar. Meselem, haly, keçe nagyşlarynda, keşdelerde möjegiň simwolik şekilleri saklanyp galypdyr. "Türkmenistanyň gadymy we täze ýollary " diýen kitabynda W.S.Zaletaýew türkmen gülýakalaryna salynýan nagyşlaryň arasyndan möjegiň birnäçe şekilini ýüze çykardy.

Çagasy durmaýan aýallaryň täze bolan bäbegini möjegiň agzyndan geçirip (derisine dolap), oňa Böri, Gurt, Möjek ýaly atlary dakýanlygyny, göz degmesin üçin çaga tumarlaryna möjegiň tüýüni ýa-da derisinden bir bölejik salmak däbini hem ýokarda aýdylanlaryň üstüne goşsak, türkmen durmuşynda böri obrazynyň häli-häzire çenli saklanyp galandygyna göz ýetirmek kyn däl.

**Böri, gurt, möjek** etnonimleriniň wagt taýdan döreýiş yzygiderliligini anyklamak üçin, türkmen durmuşynda saklanyp galan ýene bir däp barada gürrüň etmegimiz gerek. Türkmenler has hormatlanýan ýaşulularyň, öwlatlaryň adyny tutman, olara hormaty bildirýän başga sözler bilen ýüzlenipdirler. Meselem, gelinleriň öz gaýynlarynyň adyny tutmazlygy, gijesine ýylanyň adynyň "gamçy" diýlip atlandyrylmagy muňa mysal bolup biler. Ylmy dilde muňa **tabu** diýilýär. Eý görülýän haýwan bolan böriniň ady hem tabulaşdyrylyp, oňa soňra "gurt", "möjek", "jandar" ýaly atlar dakylypdyr. Diýmek, derňelýän etnonimleriň gadymysy **börüdir**, soňra **gurt**, iň ahyrda hem **möjek** diýen etnonim döräpdir. Bu atlaryň ýüze çykyşy bolsa gadymy ata-babalarymyzyň ylmy gözýetimi, ynanjy we gadymy däp-dessurlary bilen baglanyşyklydyr.

## BUJAKLY

Sakar raýonynda bir obanyň ilatyna bujaklylar diýilýär. Olar özlerini özbaşdak taýpa hasap edýärler. Türkmen etnografy G.I.Karpow bolsa bujaklylary agar taýpasynyň bir urugy edip görkezýär. Bujakly diýen urug-tireler nogaý, gazak, garagalpak halklarynyň düzüminde-de duş gelýär.

Adyndan mälim bolşy ýaly, bujaklaryň etnik ady Bujak sährasy bilen baglanyşyklydyr. Dnepr we Prut derýalarynyň aralygyndaky giň sähralyga Ýewropa halklary **Bessarabiýa** ýa-da **Moldaw** sährasy, türki halklar bolsa **Bujak** diýýärler. Bu taryhy welaýat XII—XIII asyrlarda Galisiýa-Wolyn knýazlygynyň, XVI asyryň başyndan XVIII asyra çenli Türkiýäniň, 1812-nji ýyldan soň Orsyýetiň garamagynda bolýar. 1918-nji ýylda ony Rumyniýa basyp alýar, 1940-njy ýylda ol ýene gaýtarylyp alynýar we Moldawiýanyň hem-de Ukrainanyň sostawyna girizilýär.

XI—XVIII asyrlarda Bujak sährasynda türki halklar (esasan, gypjaklar) ýaşapdyrlar. Dürli taryhy döwürlerde her hili sebäplere görä Bujak sährasyny terk edip, beýleki türki halklara goşulan bessarabiýaly taýpalara-da bujakly diýip at berilýär.

## BURKAZ, WARKAZ, GERKEZ, ÇERKEZ

Dörtleme goşgularda sazlaşykly kapyýany hasyl edip biljek bu etnonimler söz ýasalyş ýollary, ýagny gurluşlary boýunça-da biri-birine ýakyndyrlar.

Beýik Watançylyk urşunda Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen belent ada ilkinji mynasyp bolan Gurban Durdy ýaly gerçegi ösdürip ýetişdiren burkazlar sany boýunça ortagürp türkmen taýpalarynyň biridir, olaryň wekilleri Mary, Murgap, Sakarçäge, Baýramaly, Garagum, Türkmengala we Tejen raýonlarynda ýaşaýarlar.

Burkaz diýen etnik at bize mälim bolan çeşmelerde ilkinji gezek Abylgazynyň "Türkmenleriň şejeresi" diýen kitabynda duş gelýär. Abylgazy bu taýpanyň (burkas ilniň) döreýşi barada şeýle ýazýar: Salyrlardan Timur Toglyhan atly bir kişi bardy. Ol bir ýerden gelip, atdan düşdi. Görse, Esik Ysmaýyl atly bir salyr göçjek bolup, zatlaryny ýygnap ýör. Ol göçüp gidenden soň, Timur "göçülen ýurtda bir närse

galan bolgaý" diýen umyt bilen ol ýere barýar. Görse, ojagyň içinde bir ogul çaga uklap ýatyr. Timuryň ogly ýok eken. Ol bu çagany özüne ogullyga alýar we oňa Burkas diýip at goýýar. Burkas ili şu oglanyň nebereleridir.

Abylgazy ýaly uly alymyň kitabynda anyk adamlaryň atlary tutulyp gürrüň berilýändigine seretmezden, çyna berimsiz bu rowaýata ynanmak kyn, çünki burkazlar salyrlaryň Maňgyşlakda oturan döwürlerinden has öň dörän bolsalar gerek. Muny subut edýän käbir tutaryklarymyz bar.

1973-nji ýylda Türkiýede bolanymyzda, Stambulyň gämi duralgasynda "Burkaz" atly uly okean gämisine gözümiz düşdi. Biz ýolbeledimiz Mehmetden bu gämi we onuň ady barada soradyk. Ol Türkiýäniň käbir welaýatlarynda, hatda Stambulyň ýakynynda hem burkaz türkmenleriniň ýaşaýanlygyny, bu gäminiň bir burkazla degişlidigini gürrüň berdi. Bolgariýanyň Gara deňiz kenarynda, Stambuldan uzak bolmadyk aralykda Burgaz (Burkaz) diýen uly port şäheriň bardygyny hem şu ýerde ýatlap geçeliň.

Burkazlar Türkiýe etraplaryna seljuklaryň hereketi döwründe (XI asyrda) gelendigini nazarda alsak, onda burkazlaryň has öň dörändigine göz ýetirmek kyn däl. Etnograf alymlar hem bu etnonimiň juda irkidigine güwa geçýärler. Meselem, türkmen alymy G.I. Karpow burkaz sözüniň aslyny **bükdüz** ýa-da **bekdili** diýen türkmen taýpasynyň adyndan gözlese, orus alymy A.P.Kowaleýwskiý ony Wolga boýlarynda ýaşan gadymy bulgar diýen türki halkyň adyna syrykdyrýar. Onuň pikiriçe, Syrderýa sähralarynda ýaşan gadymy türkleriň r sesine derek z sesini ulanýan toparynyň dilinde bu at şeýle ösüşi we üýtgeşmäni başdan geçiripdir: **bulgar** (a sesi gysga) **–bolgar-balgar-brgz-bargaz-burgaz-burkaz.**

Burkaz etnoniminiň manysy barada ýene-de käbir çaklamalary ýatlap geçeliň.

Burkaz ýaşulular, şeýle-de şu taýpadan çykan edebiýatçy alym Baba Weliýew **burkaz** sözüni "böri oguz" sözleriniň fonetik taýdan biraz üýtgän görnüşi hasap edýärler.

Ýene bir çaklama. Gadymy türki eýýamda (biziň eramyzyň başlarynda) Baýkal kölüniň kenarynda **bargutlar** diýen türki taýpa ýaşapdyr. Türkmenleriň ata-babalarynyň şol etrapda ýaşanlygyny nazara alsak, **burkaz** etnonimini bargutlar bilen baglanyşdyrmak hem maksada

laýykdyr. Bargut sözüniň burkaza geçişini bolsa dil nukdaýnazardan delillendirmek aňsat: **bargut-borgut-burgut-burgat-burgaz-burkaz**. Bargut sözüniň ahryndaky **–t,** burkazyň yzyndaky **–z (-s)** goşulmalary gadymy türki dillerde jemi, köplügi aňladypdyr.

Eger burkaz etnonimini **warkaz, gerkez, çerkez** sözleri bilen bir morfologik hatary düzýän at hasaplasak, onda ony **bur** we **kaz** diýen iki bölege bölmeli bolar, ýöne bu ýagdaýda bur sözüniň manysy düşnüksiz bolup galýar. Adyň yzyndaky kaz bölegi, biziň pikirimizçe, -k we –z diýen iki sany gadymy türki goşulmanyň biri-biri bilen sepleşip, kebşirlenip giden görnüşi bolsa gerek. Ol sözbaşyda sanalýan beýleki etnonimlerde hem gaýtalanýar: war-kaz, ger-kez, çer-kez.

Gökleňleriň düzüminde duş gelýän warkaz, gerkez, çerkez diýen etnonimler barada aýry-aýrylykda gürrüň edeliň (çerkez diýen tire ady ärsarylaryň lamma urugynda-da duş gelýär).

**Warkaz** diýen adyň **war** bölegi tekeleriň düzümindäki **war**, ýomutlaryň orsukçy urugynyň **waraň**, arabaçylardaky **warryk** diýen tire atlarynda-da gaýtalanýar. Gadymy türki taýpalar Baýkal we Mongoliýa etraplarynda ýaşan döwürlerinde warlar olar bilen goňşy oturypdyrlar, hatda türk kaganynyň warlar bilen urşandygy baradaky maglumatlar hem taryhda saklanyp galypdyr. VI asyrdan başlap warla türki taýpalaryň arasyna siňýärler.

Beýik Türk Kaganaty synandan soň, türki taýpalar günbatara ýöriş edýär. Aralyň boýlarynda olara huni (hinonit), war we ogor (ugr, wenrleriň ata-babalary) taýpalary gaýtawul berýärler. Biziň eramyzyň 558-nji ýylynda bular türki taýpalar tarapyndan basylyp alynýar. Soňra hioni we war taýpasy birleşip, awar diýen halky emele getirýär (ýeri gelende aýtsak, Kawkazdaky awar halkynyň ady şu söz bilen asyldaşdyr).

Beýik Magtymgulyny dünýä indiren gerkezleriň etnik adynyň **ger** bölegininiň manysy barada häzirlikçe biziň elimizde hiç hili tutaryk ýok. Bu söz Kaşgaderýa welaýatyndaky pamyk türkmenleriniň **gereň**, agar taýpasynyň düzümindäki **gerreý**, atalardaky **gerre** diýen tire atlarynda-da duş gelýär. **Ger** sözüniň **gir** görnüşi tekelerdäki **girdek, girjik,** ýemrelerdäki **girne**, ýomutlardaky **girraz**, atalardaky **girran** diýen etnonimleriniň düzüminde gaýtalanýar.

Ylmy çeşmeler tarapyndan tassyklanmaýan bolsa-da, biz **çerkez** diýen etnoniminiň asyl köki barada şeýle çaklamany hödürlemekçi: bu at

“goşun”, “esger” manysyndaky gadymy türki **çeri, çerik** diýen sözden we **köz** (belki-de, **-ez, -es**) goşulmasyndan durýar. **Çeri, çerik** sözleri Samarkartyň golaýyndaky Nurata türkmenleriniň **çerikli**, saryklaryň düzümindäki **çerli**, alili we atalardaky **çerri** diýen tireleriň atlarynda-da gaýtalanýar.

Alymlaryň käbirleriniň çerkes diýen etnik ady Azow kenarlaryndaýaşan gadymy kerket diýen halkyň ady bilen baglanyşdyrýandygyna seretmezden, biz Demirgazyk Kawkazdaky Garaçaý-Çerkes awtonom oblastynda ýaşaýan çerkesleriň etnik adynyň türkmen çerkezleriniň ady bilen asyldaş bolmagynyň mümkindigini hem ýatlamakçydyrys, çünki adygeý halkynyň çerkes diýen ikinji etnik ady olaryň türkleriň garamagynda bolan döwründe ýüze çykýar. Müsürde XII—XIII asyrlarda esasy harby güýç bolan we häkimiýeti basyp alan mamlýuklaryň özeni hem türklerden (türkmenlerden) we çerkeslerden ybarat eken. Şulary nazara alyp, adygeý halkynyň çerkes dýen adynyň gadymy türki çerik sözi bilen baglanyşdyrylmagy hakykata ýakyn bolsa gerek.

## BURUNJYK

Çowdur taýpasynyň bäş urugynyň birini burunjyklar düzýärler. Çowdurlaryň etnik taryhyny öwrenen alym G. Nyýazgylyjow bu etnonimi **burun** sözüne we kiçeltmekligi bildirýän **–jyk** goşulmasyna bölýär hem-de ony urug wekillerine ýasyja kiçijik burnuň mahsusdygy bilen baglanyşdyrýar. Belki, şeýledir. Ýöne bu ýerde iňkise goýýan başga bir zat bar, ol-da lakaý **özbekleriniň** düzüminde burundyk diýen tiräniň bolmagydyr. Şonuň üçin burunjyk we burundyk diýen etnonimleriň aslynyň bir kökden emele gelendigini hem inkär etmek bolmaz.

## BÜZMEÝINLI

Alilileriň ýüzbaşy bölüminde büzmeýinli diýen tire bar. Tekeler Ahaly eýelemezden (XVII—XVIII asyrlardan öň), alililer häzirki Aşgabat, Gökdepe we Bäherden raýonlarynyň territoriýasynda oturypdyrlar. Büzmeýin obasyndan Kaka göçüp gelen ilata-da büzmeýinli diýen at galypdyr.

## BÜKDÜZ

Orta asyr çeşmelerinde sanalýan 24 türkmen taýpasynyň biri-de bükdüzlerdir. Mahmyt Kaşgary ony 8-nji, Reşideddin 23-nji, Abylgazy hem 22-nji orunda goýýar. Bu awtorlaryň ählisi Bükdüzi Oguz hanyň Deňizhan diýen oglundan doglan ikinji ogluň ady hasaplaýarlar we Bükdüz diýen sözüň manysyny “hyzmatkär” diýip düşündirýärler. Reşideddin bu taýpanyň guşuny (ongonyny) çakyr diýip görkezse, Abylgazy onuň ütelgedigini nygtaýar.

Her niçik bolsa-da, bükdüzler häzirki Türkmenistanda uly yz galdyrmandyrlar. Ähtimal, olar seljuklar hereketi döwründe (XI asyrda) özlerini köpçülikleýin Türkiýe, Yrak, Siriýa ýaly ýurtlara atan bolmaga çemeli. Diňe tekeleriň we salyrlaryň düzüminde **bükri** diýen urug adynyň etimologik nukdaýnazardan **bükdüz** bilen asyldaş bolmagynyň mümkindigini hasap etmeseň, türkmen etnonimiýasynda bükdüz sözi duş gelmeýär.

## BÜRGÜT

Garabekewül raýonynyň Lamma obasynda ýaşaýan bekewül ärsarylarynyň bir urugyna bürgütler diýilýär. Bu urugyň gazan arygyna we oturan obasyna-da Bürgüt diýen at galypdyr.

Göräýmäge, bürgüt diýen etnonim öz-özünden düşnükli: bürgüt diýen güýçli guşy özüne totem (ongon) edinen urugyň ady. Ýöne gadymy türkleriň we mongollaryň arasynda **bargut**, gyrgyzlarda **burut**, XV asyrda Aral ýakalarynda ýaşan göçme özbekleriň düzüminde **burkut** diýen etnonimleriň bolmagy beýleki düşündirişiň hakykatdan üzňedigini görkezýär, çünki bir tipdäki atlar köp ýerde gaýtalansa, onda olaryň ýüze çykyşy tötänleýin bolman, eýsem kanunalaýyklygy emele getirýär.Indi dürli alymlar tarapyndan ýokarda sanalan etnonimleriň düşündilişine syn edeliň. Gyrgyz alymy S.M. Abramzon **bargut** diýen etnonimiň mongollaryň **bargu** taýpasynyň adyndan we köplük sanyň **–t** goşulmasyndan durýandygyny ýazýar. Başga bir gyrgyz alymy K.I.Petrow mongol-gyrgyz taýpasynyň ady bolan **burut** sözüni ikä bölüp, onuň **buru** sözüni böri bilen baglanyşdyrýar, **-t** bolsa köplük sanyň goşulmasydyr.

## BAŞBAGLY, BAŞÖÝLI, BÄŞURUG

Türkmenler köpçülikleýin Maňgyşlakda ýaşan döwürlerinde, olaryň bäş taýpadan: abdallardan, igdirlerden, çowdurlardan, söýünjajylardan we burunjaklardan ybarat uly toparyna **başbagly** diýlipdir. Bu at **bäş** diýen sandan we "tire, urug" manysyndaky **bag** sözlerinden durýar. Maňgyşlakda ýaşap geçen Hatam şahyryň goşgularyndan mälim bolşuna görä, bäşbaglylara **Bäşbagly Hesen** ýa-da **bäşöýli** hem diýlipdir. Bu ýerde **"öý"** sözi "taýpa" manysynda bolsa, **Hesen** sözi Esenili diýen etnonimiň gysgalan görnüşidir (bu barada öz ýerinde gürrüň bereris).

Kaşgaderýa welaýatynyň "Mübärek" sowhozynda ýerleşen Saryk obasynda ýaşaýan saryklaryň bäşöýli, salyrlaryň kiçiaga bölümindäki bäşurug diýen etnik toparlaryň at alşy hem bäşbagly etnonimindäki ýalydyr.

## GABYRDY

Ärsarylaryň uludepe bölüminiň bir urugy gabyrdylar bolup, olaryň wekilleri häzir Halaç raýonynyň Gyzylaýak obasynda we Hojambaz raýonynyň Beşir obasynyň Gabyrdy uçastogynda ýaşaýarlar. XIX asyrda Halaçda ýaşap geçen şahyr Abdyrahym Zynharynyň "Myhman gelendir" goşgusynda bu urugyň ady agzalýar:

*Halaç on urugnyň azy gabyrdy,*
*Aýagyny tel tutup eder tabyrdy.*

Gabyrdylaryň özleri däl-de, eýsem olaryň töwereklerinde ýaşaýan beýleki urug-tireleriň wekilleri bu etnik ady gabyrdamak diýen ses meňzetmesi bilen baglanyşdyrýarlar (gabyrdap gepleýänler), emma beýle düşündirişiň hakykat bilen asla dahyly ýok.

Biz gabyrdy diýen etnik adyň manysy barada iki çaklamany okyjylaryň dykgatyna ýetirmekçi. Birinji çaklama görä, bu urugyň ady XI asyryň birinji ýarymynda Mara häkimlik eden seljuk soltany Dawut Çagrybegiň ogly Imadeddin Gaward ýa-da Gawurd diýen şazadanyň adyndan emele gelipdir. Bu şazadanyň ýolbaşçylyk eden gynyk taýpasy şol döwürde Aral we Kaspi aralykdaky sähralarda oturypdyr. Mahmut

Gaznewiniň goşunlary 1040-njy ýylda Mary şäheriniň ýakynynda seljuk türkmenleri tarapyndan derbi-dagyn edilenden soň, Kiçi Aziýada, Kawkazda, Müsür, Siriýa, Yrak ýaly ýurtlarda Gaznewileriň eýelik eden mülkleri seljuk hökümdarlarynyň arasynda bölüşilýär. Çagrybegiň ogly Gawurda Eýrandaky Kerman etraplary ýetýär. Ol bu welaýata 1041—1073-nji ýyllar aralykda hökümdarlyk edýär.

Diýmek, gabyrdy urugynyň ady şazada Imadeddiniň **Gawurd** diýen adyndan we degişliligi bildirýän –y goşulmasyndan durýär. Bu goşulma sanjary, ýagmyry, surhy, ýabany ýaly ençeme türkmen etnonimleriniň ýasalmagyna hem gatnaşýar.

Biziň bu çaklamamyzy hakykata ýakynlaşdyrýan ýene bir fakt hem Halaçdaky **süleýman** urugynyň adydyr. Mälim bolşy ýaly, Süleýman Dawut Çagrybegiň üçünji ogly, Gawurdyň bolsa agasydyr. Bu iki againiniň atlarynyň soňra olaryň häkimlik eden ilatynyň etnik ady hökmünde ulanylan bolmagy gaty mümkindir.

Ikinji çaklama görä, gabyrdy diýen etnonim iki bölekden durýar. Onuň **gabyr** diýen bölegi hazar diýen gadymy türki halkyň **kabar, gabar** taýpasynyň adyndandyr, **-dy** goşulmasy bolsa **-ly, -li** affiksiniň fonetik öwüşginidir. Deňeşdiriň: Almaata şäheriniň gazakça ady hem “almaly” diýen manydadyr.

Hazarlaryň türkmenler bilen ýakyn aragatnaşykda bolanlygyny nazara alsak, onda gabyrdy diýen türkmen urugynyň hazar kabarlylary bilen asyldaş hasap edilmegi hakykatdan juda üzňe däldir.

Gawurd diýen adam ady ýa-da hazarlaryň gabyrdy taýpasy bilen asyldaş bolanlygyna seretmezden, gabyrdy diýen türkmen etnonimi bizi ýene bir Kawkaz halky bilen—Kabardy-Balkariýa respublikasynyň esasy ilaty bolan kabardylar bilen ýakynlaşdyrýar. Kabyrdylar (orusça kabardin) özlerine **kabardy** diýýärler. Nalçikdäki uniwersitetiň professory, ýerli alym Jemaldin Kokow, adygeý-çerkes dillerinde gepleýändigine seretmezden, kabardy we çerkes halklarynyň etnik adynyň türki sözlerden emele gelendigini, bu halklara hem türki halklaryň şeýle at dakandygyny gürrüň berdi. Bu pikir dogry bolsa, onda **gabyrdy** we **kabardy** etnonimleriniň şol bir türki sözden we goşulmadan emele gelip biljekdigine ynanmak mümkindir.

## GAGAUZ

Gepleşik dili boýunça azerbaýjanlar, türkler we türkmenler bilen birlikde türki dilleriň oguz toparyna degişli bolan gagauzlar Moldowa respublikasynyň günorta etraplarynda, esasan, Komrat (Goňrat) raýonynda, şeýle-de Ukrainada, Kawkazda, Gazagystanda, Bolgariýada, Rumyniýada ýaşaýarlar. Dini ynamlary boýunça olar hristian dinine uýýarlar. Bu halkyň etnik ady (gagauz) **gök oguz** diýen sözlerden gelipdir.

Alymlaryň käbirleri gök oguzlary Oguz hanyň Gökhän diýen oglunyň nebereleri, olaryň etnik adyny hem Gökhanyň adyndan emele gelen hasaplasa, beýlekiler (meselem, türk alymy Ibrahim Kafesoglu) olary Altaý daglarynyň gündogarynda, Ýarkentde, Kaşgarda baryp VI asyrda Bumyn diýen imperatoryň baştutanlygynda güýçli döwlet düzen **gök türkleriň** galyndylary diýen pikire uýýarlar.

Türki etnonimiýada gök sözi tarapy (esasan, gündogary) hem bildirýär. Akademik A.N. Kononowyň pikiriçe, Beýik Türk Kaganatynyň gündogar tarapynda ýerleşen taýpalara (ähtimal, oguzlaryň bir bölegine) **gök türkler** (ýagny “gündogar türkler”) diýen at berlipdir. Taryhda olaryň guran döwleti hem Gündogar Türk Kaganaty diýen at bilen bellidir.

## GAGŞAL

Tekeleriň togtamyş bölüminiň bir urugy bolan gagşallaryň etnik ady **gök şal** ýa-da **gök sal** sözlerinden emele gelipdir. Muny gadymy türki argyn diýen taýpanyň düzüminde köksal ýa-da kökşal diýen etnonimiň bolandygy bilen delillendirmek mümkin (argynlar soňra göçme özbekleriň we gazaklaryň düzümine siňipdirler). Türkmen dilindäki resgessiw assimilýasiýa, ýagny öňdäki sesiň yzdaky sese uýgunlaşmagy netijesinde gökşal diýen at gagşal görnüşine geçipdir. Gagauz diýen halk adynyň aslynda gök oguz bolandygy hem muny tassyklaýar.

Türki etnonimiýada gök sözüniň aňladýan manysy barada biz gökli, gökleň diýen atlar baradaky makalada giňden gürrüň bereris. Gagşal diýen etninimiň ikinji bölegi iňňän gadymy sal, şal diýen türki taýpanyň adyna syrygýar (bu barada salak, salyr etnonimleriniň düşündirişine serediň).

## GAJAR

Eýranda ýaşaýan gajarlaryň aglabasy häzir pars dilinde gepleşýän bolsa-da, olar aslynda türki taýpanyň wekilleridir. Taýpa hökmünde türki (türkmen) we parsy taýpalaryň gatyşmagy netijesinde Eýranyň we Horasanyň territoriýasynda kemala gelen gajarlar XV—XVI asyrlarda gyzylbaşlaryň esasy özeni hasaplanyp, şa Ysmaýyl Hataýynyň ýolbaşçylygynda Sefewiler döwletini berkarar etmäge işeňňir gatnaşypdyrlar. Şa Apbas I döwründe gajarlaryň bir bölegi Kawkazda, ikinji bölegi Maryda, üçünjisi hem Gürgen derýasynyň boýunda oturypdyr, hatda Baýramalyda hanlyk eden we 1785-nji ýylda Buhara emiri Şamyrat Welnamy tarapyndan öldürilen Mary hany Baýramaly hanyň hem asly gajarlardan bolupdyr, XVIII asyrda bu taýpa has güýçlenip, gajarlar dinastiýasyny döredýärler.

Musulman patyşalarynyň şejeresini yzarlan alym K.E. Boswort gajarlary türkmen hasaplaýar. Bu ýöne ýerden däl bolsa gerek, çünki gajar diýen urug ýa-da tire atlary alilileriň, gökleňleriň, demirgazyk ýomutlaryň we olamlaryň düzüminde saklanyp galypdyr.

Gajar diýen adyň asyl köki we manysy barada häzirlikçe biziň elimizde hiç hili tutaryk ýok, ýöne türki etnonimleri ütç edip öwrenen orus alymy D.E.Ýeremeýewiň bu baradaky pikiri bellenmäge mynasypdyr. Ol **gajar** diýen etnonimi gadymy hazar diýen türki halkyň adynyň üýtgän görnüşi hasaplaýar.

## GAZAK

Dürli türki taýpalaryň birleşmegi netijesinde Gazagystanyň we Orta Aziýanyň giň sähralarynda XV—XVI asyrlarda tutuş millet derejesine ýeten halka türkmen dilinde gazak, **gazak** dilinde **kazak**, orus dilinde **kazah** diýilýär (orus kazaklaryndan tapawutlandyrmak üçin, orus dulindäki termin sowet döwründe kabul edildi). Maňgyşlakda we beýleki ýerlerde ýaşaýan türkmenleriň gazak halkynyň arasyna siňip gidişi ýaly, dürli taryhy döwürlerde gazaklaryň ululy-kiçili bölekleri hem türkmenleriň düzümine aralaşypdyr. Muny baýat, saryk, teke, hatap, änewli taýpalarynyň arasynda gazak atly urug-tireleriň duş gelýändigi hem tassyklaýar. Ýöne gazak diýen türkmen tireleriniň ählisini gazak

halky bilen baglanyşdyrmak nädogry bolar, çünki türkmenlerde Gazak sözi erkek ady hökmünde ýörgünlidir. Diýmek, Gazak sözi tirebaşynyň ady bolup biler. Muňa mysal getirmek hem mümkin. Ýemrelileriň düzümindäki gazak tiresiniň ady XVIII asyrda Ahaldan Daşhowuz etraplaryna göçüp gelen taryhy şahsyň—Ugurly Gazagyň ady bilen baglanyşyklydyr.

Eýsem, gazak sözüniň manysy näme? Bu barada alymlaryň arasynda dürli pikirler bar. Şolaryň käbirini ýatlap geçeliň.

1. Etnonim “erkin”, “özbaşdak” manysyndaky gazak-kazak diýen türki sözden bolup, ol bu halkyň erkinligini, göçüp-gonup ýörmegi, özbaşdaklygy, hiç kime tabyn bolmazlygy söýýänligi bilen baglanyşdyrylýar. Käbir türki halklar (meselem, kaşgarlylar) öýlenmedik (erkin) ýigitlere kazak ýigit diýýärler. Bu pikiri rus kazaklarynyň ady hem tassyklaýar (rus kazaklarynyň we gazak halkynyň etnik atlary aslynda şol bir türki sözden emele gelipdir). Rus knýazlaryna boýun egmän, serhetiň çet-çemerelerine çykan ilata kazaklar diýlipdir.

2. Z.Ş. Nawşirwanowyň we käbir beýleki alymlaryň pikiriçe, gazak we kazak sözleri türki gaçak (ýagny han-beglere boýun egmän, öz ilinden gaçyp çykan) sözündendir.

3. Gazak alymy Aýtym Abdyrahmanowyň pikiriçe, gazak at iki bölekden durýar: gaz—gadymy taýpa ady we sak—Gazagystanyň territoriýasynda ýaşan gadymy saklaryň etnik ady.

Ýokardaky pikirleriň haýsynyň hakykata laýyk gelýändigine seretmezden, gazak we kazak diýen etnik terminler aslynda bir türki sözden emele gelipdirler.

## GAZAN

Ärsarylaryň gara bölüminiň, salyrlaryň ýagyr we saryklaryň gojaly uruglarynyň düzüminde gazan diýen urug-tireler duş gelýär, hatda Garabekewül raýonynda şu urugyň ady dakylan **Gazan** atly oba we **Gazanaryk** diýen ýap hem bar. Etnograf alym Ata Jykyýewiň işlerinde salyr türkmenleriniň uly atasyna (legendar taýpabaşysyna) Gazan han ýa-da Salyr Gazan diýilýändigi bellenýär. Bu alymyň pikiriçe, Gazan han ýa-da Gazan alp IX asyryň ikinji ýarymynda ýaşap, türkmenleriň bir bölegini yslam dinine salan şahsdyr. Aslynyň salyrlardan bolany üçin, ol

öz adyna Salyr sözüni hem goşupdyr (Salyr gazan ýa-da Gazan Salyr).

Abylgazynyň “Türkmenleriň şejeresi” diýen kitabynda Gazan atly taryhy şahslaryň ikisiniň ady tutulýar. Olaryň biri Gazan beg bolup, ol orta asyrlarda Syrderýa boýlaryndan Maňgyşlaga göçen türkmenlere (esasanam, salyrlara) baştutanlyk edýär. Ikinjisi salyr ilinden Enkeş diýen adamyň Jäjekli diýen aýalyndan doglan Gazan Salyr ýa-da Gazan alpdyr. Şeýle maglumatlara salgylanyp, alymlaryň aglabasy gazan diýen türkmen taýpasyna Gazan diýen tirebaşynyň adynyň geçendigini tassyklaýarlar. Ärsary we salyr dialektlerinde Gazan diýen erkek adynyň häli-häzire çenli ýörgünlidigini, tatar we Altyn Orda hanlyklarynda-da Gazan atly hanlaryň bolandygyny hazara alsak, bu pikir hakykatdan juda üzňe-de däl. Ýöne gazak alymy A.Abdyrahmanow we tatar dilçisi G.F. Sattarow dagy gadymy türklerde **gaz** (ýa-da **haz**) diýen taýpanyň bolandygyny, bu sözleriň **gazak** we **hazar** etnonimleriniň düzüminde duş gelýändigini belleýärler. Bu pikire esaslansak, **gazan** diýen etnonim **gaz** sözünden we jemi, köpçüligi bildirýän **–an** goşulmasyndan durýar.

Ýokardaky pikirleri tassyklamaga ýa-da inkär etmäge biziň elimizde tutaryk ýok, ýöne Wolga boýunda ýaşan gadymy bulgarlaryň düzüminde-de gazan diýen taýpanyň bolandygy mälim. Gazan diýen taýpanyň ýa-da urugyň ady bilen baglanyşykly ýer-ýurt atlary Krymda-da duş gelýär. Orus alymlaryI.N. Lezina we A.W.Surepanskaýanyň tassyklamaklaryna görä, bu toponimler hut türkmenleriň **gazan** taýpasynyň adyny göterýärler. Eýsem, gadymy Bulgrystana we Kryma gazanlar nähili düşdükä? Muňa jogap bermäge synanyşalyň.

Biziň pikirimizçe, Beýik Türk Kaganaty (imperiýasy) dagandan soň, beýleki türki taýpalar bilen birlikde gazan türkmenleriniň bir bölegi (belki, ulu bölegi) Wolga boýlaryndaky Bulgarystana aralaşýar. Soňra olar häzirki tatar, bolgar ýaly halklaryň arasyna siňip gidýärler. Tatarystanyň paýtagtyna Gazan (orusça Kazan) diýilmegi ýöne ýerden däl. Bu şäheriň adynyň manysy barada dürli çaklamalaryň bardygyna seretmezden, oňa gadymy Bulgariýa aralaşan gazan türkmenleriniň adynyň geçendigine şübhe bolup bilmez. Muny tatar taryhçysy H.W. Ýusupow gös-göni ykrar edýär.

Taryhy işlerden mälim bolşuna görä, seljuklaryň hereketi döwründe Türkiýä we Kawkaza aralaşan türkmenleriň (esasan hem salyrlaryň) bir bölegi 1263—1264-nji ýyllarda Saltyk babanyň baştutanlygynda

Kryma aralaşýar. Muny bu ýerdäki Salgir (Salyr) diýen derýänyň ady we salyrlaryň tire adyndan emele gelen beýleki toponimler hem tassyklaýarlar. Şol salyrlaryň arasynda **gazan** urugynyň wekilleri hem bolandyr diýip çaklamak gerek. Soňra bu ýere gelen salyrlar we beýleki türkmen taýpalary türki we türki däl taýpalar bilen gatyşyp, Krym tatarlary diýen diýen etnik topary emele getirýärler. Krym tatarlarynyň diliniň türkmen diline juda ýakynlygyny hem Krym tatarlarynyň düzüminde türkmenleriň uly ornu eýeleýändigi bilen düşündirmek bolar.

Diýmek, häzirki ärsary, salyr we saryk taýpalarynyň düzüminde duş gelýän gazanlaryň iňňän gadymy türki (türkmen) taýpasydygyny bellemek bilen, onuň türkmen ganyny tatar (esasan hem Krym tatarlary), bolgar, belki-de çuwaş, wengr halklarynyň gany bilen gatyşdyranlygyny, garyndaşlaşdyranlygyny unutmaly däldiris.

## GAZARÇY

Dänew, Çärjew we Farap raýonlarynda, şeýle-de Buhara welaýatynyň Alat, Garaköl we Swerdlow raýonlarynda ýaşaýan salyrlaryň düzüminde **gazarçy** diýen urugyň adyna duş gelinýär. Biziň çaklamamyza görä, bu etnonim **hazar** diýen türki halkyň adyndan we **–çy** goşulmasyndan durýar. Türkmen etnonimiýasynda -çy,-çi goşulmasy **-ly, -li** ýerine ulanylýar we ol degişliligi, ýagny şu iliň haýsy uruga, tirä degişlidigini aňladýar (deňeşdiriň: gulanly-gulançy, hywaly-hywaçy we ş. m.).

Hazarlar gunlaryň ýörişlerinden soň Gündogar Ýewropada dörän türki dilli halk bolup, olar VII asyryň ortalarynda Hazar kaganlygyny (döwletini) döredýärler. Bu döwlet Wolganyň aşak akymlaryny, Demirgazyk Kawkazyň gündogar bölegini, VII asyrda bolsa Krymyň köp bölegini, Azow deňziň ýakalaryny, şeýle hem Gündogar Ýewropanyň Dnepre çenli ýaýylyp ýatan giň sähralaryny eýeleýär. 735-nji ýylda hazar goşunlary araplardan ýeňilýär. 895-nji ýylda Gara deňziň Hazarystana degişli ýerini peçenegler eýeläp, bu ýerdäki hazarlary Dunaýa (häzirki Wengriýa) tarap kowýarlar. X asyryň 60-njy ýyllarynda orus knýazy Swýatoslaw Igorýewiç Wolga boýundaky hazarlary derbi-dagyn edýär. Netijede, X asyryň aýagynda Hazar döwleti synýar, onuň ilaty bolsa çuwaşlaryň, tatarlaryň, şeýle-de Gara deňzi, Kaspi boýlarynda ýaşaýan türki we türki däl halklaryň arasyna siňip gidýär. Olaryň bölekleri

türkmenleriň düzümine-de aralaşypdyr, çünki Hazar kaganlygy Horezm döwleti bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyr (bu barada Hydyrili etnonimine bagyşlanan makalada-da gürrüň ederis). Şu ýerde türki halklar arasynda Kaspi deňziniň Hazar deňzi adynyň ýörgünlidigini hem ýatlalyň (Jeýhun bilen bahry-Hazar arasy—Magtymguly).

Diýmek, gazarçy (ýagny hazarly) diýen etnik at XI asyrda, salyrlaryň Maňgyşlak we Balkan etraplarynda ýaşan döwürlerinde dörändir diýip çaklamak hakykata ýakyn bolsa gerek.

## GAZAÝAKLY

Rim sifri V-iň ýa-da latyn harpy V-niň iki şahasynyň ortasyndan dikligine göni çyzyk çekiň. Ol gumaksy ýerde guşuň (gazyň) basyp giden yzyny ýada salar. Şeýle görnüşdäki tagma türki halklar **gazaýak tagmasy**, oňa eýelik edýän uruga ýa-da taýpa hem **gazaýakly** diýýärler. Gazaýaklylar başgyrtlaryň, özbekleriň düzüminde-de bar. Ýöne ýazuw çeşmelerinde bellenişine görä, gazaýak tagmasynyň hakyky eýeleri salyr türkmenleridir. XI asyr alymy Mahmyt Kaşgarydan başlap XVII asyr taryhçysy Abylgaza çenli bu taýpanyň tagmasynyň gazaýakdygy nygtalýar we olaryň eserlerinde şol tagmanyň surat hem getirilýär. Tagmasyna görä salyrlaryň gazaýaklylar diýen ikinji ady hem ýörgünli bolupdyr. Diýmek, gazaýakly diýen türkmen tireleriniň aslynda salyrlara degişli etnik toparlardygyny çekinmän aýtmak mümkin. Meselem, XI asyrdaky seljuklar hereketi döwründe Syrderýa boýlaryndan Maňgyşlaga göçmän, Samarkant welaýatyndaky Nurata daglarynda galan türkmenlere **Nurata türkmenleri** ýa-da **gazaýaklylar** diýilýär, çünki olaryň aglabasy salyrlardyr. Çärjew raýonyndaky gazaýaklylar hem salyrlaryň bir bölegidir. Stawropol ülkesindäki igdirleriň düzüminde-de gazaýakly diýen tire bar. Adyndan çen tutsaň, bu tire hem salyrlardan igdirleriň içine aralaşan bolmaly.

Etnograf alym Ata Jykyýew Maňgyşlakda türkmenleriň gadymy ýaşan ýerlerinde galdyrylan maddy we medeni ýadygärliklerini öwrenmek maksady bilen etnografik ekspedisiýada bolanda, jaýlara, tamdyrlara, guýulara çekilen tagmalaryň şekilleri boýunça salyrlaryň ýaşan ýerlerini anyklady. Olarda-da hut gazaýak tagmasy suratlandyrylypdyr.

Türki halklarda, şol sanda türkmenlerde tagmasynyň şekili, görnüşi

boýunça atlandyrylan aýtamgaly, goştamgaly, jylantamgaly, goldagly ýaly etnonimler sanardan kän. Biz bu meselä ýene ençeme gezek dolanjakdygymyz üçin, şu makalada **tagma** sözüniň ýüze çykyşy, manysy we ähmiýeti barada gürrüň etmegimiz gerek.

Türki halklaryň ählisinde, şeýle-de aglaba türkmen dialektlerinde **tagma** we **tamga** görnüşinde ulanylyp, ol şu dillerden pars-täjik we slowýan (orus) dillerine-de aralaşypdyr. Bu söz iňňän gadymy döwürlerde, türk-mongol dilleriniň tungus-manjur dilleri bilen özbaşdak diller hökmünde aýrylyşmadyk eýýamynda döräpdir, muny tungus-manjur dillerinde **ta** sözüniň **“dag”, tamaga, tamagan** sözüniň **“tagma”** manylarda ulanylýandygy hem tassyklaýar. **Tagma** we **daglamak** sözleri bolsa aslynda bir kökden emele gelipdirler. Olar gyzan demir arkaly mallaryň daglanmagy, tagmalanmagy bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr.

**Dag** sözi **tagma** manysynda türkmen dilinde häzir hem aktiw ulanylýar. Muny bir mataldan alnan şu setirler hem tassyklaýar:

*Bir at aldym segsene,*
*Segsen ýeriniň dagy bar.*
*Bir gulagy çürt kesik,*
*Bir gulagynyň çägi bar.*

Bir taýpanyň malyny beýlekiniňkiden tapawutlandyrmak, mallar gatyşaýanda-da olary saýlap almak maksady bilen her taýpa özüne mahsus tagma alypdyr. Çarwa halklara mahsus bolan bu däbiň kämilleşen görnüşi biziň sowet döwrümizde-de ulanylýar—kolhoz-sowhoz mallarynyň gulagyna nomerlenen ýa-da ýazgysy bolan teneçir dakylýar.

Her taýpanyň we urugyň aýry-aýry tagmalarynyň bolmagy, köp asyrlaryň dowamynda onuň üýtgewsiz saklanmagy halklaryň etnografiýasyny öwrenmekde juda uly ähmiýete eýedir. Şonuň üçin Mahmyt Kaşgary, Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar baba, Abylgazy ýaly orta asyr alymlarynyň. N.A.Aristow. N.G.Malliskiý, D.N.Sokolow, G..I. Karpow, R.G.Kuzeýe ýaly orus we sowet alymlarynyň işlerinde tagmalar ýörite öwrenilýär. D.N. Sokolow şu asyryň başlarynda tagmalaryň gadymy türki elipbeýiň harplary bolaýmagynyň mümkindigi baradaky çaklamany öňe sürdi. Türkmen alymy Ahmet Bekmyradow özüniň

“Andalyp we oguznamaçylyk däbi” diýen kitabynda agzalan alymlaryň tagma baradaky pikirlerini düýpli öwrenip, 24 türkmen taýpasyna mahsus bolan 24 tagmanyň gadymy oguz elipbiýine dogry gelýändigini, haýsy tagmanyň haýsy harpdan emele gelendigi baradaky has hem batyrgaý çaklamasyny ylymda ilkinji gezek ora atdy.

Diýmek, türki halklaryň (umumy çarwalaryň) gadymy durmuşyny öwrenmekde tagmalar we olar bilen baglanyşykly etnonimler juda ähmiýetli ylmy çeşmedir.

## GAÝRAKÇY

Daşkent welaýatynyň Akgorgan raýonynyň “Akgorgan” sowhozynda türkmenleriň uly topary ýaşaýar. Bu türkmenler 1930—1931-nji ýyllarda baýlar we kulaklar hatarynda Türkmenistanyň dürli raýonlaryndan Mürzeçöl etrapyna göçürilen, sürgün edilen ilat bolup, olaryň aglabasy saragtly salyrlar, sowhozyň bir uçastogy çärjewli salyrlar, galanlary hem Tejenden, Gazanjykdan we beýleki ýerlerden gelenlerdir. Ökde pagtakärler hökmünde özüni tanadan bu ilatdan Özbegistanyň at gazanan oba hojalyk işgärleri, agronomlar, mugallymlar, wraçlar, dört sany ylymlaryň doktory, onlarça kandidatlar, sowet we partiýa işgärleri ösüp ýetişdiler.

Urug-tire bölünişigini ýadyndan çykaran özbekleriň, türkleriň, tatarlaryň gurşap alandygyna seretmezden, bu türkmenler özlerini şiwe aýratynlygyny, özboluşlylygyny, urug-tire atlaryny şu wagta çenli saklapdyrlar. Urug-tire atlarynyň arasynda gaýrakçy diýen tire hem bar. Onuň ady Çärjew oblastynyň, şeýle-de Özbegistanda ýaşaýan türkmenleriň gepleşigine mahsus bolan **gaýrak** sözünden we kesp-kär bildirýän **–çy** goşulmasyndan durýar. Bu gepleşiklerde **gaýrak** sözi “çalgydaş”, **gaýramak** işligi hem “çalmak”, ýagny kütelen tyglara, pyçak, palta ýaly gurallara ýüze çykarmak, ýiteltmek diýen manylary aňladýar. Bu tiräniň wekilleri geçmişde şeýle hünär bilen meşgullanypdyrlar. Şu obaly, Özbegistanyň at gazanan mekdep mugallymy Kirli Patarowyň aýtmagyna görä, gaýrakçylaryň içinde öz gadymy kärini dowam etdirýänler häzirem bar.

# GAÝY

Oguz türkmenleriniň iň irki we güýçli taýpalarynyň biri gaýylardyr. Mahmyt Kaşgarynyň sanawynda ol gynyklardan soň ikinji orunda durýar, Reşideddiniň, Abylgazynyň we beýleki orta asyr alymlarynyň eserlerinde bolsa bu taýpa birinji orna geçýär. Diýmek, XI asyrda gynyklar iň güýçli, agalyk ediji, adam sany boýunça hem agdyk taýpa bolan bolsa, soňra bu orny gaýylar eýeleýär. Hatda türkmen klassyk şahyrlarynyň döredijiliginde-de gaýylar we baýatlar ilbaşy saýylýar. Mollanepesiň "Äleme gelgeý, gelmegeý" goşgusyndan alnan şu setirlere üns beriň:

*Il başy gaý-u baýat, ymykly, agar, arabaçy,*
*Nerezimde bir seniň dek ýa-ha bolgaý, bolmagaý.*

Häzirki Türkmenistanyň territoriýasynda gaýylar özbaşdak taýpalygyny ýitirip, urug hökmünde gökleňleriň we baýatlaryň düzümine goşulypdyrlar, çünki bu taýpanyň aglabasy seljuk ýörişleri döwründe Türkiýe, Eýran, Yrak, Siriýa we Kawkaz ýurtlaryna aralaşypdyrlar. Türk alymy, professor Faruk Sümeriň "Oguzlar (türkmenler)" diýen kitabynda ýazylyşyna görä, Türkiýäniň Anadolu welaýatynda 25 sany oba gaýylaryň etnik ady dakylypdyr. XVI asyrda şeýle obalaryň sany 94 eken.

Reşideddin we ondan soňky orta asyr alymlarynyň ählisi Gaýy sözüni Oguz hanyň uly ogly Günhanyň birinji perzendiniň ady we şondan dörän taýpa hasaplaýarlar, gaýy sözüniň manysyny "mäkäm" diýip düşündirýärler, ähtimal, olar **gaýy** we **gaýym** sözleriniň bir kökden dörän hasap eden bolsalar gerek.

Biz gaýy sözüniň manysyna düýbünden başga tarapdan çemeleşmekçi. Dünýä halklarynyň köpüsinde, şol sanda türki halklarda iňňän irki etnonimler "adam", "garyndaşlar", "tire", "urug" ýaly manylardaky adaty sözlerden emele gelipdiler. Gaýy taýpasy hem "garyndaş" manysyndaky gadymy türki **gad-gaz gaý** sözünden gelip çykan bolsa gerek (türki dillere **d-z** we **z-ý** ses çalşygy mahsus fonetik hadysadyr. Deňeşdiriň: adak-azak-aýak). Orhon-Ýeniseý türki ýazuw ýadygärliklerinde duş gelýän **gadyn**, XI asyrda ýazylan "Kudadgu bilik"

diýen eserdäki **gazyn**, häzirki türkmen dilindäki **gaýyn** sözleri şol **gad-gaz-gaý** sözlerinden emele gelip, “aýalyň atasy”, “gaýyn” we “garyndaş” ýaly manylary aňladypdyr. Mahmyt Kaşgary **gadaş** we **gazaş** sözlerini “garyndaş” manysynda ulanypdyr. Umuman, gadymy **gadaş** sözi soňra türkmen dilinde üýtgedilip, has dogrusy, manysy düşnükli sözler bilen çalşyrylyp, **gardaş** we **garyndaş** görnüşine geçipdir (garyndaş—bir garyndan çykan). Eger şu çaklamamyz dogry bolsa, onda gaýy sözüniň yzyndaky **–y** (ýa-da **–yk**. Mahmyt Kaşgary bu ady kaýyg görnüşinde ulanypdyr) jemi, köplügi, degişliligi bildirýän gadymy türki goşulmadyr. Netijede, **gaýy (kaýyg)** diýen etnonim “garyndaş topary”, “gan garyndaşlardan dörän il” ýaly manyda ýüze çykypdyr.

## GALMYK

Galmygystana at beren we mongol diliniň günbatar şiwelerinde gepleýän galmyk halky irki döwürlerden başlap türkmenler bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyrlar. XVI—XVII asyrlarda türkmenleriň Maňgyşlakda ýaşaýan döwründe bu gatnaşyk has ösüpdir. Stawropol ülkesine we Astrahana göçen türkmen galmyklaryň agalygynda, hatda olar bilen gatyşyp ýaşapdyrlar. Bu ýygy gatnaşyklar türkmen etnonimiýasynda çuň yz galdyrypdyr. Meselem, häzirki ata, gökleň, ýomut, sakar, çowdur we ärsary taýpalarynyň düzüminde galmyk atly urug-tirelere diş gelinýär. A.A.Rosklýakow olary hut türkmenleriň içine siňip giden galmyklar hasap edýär.

Alymlaryň köpüsi gadymy oýratlara soňra dakylan **galmyk** (kalmyk, kalmak) diýen etnik ady galmak diýen türki söz bilen baglanyşdyrýarlar. Olaryň pikiriçe, başga dine geçmän, butparaz, köp hudaýlylyk ymanynda galan oýratlara **galmyk**, ýagny “öňki dininde galanlar” diýip at beripdirler. Ýerli alym W.P. Dabrakowa bu ady düýbünden başgaça düşündirýär: galmyk sözi bolan **halmg** “gatnaşyk”, “garylan” diýmekdir, ýagny “beýleki orrat we türki taýpalar bilen gatyşan il”.

## GALPAK, GARAGALPAK

Türkmen bilen gan garyndaş bolan we irki eýýamlardan bäri goňşuçylykda ýaşaýan halkyň **garagalpak** diýen ady bar. Bu halkyň

öz şahyrana döredijiliginde, gazak, nogaý, şeýle-de türkmen dillerinde we bu halklaryň klassyk edebiýatlarynda **garagalpak** diýen etnonim bilen birlikde, onuň galpak görnüşinde gysgaldylyp ulanylyşyna-da duş gelinýär. Seýdiniň “Tapylmaz” goşgusyndan alnan “Sähran, işin, nogaý, galpak, gazakda” diýen setir hem muňa mysal bolup biler.

Garagalpak diýen adyp gelip çykyşy we aňladýan manysy barada alymlaryň arasynda birlik ýok. Bu barada aýdylan zatlary gysgaça jemläp, biz bu babatda gelen netijämizi okyjylaryň dykgatyna hödürlemekçi.

Garagalpaklar ilki häzirki ýaşaýan ýerinde (Garagalpagystanda) däl-de, günorta Orsyýetiň sähralarynda, ýagny Wolga we Don boýlarynda taýpa, halkyýet hökmünde ýüze çykan bolmaga çemeli, çünki olaryň ady orusça **çýornye klobuki** görnüşinde ilkinji gezek Kiýew senenamalarynda duş gelýär (1146—1192-nji ýyllar).

Wolga, Don boýlarynda, häzirki döwürde Günorta Orus sährasy diýip at berilýän giň territoriýada biziň eramyzyň başlarynda-da türki taýpalaryň ýaşandygy mälim. Beýik Türki Kaganat synandan soň, türki halklaryň bu etrapa göçe-göçlügi giň gerime eýe bolýar, hatda olar bu ýerde Bulgarystan we Hazarystan diýen kuwwatly döwletleri hem döredýärler. Şol döwür orus senenamalarynda tork (türk), torkman (türkmen), uz (oguz), peçeneg, berendeý, kuman, çýornye klobuki ýaly türki taýpalaryň öwran-öwran gaýtalanýar. Reşideddiniň “Taryh ýygyndysy” (“Jem-i at-tawarih”) diýen eserinde-de (XIV asyr) **kaum-i kulah-i siýah** diýen etnonim duş gelýär. Ol garagalpak diýen adyň parsça terjimesidir (garagalpak kowumy). Ynha, şu çeşmelerde ýatlanýan şu kowum (garagalpaklar), köp alymlaryň pikiriçe, peçeneg-hazar birleşigini emele getiren türki (türkmen) taýpalarynyň şu etrapdaky gypjak (nogaý) taýpalary bilen gatyşmagyndan emele gelipdir.

Professor P.P. Iwanowyň pikiriçe, Horezm şasy Altyntaşyň hyzmatyndaky nökerleriň bir bölegi gar galpak (gara başgap) geýendigi üçin, ilki şol nökerler, soňra olaryň degişli taýpasy garagalpak diýen at alypdyr.

Garagalpak alymy we ýazyjysy Daulen Aýtmuratow garagalpak etnoniminiň aňladýan manysyny düýbünden başgaça düşündirýär. Gadymy türkleriň erkekleri depesinde ýa-da ýeňsesinde saç goýupdyrlar, ol saçy örüp goýberenleri hem bolupdyr. Şonuň üçin, D.Aýtmratowyň pikiriçe, bu at “gara galpak” diýen sözleriň birneme üýtgän görnüşidir.

Öz sözlerini delillendirmek üçin, ol garagalpak şahyry Berdahdan şu goşgyny mysal getirýär:

*Mäliktiň ugly Razyhak,*
*Ýaşlygynda koýdy gulpak,*
*Keýgen eken kara kalpak,*
*Şundyn "Kalpak" bolgan eken.*

Sözümiziň ahyrynda tekeleriň togtamyş bölüminde galpak diýen tiräniň bardygyny hem ýatladýarys.

## GAPAN

Ärsary, gökleň, ýemreli we teke taýpalarynyň düzüminde gapan diýen urug-tirelere duş gelinýär. Bu etnonimiň **Gapan, Kapan, Kafan, Kopan** görnüşlerinde Azerbaýjanda, Ermenistanda, Dagystanda, Gazan hanlygynda, Ukrainada hem duş gelýändigini, alymlaryň bu atlary oguzlaryň peçeneg taýpasynyň gapan urugy bilen baglanyşdyrýanlygyny nazara alsak, onda gapan atly urug-tireleriň ählisiniň bir kökden ýaýrandygyny bellemek bolar. Gapan taýpasy gadymy türki eýýamda, peçenegleriň entek beýleki türkmen taýpalary bilen bir ýerräkde oturan döwri döräpdir. Peçenegler bilen gadymy Bulgarystana gaýdan gapanlar Kawkazdaky we Ýewropadaky gapanlary giň territoriýa ýaýradan bolsalar, olaryň Orta Aziýada galan bölekleri häzirki türkmenleriň we özbekleriň düzümindäki gapan diýen tiräni emele getiripdirler.

Gapan etnoniminiň gaty irkidigine ýene bir delil getirmek mümkin. Beýik Türk Kaganatynda 691—716-njy ýyllarda höküm süren uly hana (Gutlug kaganyň inisi, Kültegin we Bilge kaganyň daýysy bolan şahsa) Gapagan ("gapan", ýagny "jezalandyryjy") diýlipdir. Şu hanyň ýakynlaryna onuň adynyň geçen bolmagy hem ähtimaldyr.

## GARA, AK

Ärsarylaryň uly dört bölüminiň biri **garalardyr**. Olaryň we bekewülleriň ýaşaýandygy üçin, Garabekewül raýonyna-da şu etnik toparlaryň atlary dakylypdyr. **Gara** diýen urug-tireler arabaçy, garadaşly,

gökleň, ýomut, olam, sakar, salyr, teke, çowdur, şyh ýaly ençeme taýpalaryň, **ak** diýen urug-tireler hem ýomut, gökleň, teke we ärsary taýpalarynyň düzüminde duş gelýärler. Umuman, türki etnonimiýada **ak** we **gara** sözleri iňňän ýörgünli bolup, olar ikä bölünen bir taýpanyň ýa-da urugyň şol böleklerini tapawutlandyryjy söz hökmünde hem ulanylýarlar. Meselem: ak goňur—gara goňur, ak goýunly—gara goýunly, ak guraýyş—gara guraýyş, akman—garaman we ş.m.

Şeýle atlardaky **ak, gara**, hatda **gök, sary, gyzyl** ýaly reňk aňladýan sözleri alymlaryň aglabasy reňk bilen däl-de, şol ady göterýän etnik toparlaryň ýerleşýän taraplary bilen baglanyşdyrýarlar, çünki bu sözler dünýäniň köp dillerinde diňe reňki däl, eýsem belli-belli tarapy hem bildirýärler. Meselem, Altyn Orda etnonimiýasynda **ak** sözi “gündogar” (Ak Orda—“gündogar Orda”), Krymda “günorta”, türki we mongol halklarynda **gara** sözi “günbatar” ýa-da “demirgazyk”, **gök**—“gündogar”, **sary**—“merkezi” ýa-da “demirgazyk” ýaly taraplary aňladypdyr. Şonuň üçin, **ak** we **gara** sözleriniň aýyklaýan sözleriniň düşüp galmagy netijesinde, olaryň diňe özüniň soňra etnonime öwrülen bolmagy ähtimaldyr.

“Tuwa taryhynyň” awtorlary türki etnonimiýadaky **ak** we **gara** sözlerini gadymy gunlaryň harby tertibi bilen baglanyşdyrýarlar. Gunlar atly goşunlaryny dörde bölüp, olary tarap atlary bilen atlandyrypdyrlar. Meselem, goşunyň günbatar tarapy aklar, demirgazyk ganatyna garalar diýlipdir. Olar öz adyna laýyk reňkli atlary münüpdirler.

Gara diýen türkmen etnonimi Abylgazy Ärsary baýyň Zeýnelgazy diýen oglundan bolan agtygynyň ady hasaplaýar. Irki eýýamlarda **gara** sözüniň “garamaýak”, “garyp-gasar il” ýaly manyny aňladandygyny, etnonimiň hem hut şu sözdendigini çaklaýanlar-da bar.

Türki etnonimlerde köp duş gelýän gara sözüni Orta Aziýadaky Garahanylar döwletiniň başynda duran garahanylar ýa-da ilekhanlar dinastiýasynyň 1127—1212), şu dinastiýanyň ilkiniji hökümdary Abdylkerim Satyk garahynyň ady bilen baglanyşdyrýan çaklamalara-da duş gelinýär.

Her niçik bolsa-da, biz **gara** diýen etnik adyň juda irkidigini, onuň Garahandan däl, eýsem Oguz handan hem öň dörändigini güman edýäris. Türki hanlara olar han saýlanandan soň dürli hormatly lakamlaryň (Iltüzer, Bilge kagan), şol sanda olaryň degişli taýpalarynyň atlarynyň hem (Atatürk, Ärsary) dakylandygyny nazara alsak, Abdylkerime-

de Garahan diýen lakamyň gara diýen etnonim bilen baglanyşykly dakylmagynyň mümkindigini bellemekçidiris.

**Gara** etnoniminiň biziň eramyzdan (Oguzhandan) has öň dörändigini subut edýän bir delil, ol-da tungus-manjur dillerinde gepleşýän halklaryň, meselem, Ýakutystanda (Sahada) ýaşaýan ewenleriň düzüminde-de **gara** diýen urug-taýpalaryň bolmagydyr. Irki döwürlerde bu halklaryň we türkleriň bir ýerde ykjam oturandygy, olaryň dilleriniň hem bir kökden (altaý dillerinden) ýaýrandygy göz öňünde tutulsa, onda olardaky we bizdäki gara etnonimleriniň aslynyň birdigini çaklamak hakykatdan üzňe bolmasa gerek. Eger şeýle bolsa, onda bu etnonimleriň döwründen bäri 3000 ýyl (belki, ondan hem köp) wagt geçipdir.

Şu aýdylanlaryň üstesine ýene bir etnonimi ýatlalyň, Ärsarylarda **garaja** diýen urug, alili, gökleň, ýomut, ýemreli, olam, teke we saryk taýpalarynyň düzüminde hem garaja diýen tireler bar. Bularyň ady-da **gara** etnoniminden we kiçeltmekligi (ýagny garalaryň kiçi bölegidigini) bildirýän **–ja** goşulmasyndan durýar.

Bu at hem has ir, seljuklar hereketinden (XI asyrdan) öň döräpdir. Muny şu hereket döwründe Kiçi Aziýa we Kawkaza (Azerbaýjana) göçen gylyçly taýpasynyň düzüminde garaja urugynyň bardygy bilen delillendirmek mümkin.

## GARABOÝUN, GARABOÝNAK

Ýemreli, ýomut, saryk, ärsary, müjewür taýpalarynyň düzüminde garaboýun, ýemrelilerde hem **garaboýnak** diýen urug-tireler bar. Karamoýyn diýen etnik atlara garagalpaklarda, goňratlarda, garlyklarda we Fergana gypjaklarynda-da duş gelinýär. Göräýmäge, köki bir bolan etnik toparlaryň ady öz-özünden düşnükli ýaly: gara boýunly. Emma garagalpak alymy D.Aýtmuratowyň pikirine görä, biziň eramyzyň III asyrynda dörän bu etnonimiň manysy düýbünden başga hili: ol “gara saçly” diýen manyny aňladýar. Görkezilen asyrda sýanbi diýen türki taýpadan **muýun** we **toba** diýen iki urug aýrylýar, olaryň etnik atlary şol wagtky türki dillerde gulpagyň, çokulyň, käkiliň dürli görnüşleriniň adyny aňladypdyr. Diýmek, garaboýun diýen at gadymy türk erkekleriniň depesinde örülen ýa-da örülmedik saç (çokul, gulpak) goýmak däbi bilen bagly ýüze çykypdyr.

## GARAWUL

Çärjew raýonynda, şeýle-de Buhara welaýatynyň Alat we Garaköl raýonlarynda hiç taýpa girizilmeýän bir uruga, gökleň, salyr we teke taýpalarynda bolsa dürli tirelere **garawul** diýilýär. Olaryň etnik adynyň ýagyçylyk döwürlerinde garawullyk etmek bilen bagly ýüze çykandygy görnüp dur. Çärjew, Alat we Garaköl garawullarynyň döreýşi barada etnograf Ýa.R. Winnikow şeýle maglumat berýär: Hywa we Buhara hanlyklarynyň arasy ýaramazlaşan döwürde (XVIII-XIX asyrlarda), bu hanlyklaryň serhetine (häzirki Dänew raýonynyň Gabakly obasyna) Hywa hany garawullar iberýär. Olar Tagta we Köneürgenç ýomutlaryndan bolup, wezipesi Buhara tarapdan çozup gelýän goşun barada Hywa habar ýetirmekden we mümkin bolsa, oňa gaýtawul bermekden ybarat eken. XIX asyryň başynda Çärjew begi bu garawullary zor bilen Çärjew we Garaköl etraplaryna göçürýär. Olardan önen ilat hem garawullar diýip at alýar. Garawulguýy diýen demir ýol stansiýasy-da şu garawullaryň guýusynyň ady dakylýar.

## GARADAŞLY

Gadymy ýazyr türkmenleri ilki Maňgyşlaga, ondan hem Gökdepe-Bäherden etraplaryna gelip ýurt tutunandan soň, olaryň bir bölegine garadaşly diýip at berilýär. Häzirki wagtda ortagürp türkmen taýpalarynyň biri bolan garadaşlylar barada Abylgazy şeýle ýazýar: “Ýazyr iliniň birniçesi Durun tarapda tag içinde dehkanlyk kylyp olturup erdiler. Bu waktda anlarny karataşly dieturlar”. Bu topara “dag içinde daýhançylyk edeni” üçin garadaşly diýlen bolmagy mümkindir.

“TSSR-iň taryhynyň” awtorlary bu ady Maňgyşlakdaky garadag diýen ýer we şu ýerde ýaşan siýahkuhy diýen türkmenleriň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Türkiýede garadaşly türkmenleriniň bardygyny nazara alsak, olaryň bu pikirini hakykata ýakyn hasap etmek bolar. Pars dilinde ýazan awtorlaryň öz eserlerinde **garadaşly** diýen etnonim **siýahsangi** däl-de, **siýahkuhy** (“gara dagly”) diýip nädogry terjime eden bolmaklary mümkindir.

XVII—XVIII asyrlarda Ahal sebitlerini tekeler eýeländen soň, bu ýerde ýaşaýan ýazyrlar we alililer duşly-duşa göçýärler. Garadaşlylaryň

bir bölegi Daşhowuz oazisinde (häzirki Ýylanly we Lenin raýonlarynda) ýerleşýärler. Olaryň galan-gaçan bölekleri bolsa gökleň, ýomut, nohurly we teke taýpalarynyň düzümine aýratyn tire hökmünde siňip gidýärler.

## GARAMAHMYT, MAMYT

Sakarlaryň uly bölümleriniň biri garamahmytlar bolup, Saýat we Sakar raýonlaryndan akýan kanala-da olaryň ady dakylypdyr.

Bu adyň **gara** bölegi tarap görkezýän söz, **mahmyt** bölegi hem urugbaşynyň ady bolsa gerek, çünki **mamyt (mahmyt)** diýen tireler çowdurlaryň we igdirleriň düzüminde-de duş gelýär.

Mahmyt (Mahmut) atly iki sany taryhy şahs bellidir. "TSSR taryhynda" ýazylyşyna görä, Mahmytlaryň biri belli oguz serkerdesi bolup, ol XII asyrda ýaşap geçipdir. Beýlekisiniň ady Mahmyt Ýamin ad-Daula 998—1030-njy ýyllar aralykda Gaznewiler döwletiniň güýçli hökümdary bolup, ol Horezmi basyp alypdyr we bu döwletiň demirgazyk serhedini Amyderýa çenli giňeldipdir. Mahmyt we garamahmyt diýen etnonimleriň şu şahslaryň haýsy-da bolsa biriniň ady bilen baglanyşykly bolmagy mümkindir.

## GARAMGOL, MOGOLJYKLAR, MUGAL, MUGUL

Olamlarda **garamgol** (gara mugal) diýen urug, Çärjew raýonyndaky salyrlaryň düzüminde **mugal** (bu ýerde Mugalbala we Mugalpaýan diýen ýaplar we obalar hem bar), Samarkandyň eteginde ýaşaýan hydyrililerde hem mugul diýen tireler duş gelýär. Bularyň atlary mongol sözüniň türki dillerde ulanylýan mogol, mugol, mugal, mugul ýaly fonetik öwüşginlerinden emele gelipdir.

Mälim bolşy ýaly, XIV asyryň 40-njy ýyllarynda Çagataý ulusy bölünýär, Gündogar Türküstanyň, Jetiögüziň we Şaş (Daşkent) welaýatynyň territoriýasynda Mogolystan döwleti döreýär. Oňa at beren Çagataý we Ugedeý uluslaryna göçürilip getirilen az sanly mongollar bolup, olar tiz wagtda türki halkara goşulyp gidipdirler. Şol döwürde Mogolystanyň türki halklaryna-da **mogol** diýlipdir. Bu döwlet synandan soň, onuň ilaty **mugol, mogol** ady bilen köp halklaryň, şol sanda türkmenleriň arasyna siňipdir.

Abylgazy **mogoljyklar** diýen urugyň alilileriň arasyndan Orta Uzboýda XIV asyrda dörändigini, ýagny olaryň alilileriň taýpabaşysy Aly Joranyň dogany Hydyryň penasyna gelip, onuň malyny bakan 4 mongolyň neberesidigini belleýär. Emma bu etnonimi hem Mogolystan mogollary bilen baglamak hakykata has ýakyndyr. Abylgazynyň eserinde ýokarda ýatlanylan Hydyr Jora hydyrilileriň taýpabaşysy edilip görkezilýär. Onuň daşyna üýşen mogollar mogoljyk urugyny esaslandyran bolsalar, onda hydyrili mugullarynyň hem şol mogoljyk urugy bilen dahyllydygy düşnüklidir. Uzboýyň suwy kesilenden soň (XVI asyr) bu taýpalar Çärjew, Buhara we Samarkant etraplaryna göçüpdirler.

## GARAMYŞ

Farap raýonyndaky Garamyş oba sowetiniň ýaşajylaryna garamyşlar (karamyş, karmyş) diýlip, olar salyrlaryň bir urugy hasaplanýar. Bu at **gar (garmak)** düýp işliginden we gadymy öten zaman ortak işliginiň **–myş** goşulmasyndan ybarat bolup, ol “garylan”, “dürli urug-tireleriň gatylmagyndan dörän” diýen manyny aňladýar. Özbek alymy K. Şanyýazowyň we moskwaly etnograf B.H. Karmyşýewanyň pikiriçe, etnonimiň dörän ýeri Deştigypjak bolup, ol soňra dargap, başgyrt, gazak, gyrgyz, özbek we türkmen halklarynyň arasyna siňip gidýär.

## GARAÖÝLI, GARABÖLÜK

Orta asyr alymlary tarapyndan sanalýan 24 türkmen taýpasynyň biri bolan bu toparyň adyny Mahmyt Kaşgary **garabölük** (ýagny “garalaryň bölümi”), Reşideddin we Salar Baba **garaewli-garaöwli**, Abylgazy hem **garaöýli** görnüşinde ýazypdyrlar. Onuň orny Mahmytda 12-nji, Reşideddin we Abylgazyda 4-nji, Salar Babada bolsa ýedinjidir. Reşideddin bilen Abylgazy garaöýlülileri Oguz hanyň birinji ogly Günhanyň dördünji neberesi hasaplasa, Salar Baba ony Oguz hanyň ikinji ogly Aýhanyň üçünji çagasyndan önen il diýip ýazýar. **Garaöýli** etnoniminiň manysyny Reşideddin “gara öýli”, Abylgazy “her kaýda oltursa, hergäh birlen (ýagny gara öýde) olturgyjy”, Salar Baba bolsa “ýolda çerik (goşun) bilen hub ýörür” diýip düşündirýär.

Garagalpak alymy we ýazyjysy D. Aýtmuratow bu pikirleriň ählisini ret edip, göräöýli etnoniminiň “gara saçly” manysynyň tarapyny tutýar, çünki onuň pikiriçe, uý sözi gadymy türki dillerde “ýüň”, “tüý” ýagny “saç” manysynda hem ulanylypdyr. Bu alym etnonimi gadymy türk erkekleriniň kellesinde saç (gulpak) goýmak däbi bilen baglanyşdyrýar.

Bu düşündirişleriň haýsyna ynanmalydygyny, goý, okyjylaryň özi çözsün. Ýöne Abylgazynyň “Türkmenleriň şejeresi” diýen kitabynda garaöýlüler barada köp maglumatlaryň getirilendigini ýatladalyň. Şu kitapda ýazylyşyna görä, Ärsary baýyň gyzy Mamabike Horasandan gaýdanda, 4 ogly we 3 gyzy bolan bir guly we gyrnagy oňa hyzmatkär berýärler. Bu guluň uly ogluna Hydyr-Çora (Hydyr Jora), ikinjisine Aly Jora, üçünjisine Igbek, dördünjisine hem Kaşga Jora diýýärler. Mamabike garrandan soň, bu gullara uly döwlet we mülk berip, olary azat edýär. Ogullar baýlaşyp, hersi özbaşyna bir iliň taýpabaşysy bolýar. Hydyryň iline hydyrili, Alynyňka—alili, Kaşganyňka garaöýli taýpasy diýen at galýar. Kaşganyň ili Ajydeňziň (Garabogaz kölüniň) ýakalarynda ýaşaýar.

Altyn Orda hany Berdibek 1359-njy ýylda öldürilenden soň, Balkandaky düýejiler talanýar, garyp düşýär. Kenarda ýaşaýan garaöýlülerden haraý isläp, düýejiler olaryň ýanyna göçýärler. Ençeme ýyldan soň düýejileriň sany köpelýär, olar barha gurplanýarlar, emma garaöýlüler garyplaşýarlar. Şol açlyk ýyllarynda bularyň içinde Halyl diýen dogumly ýigit döreýär. Ol garaöýli aksakgallaryny ýygnap, Ärsary baýyň onbegileriniň we ýagşyzadalarynyň huzuryna baryp, şeýle diýýär: “Öň biz siziň hyzmatkäriňizdik. Häzir garyp düşdük. Sizden uly haýyş: Uly we Kiçi Balkandaky suwly, ekmäge amatly we guşly ýerlerden bize ýer berseňiz. Bize size onuň üçin ýylda näme tölemeli bolsa töläli”. Ärsary kethudalary maslahatlaşyp, garaöýlülere Ärsary babanyň Uly Balkandaky 6 akar çeşmesini,10 höwürtge laçyn, 18 höwürtge ütelgi bermegi karar edýärler. Bu zatlar üçin garaöýlüler ýylda ekinlerinden alan hasylynyň ýarysyny, agyl (aran) dikmek üçin 2 müň gamyş, 10 uly laçyn, 4 jüre (?) laçyn, 18 uly ütelgi, 6 saryja (awçy guş) bermeli bolýarlar. Halyl dagy muňa razy bolýarlar, ýöne aw guşlaryny tutmak üçin ýüpleriniň (urganynyň) ýoklugyny, özleriniň hem azyksyz galanyny aýdýarlar.

Ärsary kethudalary bulara 100 gulaç ýüp, 6 sany owlakly geçi, iki

tulum (meşik) çökelik (çekide) we bir eşek berýärler. Garaöýlüler köp ýyllap bu zatlary ulanyp güzeran görýärler. Taryhçylaryň barlaglaryndan mälim bolşuna görä, XV—XVI asyrlarda düýejiler Balkan etrabyndan garaöýlülileri gysyp çykarýarlar. Garaöýlüleriň köpüsi sakar, galanlaryda ärsary, ýomut taýpalarynyň arasyna siňip gidýär, olaryň garaöýli diýen etnik ady hem taryhyň sahnasyndan düşüp galýar. Sakarlaryň düzümine giren garaöýlülere dagsakar diýen täze etnik at dakylýar.

## GARAÇUKA, GARAÇUHA

Ýomutlarda **garaçuka** diýen uly urug, alililerde gem **garaçuha** diýen tire bar. G.I. Karpowyň pikirine görä, ýomut garaçukalarynyň öň **gutlutemir**, Hywa taryhçysy Munisiň şaýatlyk etmegine görä bolsa **çony-şeref** diýlipdir. Munis Balkan we Gürgen etraplarynda ýaşaýan çony-şerefleriň eýranlylaryň eşigini (garaçuka diýip atlandyrylýan üsti gara geýimli) geýendikleri üçin, olara garaçukalar diýip at beripdirler. Taryhçy A.Orazowyň işlerinde-de bu türkmenleriň gara ýüň matadan tikilen gursakça geýendikleri we şol sebäpli olaryň garaçuka diýen etnik ada eýe bolandyklary barada ýazylýar. Garaçuklar we garaçuhalar aslynda bir kökden dörän etnik toparlardyr.

## GARKYN, GARJAW, GARMA, GARNAS, GURAMA

Gurluşyna we manysyna üns beren okyjy bu türkmen etnonimleriniň **garmak** we **guramak** (ýagny “seplemek”, “birleşdirmek”) işliklerinden emele gelendigine hem-de olaryň “garylan”, “gatylan”, “dürli tirelerden düzülen” ýaly manylary aňladýandygyna göz ýetirse gerek. **Garjaw, garma** tireleri ärsarylaryň, garnas diýen uruglar gerkezleriň we ärsarylaryň, **gurama** diýen urug-tireler bolsa alili, ýomut, saryk, teke, änewli, ärsary taýpalarynyň düzüminde duş gelýärler. Bulardan **garnas** diýen etnonim karaunas görnüşinde Fergana türklerine-de mahsus, hatda Mawerannahrdaky çagataýlara-da karaunas diýlipdir. Mogolystan döwletinde ýaşan mogollaryň gepleşiginde karaunas sözi “garym-gatym il” diýen manyny aňladypdyr. Türkmen garnaslarynyň ady hem şol söz bilen asyldaş bolsa gerek.

Sözbaşyda ilkinji getirilen **garkyn** sözi gadymy türkmen taýpasynyň

ady bolup, ol ilkinji gezek Reşideddiniň ( XIV asyr) eserinde duş gelýär. Bu alym, şeýle-de Ýazyjy-ogly, Salar Baba we Abylgazy dagy Garkyny Oguz hanyň Ýyldyzhan diýen üçünji oglunyň dördünji neberesiniň ady hasap edýärler we bu taýpany 24 türkmen kowumlarynyň arasynda 12-nji orunda goýýarlar, adyň manysyny bolsa “aşly-nanly”, “naz-nygmatly” diýip düşündirýärler. Türkmen halk rowaýatlarynda Garkyn Ärsarynyň daýysy hasaplanýar.

Mahmyt Kaşgarynyň eserinde duş gelmeýän bolsa-da, **garkyn** sözi iňňän gadymydyr. Muny seljuklar hereketi döwründe (XI asyrda) garkynlaryň Türkiýä, Yraga, Siriýa, Kawkaza (Azerbaýjana, Ermenistana, Gürjüstana), Kryma aralaşandygy bilen delillendirmek bolar. Meselem, häzirki Türkiýede 34 sany Garkyn atly oba bar bolsa, XVI asyrda bu san 62-ä ýetýän eken. Owganystanda we Eýranda hem garkynlar köpçülik bolup ýaşaýarlar. Türkmenistanda garkynlar häzirki Saýat raýonynyň Garkyn we Halaç raýonynyň Çohpetde obalarynda saklanyp galypdyr.

## GARLYK

Manysy boýunça bu etnonim ýokardakylar bilen meňzeş bolsa-da, garlyklaryň iňňän gadymy türkmen taýpasydygyny nazara alyp, biz ony aýratyn makalada getirmegi makul bildik.

Garlyklaryň etnik ady **gelolu** görnüşinde ilkinji gezek Hytaý çeşmelerinde—Tan şalarynyň hökmürowanlygy döwründe (615—907 ýyllarda) ýazylan “Tanşu” diýen senenamada duş gelýär. Şondan bir asyr soň bu at eýýäm **garluk** görnüşinde Orhon-Ýeniseý ýazgylaryna girizilýär. Garlyk sözüni arap alymlary **harluh**, parslar **halluh** görnüşlerinde ulanypdyrlar.

Garlyklar barada ýörite kitap ýazan we bu babatdaky gadymy çeşmeleri dörüp çykan özbek alymy K. Şanyýazow hytaý çeşmelerine esaslanyp, garlyklaryň taýpa hökmünde IV asyrda gadymy türki gunlardan emele gelendigini belleýär. Olar V asyrda Taňrydagynyň (Týan-Şanyň) gündogarynda, häzirki Hytaýyň çygrynda ýerleşýän Turfan şäheriniň töwereginde oturypdyrlar. Şol döwürde garlyklary žužanlar basyp alyp, Mongoliýanyň we Altaýyň günortasyna göçmäge mejbur edipdir.

Gök türkleriň imperiýasy döwründe (VIII asyr) garlyklar uly taýpa bolup, şu imperiýanyň esasy güýçleriniň birine öwrülýärler. Olara

VI—VIII asyrlarda **üçgarlyk** ýa-da **üçoguz** hem diýlipdir, çünki bu taýpa **moula** (hytaý ieroglifleri bilen ýazylan we türkçe asyl nusgasyny anyklamak çetin bolan bu sözüň manysy çak bilen "bulak"), **çese** ('çigil' ýa-da "üç il") we **taşeli** ("daşlyk" ýa-da "daş, uzak il") diýen üç urugdan ybarat eken. Özlerini gök türk (gök oguz) hasaplan garlyklaryň uly bölegi Günbatar Türk Kaganaty (imperiýasy) synandan soň (766 ý.), häzirki Gyrgyzystandaky Çu derýasynyň ýakasynda ornaşýar. Şol döwürde we ondan soňky asyrlarda garlyklar **türkmen** ýa-da **garlyk türkmen** diýen etnik ada eýe bolýarlar. Hut şonuň üçin XI asyryň meşhur alymy Mahmyt Kaşgary garlyklary uly türkmen taýpasy hökmünde öz kitabyna girizýär.

VIII asyrda garlyklar Balkaş kölünden tä Jungar Alatawy we Syrderýa çenli aralygy tutup ýatan giň meýdanda orun tutup, olaryň ýurdy "türk ülkeleriniň iň gözel ýeri" diýen ady alypdyr. Bu ülke gündogarda Taňrydagy, demirgazykda Oguzlar, günortada Ýagma diýen türki taýpa, günbatarda hem Mawerannnahr bilen serhetleşipdir. Arap alymy Ibn Haukal garlyklaryň şunça giň territoriýany eýeläp ýatan ýurdunyň bir çetinden (Ferganadan) beýleki bir çetine ýtmek üçin 30 gün ýol ýöremeli diýip ýazýar. Bu etrapy araplar basyp alandan soň hem garlyklar Naryn we Garaderýa aralagyny öz garamagynda saklapdyrlar, şol döwürde garlyk hökümdarlarynyň paýtagty Taňrydagynyň Kätmendag diýen böleginiň etegindäki Hatlam (häzirki Kätmentübe) şäheri bolupdyr. Şol wagtlar garlyklar öz taýpa baştutanyna **ýabgu** ýa-da **jabgu**, onuň kömekçisine **kuderkin**, urugbaşysyna **eltiber** ("il düzüji, düwüji, ili bir ýere ýygnaýjy"), tirebaşylara bolsa **beg** diýip at beripdirler.

Hytaý çeşmelerinde bellenişine görä, garlyklaryň uly bölegi X asyryň ortalarynda yslam dinini kabul edipdir.

Beýik Türk Kaganaty synandan soň garlyklar has güýçlenip, 757—766-njy ýyllarda Türgeşler diýen türki döwleti, 861-nji ýylda bolsa tutuş Kaşgyrystany basyp alýarlar. Olar 927-nji ýylda düýbi tutulan we 1212-nji ýylda Horezm şasy Muhammet tarapyndan syndyrylan Garahanlylar diýen türki döwletiň berkarar bolmagynda uly rol oýnaýarlar (ýagmalar, çigiller we tohsular bilen birlikde). Gaznalylar (gaznewiler) döwletiniň (X—XII asyrlar) döremeginde-de garlyklaryň uly tagallasy bolupdyr.

Bir topar alymlaryň bellemegine görä, çigil we halaç diýen irki türki (türkmen) taýpalary hut garlyklardan emele gelipdir.

XIII asyryň başlarynda garlyk hany Arslan han Çingiz hana uruşsyz

boýun egipdir, hatda onuň Horezm şasy Muhammediň garşysyna eden ýörişine uly ýardam beripdir. Şonuň üçin hem Mogol imperiýasynyň 4-nji hany, Çingiziň agtygy Munke han (1208—1259, höküm süren döwri—1251—1259) Arslan hanyň ogluna Ferganadaky Uzkendi mülk edip beripdir. Umuman, Çingiz hanyň imperiýasy döwründe garlyklar uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Bu ýagdaý garlyklaryň halk döredijiliginde-de belli bir derejede öz beýanyny tapypdyr. Meselem, K. Şanyýazowyň garlyklaryň dilinden ýazyp alan aýtgysynda şeýle diýilýär: “Atym—gulan, gamçym—ýylan, oturyşym—çarbagyş (aýbogdaş), iýmitim—uja bilen döş, asyl ilim sorasaň, Çingiz hanly garlyk men”.

Görşümiz ýaly, orta asyrlarda türki halklaryň arasynda uly we güýçli taýpa bolan garlyk türkmenleri taryhda öçmejek yz galdyran we tas özbaşdak halk derejesine ýeteňkirlän il bolupdyr. Olar soňra türkmen, özbek, gazak, garagalpak we beýleki türki halklaryň arasyna siňip gidipdir. Hazir garlyklar haýsy türki respublikada ýaşaýan bolsalar, şol ýerdäki esasy milletiň etnik adyny kabul edipdirler.

Her niçik hem bolsa, Orta we Merkezi Aziýanyň köp ýurtlarynda mesgen tutan garlyklaryň türkmen halkyna has ýakyndygyny, bularyň ganynyň we taryhy köküniň birligini şu ýerde nygtamak isleýäris. Muny diňe bir garlyklaryň VIII—X asyrlarda türkmen ýa-da garlyk-türkmen diýen etnik ady göterenligi we Mahmyt Kaşgarynyň olary türkmen taýpasy hasaplanlygy däl, eýsem häzirki döwrüň ençeme mysallary bilen hem subut etmek mümkin. Birinjiden, Çärjew welaýatyndaky Çarşaňňy ilinde, Köýtendagyň eteginde ýaňy-ýakynlara çenli Garlyk diýen il (raýon) bardy. Köýtendäki Hojaýpäk we Hojaksar çeşmelerine hem garlyklaryň hojaýpäk (“hoja ýüpek”) we hojaksar tireleriniň ady geçipdir (ýeri gelende aýtsak, Surhanderýa welaýatyndaky Halkaýar derýasynyň ýerli ady hem Hojaýpäkdir, bu ýerde garlyklar ýaşaýarlar). Diýmek, garlyklaryň uly bölegi iňňän gadymy döwürlerden bäri Türkmenistanda beýleki türkmen taýpalary bilen bile ýaşaýar. Ikinjiden, türkmen etnonimiýasynda we toponimiýasynda garlyk taýpasynyň öz ady we tire atlary juda köpdür. Meselem, arabaçy taýpasynyň düzüminde **ak garlyk** we **gara garlyk (bars garlyk)** diýen uruglar bar. **Goşçäkmen, ýepbe, çerikbaý, alp, gara, kuwat** (çowdurlarda **huwat**), **annabaý** ýaly tire atlary garlyklarda-da, beýleki türkmen taýpalarynda-da häzire çenli saklanyp galypdyr. Hatda orta asyr garlyklarynyň şäheri bolan **Gulan**

we **Merki** (Merkit) şäherleriniň atlary Dänew, Farap we Çärjew illerinde ýaşaýan ilatyň tire atlaryna öwrülipdir (bu etrapda häzir Gulançy we Merkit diýen obalar hem bar). Orta asyr garlyklarynyň ata watany bolan Kätmendagyň (Taňrydagyň bir bölegininiň) ady hem Türkmenistanyň ýer-ýurt we tire-taýpa atlarynda duş gelýär. Dänew ilindäki bir obanyň we tiräniň **Kätmendöwdi**, Darganatadaky bir öwlüýäniň **Kätmençibaba**, Daşhowuzdaky bir obanyň **Kätmenli**, Ýylanlydaky bir obanyň hem **Kätmençi** diýen atlary bu aýdylanlaryň aýdyň mysalydyr. Üçünjiden, garlyklaryň edim-gylymy, gara öýleriniň bezelişi, etli naharlaryň taýýarlanyşy, hatda keşde we nagyşlarynyň aglabasy hut beýleki türkmen taýpalarynyňky bilen gaty meňzeşdir. Munuň üstesine, **garlykgöl** diýen haly nagşy diňe türkmenlere mahsus hasaplanýar. Dördünjiden, Buhara welaýatynyň Alat ilindäki garlyklar özlerini häzir hem türkmen hasaplaýarlar, hatda olar ýakyn wagtlara çenli diňe şu etrapdaky türkmen taýpalary bilen gyz alyp-berşipdirler. Galyberse-de, garlyk şiwesi türkmen şiwelerine, ylaýta-da Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenleriniň gepleşigine ýakyndyr. Bu aýdylanlar garlyklaryň we beýleki türkmen taýpalarynyň gadymy köküniň birdigine güwä geçýär.

Garlyklaryň etnik ady gadymy alymlary-da, häzirki döwrüň taryhçylaryny-da gaty gyzyklandyrypdyr. Meselem, XIV asyryň alymy Reşideddin we onuň işinden peýdalanyp kitap ýazan soňky alymlar bu adyň döreýşini şeýle düşündirýärler. Oguz han Gur we Garçystan welaýatlaryna eden ýörişlerinden dolananda, dagda uly gar ýagýar. Şol sebäpli birnäçe maşgala göçden yza galýar. Olara Oguz han **Garlyk** (“Garly”) diýip at dakýar. Şol galan garlyklaryň nebereleri hem soň uly taýpany emele getiripdirler.

Nemes alymy G. Dörfer garlyk etnonimini **garylyk**, ýagny **“garyşyk”**, **“garym-gatym il”** diýip düşündirýär. Onuň pikiriçe, bu at gar (garmak) işliginden, **-yl** diýen dereje ýasaýjy we **–yk** diýen at ýasaýjy goşulmalardan ybaratdyr. Şu pikir hakykata dogry bolsa gerek.

Sözümizi jemläp aýdanymyzda, garlyklaryň geçmiş taryhy diňe bir türkmenleriň däl, eýsem ähli türki kowumlaryň buýsançly taryhydyr.

## GARSAK, GARSAKÇY

Ýomut, teke taýpalarynyň,  Täjigistanyň Jylyköl raýonynda ýaşaýan

salyrlaryň, Samarkant welaýatyndaky çandyrlaryň düzüminde **garsak**, çowdur we olam taýpalarynda hem **garsakçy** diýen tireler duş gelýär. Asly bir kökden dörän bu tireleriň ady "garsak diýen haýwany totem edinenler" ýa-da "garsak awlaýanlar" diýen manyda ýüze çykypdyr.

## GATY, GATYAÝAK, GATYBAŞ, GATYGULAK

Çärjew welaýatynyň Hojambaz we Täjigistanyň Jylyköl raýonlarynda ýaşaýan salyrlaryň (kyrköýlüleriň) düzüminde **gaty**, ärsarylaryň güneş bölüminde **gatybaş**, şu taýpanyň omar urugynda **gatyaýak**, ärsary we ýomut taýpalarynda hem **gatygulak** diýen tireler bar. Hakyky türkmen sözlerinden emele gelendigi üçin, bu atlaryň manysy, göräýmäge, düşnükli ýaly: **gaty, gatybaş** diýen etnonimleriň manysyny "çydamly", "her hili gatyçylyga döz gelýän il", **gatygulak** diýen ady bolsa "ýatkeş", "bir eşiden zadyny bek belleýän" diýip düşündirmek mümkin. Gatyaýak tireli ýazyjy Osman Ödäniň Astanababa obasynda ýaşaýan gatyaýaklaryň ýaşuly wekillerinden ýazyp alan rowaýatyna görä, ýaşlykda aýakýalaň gezmegi endik edinen, şonuň üçin hem aýagynyň aşagy gaty teletine dönüp giden ile gatyaýaklar diýen at berlipdir.

Ýöne weli urug-tireleriň at alyş aýratynlyklary we mundaky däpler ýokardaky rowaýatlaryň hakykydygyna şübhe döredýär. Biz ýokarda sanalan tirelere "gatyşyk", "garylan" manysyndaky gaty, gatyk sözi bilen baglanyşykly adyň dakylan bolmagynyň mümkindigini bellemekçi, çünki bu söz hut şol manyda ärsarylaryň **gatyk** we tekeleriň **gatyr** diýen tireleriniň adynda saklanyp galypdyr.

## GATYK, GATYR

Ärsarylaryň gurama urugyndaky **gatyk**, tekeleriň togtamyş bölümindäki **gatyr** tireleriniň ady "gatyşyk", "ençeme tirelerden toplanan" ýaly manylarda ýüze çykypdyr. G.I.Karpow gatyr tiresiniň ady barada ýazyjy B.Kerbabaýewiň dilden beren maglumatyna salgylanyp, şeýle ýazýar: goňur tireli bir dul, emma baý aýal, özi ig bolsa-da, gapysynda hyzmat edýän guluna durmuşa çykýar. Bu ig aýaldan we guldan doglan çagalara gatyr diýip at beripdirler.

## GEREÝ, GEREÝLI, GIREÝLI

Gazaklarda, özbeklerde we türkmenlerde duş gelýän gereý diýen tireleri alymlaryň aglabasy mongollaryň **kerait** taýpasynyň galyndylary hasap edýärler. Reşideddin “Taryh ýygyndysy” diýen işinde kereitleri öz hökümdary bolan we mongollaşan (mongola ýakyn) türki taýpa hasap edýär.

XIV asyrda Çingiz hanyň neberesi Togluk-Temir tarapyndan esaslandyrylan we Gündogar Türküstany, Daşkent etraplaryny, Jetiögüzi hem-de Günorta Sibiri öz içine alan Mogolystan diýen feodal döwletiň halky türki bolsa-da, oňa mogollar diýen at berilýär. Gereýliler hem şol halkyň bir ülüşidir. Mogolystan dagandan soň, gereýliler ýokarda ýatlanan halklaryň arasyna siňip gidýär. Ol Türkmenistanda Çeleken we Ogurja etraplarynda ornaşyp, giçki orta asyrlarda güýçli türkmen taýpasy hökmünde taryhyň sahnasynda peýda bolýar. Gereý, gereýli diýen tirelere düýeji, ýomut, teke, gökleň taýpalarynda-da duş gelinýär.

Gereý, gireý sözüniň **ger, gir** bölegi **geren** (pamyk taýpasynyň düzüminde), **gerkez** (gökleň), **gerreý** (agar), **gerre** (ata), **girdek** (teke), **girjek** (teke), **girne** (ýemreli), **girraz** (ýomut), **girran** (ata) ýaly tire atlarynda-da gaýatlanýar, ýöne bu sözüň manysy häzirlikçe bize düşnüksiz. **Gereý** sözi **kerait** sözünden bolsa, onda onuň yzyndaky –t gadymy altaý dillerinde köplük sanyň goşulmasydyr.

Abylgazy **karait** diýen etnonimi “garagoýun” diýip terjime edýär, eger şeýle bolsa, onda bu etnonimiň garagoýunly diýen türkmen taýpasy bilen dahylly bolmagy mümkin.

Keraitler Çingiz han tarapyndan tozdurylýar, şondan soň olaryň etnik adynyň yzyndaky –t goşulmasy taşlanyp, gereý, gereýli görnüşinde ulanylmaga başlanýar.

## GEÇEMEN

Ýemreliler gumly bölüminde **geçemen** (geçi emen) diýen urug bar. Ýerli ýaşulular onuň adyny “ýaşlygynda ýetim galyp, geçi emip ulanan serkerdäniň ili” diýip düşündirýärler.

## GOWAK, GOWKY, GOWÇY

Ärsarylaryň güneş bölüminde **gowak** diýen urug bolup, onuň ady Kerki raýonynda bir oba sowete-de dakylypdyr. **Gowak** diýen tireler ýene saryklaryň we tekeleriň, **gowaň** we **gowky** tireleri tekeleriň, **gowçy** tiresi ýemrelileriň, **gowşak** tiresi ýomutlaryň düzüminde duş gelýär. Bu etnonimleriň ählisi **gow** sözünden we köplügi, jemi, degişliligi bildirýän **–ak, -y, -çy** goşulmalaryndan ybarat. Gadymy peçenegleriň (it beçeneleriň) bir urugyna gow diýlipdir, bu ýagdaý gow sözi bilen gidýän etnonimleriň şol bir kökden ýaýranlygyna güwä geçýär.

Häzirki türkmen dilinde dürlüräk, emma biri-birine ýakyn manylary aňladýan **gow, gowak, gabyk, gap, gäp** sözleri aslynda gadymy türki ga sözünden emele gelipdir. Mahmyt Kaşgarynyň sözlüginde bu sözüň “garyndaş”, “top”, “jem” diýen manylary bar. Diýmek, **gow** diýen etnonim ilki dörän döwründe “jem”, ýagny “urug”, “tire” diýen manyda ýüze çykypdyr. Türki dillerde **ga** sözünden emele gelen ga:la/gä:le sözüniň “süri” (**gäle-gäle** goýny bar) manysynda ulanylyşy hem bu pikiri tassyklasa gerek. Etnonimiň fonetik ösüş ýoly şeýle: **ga; -gab-gaw-gow.**

## GOLDAGLY

Igdirleriň düzüminde **goldagly** diýen urug bolup, onuň etnik ady “gol (el, penje) şekilli tagmaly il” diýen manyny aňladýar. Bu uruga öň hem, häzir hem hut şu tagma mahsusdyr (**dag** we **tagma** sözleri barada “Gazaýakly” diýen makalada giňden gürrüň beripdik).

## GOŇRAT, GOŇUR

Altyn Ordada uly abraýdan we ýeňilliklerden peýdalanan, Hywa hanlygynda bolsa goňrat hanlarynyň tutuş dinastiýasyny döreden goňratlar iň iri taýpalaryň biridigine seretmezden, halk derejesine ýetip bilmän, XIII we soňky asyrlarda özbekleriň, garagalpaklaryň, gazaklaryň, türkmenleriň, başgyrtlaryň arasyna siňip giden taýpadyr. Garagalpagystanda Goňrat diýen şäher hem bar. Etnik atlaryndan mälim bolşy ýaly, **goňratlar** we tekeleriň **goňur** urugy, ärsarylaryň **goňurly** tiresi aslynda bir kökden dörän etnik toparlardyr.

Reşideddin we onuň işinden peýdalanan alymlaryň aglabasy goňratlary türküleşen mongol taýpasy hasaplaýarlar, onuň adyny bolsa **goňur** hem-de **–at** diýen iki bölege bölüp, soňky bölegi mongol dilindäki köplük sanyň **–at** goşulmasyna syrykdyrýarlar.

Beýleki topar alymlar (S.M. Abramow we başgalar) goňratlary türki taýpa hasaplap, onuň adyny "goňur at" diýip düşündirýärler. Olaryň pikiriçe, bu etnik at gadymy türkleriň (gunlaryň) harby däbi, ýagny goşunyň dört ganaga bölünmegi, her haýsynyň öz adynyň, şol bir reňkdäki atynyň bolandygy bilen baglydyr. Goňurlara goňur at mahsus bolupdyr.

Abylgazynyň pikiriçe, goňratlara olaryň taýpabaşysy Çurlyk Merkan Goňuratyň ady dakylypdyr.

Z.Ş. Nawşirwanow goňratlary türkmen hasaplaýar, ol "goňratlaryň aslynyň türkmenlerdendigine şek bolup bilmez" diýýär. Ol bu ýerde goňratlaryň däp-dessurynyň, hüý-häsiýetiniň, öý-öwzarynyň beýleki türkmen taýpalary bilen meňzeşdiginden ugur alan bolsa gerek. Munuň üstüne Çärjew welaýatynda (Çarşaňňy, Hojambaz raýonlarynda), Surhanderýa, Kaşgaderýa welaýatlarynda we Täjigistanda ýaşaýan goňratlaryň tire atlaryndan gazaýakly, çomuçly, händekli, köse, çakyr, çakmakly, barak, solakaý, tentek, orus, garga, goldagly, topgara, gara, gowka, aýtamgaly, saryk, mergençi, tokuz, şagal, zergär, garaboýun, gyzylbaş ýaly ençemesiniň türkmen etnonimleri bilen gabat gelýändigini hem goşmak mümkin.

G.I.Karpow goňur diýen türkmen etnonimini Altyn Orda hany Goňuryň ady bilen baglanyşdyrýar, emma urug-tire ady hökmünde bu sözüň başgyrtlarda, nogaýlarda, gazaklarda, hatda gadymy argyn diýen türki taýpanyň düzüminde duş gelýändigini nazara alsak, onda bu etnonimiň Altyn Orda hanlygyndan has öň, belki, goňrat diýen atdan hem juda ir dörändigini çaklamak bolar. Biziň pikirimizçe, bu at hem iki bölekden: **goň—gon** sözünden we gadymy köplügi bildirýän **–ur (-r)** goşulmasyndan durýar. **Goňşy, gonak** diýen ýaly türkmen sözlerinde saklanyp galan **gon, goň** diýen türki söz has irki eýýamlarda "garyndaş", "il-gün" ýaly manylary aňladypdyr. Meselem, Mahmyt Kaşgary **gonat** sözüni "garyndaşlar topary", **gonym** sözüni "garyndaş", **gonum** sözüni bolsa "urugdaş", "tiredeş" manysynda ulanypdyr. Diýmek, **goňur** sözi aslynda "garyndaşlar topary" diýmegi aňladypdyr. Onuň yzyndaky **-ur**

diýen köplük goşulmasy asyl söz bilen bitişip, sepleşip gidenligi we gadymy manysynyň ýatdan çykarylanlygy üçin, **goňur** diýen adyň yzyna **–at** diýen başga bir köplük goşulmasy ikinji gezek goşulyp, **goňrat** diýen etnik ady emele getiripdir. Goňratlar sözünde bolsa köplük goşulmasy üç gezek gaýtalanýar: **-r, -at** we **–lar.**

## GOŞMA, GOŞMAK

Çärjew raýonyndaky we Buhara welaýatynyň Alat hem-de Garaköl raýonyndaky garawullaryň düzüminde **goşma**, ýemrelilerde hem **goşmak** diýen tireler bolup, olaryň ady "goşulan", "garylan" diýen manylary aňladýar. Etnograf G.P. Wasilýewanyň barlaglaryna esaslansak, Daşhowuz oblastynda we Horezmde ýaşaýan türkmenler gul-gyrnak bilen igleriň özara nikasyndan önen çagalara geçmiňde **goşmak** ýa-da **ýarym** diýip at beripdirler. Çärjew garawullarynyň aslynda Daşhowuz etrabyndan bolany üçin, olaryň goşma tiresiniň adyny hem şol etnik terminden hasaplamak hakykata laýykdyr.

## GOŞA, GOŞTAMGALY. GOŞHADALY

Alili, teke, ärsary taýpalaryndaky **goşa**, Nurata türkmenlerdäki (Samarkant welaýaty) **goştamgaly**, ärsarylardaky **goşhadaly** etnonimlerini şol tireleriň goşa tagmalydygy, ýagny tagma hökmünde bir belligi, esasan, dikçyzygy, taýagy iki gezek gaýtalaýanlygy bilen baglanyşdyrmak dogry bolsa gerek, çünki bu tireleriň käbiriniň iki elip diýen ady hem bolupdyr. Goşhadalylaryň adyny "gazy-haşar işlerinde iki ýük (hak) alanlar" diýip düşündirýänler hem bar. Emma **hada** sözüniň ärsary şiwesinde "syryk", "taýak" manysynda ulanylýanlygyndan çen tutsaň, bu etnik adyň hem **goştamgaly** diýen at bilen manydaşlygyna göz ýetirmek kyn däl.

## GOÝUNJY

Saryklarda urug, arabaçy, teke we ärsary taýpalarynyň düzüminde hem tire atlary bolan **goýunjy** sözüni G.I Karpow Altyn Ordanyň hany bolan Goýunjy diýen emiriň ady bilen baglanyşdyrýar. Garagalpak alymy

D.Aýtmuratow bolsa ony gadymy türkleriň “tüweleý” (towlanýan ýel) manysynda ulanylan **kuýyn** sözünden hasaplaýar. Onuň pikiriçe, bu at türki taýpalaryň erkekleriň geçmişde saçyny örüp, (“towlap”) goýbermek däbi bilen baglylykda ýüze çykypdyr. Çarwa türklerde goýnuň eý görülýän maldygyny nazara alsak, onda bu adyň totemi ýa-da şu urugyň wekilleriniň geçmişde ökde maldar bolanlygyny suratlandyrmagy hem mümkindir.

## GÖK, GÖKJE, GÖKLI, GÖKÇI

Aglaba türkmen taýpalarynyň düzüminde **gök** diýen ýa-da **gök** sözi bilen gelýän urug-tireler bar. Meselem, baýat, ýomut, igdir, sakar, salyr, saryk, teke, çowdur, ärsary taýpalarynda **gök**, teke, gökleň, ärsary, ýomut, sakar taýpalarynda **gökje**, ýomutlarda **gökjeli**, Astrahan abdallarynda **göktaý**, Daşhowuz abdallarynda **gökteý**, arabaçylarda **gögem**, abdallarda **gögeç**, **gögüş** we şuňa meňzeşler. Şuny nazara alyp, geçmişde gök diýen uly türkmen taýpasynyň bolanlygyny, soňra onuň ululy-kiçili böleklere bölünip, dürli taýpalaryň içine siňip gidenligini çaklamak bolar. Dogrudan-da, türkmenleriň irki taryhyny yzarlan alym S. Agajanowyň işlerinde görkezilişine görä, XI asyrda Syrderýa boýlarynda ýaşan okly, gökli, soltanly diýen türkmen taýpalary Balkan-Maňgyşlak etraplaryna göçüpdirler.

Etnonimleriň gelip çykyşy we manysy barada birnäçe çaklama bar.

1. Gökler Oguzhanyň Gök ýa-da Gökhan diýen dördünji oglunyň nebereleridir. Reşideddin bilen Abylgazy Gök hanyň nebereleri hökmünde baýyndyr, çowdur (jawuldur), beçene, çepni, Salar Baba hem baýyndyr, beçene, igdir, gynyk taýpalaryny sanaýarlar. Diýmek, Gök hana degişli ile ýa-da onuň belli bir bölegine Gök diýen adyň dakylmagy mümkindir.

2.Nemes alymlarynyň (W. Bangyň) pikiriçe, gök diýen türki taýpalaryň ady gök tokaýda ýaşaýanlygy bilen baglanyşyklydyr: gadymy türki eýýamda (XVI—XVIII asyrlar), Mogilýan Kaganyň baştutanlygyndaky türkler Gündogar Hangaý daglarynyň etegindäki Ötüken welaýatynda gür tokaýlaryň içinde ýaşapdyrlar. Olara **gök türkler** diýlipdir.

3.**Ak, gara** sözlerinde bolşy ýaly, etnonimiýada **gök** sözi hem

tarapyň adydyr. Bu söz köplenç “gündogar” manysynda ulanylypdyr. Diýmek, **gök türkler**—“gündogarda oturan türkler”, **gagauz** (gök oguz—gögoguz—gagauz) hem “gündogar oguzlardyr”.

4.**Gök** diýen etnonimler taýpa wekilleriniň gözüniň reňki bilen baglanyşyklydyr. Taryhdan belli bolşuna görä, sary saçly, gök gözli oguzlar hem bolupdyr. Häzirki türkmenlerde-de göz gözli adamlara duş gelinýär. Belki, olaryň gözüniň reňki şol gadymy ata-babalarymyzdan gaýdýandyr.

Sözümiziň ahyrynda, etnonimlerde **gök** sözüniň yzyna goşulan goşulmalar barada gürrüň edeliň: **gökje** sözüniň **–je** goşulmasy kiçeltmekligi bildirýär: **“kiçi gökler”**, “göklerden bölünen kiçi topar”. **Gökli**, **gökçi** etnonimlerindäki **–çi** we **–li** şol bir manyny aňladyp, şol ady göterýänleriň **gök** taýpasyna degişlidigini aňladýar. **Gögem, gögeç, gögüş** sözleriniň yzyndaky goşulmalar bolsa köplügi, jemi bildirýärler.

## GÖKLEŇ

Beýik Magtymgulyny ile beren gökleňler uly türkmen taýpasy hökmünde XVII—XVIII asyrlarda taryhyň sahnasyna çykan bolsalar gerek, çünki şondan öň ýazylan işlerde, hatda Abylgazynyň “Türkmenleriň şejeresi” diýen kitabynda-da gökleň diýen at duş gelmeýär. Köp bölegi Eýrandaky Türkmensährada galan gökleňleriň etnik adynyň XI asyrda Syrderýa boýlaryndan Balkan etrabyna göçüp gelen gök diýen türkmen taýpasy bilen baglanyşyklydygyna şek bolup bilmez. XI asyrdan soň Balkan töweregine sygmadyk türkmen taýpalary, şol sanda gökler Etrek, Gürgen etraplarynda mesgen tutýarlar. Bu gökleriň etnik adynyň yzyna –leň goşulmasy hem hut şu ýerde goşulýar. Pars dilinde leng (leň) sözüniň agsak manysyny aňladýandygyndan ugur alyp, halk rowaýatlary gökleň diýen ady Etregiň bendini hile bilen ýykmagy we ili suw bilen üpjün etmegi başaran gök we agsak batyr ýigit bilen baglanyşdyrýarlar. Käbir rowaýatlarda şol ýigidiň özi agsak edilip görkezilýär.

**Gökleň** sözüniň manysy barada ýörite makala ýazan F.S. Faseýew bu ady **gök öleň** sözlerine syrykdyrýar (“gök öleňliklerde ýaşaýanlar”). Emma rowaýatlaryň we Faseýewiň düşündirişiniň hakykat bilen dahyly ýok, çünki **leng (leň)** sözi Demirgazyk Eýrandaky tire-taýpa atlarynda duş gelýän sözdür. Ynha, şu etrapda ýaşaýan **bagtyýarlar**

diýen taýpalar birleşiginde **heftleň (ýedi leň)** we **çeharleng (dört leň)** diýen urug atlaryna duş gelinýär. Häzirlikçe bu terminiň hakyky manysyny anyklamak başartmady, emma **gök** taýpasynyň bir bölegine Gürgen etraplarynda XVII—XVIII asyrlarda **gökleň** diýen adyň dakylandygyny bellemekçidiris. **Gökleňleriň** wekillerine Türkiýede we Azerbaýjanda hem duş gelinýär. Eýranda bolsa olaryň sany has köpdür. Eýranly türkmenleriň beren maglumatlaryna görä, Türkmensähradaky Aýderwiş, Güllüdag, Jergelan etraplarynda we ýomut ýaýlalarynda jemi 90 müň çemesi **gökleň** ýaşaýar. Olaryň käbiri gökleň sözüniň yzyndaky **leň** sözüni "mekan", "ýurt" manysyndaky **lan** diýen pars sözünden çaklaýarlar. Eger şeýle bolsa, onda bu adyň manysy "gökleriň ýurdy", "gök taýpasynyň mekany" diýen manyda ýüze çykypdyr.

## GUL, GULLAR

Aglaba türkmen taýpalarynyň içinde gul ýa-da gullar diýen tireler duş gelinýär. Geçmişde türkmenler ýesir edilip getirilen iliň (esasan hem eýranlylaryň) erkeklerine gul, aýal-gyzlaryna gyrnak diýipdirler. Gul-gyrnak (ýa-da beýleki halklar we taýpalar) bilen gatyşmadyklar **ig** hasaplanypdyr. **Gul** atly tireleriň dürli uruşlar ýa-da alamançylyk döwründe sürlüp getirilen ilatyň ýeňiji taýpasynyň arasyna siňmeginden emele gelen bolmagy hem mümkindir. Gadymy türki eýýamda (VI—VIII asyrlarda) **gul** termini "boýun egen il" diýen manyny aňladypdyr. **Gul** diýen etnonimiň şol terminden emele gelen bolmagy ähtimaldyr.

## GULANJY, GULANÇY

Saragt, Çärjew we Sakar raýonlarynda ýaşaýan salyrlaryň, Buhara welaýatynyň Garaköl raýonyndaky saýatlylaryň düzüminde **gulançy** diýen uruglar bar. Bu adyň manysy barada iki çaklamany hödürlemekçi.

1.**Gulançy** diýen uruglar gadymy gypjaklaryň **gulan** ýa-da **gulançy** urugynyň galan-gaçan bölekleriden emele gelip, öz gadymy adyny hem saklapdyr. Gypjak gulançylary geçmişde häzirki Günorta Gazagystanda ýerleşen Gulan şäherinde ýaşany üçin, olara **Gulançy** (ýagny "Gulanly", deňeşdiriň: hywaçy, çelekençi) diýen at dakylypdyr. **Gulan** we **Gulansary** diýen etnonimler gyrgyzlaryň düzüminde-de bar.

2.**Gulançy** diýen etnik at gulan awlamak bilen bagly ýüze çykypdyr. Geçmişde Orta Aziýada gulan köp bolupdyr, rowaýata görä, **gulançylar** gulan awlamaga gaty ökde ekenler.

## GULTAK

Ärsarylaryň bekewül we salyrlaryň ýalawaç diýen bölümlerinde **gultak** diýen urug bolup, olaryň ady Saragtda bir kiçi oba hem-de ýaba, Hojambaz taýonynda bolsa bir oba sowetine dakylypdyr.

Abylgazynyň "Türkmenleriň şejeresi" diýen kitabynda Gultak sözi urugbaşynyň ady hasaplanýar. Kitapda ýazylyşyna görä, Gultak Oguz hanyň we onuň agtygy Salar Gazanyň neberesinden bolan taryhy şahsyň adydyr. Abylgazy Gultagyň ata-babalaryny atma-at sanaýar: Salar Gazanyň neberesi bolan Ögürjik alpyň Berdi we Buka diýen ekizleriniň birinjisinden Gulmy hem Gulhajy diýen ogullary dogulýar. Gulmydan Ýomut we Gultak diýen iki ogul, Gulhajydan bolsa Ärsary baba dünýä inýär. Gultak Ärsarynyň gyzyna (öz doganoglanysyna öýlenýär). Abylgazy öz kitabynyň başga bir ýerinde Ärsarynyň döwürdeşi Gultak Garaja mergen diýen adamyň adyny tutýar. Bu ýerde şol bir şahs barada gürrüň gidýär.

Etnograf alym A. Orazowyň şaýatlyk etmegine görä, ýasgaly B. Mergenowda saklanýan şejerede gultak urugynyň emele gelşi barada ýokardaky maglumatlar gaýtalanýar. Ýomut, garadaşly we käbir beýleki türkmen şiwelerinde Gultak diýen erkek adynyň häli-häzire çenli ýörgünlidigini bu aýdylanlaryň üstüne goşsak, onda gultak urugyna adam adynyň dakylandygyny çak etmek mümkin.

Biz Gultak obaly Jumanazar pälwan Seýit oglundan (1878—1966) gultak we ýomut diýen urug-taýpalaryň hersiniň bir oguldan ýaýrandygy barada bir täsin maglumaty ýazyp alypdyk: geçen asyrda Lebap boýlaryna Hywa hanynyň goşunlary ençeme gezek çozuş edýär. Şolaryň birinde olaryň ýoly Gultak obasynyň üstünden düşýär, ýöne Hywa goşunynda gulluk edýän we şejeräni gowy bilýän ýomut serkerdeleriniň biri gultaklaryň ýomut bilen ýakyn garyndaşdygyny aýdyp, bu obanyň talanmagyna ýol bermeýär.

## GUMLY, DAGLY

Igdir we ýemreli taýpalary **gumly** we **dagly** diýen iki bölümden durýarlar. Käbir rowaýatlarda gumly etnoniminiň Abylgazynyň işlerinde duş gelýän **kumy** diýen gadymy oguz taýpasy, **dagly** diýen adyň bolsa Oguz hanyň **Daghan** diýen ogly bilen baglanyşdyrylýanlygyna seretmezden, biz bu etnik atlary şol ady göterýän iliň ýaşaýan ýeri bilen bagly hasap edýäris: **gumly**—"gumda oturýanlar", **dagly**—"dagda ýaşaýanlar". Ýöne beýle diýmek bilen biz **gum, kum** diýen taýpanyň türki halklaryň (oguzlaryň) arasynda bolandygyny inkär etmek islemeýäris, çünki bu etnonim, biziň pikirimizçe, Dagystanda ýaşaýan gumuk diýen türki halkyň adynda saklanyp galypdyr. **Gum** we **–uk** diýen iki bölekden durýan bu adyň yzky **–uk** bölegi gadymy türki dillerde jemi, köplügi bildirýän goşulmadyr.

## GUNLAR

Iňňän gadymy geçmişde Merkezi Aziýada ýaşan, soňra biziň eramyzyň başynda (II-IV asyrlarda) Uralyň eteklerine göçüp gelip, kuwwatly halka öwrülen gunlar ençeme türki halklaryň, şol sanda türkmenleriň gönüden-göni ata-babalarydyr. Oguz hanyň hut gunlaryň arasyndan çykanlygy, onuň Günhan diýen oglunyň adynda olaryň etnik adynyň şöhlelenendigi (gun - Gün), tekeleriň togtamyş bölümindäki **gunny** diýen tiräniň adynda **gun** sözüniň saklanandygy hem muňa güwä geçýär. Munuň üstüne gunlaryň harby-administratiw düzgün-tertibiniň: goşunyň ilki çep we sag ganata, öz gezeginde, olaryň hem 3-4-den jemi 24 topara bölünmeginiň türkmen tire-taýpa bölünişiginde üýtgewsiz gaýtalanýandygyny goşmak mümkin.

Gunlar ýatlanan döwürde gündogardan günbatara köpçülikleýin süýşüp ugraýarlar we taryhda halklaryň beýik göçe-göçlügi diýip at alan eýýamyň başyny başlaýarlar. Gunlar ilki Kawkazda ýaşaýan alanlary, soňra Don derýasyndan geçip, 375-nji ýylda Gara deňziň demirgazygynda ýaşaýan gotlary boýun egdirýärler. 394-395-nji ýyllarda gunlar Kawkazyň üstünden geçip, Siriýany we Kappadokiýany tozdurýarlar, soňra olar Pannoniýada ornaşyp, ençeme gezek Gündogar Rim imperiýasynyň üstüne çozýarlar. Şol döwürde olar ostgot, gerul,

gepid, şeýle-de ençeme german we german däl taýpalary özüne tabyn edip, güýçli imperiýany döredýärler. Onuň iň kuwwatly döwri Atillanyň höküm süren ýyllaryna düşýär (434-453).

Gunlaryň basyp alan ýerlerinde garşylygyň güýçlenmegi, Galliýanyň Kattalaun meýdanynda rimlileriň, westgotlaryň we franklaryň birleşen güýçlerinden ýeňilmegi netijesinde gunlar has pese gaçýarlar, Atilla ölenden soň bolsa (453 ýyl) has gowşap, 469-njy ýylda olar halk hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

Gunlar – türki halk, onuň etnik ady hem gadymy türkleriň "il", "halk" manysyndaky **gun (gün)** sözünden emele gelipdir. Bu sözüň şol manysy türkmenleriň **il-gün** diýen söz düzüminde saklanyp galypdyr.

## GURAÝÝŞ

Garabekewül raýonyndaky bir oba sowetine, Hojambaz raýonynyň Gultak obasynda hem bir kiçi oba şu ýerlerde ýaşaýan guraýş urugynyň ady dakylypdyr. Bu urug ärsarylaryň gara bölümine degişli bolup, olaryň ýene bir bölegi Kaşgaderýa welaýatynyň Mübärek şäheriniň ýakynyndaky Köneşäher obasynda, köp bölegi bolsa Owganystanda ýaşaýar.

Urugyň etnik adyny araplaryň **gara-guraýş (kara-koraýş)** taýpasynyň ady bilen baglanyşdyrmak hakykata laýyk bolsa gerek ( Muhammet pygamberiň özi hem hut şu taýpanyň wekilidir), çünki Orta Aziýanyň araplar tarapyndan basylyp alnan döwürlerinde we ondan soň beýleki arap taýpalary bilen birlikde kara-koraýşlar hem Orta Aziýanyň gözel oazislerine göçüp gelýärler. Akademik W.W.Bartold olaryň bir böleginiň Buhara töwereginde ýaşanlygyny ýazýar. L.Klimowiç bolsa özüniň "Kuran hakynda kitap" (orus dilinde, Moskwa, 1986) diýen eserinde şol göçüp gelen arap taýpalaryny özüne hemaýatkär (mawami) tutunan ýerli ilata dürli ýeňillikleriň berlendigini ýazýar. Buharada türkmenleriň köpçülikleýin ýaşandygyny we häzir hem ýaşaýandygyny nazara alsak, onda kara-koraýşlaryň raýatynda ýaşan türkmenlere-de soňra olaryň guraýş diýen etnik adynyň dakylan bolmagy mümkindir.

## GUTLUTEMIR

Ýomut taýpasynyň garaçuka bölüminiň ikinji ady gutlutemirdir. Alymlar bu etnonimi taýpabaşynyň adyndan dörän hasaplaýarlar. Abylgazy ony Ögürjik alpyň neberesi Ýomudyň Gutlutemir diýen oglunyň ady hasaplasa, G.I.Karpow bu sözi Altyn Ordada 1395-nji ýylda hanlyk eden Gutlug Timuryň ady bilen baglanyşdyrýar.

Türkmenlerde **gutly** we **temir** diýen aýry-aýry tireler hem bar. Bu etnonimiň şol iki tiräniň goşulyşmagy netijesinde dörän bolmagy hem mümkindir.

## GUŞÇY

Abdallaryň we hataplaryň düzüminde **guşçy** diýen uruglar bar. Alili we sakar taýpalaryndaky **gutçy, gutjy** diýen urug atlaryny hem alymlar guşçy sözüniň biraz üýtgän görnüşi hasap edýärler, ýöne onuň gadymy gut diýen etnonimden emele gelen bolmagy hem mümkindir (gut barada, “Bagty, gutlar” diýen makala serediň). Guşçular gadymy türki eýýamda uly taýpalar birleşigi hökmünde emele gelip, Günbatar Türk Kaganatynyň düzümine giripdir we VI-VII asyrlarda türki halklaryň Orta Aziýany eýelemeginde uly rol oýnapdyrlar.

Guşçy diýen taýpalaryň gyrgyz, gazak, özbek, nogaý, başgyrt, azerbaýjan, türk, hatda altaý halklarynyň düzüminde-de bardygyny nazara alyp, başgyrt alymy R.G.Kuzeýew bu taýpanyň etnik adynyň Altaý etraplarynda biziň eramyzdan has öň ýüze çykanlygyny, guşçy sözüniň bolsa guş arkaly aw etmek bilen baglanyşyklydygyny ýazýar. Dogrudan-da, gadymy türkleriň durmuşynda guş bilen aw etmäge köp üns berlipdir. Reşideddiniň ýazyşyna görä, mongol hanlary öz köşgünde ýörite guşçular (awçylar) saklapdyrlar. Ärsary babanyň döwründe Balkan etraplarynda-da guş bilen aw etmek hünäri ýörgünli eken.

Diýmek, guşçy diýen etnik at halkymyzyň gadymy hünäri bilen baglydyr.

## GÜNEŞ

Ärsarylaryň dört uly bölüminiň ikinjisine **güneş** diýilýär. Bu

etnonim **güneş**, **güneç** görnüşinde Türkiýe türkmenlerinde-de duş gelýär. Taýpa ady hökmünde baryp XVI asyryň ortalaryna degişli çeşmelerde ýatlanýan bu etnonimi Abylgazy Ärsary babanyň agtygynyň, Mustapagazynyň bolsa oglunyň ady bilen baglanyşdyrýar. Güneşleri Oguz hanyň birinji ogly Günhanyň nebereleri hasaplanýanlar-da, olary gadymy gunlara syrykdyrýanlar-da bar. Biz soňky pikiriň tarapynda, çünki N.A.Bernştam ýaly abraýly alymlar Günhanyň adynyň-da gun diýen etnonimden bolmagynyň mümkindigini çaklaýarlar.

Diýmek, **gun** we **güneş** diýen etnik atlaryň ikisi-de gadymy türki "il-gün" manysyndaky gün sözünden emele gelipdirler. **Güneş** sözüniň yzyndaky **–ş (-eş)** köplügi, jemi bildirýän irki türki goşulma bolup, ol **mamaş, bataş, tirkeş (türkeş), gögüş, çalyş** ýaly ençeme türkmen etnonimleriniň ýasalmagyna gatnaşýar.

## GÜRJI, GÜRJIEMEN

Salyrlaryň kyrköýli, ärsarylaryň surh uruglarynda, Büzmeýin tekelerinde we änewlilerde **gürji**, tekeleriň gagşal urugynyň düzüminde bolsa **gürjiemen** atly tireler duş gelýär. Soňky atdan (gürjiemen) ugur alsak, bu etnonimler kiçi göwreli tüýlek itiň ady bolan **gürji** sözi bilen baglanyşykly ýaly duýulýar, çünki **it, köpek**, **ganjyk** ýaly sözler türkmen urug-tire atlarynda has köp ulanylyp, bu atlaryň ýüze çykmagyna möjekden soňky eý görülýän haýwan bolan it (totem) sebäp bolupdyr. Ýöne bu atlaryň, ylaýta-da **gürji** diýen etnonimleriň gürji (gruzin) halky bilen baglanyşykly bolmagy hakykata has ýakyndyr, çünki türkmen taýpalary, ylaýta-da seljuklar hereketi döwürde (XI asyrda) Kawkaza giden türkmenler gürjüler bilen ýakyn etnik gatnaşykda bolupdyrlar. Şol döwürde gürji halkynyň ululy-kiçili toparlarynyň türkmenleriň arasyna siňip, şol toparlaryň belli bir böleginiň gürji diýen etnik adyny saklamagy, gatyşan şol toparyň belli böleginiň soňra Balkan, Maňgyşlak etraplaryna gaýdyp gelen bolmagy hakykatdan üzňe däldir, çünki türkmen etnonimiýasynda beýle ýagdaýlara köp duş gelinýär (**Arakçy, araky** diýen makala serediň). Gürjüstanda häli-häzire çenli ençeme türkmen taýpalarynyň ýaşaýandygyny, türkmen klassyk edebiýatynda we "Asly-Kerem" ýaly dessanlarymyzda gürji-türkmen gatnaşyklary barada köp maglumatlaryň bardygy hem bu aýdylanlary subut etse

gerek.

**Gürji** diýen etnonimiň döreýşi barada-da käbir zatlary bellemelidiris. Gürjüler (gruzinler) özlerine **kartweli** diýýärler, emma türki we mongol halklary bu halka elmydama **gürji**, olaryň ýurduna-da **Gürjüstan** diýip at beripdirler. Ýeri gelende aýtsak, **gruzi** (orus dilinde gruzin, **Gruziýa**) diýen at hem şol **gürji** sözünden emele gelipdir: **gürji-gürzi-gruzi.** Türkmen klassyk edebiýatynda, halkyň gepleşik dilinde we ähli türki halklarda häzir hem gruzin, Gruziýa diýilmän, **gürji, Gürjüstan** sözleri ýörgünlidir. Ýöne 40-njy ýyllarda türkmen edebi dilinde hem olary edil orus dilindäki ýaly gruzin, **Gruziýa** görnüşlerinde ulanmaklyk zor bilen girizildi. Ýakyn geljekde bu ýalňyşlygyň düzedilmegi zerurdyr.

## GYZAN, GYZGANLY, GYZYK

Sakarlarda uly bir urugyň, gökleňleriň gaýy taýpasynda hem bir tiräniň ady bolan **gyzan** sözi alsynda **guzan** bolup, onuň guz bölegi oguz sözüniň gysgalan görnüşidir, **-an** bolsa parsy däl-de, gadymy türki köplük, jem goşulmasydyr (deňeşdiriň: **alpan, suwan, gazan** we ş. m.).

Täjigistanyň Jylyköl raýonynda ýaşaýan salyrlaryň gyzganly tiresi hem etnik taýdan **gyzanlar** bilen atdaşdyr. Ol dört bölekden durýar: **gyz-“guz”, “oguz”, -yk** we **–an** —gadymy köplük goşulmalary, **-ly** — degişliligi bildirýän goşulma.

**Gyzyklar** ort asyr türkmen taýpalarynyň biri bolup, Abylgazy olary 24 taýpanyň onunjysy hasap edýär we bu etnik ady Ýyldyzhanyň ikinji oglunyň ady bilen baglanyşdyrýar, adyň manysyny bolsa “böke” (ýagny “pälwan”, “gahryman”) diýip düşündirýär. Biziň pikirimizçe, bu at hem “oguzlar” diýen manydadyr: gyz-“guz”, “oguz” we –yk—köplük goşulmasy.

## GYZYL, GYZYLJA, GYZYLLY

Mahmyt Kaşgarly, Reşideddin, Abylgazy ýaly alymlaryň işlerinde esasy taýpanyň ady hökmünde ýatlanmaýan bolsa-da, **gyzyl** taýpasy ort asyrlarda iri türkmen taýpalarynyň biri bolupdyr. Ol soňra urug we tireler hökmünde arabaçy, ata, garadaşly, gökleň, ýomut, igdir, müjewür, sakar, salyr, saryk, teke, hoja, şyh, olam, ärsary taýpalarynyň düzümine

siňip gidipdir.

Bu etnonimiň ýüze çykyşy we manysy barda birnäçe çaklama öňe sürülýär. Olaryň esasylaryny ýatlap geçeliň.

1.Köp alymlaryň (A.A.Roslýakowyň, S.Agajanowyň) tassyklamaklaryna görä, bu taýpa öz taýpabaşysynyň adyny göterýär. Görnükli seljuk serkerdesi Togrul begiň gaýyny Gyzyl ibn Ýahýa XI asyrda ençeme türkmen taýpa-tirelerini daşyna üýşürýär. Bu ile **Gyzyl ili** diýen at berilýär. Soňra bu at gysgalyp, **Gyzyl** görnüşine geçýär. Ýöne Ärsary, Atatürk ýaly şahslara degişli taýpasynyň ýa-da halkynyň etnik adynyň dakylyşy ýaly, Gyzyla-da gyzyl taýpasynyň adynyň geçen bolmagy mümkindir.

2.Dilçi alym N.A. Baskakowyň pikirine görä, türki etnonimiýada **gyzyl** sözi (edil **ak, gara, gök** sözlerinde bolşy ýaly) tarapyň adyny aňladýar. Meselem, gadymy uýgurlar günorta oguzlara, otparazlar (buddistler) bolsa günbatar oguzlara **gyzyl oguz** diýip at beripdirler.

3. Biziň pikirimize görä, **gyzyl** etnonim oguz sözüniň gysga görnüşi bolan gyz-guz sözünden we köplügi bildirýän –yl (-l, -al, -el) goşulmasyndan durýar. Bu goşulma **şagal, badal, bedel** ýaly türkmen etnonimlerini ýasamaga hem gatnaşýar.

**Gyzylja** we **gyzylly** diýen atlaryň yzyndaky **–ja** goşulmasy kiçeltmegi (“gyzyllaryň kiçi bölegi”), **-ly** bolsa etnonimiýada degişliligi aňladýar.

## GYZYLAÝAK

Dünýä meşhur gyzylaýak halylary bilen türkmen halkynyň şan-şöhratyny uly ile ýaýradan bu urug ärsarylaryň uludepe bölümine degişlidir. Häzirki döwürde gyzylaýaklar Halaç raýonynyň **Gyzylaýak (Ahunly Gyzylaýak** hem diýilýär, çünki bu ýerdäki Idrisbaba medresesinden onlarça ahun çykypdyr) we Kerki raýonynyň **Tutly Gyzylaýak** obalarynda ýaşaýarlar. Kerkä goşulan raýona-da öň **Gyzylaýak** diýilýärdi.

Ahunly Gyzylaýak obasyndan öte sowatly Mollaöde Hudaýberdi oglunyň beren maglumatyna görä, bu taýpa Maňgyşlakda oturan döwründe, onuň bir baý ýaşulusy uly toý berip, ähli ýygnananlary gyzyl okaralarda naharlapdyr. Şonuň üçinem toý tutana we onuň iline gyzyl

aýakly, ýagny “gyzyl okaralay” diýen at galýar (ýeri gelende ýatsak, asly gyzylaýakly şahyr Kaýum Taňrygulyýew şu rowaýata esaslanyp, özüniň bir eserine “Altyn okara” diýip at dakdy). **Aýak** sözüniň gadymy türki, şeýle-de häzirki türki dilleriň  ençemesinde “okara”, “çanak”, “käse” diýen manylary bar. “Saýatly-Hemra” dessanyndaky “Saky pyýalany, gandyr aýagy” diýen setire üns beriň. Gyzylaýaklaryň Maňgyşlakda ýaşany hem dogry. Olaryň uly topary XVII asyryň başlarynda Lebapda ornaşýar. Galmyklaryň gysmagy netijesinde gyzylaýaklaryň galan-gaçanlary 1641-nji ýylda Ahala we Mänä göçýärler. Belki, Gäwersde ýaşaýan tekeleriň düzümindäki gyzylaýakly tiresi şol **gyzylaýaklaryň** nebereleridir. Mollaödäniň beren maglumatyny tekeleriň daşaýak (“daş okaraly”)  urugynyň ady hem tassyklaýan ýaly. Ýöne ylmy nukdaýnazardan bu rowaýata ynanmak kyn. Onsoňam **gyzylaýaklar** Maňgyşlakda däl-de, bu ýere gelmezden has öň, ýagny gyrgyz sähralarynda oturan döwürlerinde öz etnik adyna eýe bolupdyrlar, muňa gyrgyzlaryň we gypjak-goňratlaryň düzüminde **gyzylaýak** diýen uruglaryň bardygy güwä geçýär. Hut şuňa esaslanyp, özbek alymy K.Şanyýazow geçmişde Deştigypjakda ýaşan türki halklaryň arasynda **gyzylaýak** diýen uly urugyň dörändigini, soňra onuň türkmen, gyrgyz we gypjak halklarynyň arasyna siňenligini belleýär.

**Gyzylaýak** sözüniň hakyky manysy barada ylmy edebiýatlarda hiç zat aýdylmaýanlygy, elimizde hem degerli tutarygyň ýokdugy sebäpli, häzirlikçe bu babatdaky gürrüňimizi şu aýdylanlar bilen tamamlamakçydyrys.

## GYZYLBAŞ

Ilki taýpa ady däl-de, sosial-syýasy termin bolan bu söz Eýran, Azerbaýjan we Kiçi Aziýanyň gündogar welaýatlarynda XIV asyrda döreýär. Şu etrapda ýaşan we sefewi hökümdarlaryna raýat bolan türki (türkmen) taýpalaryna Anadoluda (Türkiýede) ýerleşen türkler gyzylbaş diýip at dakypdyrlar, çünki şa Ysmaýyl I Hataýynyň atasy emir Haýdar sefewi goşunlaryna 12 ymamlaryň hatyrasyna 12 sany gyzyl zolakly başgap geýmegi höküm edýär. Şonuň üçin ilki şol goşunlara, soňra sefewileriň raýaty bolan we yslam dininiň şaýy mezhebine uýdurylan ähli türki taýpalara, şol sanda şamly, rumly, tekeli, awşar, gajar ýaly

türkmen taýpalaryna-da gyzylbaş diýen at galýar. XVI asyrdan soň türki halklar (şol sanda türkmenler) eýranlylara hem gyzylbaş diýipdirler.

Geçmiişde türkmenleriň gyzylbaşlar bilen ýakyn aragatnaşyk edendikleri üçin, olaryň dürli toparlary türkmen taýpalarynyň düzümine-de aralaşypdyrlar. Ärsarylaryň, gökleňleriň, mürçelileriň, tekeleriň, Stawropol ülkesinde ýaşaýan igdirleriň düzüminde duş gelýän gyzylbaş atly urug-tireler şol toparlaryň galyndylarydyr.

## GYZYLERGENEK

Daşhowuz welaýatynda ýaşaýan abdallaryň, şeýle-de Astrahan şäheriniň ýakynyndaky (17 km.) Funtowo-1 we Fontowo-2 obasynda ýerleşen abdallaryň bir urugyna **gyzylergenek** diýlip, Kalinin raýonynyň **Gyzylergenek** oba sowetine-de şu urugyň ady dakylypdyr. Ýerli ilat bu ady urug wekilleriniň öz gara öýleriniň ergenegini (gapysyny) gyzyl boýag bilen reňklemeginden gözleýär, ýöne gazak, gyrgyz halklarynyň düzümindäki ergenek atly tirelere tagmasyna görä şeýle at berlipdir. Olaryň tagmasy ergenegi, ýagny 3—4 zineli (basgançakly) merdiwanjygy ýatladýar. Funtowo abdallarynyň hut şeýle tagmasy bolupdyr. Etnonimiň **gyzyl** sözi gyzyl diýen türkmen taýpasynyň ady bilen baglanyşykly bolsa gerek.

## GYLAWUZ

Sakar raýonynda ýaşaýan hojaili taýpasynyň düzüminde **gylawuz** diýen tire bar. Professor Faruk Sümer Türkiýäniň Siwas welaýatynda **kulaguzly** diýen türkmen urugynyň ýaşaýandygyny ýazýar. Bu etnik toparlaryň we olaryň atlarynyň şol bir kökden döründigini aňmak kyn däl. Gadymy türki dillerde **gylawuz** sözi "garawul" diýen manyny aňladypdyr, türk dilinde bolsa ol häzirki döwürde-de "öňbaşçy", "serkerde" ýaly manylarda ulanylýar. Diýmek, **gylawuz** diýen tirelere ýa olaryň kesp-käri (garawulçylyk edendikleri) sebäpli, ýa-da tirebaşynyň gylawuz lakamy boýunça at dakylypdyr. Ýeri gelende aýtsak, Stawropol türkmenleriniň ýaşaýan sährasyndan Kalaus, türkmençe Gylawuz diýen derýajyk akýar. Oňa-da şol tiräniň adynyň dakylan bolmagy mümkindir, çünki seljuklar hereketi döwründe (XI asyr) we ondan soň bu etraplara

türkmenler göçüp gelýärler. Gylawuzlar şu derýanyň boýunda ýerleşen bolsalar gerek. Häzirki Stawropol türkmenleri (çowdurlar, igdirler, söýünjajylar) bu ýere XVII asyrda Maňgyşlakdan göçüp gelipdirler. Ýöne olar özleriniň düýbünden näbelet ýerinden däl-de, eýsem öňden gatnaşykly gadymy garyndaşlarynyň ýanyndan orun tutan bolsalar gerek.

## GYLYÇMERGEN

Saryklaryň gojaly urugynyň **gylyçmergen** diýen tiresi XVIII asyrda ýaşap geçen taryhy şahsyň adyny göterýär. Saryklaryň arasynda saklanyp galan we etnograf Çary Ýazlyýewiň ylmy işlerinde bellenen rowaýata görä, Gylyç mergen we Naýza mergen diýen serkerdeler Çärjew töwereginde ýaşaýan saryklaryň Mara göçmegine baştutanlyk edýärler. Ýöne bu ýere göçüp gelenlere Mary hany Baýramaly han ýer bermeýär. Emma ýatlanan iki serkerde ýaý atmaga gaty türgenligini hanyň öňünde subut edenden soň, Baýramaly bu mergenlere we olaryň iline Murgabyň aýagyndan mülk bölüp berýär. Bu illere-de serkerdeleriniň atlary dakylýar.

## GYNYK

Irki orta asyrlarda oguz türkmenleriniň iň güýçli we uly taýpalarynyň birine gynyk diýlipdir. Mahmyt Kaşgary ony 24 taýpanyň arasynda birinji orunda goýýar we öz döwrüniň soltanlarynyň (Garahanylar dinastiýasyndan bolan şalaryň) şu taýpadan çykanlygyny belleýär. Ýeri gelende aýtsak, Mahmydyň özi hem hut şu taýpanyň wekili eken. Eýýäm Reşideddiniň (XIV asyr) we Abylgazynyň (XVII) işlerinde gynyklar iň soňky—24-nji orna düşýär. Ähtimal, seljuklaryň hereketi döwründe (XI asyrda) bu taýpa tutuşlygyna Orta Aziýadan Kiçi Aziýa ýurtlaryna (Türkiýä, Yraga, Siriýa, Kawkaza) göçen bolsalar gerek. Muny Orta Aziýanyň häzirki etnonimiýasynda gynyk diýen adyň saklanmandygy hem tassyklaýar.

Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar Baba, Abylgazy dagy gynyk diýen etnonimi taýpabaşynyň ady hasaplaýarlar. Reşideddin we Abylgazy ony Oguz hanyň 6-njy ogly Deňizhanyň 4-nji perzendiniň, Salar Baba bolsa Gökhanyň 4-nji oglunyň Gynyk diýen adyna syrykdyrýar we bu sözüň

manysyny “her ýerde bolsa eziz bolgaý” diýip düşündirýärler. Gazak alymy W.U.Mahpirowyň pikiriçe, gynyk sözi “tutanýerli”, “okgunly”, “güýçli” diýen manydadyr.

Orta asyr alymlarynyň gynyk sözüne berýän düşündirişlerinden çen tutsaň, eýýäm şol döwürde onuň hakyky manysynyň ýitirilendigine göz ýetirmek kyn däl. Biziň pikirimizçe, bu at gadymy gunlaryň etnik adynyň biraz üýtgän görnüşidir: **gun-gyn**, etnonimiň yzyndaky –**yk** bolsa köplük ýa-da jem goşulmasydyr: gunyk-gynyk, ýagny “gunlar”.

## GYPJAK

Iňňän gadymy türki taýpa bolan gypjaklar orta asyrlarda uly halkyýet derejesine ýetipdir. Gypjaklaryň taryhyny ýörite öwrenen özbek alymy K.Şanyýazow **gypjak** sözüniň mundan 2300 ýyl öň ýazylan taryhy çeşmelerde duş gelýändigini belleýär. Orta asyrlarda türki halklar gypjaklar we oguzlar diýen iki topara bölünipdirler. Bularyň gypjak toparyna başgyrt, tatar, nogaý, gumuk, garaçaý, balkar, gazak, garagalpak ýaly halklar giripdir.

X asyrda Gazagystanyň demirgazyk-günbatar taraplarynda ýaşan gypjaklar kem-kemden Orta Aziýanyň Deştigypjak sähralaryna, Wolga boýlaryna we Gara deňiz kenarlaryna aralaşyp, Týan-Şandan tä Dunaý derýasyna çenli aralyga ýaýraýarlar. 1054-nji ýyldan başlap, orus senenamalarynda **gypjak** diýen etnonim orusça terjime edilip, **polowes** görnüşinde ulanylmaga başlaýar. Ýewropa alymlary bolsa gypjaklara **kuman, koman, kuban** diýipdirler (ýeri gelende aýtsak, Krasnodar we Stawropol ülkelerinden akýan Kuban derýasyna hem şu kumanlaryň etnik ady dakylypdyr).

1103-ni ýylda orus knýazy Wladimir Monomahdan ýeňlip, gypjaklaryň bir bölegi Gürjüstana göçýär. Mongollaryň Gündogar Ýewropa eden ýörişinde gypjaklar ilki Demirgazyk Kawkazda, soňra Kalka boýundaky söweşde çym-pytrak edilip, olaryň ýene bir bölegi Bolgariýa we Majarystana (Wengriýa) gaçyp, şu ýerlerde ornaşýar, esasy topary bolsa mongollara goşulyp, Altyn Ordanyň esasy ilatyny emele getirýär.

Reşideddin we onuň işinden peýdalanan beýleki orta asyr alymlary gypjak sözüniň gelip çykyşyny şeýle düşündirýärler: Oguz han itbarak

taýpasyndan ýeňlip, gyşda iki derýanyň arasynda galýar. Şol wagt äri uruşda ölen bir göwreli aýal agajyň gowagynda çaga dogurýar. Bu atasyz çagany Oguz ogullyga alýar we oňa Gypjak diýip at dakýar. Gypjak sözi kubuk sözünden bolup, ol "gowak", "köwek", ýagny "agajyň köwegi" diýen manydadyr. Şu oglanyň nesillerine-de gypjak diýip at galýar. 17 ýyldan soň Oguz itbakarlary ýeňýär we olaryň baş götermezligi üçin, gypjaklary itbakarlaryň arasyna (Ýaýyk, häzirki Ural derýasynyň boýuna) göçürýär.

Her niçik bolsa-da, orta asyr alymlarynyň gypjak sözüne beren düşündirişi ylmy taýdan maňzyňa batmaýar. Bu etnonim guba diýen türk sözi (reňk ady) bilen baglanyşdyrylsa hakykata laýyk bolar, çünki onuň **kuban, kuman** görnüşi (bu ýerde **–n** jem goşulmasydyr), şeýle-de bu sözüň polowes diýen orusça terjimesi hut şuny tassyklaýar (polowes— orus dilindäki polowyý, ýagny "guba reňk", "sary" sözünden).

Gypjaklar barada giňden gürrüň edýänimiziň sebäbi bu toparyň oguzlar bilen ähli döwürde ýakyn aragatnaşyk edip, biri-birleri bilen gatyşyp gidenligi üçindir. S.Agajanowyň şaýatlyk etmegine görä, gypjaklar orta asyrlarda Garagumda hem ýaşapdyrlar we olar häzirki türkmenleriň düzümine-de aralaşypdyr. Muny alililerde we Çärjew, Garaköl, Alat taýonlaryndaky garawullarda gypjak diýen urug-tireleriň bardygy hem tassyklaýar. Alili-gypjaklar tekeler Ahaly eýeleýänçä, häzirki Aşgabat raýonyndaky Gypjak obasynda ýaşapdyr we şu oba olaryň etnik ady dakylypdyr.

## GYRGYZ

Iňňän gadymy türki halklaryň biri gyrgyzlardyr. Türkmen-gyrgyz etnik gatnaşyklary barada heniz ylymda agyz dolduryp aýdara zat ýok, emma etnonimleriň berýän maglumatyndan çen tutsaň, gyrgyzlar türkmenlere has ýakyn garyndaşdyr. Biz öz ylmy derňewlerimizde bu iki halkyň 200 çemesi etnoniminiň biri-biri bilen deň gelýändigini, gaýtalanýandygynu anykladyk. Olardan 22 sanysynyň degişli taýpalary hem atdaş (meselem, türkmenlerde saryk, ärsary gyrgyzlarda saruu, sary-bagyş). Bu ýagdaý tötänlikden däl, eýsem iki halkdaky atdaş urug-tireleriň asyl köküniň birliginden gelip çykýar. Muny geň göresi zat ýok. Orta asyrlarda türkmenleriň esli bölegi Gyrgyzystanyň Çu-Talas

derýalarynyň ýakalarynda, Yssykkölüň kenarlarynda ýaşapdyr. X asyrda türkmen patyşalarynyň paýtagty hem Çu derýasynyň ýakasyndaky Ordu şäheri eken. Abylgazy Bahadyr han türkmen-oguzlaryň ýurdunyň gündogary Yssykköl we Almalyk, kyblasy hem Saýram şäheri diýip görkezýär. Seljuklaryň esasy özeniniň Çu-Talas jülgelerinde ýaşan türkmen taýpalaryndan dörändigini bu aýdylanlaryň üstüne goşsak, türkmenleriň gadymy geçmişiniň gyrgyz sähralary bilen aýrylmaz baglanyşyklydygyna göz ýetirmek kyn däl.

Köp sanly “Oguznamalarda” gyrgyz halkynyň aslynyň oguzlardandygy tassyklanýar, Abylgazy özüniň “Türkmenleriň şejeresi” diýen kitabynda Oguz hanyň Gyrgyz atly agtygynyň bolandygy, gyrgyz halkynyň hem şol şahsyň nebereleridigi barada maglumat berýär. Şu awtoryň “Türkmenleriň şejeresi” diýen işinde Gyrgyz Oguz hanyň bir oglunyň gyrnagyndan doglan hasap edilýär.

Türkolog alym N.A. Baskakow **gyrgyz** etnoniminiň özüni-de **kyryg oguz**, ýagny “gyzyl oguz” diýen sözleriň gysgalan görnüşi hasaplaýar. Bu ýerde **kyryg-gyryg** sözi gyrmyzy sözi bilen asyldaş bolup, “gyzyl” diýen manyny, etnonimiýada bolsa günorta ýa-da günbatar tarapy aňladýar.

Diýmek, gyrgyz diýen etnonimiň fonetik taýdan ösüş ýoly şeýledir: **kyryg oguz—kyrguz—kyrgyz.**

Gyrgyzlaryň kaňdy taýpasynyň düzüminde **türkmen**, türkmenleriň çowdur we igdir taýpalarynda bolsa **gyrgyz** hem-de **manas** diýen urug-tireleriň bolmagy, Gorkut atanyň Başgyrdystan gyrgyzlarynyň taýpabaşysy saýylmagy, etnograf aspirant Muhammet Berdiýewiň barlaglaryna görä, gyrgyz we türkmen saçagyndaky ençeme etli tagamlaryň, olaryň adynyň hem-de taýýarlanyş tärleriniň deň gelmegi, türkmen **gülýakasynyň** we **bozbendiniň** gyrgyzlardaky **töönöç** atly şaý-sep bilen meňzeşligi, köjeme diýen türkmen nagşynyň diňe günorta gyrgyzlarda we başgyrtlarda duş gelmegi doganlyk gyrgyz halkynyň türkmenler bilen gadymy gan garyndaşdygyndan habar berýär.

## GYRYK, GYRGY, KYRK

Biziň pikirimizçe, **gyryk, kyryk** diýen etnonimleriň we olaryň biraz üýtgedilen görnüşlerinden emele gelen ençeme türkmen urug-

tire atlarynyň köki birdir. Orta asyrlarda uly türkmen taýpasynyň ady bolan bu sözi Mahmyt Kaşgary bilmeýär. Reşideddin ony karyk, Salar Baba kyryk, Abylgazy bolsa kyzyk görnüşlerde ulanýarlar. Ýatlanan çeşmelerde Kyryk, Kyzyk sözleri Oguz hanyň agtygynyň (Ýyldyzhanyň 2-nji oglunyň) ady we şu ogluň neberelerinden emele gelen taýpa hasaplanýar. Reşideddin bu sözüň manysyny "güýçli we kanuny gowy bilýän", Salar Baba –"kawy (güýçli) haldyr, harbda (uruşda) sak", Abylgazy hem "batyr, gahryman" diýip düşündirýärler.

Gyryk, kyryk etnonimleriniň hakyky manysyny açyp görkezmäge degerli tutarygymyz ýok, şonuň üçin aşakdaky çaklamalary okyjylaryň dykgatyna hödürlemekçi. Abylgazynyň bu ady **gyzyk** görnüşinde ulanandygyny nazara alsak, onda bu at türki dilleriň **z** sesine derek **r** sesini ulanan taýpalary tarapyndan döredilen etnonim bolup, onuň manysy hem **gyzyk** diýen etnonimiňki bilen meňzeşdir (guz-yk, ýagny "guzlar", "oguzlar"). Oguzlara käbir türki halklar **ogur**, **gur** hem diýipdirler, bu wariantdan **ugr, onogur, uturgur** ("otuz oguz"), **uýgur** ýaly etnonimler hem emele gelipdir.

Reşideddiniň **karyk** görnüşinde ýazyşyndan çen tutsaň, bu adyň "garyşyk" manysynda bolmagy hem ähtimaldyr, ýöne türkmen dilindäki **ga:rmak** işliginiň birinji **a** sesiniň uzyn, **karyk** sözündäki a sesiniň bolsa gysga aýdylyşy beýle düşündirişe biraz şübhe döredýär.

Türk etnonimlerini öwrenmek babatda köp iş eden D.Ýeremeýewiçiň pikiriçe, **karyk, kyryk** diýen oguz-türkmen taýpasynyň asly iňňän gadymy we giň ýaýran etnonimdir. Bu at urug-tireleriň ady hökmünde Zerawşan özbekleriniň, XV asyrda Aral etraplarynda ýaşan göçme türki (özbek) taýpalarynyň, gazak, gyrgyz, nogaý, garagalpak, başgyrt, azerbaýjan, türk halklarynyň düzümine-de aralaşypdyr.

Indi **gyr, kyr** köklerinden dörän etnonomleri sanap, olaryň degişli taýpalaryny ýaý içinde görkezeliň: **gyrgy** (mukry), **gyrgyly/kyrgyly** (keýikçi), **gyrma** (salyr, Çärjew raýony), **gyrman** (arabaçy), **gyrryk** (igdir), **gyryk** (gökleň, ýomut, teke, hatap, çowdur), **gyrykly** (ärsary), gyrymsa (ýomut, ärsary), **kyrranlar** (garawul), **kyrryk** (olam).

## DABAŞY, DATHA, ÝÜZBAŞY, ÝÜZBEGI, ONBEGI

Orta Asiýanyň dürli hanlyklarynda harby-administratiw wezipäniň

adyny (titulyny) aňladan bu sözler ilki aýry-aýry adamlara, serkerdelere, kethudalara berlen çin bolup, soňra bu serkerdeleriň iline hem şu at dakylypdyr.

Mürçelileriň ýüzbaşy bölüminde duş gelýän **dabaşy** diýen tire ady **deh** (“on”) diýen pars we **başy** diýen türkmen sözünden bolup, ol **onbegi** diýen at bilen manydaşdyr (“on adamyň, esgeriň baştutany”). Mürçeli taýpasyny öwrenen taryhçy alym Janmämmet Öwezow dabaşy diýen tiräniň mürçeliler Eýranda oturan döwründe dörändigini, ýagny Eýran häkimleriniň ýerli ilata gözegçilik etdirmek we salgyt ýygnamak üçin, onuň öz içinden dabaşylar belländigini ýazýar.

Olamlaryň **datha** tiresiniň ady täjikçe “general-maýor” diýen manydadyr. Taryhçy alymlaryň güwä geçmegine görä, XVIII asyrda Buhara hökümdarlary bilen ysnyşyk eden ärsary, olam, saryk serkerdelerine Buhara emiri **datha, işik agasy** ýaly çinleri beripdir.

Alili, mürçeli, nohurly we saryk taýpalarynyň düzüminde **ýüzbaşy** (“ýüz adamyň, esgeriň baştutany”) diýen urug-tireler bar. Mürçe ýüzbaşylarynyň ady, ähtimal, Mürçe galasyndaky gozgalaňçylary köşeşdirmek üçin, 1816-njy ýylda Hywa hany Muhammetrahym tarapyndan bu ýere iberilen Öwez ýüzbaşynyň tituly bilen baglanyşykly bolsa gerek.

Gökleň, nohurly we salyr taýpalaryndaky **ýüzbegi** diýen etnonimler hem ýüzbaşy termini bilen manydaşdyr.

Alili, gökleň, ýemreli, saryk, teke we ärsary taýpalarynyň düzümindäki onbegi diýen tire atlary dabaşy bilen manydaş bolup, Orta Aziýada bu çin diňe türkmenlere berlipdir. Özbekler bu çin adyny onbaşy görnüşinde ulanypdyrlar.

Alilileriň uly iki bölüminiň biri bolan onbegiler (beýlekisi ýüzbaşy) XIX asyryň başynda ýaşan Şamuhammet onbegi diýen batyr serkerdäniň tituly boýunça şeýle at alan bolsalar gerek. Onbegi diýen titul Altyn Orda hanlygynda hem ýörgünli eken.

## DAZ

Ýomut, salyr, teke taýpalarynyň düzüminde, şeýle-de Nurata türkmenlerinde (Samarkant welaýaty) **dazlar**, ýomutlarda **daz badrak** diýen urug-tireler bolup, olaryň ady iňňän gadymy türki **daz, taz** diýen

taýpa ady bilen baglanyşyklydyr. Başgyrt alymy P.G.Kuzeýew özbek, gypjak, gyrgyz, gazak, başgyrt, nogaý ýaly ençeme türki halklaryň we taýpalaryň düzüminde bar bolan **taz, daz** diýen uruglaryň gadymy türki eýýamda Saýan-altaý daglarynyň eteginde uly taýpa hökmünde ýüze çykyp, soňra dürli türki halklaryň düzümine girendigini ýazýar.

Käbir alymlar **daz** sözüniň häzirki “kel” manysyndan ugur alyp, ony taýpabaşynyň lakamy hasap edýärler. Bu pikir ynançly däl, ýöne adyň hakyky manysy barada elimizde häzirlikçe başga tutaryk ýok.

## DAH, DAÝ

Türkmenleriň iňňän gadymy ata-babalarynyň biri bolan dahlar saklaryň bir bölümi bolup, biziň eramyzdan öňki II müňyllykdan tä arap basybalyşlaryna çenli (VII asyr) uly halk bolup, ol Kaspi deňziniň kenarlarynda, Gyzyletrek—Gyzylarbat—Nebitdag etraplarynda ýaşapdyr. Bu halkyň gadymy paýtagtynyň galyndylary Dahystan (Dehistan, ýagny “dahlaryň ýurdy”) diýen at bilen Gyzyletrek raýonynyň territoriýasynda häli-häzire çenli saklanýar.

**Dähli, däli** diýen at bilen bu halkyň ululy-kiçili bölekleri ençeme türkmen taýpalarynyň arasyna siňipdir (Günbatar Garagumdaky Dähli diýen guýynyň ady hem dahlar bilen baglanyşyklydyr).

Garagalpak alymy Daulen Aýtmuratow dah diýen etnik ady sak etnonimine syrykdyrýar we ony “kekilli”, “gulpakly”, “depesinde örülen saç goýýanlar” diýip düşündirýär (bu barada Sak diýen makalada giňden gürrüň ederis).

## DAŞ, DAŞKY, IÇ, IÇKI

Türkmen (türki) etnonimiýasynda bu sözler hakyky etnonim bolman, iki bölünen taýpanyň, urugyň böleklerini biri-birinden tapawutlandyrmak üçin esasy adyň öňünden goşulýan anyklaýjy agzadyr. Ýöne esasy sözüň unudylyp, diňe anyklaýjy agzanyň etnonim bolup ulanylyşyna-da duş gelinýär. Meselem, Kalinin raýonynyň Dyşky oba sowetine adyny geçiren dyşky diýen çowdur urugynyň ady **daşky** sözüniň şu şiwede ulanylýan **dyşky** diýen dialektal görnüşinden emele gelipdir.

Iki bölege bölünen taýpanyň ýa-da urugyň öňki oturan ýerinde

galan toparyna **iç, içki,** ondan daşa gidenlerine hem **daş, daşky** diýlipdir. Mysallar: **daş oguz—iç oguz, daş butur—iç butur, daşky salyr—içki salyr** we ş.m.

Edebiýatçy alym Ahmet Bekmyradow türkmenleriň üçok bölümine, ýagny Syrderýa boýlaryndan Balkan—Maňgyşlak etraplaryna göçen bölegine daş oguz, öňki ornunda galan bozoklara bolsa iç oguz diýlendigini belleýär. Ençeme alymlar Daşhowuz şäheriniň adyny hem “daş oguz” sözleriniň üýtgän görnüşi hasaplaýarlar.

## DEMIRÇI

Alilileriň ýüzbaşy bölüminde **demirçi** diýen tire bolup, onuň ady hünärmentçilik (demir ussaçylygy) bilen baglanyşyklydyr. Demirçi diýen taýpa Azerbaýjanda hem bar. Türkmen etnografy G.I.Karpowyň ýazmagyna görä, bu türkmen taýpasy XI asyrda Amyderýanyň aňyrsyndan (ähtinal, Buhara etraplaryndan) Azerbaýjana göçüpdir. Ökde hünärment bolandyklary we gylyç, naýza, ok ýasandyklary üçin, bular Azerbaýjanda salgytdan boşadylypdyr.

## DEPBE, DEPEL, ULUDEPE, BEGDEPESI

Bu sözleriň ählisinde şol bir söz **–depe** sözi gaýtalanýar. Etnonimik termin bolan depe sözi türki tire-taýpa atlarynda **depe, depbe, düpe, tüpe, tübe** görnüşlerinde ulanylyp, ol “topar”, “urug” ýaly manylary aňladýar. Ýeri gelende aýtsak, **tuwa, tofalar** diýen türki halkaryň atlary hem hut şu terminden emele gelipdir. Indi bu etnonimleri sanap, ýaý içinde degişli taýpalaryny görkezeliň: **depbe** (çandyr), **depel** (ýomut. Bu ýerde –l goşulmasy jemi bildirýär), **uludepe** (ärsarylaryň uly dört bölüminiň biri), **begdepesi** (ýagny “begiň urugy”, alili).

Toba (töbe, depe) sözleri ýokardaky manyda biziň eramyzyň başlarynda (III asyrda) hem ulanylypdyr. Özbeklerde bu söz taýpadan kiçi, urugdan uly etnik birikmeleriň adydyr. Hywanyň köşk taryhçylary Munis we Agahiniň pikirine görä, tübe sözi ençeme uruglaryň birleşigini aňladýar. Uludepe bölümi hem özüne 14 urugy birleşdirýär. Abylgazy Ärsary baýyň agtygy Mustapagazynyň neberelerine uludepe diýlendigini belleýär. Onuň sözlerinden çen tutsaň, uludepeler etnik birlik hökmünde

giçki orta asyrlarda döräp, XVI asyryň ortalarynda häzirki Bäherden raýonynyň Börme obasynda oturypdyrlar.

## DIWANSAÝAT

Saragtdaky salyrlaryň diwansaýat tiresi geçmişde häzirki Çärjew şäheriniň Diwanabag diýen ýerinde (demir ýol wokzalynyň töwereklerinde) oturandygy üçin, ilki "diwanabagly saýat" diýip at alypdyr, soňra bu at gysgalyp, diwansaýat görnüşine geçipdir. Takmynan XVIII asyryň ahyrlarynda bu tire Ýolöten etraplarynda ýaşaýan taýpadaşlarynyň—salyrlaryň arasyna göçüp gelipdir.

## DOWLAT, DOLY

Tekeleriň togtamyş bölüminde, çowdurlaryň hem abdal we gyzylergenek uruglarynda **dowlat**, atalarda **dowlatgeldi** we **doly**, ärsarylarda bolsa **dowlatöküzler** diýen tireler bolup, olaryň ady gadymy türki **dulat, duglat** diýen taýpanyň adyndan emele gelipidr. Bu tavpany[ ady aslynda **tulu, dulu** bolup, onuň yzyna köplügi, jemi bildirýän –**at** diýen türki goşulma goşulypdyr (tulu-at-tulat-dulat). Dulu ýa-da tulu diýen türki taýpanyň ady biziň eramyzdan has öň ýazylan çeşmelerde-de duş gelýär. Bu taýpa V asyrda gadymy türki halklaryň guran Beýik Türk imperiýasynyň Günbatar Kaganatyna girip, bu Kaganat dargandan soň, ençeme türki halklaryň (başgyrtlaryň, gazaklaryň, özbekleriň, türkmenleriň) arasyna siňip gidipdir. Gazak alymy A.Abdyrahmanow **tulu** diýen etnonimi "tugly, ýagny "baýdak göterijiler" diýip düşündirýär.

## DODURGA

Orta asyrlarda 24 türkmen taýpasynyň biriniň, häzir bolsa gökleňleriň iki uly bölüminiň biriniň ady bolan **do:durga** sözi (o sesi uzyn aýdylýar) Mahmyt Kaşgaryda **tutyrka (tuwtyrka)**, beýleki ähli çeşmelerde dudurga görnüşinde ýazylypdyr. Mahmyt dodurgany 24 taýpanyň içinde 16-njy, Reşideddin 10-njy, Salar Baba 11-nji, Ýazyjy-ogly we Abylgazy bolsa 7-nji orunda goýýar. Reşideddin dodurga sözüni Oguz hanyň Aýhan diýen oglunyň 2-nji, Abylgazy 3-nji, Salar Baba

bolsa Ýyldyzhan diýen oglunyň üçünji perzendiniň ady we ondan önen il hasaplaýarlar, adyň manysyny “mülk tutup, ýasamyş kylmak” (ýagny “ýurt alyp, ony saaklamany başarýan”) diýip düşündirýärler. Ylmy nukdaýnazardan beýle düşündiriş maňzyňa batmasa-da, bu adyň manysy barada häzirlikçe başga delil ýok.

G.I.Karpow dodurgalaryň köp böleginiň seljuklar hereketi döwründe Türkiýäniň Anadolu welaýatyna we Ermenistanyň günortasyna gelip, ýurt tutunandygyny belleýär.

## DOKUZ

Hojambaz raýonynda ýaşaýan olamlaryň düzüminde **dokuz** (olam şiwesinde **tokguz**) diýen tire bolup, onuň ady Halaçdaky Dokuzjeňňel diýen ýere-de dakylypdyr (öň dokuzlar şu ýerde oturypdyrlar). G.I.Karpow, R.G.Kuzeýew ýaly alymlar bu tiräniň adyny VII—VIII asyrlara degişli Orhon-Ýeniseý türki ýazuw ýadygärliklerinde duş gelýän **dokuz-oguz** diýen taýpalar birleşginiň adynyň gysgalan görnüşi hasap edýärler. Şol eýýamda uýgurlara dokuzoguz diýlipdir. Garagalpak alymy Daulen Aýtmuratow türkmen, başgyrt, gagauz, gazak, altaý, garagalpak, gyrgyz, özbek, nogaý, tuwa halklarynyň, şeýle-de Nurata türkmenleriniň düzüminde duş gelýän **dokuz, tokuz** etnonimleriniň aslyny **tuk, tük** (ýagny **tüý**) sözünden gözleýär we bu ady “depesinde örülen saç, çokul goýýanlar” diýip düşündirýär.

## DÜÝEJI

Türkmen taryhynda mynasyp yz galdyran taýpalaryň biri hem düýejilerdir. Häzirki döwürde olar Çärjew raýonynyň Talhanbazar, Ýylanly raýonynyň Garamazy, Bäherden raýonynyň Hankäriz we Ýarajy, Esenguly raýonynyň Çekiçler obalarynda, Çeleken-Nebitdag etraplarynda ýaşaýarlar. Respublikamyzyň çäklerinden daşarda-da, meselem, Buhara welaýatynyň Wabkent raýonynyň Frunze adyndaky kolhozynda (2 oba), Garagalpagystanyň Dörtgül raýonynda hem düýejiler bar. Azerbaýjanda tutuş bir raýon we demir ýol stansiýasyna Deweçi (Düýeji) diýilýär. Bu ýerde-de düýeji taýpasy ýaşaýar. Düýejileriň bir bölegi Eýranyň Morawadepe raýonynda (Soňudagyň günortasynda),

Kümüşdepe, Bendirtürkmen, Omcaly, Aktokav obalarynda va\avarlar. Türkiýe, Yrak, Sirab ýaly ýurtlarda-da düýejilere duş gelinýär. Şunça giň territoriýa ýaýran düýejileriň geçmişde uly taýpany emele getirendigine, olaryň asyl köküniň birdigine şek bolup bilmez, çünki ýokarda saanan raýonlarymyzda, häzir biri-birinden has uzakda ýerleşen düýejileriň urug-tire atlary, olaryň dä-dessurlary, käbir şiwe sözleri köplenç biri-birine gabat gelýär. Meselem, akja, saryja, ödek, hywaly, porran, myýawut ýa-da miýewit, semedin, gereý diýen tireler sanan obalarymyzyň köpüsinde bar. Eýranda bularuň üstüne perran düýejiler hem goşulýar.

Türkmenistanda, Özbegistanda, Eýranda, Garagalpagystanda ýaşaýan **düýejiler** özlerini **diýeji**, Azerbaýjandakylar hem **deweji**, **däwäji** diýýärler. Bu at düýe sözünden we kesp-kär bildirýän **–çi** goşulmasyndan durýar (türkmen tire-taýpa atlarynda **–çy/-çi** goşulmasy köplenç **–jy/ji** görnüşinde ulanylýar: gulanjy, aranjy, bazajy, goýunjy we ş.m.).

Eýsem, bu taýpa näme üçin düýeji diýilýärkä? Hywada 19 ýyllap (1645—1663) hanlyk eden we türkmenleri örän köp gyran, şonuň üçine hem olaryň öňündäki öz günäsini ýuwmak maksady bilen “Türkmenleriň şejeresi” (ýagny nesil daragty) diýen meşhur kitaby ýazan Abylgazy Bahadyr han (1603—1664) düýeji taýpasynyň döreýşi hem-de adynyň gelip çykyşy barada bu kitapda gyzykly maglumatlar getirýär. Onuň sözlerine görä, düýeji ili han Batyýyň neberesi, Altyn Orda hany Özbek hanyň ogly Janybekiň hanlyk süren döwründe (1341—1357) döreýär, ýagny Janybek tagta çykansoň, onuň raýatyndaky türkmenler hana Balkan etraplarynyň düýe bakmak üçin iň ýagşy ýerdigini habar berýärler. Şol döwürde Ürgenç, Maňgyşlak, Balkan, Etrek, Gürgen türkmenleri Altyn Orda hanlaryna garaşly eken. Janybek dürli türkmen taýpalaryndan 30 sany sarbany (düýe çopanyny) toplaýar, türkmenlerden salgyt hökmünde we zorluk bilen müňläp düýe ýygnadyp, olary sarbanlara tabşyrýar. Bu düýejiler barha köpelip, tutuş il bolýar, gurplanýar. Janybekden soň, onuň ogly Berdibek tagta çykýar. Ol 1359-njy ýylda ölenden soň, hanlykda tagt üçin dawa turýar. Türkmenler bu dawadan peýdalanyp, bir wagtky zor bilen alnan düýelerini yzyna alýarlar. Düýejiler garyp düşýär. Olar häzirki sakarlaryň ata-babalary bolan garaöýli taýpasynyň ýanyna göçüp, Kaspi deňzinde we Uzboýda balykçylyk bilen meşgul bolýarlar. Dfüýejiler barha köpelýär. Olar Aktam—Ogurjaly aralarynda

mesegn tutýarlar.

1550-nji ýylda ýazylan çeşmelerde düýejileriň sany 5—6 müň öýli (25—30 müň adam) diýlip görkezilýär. Hatda XVII asyrda-da bular ekerençylyk bilen meşgul bolupdyrlar (salgyda mal däl-de, däne töläpdirler). Şol asyrda düýejiler alililer we hydyrililer bilen birlikde üçil diýen taýpalar toparyny emele getiripdirler.

Göräýmäge, düýejileriň döreýşi barada Abylgazynyň berýän maglumatlary juda ynandyryjydyr. Ol taryhy şahslar we seneler bilen hem baglanyşýar. Ýöne iňkise goýýan zatlar bar. Birinjiden, öň belleýşimiz ýaly, düýejiler Kakazda we Kiçi Aziýa ýurtlarynda-da duş gelýärler. Bu ýurtlara türkmen köpçülikleýin XI asyrda, seljuklaryň ýörişi döwründe barypdyrlar. Bu sene (XI asyr) düýejileriň dörän wagtyna (XIV asyra) şübhe döredýär. Ikinjiden, gadymy türki dillerde meselem, çagataý  dilinde düýeji (deweçi sözi) “düýe çopany”, “düýeli gezýän” manylaryndan başga-da, “esger ýygnaýan we olaryň hal-ýagdaýyny barlaýan gözegçi”, “harby ispektor” diýen manyny aňladypdyr. Hatda türki hanlyklarda, meselem, Temirleňiň döwletinde deweçi diýen wezipe bolup, ol wezipedäkiler gurultaý geçirmek, goşuny ýörişe taýýarlamak ýaly möhüm işleri ýerine ýetiripdirler, özleri-de hökümdardan beýlekilere tabyn bolmadyrlar. Şonuň üçin düýejileriň, edil Farapdaky bitikçiler ýaly, şeýle wezipäni eýelän adamyň neberereleri, raýatlary hökmünde XVI asyrdan has öň, ýöne XI asyrdan soň ýüze çykan bolmaklary ähtimal.  XI asyrdan soň diýmegimiziň öz sebäbi bar: Mahmyt Kagarynyň  XI asyrda ýazan “Türki sözleriň diwany” diýen meşhur işinde türkmenleriň 24 taýpasynyň we ençeme uruglarynyň ady sanalýar, ýöne düýeji diýen ada duş gelinmeýär. Diýmek, şol döwürde düýejiler taýpa hökmünde kemala gelen däl bolsalar gerek.

Näme üçin düýejiler giň territoriýada bölek-bölek, biri-birinden üzňe obalarda ýerleşdilerkä? Bäherden raýonynyň Hankäriz obasynda ýaşaýan düýeji ýaşulusy Anna Ata oglundan eşiden rowaýatymyzda bu barada şeýle diýilýär: Ýagyçylyk döwründe bir oba ýagy çozýar. Bütin il gyrylýar, oba talanýar. Diňe bir oglan düýäniň howdunyň aşagynda guzlenýär we aman galýar. Oňa düýeji diýip at berýärler. Ondan 7 ogul dünýä inýär. Bu ogullar gaty bet bolany üçin, biri-birleri bilen oňuşman, betdoga galýar we hersi bir yklymda ýurt tutunýar.

Rowaýat rowaýat bolýar. Ol bu taýpanyň daganyklygyny dogry

düşündirip bilmeýär. Taýpanyň dumly-duşa dargamagynyň sebäbini giçki orta asyrlarda ýurtda bolup geçen taryhy syýasy, ykdysady ýagdaýlardan, türkmenleriň çar tarapdan gysaja salan feodal hanlyklaryň "bölüşdir-de, höküm sür" diýen kolonial syýasatyndan gözlemek dogry bolar. Hywa hanlary, Buhara emirleri, şeýle-de Eýran şalary boýun egmezek, uruşgan türkmen taýpalarynyň bir ýerde jemlenip, top bolup oturmagyndan heder edip, olary bölüşdirmegiň, agyzny alartmagyň ýoluny gözläpdirler. Şeýle syýasat netijesinde çandyrlaryň dürli tirelerine öz esasy mekanlaryndan has uzaklarda ýerleşen ülkelerden mülk ýer sowgat berip ýa-da olary zor bilen göçüripdirler, şeýlelikde, biri-birlerinden ýüzlerçe kilometr uzaklykda çandyr obalary emel eglipdir. Boýun egmezek düýejiler babatda-da şeýle syýasat ýöredilipdir. Diýmek, düýejileriň pytradylmagyna dürli hanlyklaryň, emirleriň we şalaryň kolonial diplomatiýasy sebäp bolupdyr.

Düýejiler barada munça gürrüň edenimize görä, bu taýpadan çykan görnükli adamlar hakynda-da kelam-agyz ýatlamagymyz gerek. Magtymgulynyň eserlerini Buharada daş basmausulynda çap edenleriň biri Gurbanberdi Gürgeni diýen magaryfçy düýejilerden ekeni. Özbek edebiýatçy alymy Kabyljan Tahyrowyň we türkmen alymy, asly düýejilerden bolan Aşyrpur Meredowyň tassyklamaklaryna görä, 325 ýyllyk ýubileýi bellenjek ajaýyp şahrymyz, ençeme dessanlaryň we liriki goşgularyň awtory Nurmuhammet Andalyp, sowet döwrüniň ýaýjy-şahyrlary Anna Kowusow, Şäher Borjakow dagy hem düýeji iliniň wekilleridir.

## DÄLI

Abdal, alili, arabaçy, gökleň, ýomut, sakar, salyr, saryk, teke, çowdur, esgi, ärsary ýaly ençeme türkmen taýpalarynyň düzüminde **däli** diýen urug-tirelere duş gelinýär. Türkmen etnonimiýasynda jynly, telbe, tentek ýaly ýakymsyz atlaryň duş gelýändigini nazara alyp, käbir adamlar bu ady göni manysynda düşündirýärler, ýöne beýle pikiriň hakykatdan üzňedigini bada-bat aýtmalydyrys, çünki özüne hormat goýýan iliň beýle ýakymsyz ady dakynmajagyna ýa-da dakdyrmajagyna göz ýetirmek kyn däl.

Biz **däli** diýen etnonimleriň asyl köki we manysy barada 3 sany

çaklamany orta atmakçy.

1.**Däli** diýen etnonimler (hiç bolmanda, olaryň aglabasy) biziň eramyzyň başlarynda Altaýda we Mongoliýada ýaşan, VI asyrda bolsa Beýik Türk Kaganatynyň düzümine giren tele diýen gadymy türki taýpalarynyň ady bilen baglanyşyklydyr. **Tele, dele, däli** görnüşlerinde ol gazak, garagalpak, başgyrt halklarynyň düzüminde-de duş gelýär. Taryhy çeşmeler tele halkynyň müň öýlüsini (müň alaçyklynyň) baryp V asyrda Irtiş derýasyndan geçip, Kaspi we Aral deňziniň arasynda ýerleşendigini habar berýärler. Şol telelerden türkmen dälileriniň dörän bolmagy hakykata has ýakyndyr. Eger şu çaklama dogry bolsa, onda däli diýen tireler özlerini teleut we telengut diýen türki halklar bilen hem garyndaş hsaplap bilerler, çünki bu halklaryň ady tele sözünden we köplük goşulmasyndan durýar.

2.**Däli** diýen etnonim biziň eramyzyň başlarynda we ondan öň häzirki Günbatar Türkmenistanda (Kaspi ýakalarynda) ýaşan dah (däh) diýen halkyň adyndan we etnonimiýada degişliligi bildirvqn –li go\ ulmasyndan durýar (dähli—däli). Muny Günbatar Garagumdaky Dähli guýusynyň we Gyzyletrek raýonyndaky Dehistan diýen gadymy şäheriň atlary hem tassyklaýar.

3.**Däli** diýen etnonim tirebaşynyň lakamy bilen baglanyşyklydyr. Bu ýerde ol söz “telbe”, “jynly” manysynda däl-de, “gaýduwsyz”, “edermen”, “gözsüz batyr” ýaly manylardadyr (bir kemally iş bitirmez, meýdanda däli bolmasa). Klassyk edebiýatymyzda däli lakamly şahslara-da köp duşulýar. Meselem, “Görogly” eposynda Däli Mäter, Harmandäli, “Gorkut atadaky” Däli Dundaz, Däli Domrul we başgalar.

Jemläp aýtsak, türkmenlerde däli atly tireler köp. Olaryň bir bhöleginiň emele gelşinin birinji çaklamamyza, beýlekileriniň ikinji, üçünji çaklamalara dogry gelmegi hem mümkindir.

## ÝEDIURUG

Saryk we esgi taýpalarynyň, şeýle-de Kerki, Hojambaz raýonlarynda ýaşaýan kyrköýli salyrlaryň düzümindäki ýediurug diýen etnonimleriň manysy öz-özünden düşnükli: “ýedi urugyň birleşigi”. Käýerde bir topary emele getiren ýedi urugyň atlary ýatdan çykarylan bolsa-da, birnäçe ýerde ol uruglaryň atlary belli. Meselem, Kerkidäki ýediuruga

degişli uruglar şulardyr: egri, ýagyr, daşatar, eşek, lokga, kesir, däli. **Jetiurru, jetiruu** diýen uruglara başgyrt, gazak we gyrgyz halklarynda-da duşulýar. Umuman, ýedi urugyň birleşigi gündogar halklarynyň köpüsine mahsus bolmaga çemeli. Ynha, G.I. Karpowyň ýazyşyna görä, gadymy parfiýalylyrda megistany diýen etnik toparlar ýedi sany abraýly uruglardan ybarat eken. Ahemenitlerde-de şeýle etnik toparlar bolupdyr.

## ÝEMRELI

Daşhiwuz welaýatynyň Lenin we Ýylanly raýonlarynda ýemreli diýen türkmen taýpasy ýaşaýar. Alili, ata, teke we änewli taýpalarynyň, şeýle-de Nurata türkmenleriniň düzüminde hem ýemreli diýen tireler duş gelýär. Ýemreliler Buhara welaýatynda, Azerbaýjanda, Eýranda we Türkiýede-de bar.

Etnonim **imrili** görnüşinde ilkinji gezek Abylgazynyň "Türkmenleriň şejeresi" diýen işinde duş gelip, ol "eýmir ili" diýen sözleriň biri-birleri bilen goşulyşyp, kebşirlenip giden görnüşidir: **eýmir ili—ýemirili—ýemreli** (eýmir sözi barada degişli makalada gürrüň bereris).

Şu awtor özüniň "Türkmenleriň şejeresi" diýen işinde ýemrelileri Durunda ýaşaýan içki salyrlaryň arasyndan çykan il edip görkezýär. Ol şeýle ýazýar: "Ýemir ili (ýemreli) halkynyň asly mundak turur kim Maňgyşlakda içki salurdan bir kişi bir içki salurny öltürüp gaçyp, Durunda olturgan salur iliniň içine gelip turur taky anlardan bir gyz alyp, anda watan kylyp, olturup turur. Barça ýemirili halky ol kişiniň oglanlary tyryrlar".

Diýmek, ýemreliler taýpa hökmünde Ahalda dörän ildir.

## ERKI

Ýomut we saryk taýpalarynda **erki** diýen tireler bar. Ýolöten raýonyndaky **Erkisadyk** obasyna-da şu tiräniň ady geçipdir (erki-sytdyh—erkisadyk).

Käbir alymlar grek taryhçysy Gerodotyň işlerinde duş gelýän **ýirki** diýen etnonimiň aslynda türk sözüniň bir görnüşidigini ýazýarlar. Gadymy türklerde **irkit, irkut** diýen taýpa bolupdyr. Bu at hem **irki** sözünden we **–t** diýen türki köplük goşulmasyndan ybarat. Irkit diýen

at häzirki altaýlaryň etnonimiýasynda saklanyp galypdyr. Ýeri gelende aýtsak, Irkutsk şäheriniň ady irkit, irkut diýen etnonim bilen baglanyşykly bolmaly.

Ural we Sibir toponimiýasyny öwreniji alym A.K. Matweýew **irki, irkit** diýen ady “urug, taýpa” manysyndaky **irk** diýen Eýran sözünden hasaplaýar.

Bu adyň manysy barada ýene bir çaklamany hödülemekçi. Mongol we türki halklar Isus Hristosa Ýerke ýa-da Ergu, hristaianlara-da erkeun diýipdirler. (-un—köplük goşulmasy). Şundan ugur alynsa, onda erke etnonimini türki halklaryň düzümine goşulan hristianlaryň adyndan hasaaplamak hem mümkindir.

## ÝOMUT

Türkmenleriň uly taýpalarynyň birine **ýomut** diýlip, bu taýpa **günbatar** (ýa-da Şagadam) ýomutlary hem **demirgazyk** (ýa-da Daşhowuz ýomutlary) diýen iki topara bölünýär. Bu taýpanyň uly topary Eýrandaky Türkmensähranyň (Etrek-Gürgen etraplarynyň) ilatynyň aglaba bölegini düzse, onuň bölek-büçek toparlary Owganystanda, Garagalpagystanda hem duş gelýär.

**Ýomut** diýen at juda gadymy bolsa-da, bu ady göterýän il taýpalyk derejesine giçki orta asyrlarda, mongol gyrgynçylygyndan (XII asyrdan) has soň ýeten bolsa gerek, çünki Abylgazynyň “Türkmenleriň şejeresi” (XVI asyr) diýen işinden öň ýazylan çeşmelerde **ýomut** diýen ada duş gelmeýäris. Abylgazy hem bu sözi taýpa däl-de, tiräniň (kiçi etnik toparyň, urugyň) ady hökmünde ulanypdyr. Onuň ýazyşyça, Ýomut Salyr Gazanyň neberesi bolan Ögürjik alpyň neslindendir: Ögürjik alp—Berdi—Gulmy—Ýomut (Gulmynyň ikinji ogluna Gultak diýlipdir).

Ýomutlaryň Balkan—Maňgyşlak etraplarynda salyr iliniň dürli böleklerinden ýygnanyp, taýpa derejesine ýeten bolmagy mümkindir, çünki birinjiden, Abylgazy Ýomudy Salyryň gös-göni neberesi hasaplaýar. Ikinjiden, ärsary, saryk, teke taýpalary bilen birlikde ýomutlar hut XVI asyrda-da daşky salyr diýip at alan taýpalar birleşigine degişli bolupdyr. Üçünjiden, Ýomut bilen dogan hasap edilýän Gultagyň ady urugyň ady hökmünde salyr we ärsary taýpalarynda saklanypdyr. Başga-da ençeme ýomut urug-tireleriniň atlary hut şu taýpalardaky etnonimler

bilen dogry gelýär.

**Ýomut** diýen etnonimiň gelip çykyşy we aňladýan manysy barada ylmy çeşmelerde dürli pikirler orta atyldy. Meselem, belli türkmen magaryfçy alymy Nazar Ýomudskiý ony Salyr Gazanyň neberesi bolan we XII asyryň ahyrynda—XIII asyryň başynda ýaşap geçen Söýünhan diýen belli şahsyň Ýomut oglunyň, ýagny taýpabaşynyň adyndan emele gelen hasaplaýar. Etnograf alym Ata Jykyýew bu adyň manysyna degişli iki rowaýaty il içinden ýazyp alypdyr. Olaryň birinjisine görä, bu söz **ýowm it**, ýagny "it ýatagy" diýen manydadyr, çünki hürri çaga doan bir aýal bäbegi gundap, it ýatagynyň içinde goýýar. Kemala gelen bu çagadan dörän ile-de **ýowmit-ýowmut-ýomut** diýen at galýar. Ikinji rowaýata görä, bu söz ýow (ýagny "ýagy") we mut ("mat") sözlerinden bolup, ol "ýagyny ýeňýän" diýen manydadyr.

Ylmy nukdaýnazardan ýokarda getirilen düüşündirişleriň hiç biri-de hakykata dogry gelmeýär. Bu at barada geçen asyryň ortalarynda Türkmenistana gelen majar (wengr) alymy Arminiý Wamberiniň pikiri üns bermäge mynasypdyr. Ol ýomut diýen etnonimi gadymy türki dillerde "il", "halk", "taýpa", "topar" (nemsçe **Menge**) manylarynda ulanylan **ýom** sözünden we **–ut** goşulmasyndan hasaplaýar. **Ýom** sözi ýokarky manyda häzirki türkmen dilinde saklanmadyk bolsa-da, bu söz **ýumak** (ýagny "bir ýere toplanan ýüp"), **ýumruk**, **ýumry**, **ýumalak ("togalak"), ýumurtga** ýaly sözlerde häli-häzire duş gelýär. **Uýgurlarda ýumut** sözi "topbak", "topar", gadymy türki dillerde bolsa **ýumgy, ýumgylyg** sözleri "ýygyn", "jem" manylarda ulanylypdyr. Mundan 2100—2200 ýyl öň türkmenleriň gadymy ata-babasy bolan gunlara **ýomut** hem diýlipdir. **Gun** sözüniňm özi hem "il", "topar" manysyndadyr. Deňeşdiriň: **il-gün.** Diýmek, bir türki taýpanyň gepleşigine mahsus bolan **gun** sözüni beýleki şiwäniň wekilleri **ýomut** diýip öz sözleri bilen çalşyrypdyrlar. Ýomut taýpasynyň etnik adynyň gadymy gunlaryň ýomut diýen ikinji ady bilen baglanyşygyny subut edýän delilimiz bolmasa-da, bu etnonimleriň ikisiniň hem şol bir sözden—"il", "topar", "taýpa" manysyndaky **ýom** sözünden we gadymy türki dillerde jemi, köplügi aňladýan –**ut** goşulmasyndan emel gelendigini göni aýdyp bileris.

## JAGAL, JAGALBAÝ

Ärsarylaryň abdal urugynyň **jagal** we gyzylaýak urugynyň **jagalbaý** atly tireleriniň asly bir bolup, olara jagalbaý (rusça debnik) atly ýyrtyjy guşuň ady dakylypdyr. Şu atdaky urug-tireler ençeme türki halklarda hem bar, ýöne olaryň ady her halkyň dil aýratynlygyna görä biraz üýtgeşme bilen ulanylýar. Meselem: başgyrtlarda we özbeklerde **ýagalbaý**, garagalpaklarda **jagaltaý**, gazaklarda **jagalbaýly**. Başgyrt alymy R.G. Kuzeýew degişli taýpasyny görkezmezden, **ýagaltaý** diýen tiräniň türkmenlerde-de bardygyny ýazýar. S.M Abramzon we R.G. Kuzeýew ýaly alymlaryň pikirine görä, jagalbaý ýa-da ýagalbaý diýen topar orta asyrlarda Aral ýakalarynda ýaşan türki halklaryň arasynda döräp, oňa tagmasynyň şekiline görä, şeýle at dakylypdyr. Bu taýpanyň tagmasy, dogrudan-da, öz awynyň yzyndan batly kowup, uçup barýan guşy ýatladýar. Onuň formasy ýaýyň peýkamyna meňzeşdir.

## JAGYLJOGUL

Nohurly taýpasynyň **jagyljogul** taýpasy we onuň ady ençeme alymlaryň ünsüni özüne çekipdir. Meselem, türkmen dilindäki makalalaryna Hoşgeldi Bagtyýarow diýip gol çeken alym G.I.Karpow bu ady jagyl-jugul diýen ses meňzetmesinden hasaplaýar we ony urug wekilleriniň galmagalçydygy bilen baglanyşdyrýar. Belli türkmen dilçisi A.P. Poseluýewskiý bolsa bu etnonimi jagyl jöhit, ýagny “nadan jöhit” diýip düşündirýär, emma öz pikirini delillendirmeýär. Moskwaly alym G.P. Wasilýewa bu çaklamalaryň jagyljogullylar tarapyndan hem aýdylýanlygyny, ýöne olaryň hakykata dogry gelmeýänligini belleýär. Etnonimiň manysy barada häzirlikçe başga maglumat ýok.

## JANGURBAN//JANGURBANLY

Giçki orta asyrlarda Eýrandaky türki halklardan, esasan hem dürli türki taýpalaryndan emele gelen uly etnik topara **jangurban** ýa-da **jangurbanly** diýlipdir. Göräýmäge manysy düşnükli ýaly bolsa-da, etnonimiň türkmen sözleri bilen dahyly ýok. Ol Eýranda mongollaryň agalygy döwründe ýüze çykýar. Jangurbanly taýpasynyň serkerdeleri şu ýurtdaky mongol (oýrat) hökümdary Argun-aganyň ýakyn

hemaýatçylary bolup, öz taýpasyna-da at hökmünde şu ýerde ulanylýan harby-adminastratiw adalganyň—**dzaun-gurban** diýen mongol sözüni saýlap alýar. Bu söz türkmençä geçirilende, "goşunyň çep ganatynyň üç bölümi" diýen manyny aňladýar. Hakykatdan-da, bu taýpanyň wekilleri Argun-aganyň goşunynyň çep ganatynda üç esasy düzüpdir. Manysy düşnüksiz dzaun-gurban sözi soňra jangurban diýen türkmen sözleri bilen çalşyrylýar. XVI asyrda Eýranda mongol şalygy ýykylandan soň, Mary, Abywerd (Kaka) we Nusaý jangurbanlylaryň eline geçýär. Soňra bu taýpa Eýranda we Türkmenistanda dürli taýpalaryň arasyna siňip gidýär. Häzir ol gökleňleriň gaýy bölüminiň bit tiresi hökmünde Garrygala raýonynda saklanyp galypdyr.

## JANYBEK

Saryklaryň baýraç urugynyň bir uly tiresine **janybek** diýlip, ony ady, G. I. Karpowyň pikirine görä, Altyn Orda döwletinde 1342—1357-nji ýyllarda höküm süren, özi hem Çingiz hanyň neberelerinden bolan gazaply hanyň—Janybekiň ady bilen baglanyşyklydyr. Şol döwürde ençeme türkmen taýpalary şu hanyň garamagynda bolupdyr. Saryklarda saklanyp galan rowaýatlarda we G.I. Karpowyň saryklara bagyşlan ýörite makalasynda bu taýpanyňAŞtarhanylar (Astrahan hanlary), şeýle-de gazak halky bilen ýakyn gatnaşykda bolandygy bellenýär. Şundan we gazak halkynyň düzüminde-de janybek diýen urugyň bardygyndan ugur alsak, etnonimiň gelip çykyşy barada G.I.Karpowyň ýokardaky pikiri hakykata laýykdyr. Salyrlaryň saýat urugyndaky janyk tiresiniň ady hem etnonimiň gysgalan görnüşi bolsa gerek.

## JATYRTÜRKMEN

Samarkant welaýatynyň Nurata raýonynda ýaşaýan Nurata türkmenleriniň düzümindäki **jatyrtürkmen** tiresiniň adynyň **jatyr** sözi "ýatar" sözüniň fonetik öwüşgini bolup, saryklardaky bozýatan, **ýatan**, tekeleriň utamyş bölümindäki ýatagan tireleriniň ady bilen manydaşdyr. Mahmyt Kaşgarynyň sözlügindäki **ýatuk** görnüşinde ulanylan bu söz etnonimiýada "oturymly", "göçüp-gonmaýan", "çomur" diýen manyny aňladýar.

## JAFARBAÝ

Ganbatar Türkmenistanda, şeýle-de Eýrandaky Türkmensährada ýaşaýan ýomutlaryň iki uly bölüminiň birine **Jafarbaý** diýilýär (beýlekisine **Atabaý**). Bu at "Jafar diýen baýyň ili" diýen manydadyr, çünki bu taýpanyň dörän ýerinde, ýagny Etrek we Gürgen derýasynyň boýlarynda ýaşaýan türki taýpalaryň arasynda jafarbegli we jafarbegi diýen uruglara-da duş gelinýär. Ähtimal, bu ýerde Jafar diýen bir atly-abraýly adam ýaşap, XVI—XVII asyrlarda ili öz daşyna toplan bolsa gerek.

## JELAÝYR

Orta asyrlarda dörän türki taýpalaryň biri-de jelaýyrlardyr. G.P.Wasilýewanyň pikirine görä, XV—XVII asyrlarda bular türkmen hasaplanypdyr. G.I. Karpow hem jelaýyrlary alili, owşar ýaly türkmen taýpalaryna ýakyn garyndaş hasaplap, onuň uruglarynyň arasynda güjük, hojanazar, aryk ýaly atlary göterýänleriň bardygyny belleýär. Jelaýyr diýen adyň hakyky manysy barada maglumat ýok, ýöne şu atdaky urug-tireleriň özbek, gazak, garagalpak we gyrgyz halklarynyň düzüminde-de bardygyny ýatlap geçýäris.

## JOJAŇ, SOJAN, SOJAK

Kaşgaderýa welaýatynyň Mübärek şäheriniň ýakynynda ýerleşen Saryk obasynda ýaşaýan saryklaryň arasynda **jo:jaň** (o sesi uzyn aýdylýar), Ýolöten, Tagtabazar raýonlarynda ýaşaýan saryklaryň **so:jaň**, Gökdepe tekeleriniň düzümindäki **so:jak** tireleriniň bir kökden döränligine olaryň ady şaýatlyk edýär. Tagtabazarly ýaşulular bu ady "sojagan", ýagny "sojap dem alýanlar" diýip düşündirseler, mübärekli saryklar **jojaň** diýen ady **juý-e jeň** diýen täjik sözleri bilen baglanyşdyrýarlar (täjik dilinde **juý**—"ýap", **jeň**—"uruş" diýmekdir, ýagny "uruş ýaby" ýa-da "uruşlu ýap"). Berilýän gürrüňlere görä, saryklaryň ýabynyň üstünde uruş bolup, gan dökülipdir. Elbetde, bu gürrüňleriň hakykylygyna ynanmak kyn, ýöne etnonimleriň asyl manysy barada häzirlikçe başga maglumat ýok.

## JÖGI

Ärsarylaryň we burkazlaryň düzümindäki **jögi** diýen tireleriň adynyň edebi dildäki jögi (jögülek etmek) sözi bilen dahyly ýok. Aslynda **jögi (jugi)** sözi Orta Aziýa siganlarynyň esasy üç bölüminiň biriniň etnik adydyr (olara multoni hem diýilýär). Bu jögüler topar-topar bolup, obama-oba aýlanyp, dilegçilik, tebipçilik etmek, pal atmak bilen meşgul bolýarlar. Olara Çärjew welaýatynda jögüler diýilýär. Bu etrabyň gepleşiklerine jögi etnonimi täjik we özbek dillerinden geçipdir. Aslynda hindi (sanskrit) dilinde **jögi** sözi "dilenjeň", "gedaý" diýen manydadyr. Çärjew welaýatyndaky gepleşiklerde-de bu söz hut şol manyda ulanylýar. Biziň pikirimizçe, **ýog** (hindi ýoglary) we orus dilindäki Baba Ýaga ("jögi mama") sözüniň **ýaga** sözleri hem **jögi** sözi bilen asyldaşdyr. Jögi diýen türkmen tireleriniň adynyň döremegine siganlar bilen gylyk-häsiýetiniň, belki-de, keşpleriniň meňzeşligi sebäp bolan bolsa gerek.

## JÖHIT

Orta Aziýa halklarynyň aglabasy ýewreý diýen etnonime derek jöhit, özbeklerde bolsa ýahudi sözüni ulanýarlar. Etnonim klassyk edebiýatda we dessanlarda köp duş gelýär:

*Gündogardan günbatar,*
*Tersa, jöhit hem tatar (Magtymguly).*
*Ýa-da: Dine girmeýen mülhidem,*
*Hem tersaýem, hem jöhidem ("Nejep oglan").*

Alilieriň onbegi urugynyň we Kaşgaderýa welaýatynda ýaşaýan pamyk türkmenleriniň düzümindäki **jöhit** tireleriniň ady, ähtimal, Orta Aziýa (Buhara, Kerki) jöhitleri bilen etnik gatnaşyklar ýa-da bu taýpalara soň goşulan toparlaryň dini ynançlary bilen baglanyşykly dörän bolsa gerek. Etnonimiň hakyky manysy belli däl.

## JUWAZÇY

Alili we teke taýpalaryndaky **juwazçy** diýen tireleriň ady tire wekilleriniň gadymy kesbi—juwazçylyk bilen baglanyşyklydyr.

## JÜÝJE

Nohurlylaryň düzümindäki **jüýje** tiresiniň adynyň gelip çykyşy barada dilçi alym A.P. Poseluýewskiý şeýle ýazýar: “Bu toparyň tirebaşysyna Öwez towuk diýipdirler. Uly derejä we abraýa eýe bolandan soň, Öwez özüniň **towuk** diýen gelşiksiz lakamyny aýyrtmak maksady bilen ile toý berýär. Il maslahat edip, oňa **Öwez baý** diýip täze at berýär. Toýa çagyrylmadyklar bolsa gahar bilen oňa **Öwez jüýje** diýip at dakýar. Tirebaşynyň **jüýje** lakamy soňra onuň iline-de geçýär.

## JYLANTAMGALY

Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenleriniň bir tiresiniň tagmasy ýylanyň yzyny ýada salýandygy, ýagny egrem-bugramdygy üçin, oňa **jylantagmaly** (“ýylan tagmaly”) diýen at dakylypdyr. BU tiräniň asly gaýy taýpasyndan bolsa gerek, çünki orta asyr gaýylarynyň tagmasynyň şekili hut şeýle eken.

## ZEŇŇI

Gyzylarbat raýonyndaky Hojagala obasynda ýaşaýan hojalaryň düzüminde zeňňi tiresi bolup, onuň ady türki (türkmen) dilinde öň köp ulanylan, häzir bolsa **gara berzeňňi** söz düzüminde we Aşgabat şäherine goşulan **Berzeňňi** posýologynyň (ilki käriziň) adynda saklanyp galan zeňňi sözündendir. **Bu söz** “negr”, “garaýagyz” manysyndadyr. **Zinj** ýa-da **zeňňi** sözi aslynda Zanzibaryň ilatXyna, soňra bolsa tutuş negrlere dakylypdyr. XI asyrda Siriýa baran seljuk türkmenleri zeňňiler diýen patyşalar dinastiýasyny döredýärler. Zeňňi diýen türkmen etnoniminiň garaýagyz halklar bilen etnik gatnaşyklar netijesinde dňremegi ýa-da zeňňiler dinastiýasy bilen baglanyşykly bolmagy mümkindir.

## IGDIR

Orta asyrlarda uly taýpalryň biri bolan igdirleri Mahmyt Kaşgary 24 türkmen taýpasynyň arasynda 14-nji Reşideddin bilen Abylgazy 21-nji, Salar Baba bolsa 15-nji orunda goýýar. Reşideddin we Abylgazy

ony Oguz hanyň Deňiz diýen oglundan bolan ilkinji çaga hasaplasa, Salar Baba Igdiri Oguz hanyň Gök han diýen oglundan bolan üçünji nebere we ondan önen taýpa çaklaýar. Kaşgarydan beýleki alymlar igdir/ ýigdir etnonimini ýegdir diýen türki söz bilen baglanyşdyryp, onuň manysyny "uly", "ulug" (Abylgazy), "iýilik (eýgilik), beýiklik, ýigitlik" (reşideddin), "eýlik, ululyk we bahadyrlyk" (Ýazyjy-ogly), "ýagşy ümül" (Salar Baba) diýip düşündirýärler (aslynda ýeg we eý sözleri bir kökden emele gelipdir).

Gadym eýýamlarda igdirler özbaşdak taýpa bolsalar-da, olaryň uly bölegi XI asyrdaky seljuk herereti döwründe Eýrana, Azerbaýjana we Türkiýa göçüpdirler. Maňgyşlakda galan igdirleriň hem uly topary XVII—XVIII asyrlarda Stawropol ülkesine hem-de Astrahan oblastyna gidipdir. Olaryň galan bölegi soňra çowdurlara goşulyp, şu taýpanyň bäş bňlüminiň birini emele getiripdir.

Häzirki döwür alymlary: akademik A. H. Kononow, etnograf G.I.Karpow we türkmen dilçisi H.A. Maşakow dagy igdir sözni ikä bölüp, birinji ig sözüni "i:g", ýagny beýleki taýpalar bilen gatyşmadyk manysyndaky söz, -dir goşulmasyny hem kem işlik affiksi hasap edýärler. Ýöne beýle düşündirişe ylmy taýdan ynanmak kyn, çünki, birinjiden, igdir diýen adyň çekimlileri gysga, i:g sözünde bolsa uzyn aýdylýar. Ikinjiden, soňky ýatlanan alymlaryň kem işlik goşulmasy hasaplanýan –dir affiksi hem aslynda –der bolupdyr, meselem, Mahmyt bu ady igder, Salar Baba bolsa ýigdir görnüşinde ýazypdyrlar. Bu goşulma **çowdur (asly çowuldar), çandyr (çawyndar), baýyndyr (bagandar)** diýen türkmen etnonimleriniň düzüminde-de duş gelýär.

**Ig** sözüniň asyl manysy barada biz iki çaklamany hödürlemekçi.

1. Bu söz **ýyg** söz bilen bir kökden bolup, ol "ýygyn", "taýpa" ýaly manylarda ýüze çykypdyr. Onuň inçe çekimlili ýig görnüşi çigmek, çigin sözleri bilen asyldaş bolup, bu sözler hem özünde şol gadymy many ýokundysyny saklapdyr. Altaý dilleri toparyna degişli bolan tungus-manjur (ewenk) dillerinde ýigna sözi hut "ýygyn" manysyndadyr.

2. Ig sözi ňg, og (serediň: ögem, oguz) sözleri bilen asyldaş bolup, bu ýagdaýda-da ol ilki "topar", "il", "taýpa" manysyny aňladypdyr.

## ÝIGRIMIDÖRT

Çarşaňňy we Kerki raýonlarynda ýaşaýan mukry hem-de hatap taýpalarynyň düzüminde **ýigirimidört** diýen tireler bar. Giçki orta asyrlrda Orta Aziýadan Azerbaýjana we Kiçi Aziýa ýurtlaryna göçen gajarlaryň arasynda-da şu atdaky etnik toparlar bolupdyr.

Belli etnograf G.I.Karpow türkmen tire-taýpalarynyň derňewine bagyşlanan kandidatlyk dissertasiýasynda (1942) hataply ýaşululardan ýigrimidört diýen etnonimiň döreýşine degişli ýazyp alan täsin rowaýatyny getirýär. Onda bu tiräniň wekilleriniň 24 ýaşdan aňy geçmändigi, bardy-geldi, şol ýadan geçen adam bolaýsa-da, geçmişde olaryň öldürilenligi gürrüň berilýär. Elbetde, beýle rowaýatyň hakykat bilen dahyly ýok. Mukruly ýaşulularyň ýigrimi dört diýen tiräniň 24 maşgaladan dörändigi baradaky gürrüňleri hem onçakly ynandyrmaýar. Biziň pikirimizçe, bu tiräniň adyny türkmen halkynyň iňňän gadymy taryhyndan gözlemek hakykata laýykdyr. Malim bolşy ýaly, gadymy türkleriň, şol sanda türkmenleriň ata-babalary bolan gunlar biziň eramyzdan has öň hem 24 bölüge (okruga) bölünipdirler. Bu däp uzak dowam edipdir. Meselem, L.H. Gumilýew “Gadymy türkler” diýen kitabynda Aşide diýen serkerdäniň ýolbaşçylgynda türki ilatyň bir böleginiň 679-njy ýylda hytaýlylaryň zulmuna garşy gozgalaň edendigini, oňa soňra türki halklaryň 24 bölüginiň ählisiniň goşulandygyny ýazypdyr. 24-e bölünmeklik däbi gunlaryň härby-nyzamy bilen baglanyşyklydyr. Uruş mahaly gun goşunlary 24 topara bölünip, olaryň ýarysy (12 bölegi) goşunyň çep, beýleki ýarysy hem sag ganatyny düzüpdir. Öz gezeginde, her ganat dört-dörtden üç topara bölünipdir. Hut şu bölünişik türki halklaryň taýpalara bölünmek dänine-de geçipdir. Akademik S.P. Tolstow taýpa bölünişigiň 24-lik sistemasynyň türkmenlerde XI asyrdan başlap hut hqzire çenli dowam edýänligini, onuň IV asyrda Aral boýlaryna göçüp gelen gunlardan oguzlara geçenligini ýazypdyr. Dogrudan-da, Mahmyt Kaşgary, Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar Baba, Abylgazy ýaly alymlar, şeýle-de ähli “Oguznamalar” oguz-türkmenleriň 24 taýpadan durýanlygyny, ol taýpalaryň atlaryny, tagmalaryny, ongonlaryny (guşlaryny), mal soýlanda, her taýpa degişli ülüşlerini jikme0jik görkezipdirler.

Türk alymy professor Faruk Sýmer Türkiýä göçen türkmenlerde hut sefewiler döwründe-de 24-e bolünmek däbiniň saklanandygyny, ýagny

ýakyn aralykdaky 24 obanyň iline (uruglaryna) **Ýigrimidört** diýlendigini ýazýar. Orus alymlary XIX asyrda-da Mary tekelerine 24 aksakgalyň (kethudanyň) baştutanlyk edendigini belläpdirler.

Gadymy gunlardan gaýdýan şu bölünişigiň türki halklaryň maddy we medeni durmuşyna giňden ornaşandygyny hem bellemelidiris. Meselem, häzirki türkmen halylarynyň aňyrsy hasaplanylýan Pazyryk halysyna salnan gölleriň sany 24-dür (ol haly Altaýdan tapyldy). Teke halylary hem köplenç 24 gölden ybaratdyr.

Gadymy oguz elipbiýinde ilki 24 harp bolupdyr. Aramyzdan juda ir giden zehinli alymymyz Ahmet Bekmyradow şol 24 harpyň 24 türkmen taýpasynyň tagmalarynda saklanandygyny belläp, her tagmanyň degişli harpyny hem anyklapdy.

Diýmek, ýigrimidört diýen türkmen etnonimleri biziň gadymy ata-babalarymyzyň geçmiş taryhy, ýagny gunlaryň harby-administratiw düzgünleri bilen berk baglanyşykly ýüze çykypdyr.

## KEÝIK, KEÝIKÇI

Gökleň we olam taýpalarynyň düzüminde **keýik** diýen tireler, Çarşaňňy, Kerki etraplarynda bolsa **keýikçi** diýen özbaşdak topar bar. Olaryň atlary ýa keýik awlamak bilen, ýa-da bu uruglaryň keýik diýen ýabany haýwany özüne totem hökmünde saýlap almagy bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Täjigistanda ýaşaýn kesamir diýen özbek taýpasynyň düzminde **keýikşi** diýen uruglaryň bolmagy bu etnonimleriň gadymydygyndan, ýagny şu taýpalaryň geçmişde bilelikde ýaşan döwründe dörändiginden habar berýär.

## KEM, KEMAN, KEMEN, KEMER, KEMKI

**Kem** (ýomut, ärsary we nohurly taýpalarynyň düzüminde duş gelýär), **keman** (ýomut), **kemen** ýa-da **kemenli** (ärsary), **kemer** (gökleň), **kemki** (ýomut) etnonimleri kem söňünden we köplügi, jemi bildirýän dürli gadymy türki goşulmalardan hasyl bolupdyr. Türki halklaryň taryhynyň irki döwürlerinde Ýeniseý derýasynyň boýunda ýaşan türki taýpalara kem diýen etnik at dakylypdyr. Bu söz “derýa” diýen manydadyr, hatda şol eýýamda türki halklar Ýeniseýe-de Kem diýipdirler. Şeýlelikde,

**kem** diýen etnonimleriň "derýa", ýagny "derýanyň boýunda ýaşaýanlar" diýen manysy bar. **Kem** diýen urug-tireler soňra aglaba türki halklaryň düzümine siňip gidipdir.

## KERSENÇI

Çowdurlaryň bozajy urugyna degişli bolan **kersençi** tiresiniň wekillerine hünärine, ýagny kersen bejermäge ussat adamlar bolandygyna görä, şeýle at dakylypdyr.

## KEÇKELLE, KÜPBAŞ, TOGALAKKELLE, ÇAKÇABAŞ, EGRIKELLE, SÜÝRÜKELLE

Tire-taýpa wekilleriniň kellesiniň formasy ençeme türkmen etnonimleriniň döremegine sebäp bolupdyr. Antropolog alymlaryň barlaglaryndan görnüşi ýaly, türkmen taýpalarynyň arasynda süýrükelleler (ylmy dilde dolihosefallar) hem, togalakkelleliler hem köp. Muňa etnonimiýadan näçe diýseň mysal getirmek mümkin. Ýöne okyjyny ýadatmazlyk, sözbaşyda sanalan (we sanalmadyk) atlaryň diňe degişli taýpalaryny ýaý içinde getirmek we käbir manysy düşnüksiz sözleri düşündirmek bilen çäklenýäris: **keç** (teke, garadaşly), **keçje** (teke), **keçkelle** (ärsary), **kädi** (garadaşly), **kädibaş** (saryk), **kädiçi** (salyr), **kädili** (ýemreli), **togalak** (çowdur, teke), **togalakkelle** (baýat), **çakçabaş** (Hywa, Buhara oblasty), ýerli şiwede çakça-"kädi"), **küpbaş** (ata, sakar. **Küp-**"güpi", gatyk ýaylýan süýri daş gap), **egri** (salyr), **egrikelle** (mukry), **süýrüje** (ärsary), **süýrükelle** (çandyr), **süýmüş** (çowdur) we başgalar.

## KÖW, KÖWEK, KÖWLI, KÖWSI, KÖÝÜK, KÖÝÜKLI, KÖÝÜNDI

Sakar we teke taýpalarynyň düzümindäki **köwler**, ýemrelileriň **köwek**, alili, ýemreli, ýomut, gökleň, sakar, saryk taýpalaryndaky **köwli**, hataplardaky **köwsi** diýen etnonimleriň köw sözüniň häzirki türkmen dilinde ulanylýan **köw**, **köwmek** sözleri bilen dahyly ýok. Ol "oba", "urug" manysyndaky **köw**, **köý** diýen türki sözden emele gelipdir. Bu

söz türk dilinde hut şu manyda ulanylýar. **Köw** sözüniň yzyndaky dürli goşulmalar bolsa degişliligi ýa-da köplügi aňladýarlar. Türki halklaryň orta asyrlardaky göçe-göçlügi döwründe Ýewropa giden peçeneg diýen oguz-türkmen taýpasynyň düzüminde köwler has uly we kuwwatly urugy emele getiripdir.

Sakar, salyr we ýandyr taýpalarynyň **köýük**, arsarylaryň **köýükli**, sakarlaryň **köýündi** tireleriniň atlary hem aslynda **köw** ýa-da **köý** sözünden emele gelipdir.

## KÖMÜRÇI

Alilileriň ýüzbaşy bölümine degişli bolan **kömürçi** tiresiniň wekilleri hut geçen asyrda-da gumda kömür taýýarlamak we ony demirçi ussalara satmak bilen meşgul bolupdyr.

## KÖR, KÖREK, KÖRÇI

On sany türkmen taýpasynyň (ata, ýemreli, ýomut, nihurly, olam, salyr, saryk, çandyr, esgi we ärsarylaryň) düzüminde **kör**, Dänew raýonynda ýaşaýan salyrlarda **körek**, saryk we ärsary taýpalarynda bosa **körçi** diýen tireler duş gelýär. Olaryň adynyň "batyl, sokur, gözsüz" manysyndaky **kör** sözi bilen asla dahyly ýok, çünki özüni sylaýan hiç urug-tiräniň özüne **kör** diýip at dakmajagy hemmä mälimdir. Kör adamdan aňsat taýpabasy hem çykmasa gerek.

Sanalan etnonimleri (hiç bolmanda, olaryň köpüsini) emele getiren kör sözleri iňňän gadymy döwürlerde türk we mongol dillerinde "tire-taýpalar birleşigi" manysyny aňladan kur ýa-da gur sözünden emele gelipdir. Bu söz gurama, gurultaý diýen türkmen sözlerinde şu wagta çenli saklanypdyr.

Bardy-geldi, etnonimlerdäki kör sözi tirebaşynyň lakamy bolaýanda-da, onuň göz bilen baglanyşygy ýok. Edebiýatçy alym Ahmet Bekmyradow **Görogly (Körogly), Keýmirkör** ýaly taryhy atlardaky kör sözni gadymy türki dillerde "batyr", "gahryman" manysyny aňladan söz hasaplaýar.

**Körek, körçi** etnonimleriniň yyndaky **–ek** goşulmasy köplügi, **-çi** bolsa degişliligi bildirýär (etnonimiýada **–çi** we **-li** goşulmasy biri-biriniň

ýerini çalşyp bilýär: hywaly-hywaçy, körli-körçi).

Sözümiň ahyrynda, ärsarylaryň **gyzylkör**, tekeleriň **arykkör**, **körsagyr** we **körsakgal** tireleriniň adynda-da kör sözniň duş gelýändigini belläp geçmekçidiris.

## KÜRT, KÜRDÜK

Alynky Aziýa ýurtlary bolan Eýranda, Türkiýede, Yrakda we Siriýada kürtleriň uly toplumy ýaşaýar (umumy sany 7-den 12 milliona çenli). Öňki SSSR-de (Kawkazda we Orta Aziýda) hem kürtler bar (90 müň adam). Türkmenistandan kürtler topbak bolup Aşgabat raýonynyň Bagyr obasynda ýaşaýarlar. Olar özlerine **kürt** ýa-da **kürmenj** diýip at berýärler. Türkmen diline bu adyň diňe **kürt** görnüşi geçipdir. Muňa Magtymgulynyň:

*Ne ýer galar, ne ýurtlar,*
*Ne türk galar, ne kürtler;*

Şabendäniň:

*Kürtde, Kürdüstanda, gajarda, tatda,*
*Hiç ýerde bir sen dek peri görmedim —*

diýen setirleri hem tassyklaýar.

Ençeme türki halklar, ylaýta-da türkmenler iňňän irki döwürlerden başlap kürtler we Kürdüstan bilen ýakyn aragatnaşyk edipdirler. Ýaşaýan ýurtlarynyň ýakynlygy, hojalyk we medeni durmuşynyň köp babatda meňzeşligi, dini ygtykatynyň hem birdigi (edil türkmenler ýaly, kürtler hem yslam dininiň sünni mezhebine uýýarlar) bu halklaryň biri-biri bilenhas ýakynlaşmagyna, käýerlerde hut gatyşyp gitmegine ýardam edipdir. XIV asyrda Türkmenistanyň günorta-gündogar ülkeleriniň Hyratdaky kürt hökümdarlaryna garaşly bolandygyny we türkmenleriň çozuşlaryndan ätiýaç eden Eýran şalarynyň geçen asyrlarda Eýran—Türkmenistan serhedine kürtleri galkan hňkmünde zor bilen we köpçülikleýin göçürip getirendigini hem nazara alsak, kürt-türkmen etnik gatnaşyklarynyň juda rowaç bolandygyna göz ýetirmek kyn däl.

Hut şonuň üçin-de arabaçy, garadaşly, ýomut, olam, teke, çowdur, änewli we ärsary taýpalarynyň düzüminde **kürt**, gökleňlerde **kürdük** (bu ýerde –ük—jem goşulmasy), tekelerde **kürtçapyk** ( ýagny çapyklar bilen gatyşyp ýaşaýan kürtler"), garadaşlylarda **topbakürt** ("topbak ýaşaýan kürtler") diýen tirelere duş gelinýär. Hazirlikçe biziň elimizde hiç hili delil bolmasa-da, kürt etnonimiýasynda hem türkmen tire-taýpa atlarynyň esli orun eýeleýändigini çak edýäris.

## KYRAÇ, KYRAÇLY

Kyraçlylar Çärjew welaýatynda ýaşaýan salyr türkmenleriniň uly uruglarynyň biri bolup, onuň wekilleri Farap raýonynyň Kyraç obasynda, Dänew raýonynyň "Kommunizm", "Aşgabat", "Mir", Frunze adyndaky, Darganata raýonynyň "Gyzyl Baýdak" kolhozlarynda ýaşaýarlar. Darganatada kyraçlylara **kyranç** hem diýilýär. Bu urugyň ululy-kiçili toparlary Buhara welaýatynyň Alat we Garaköl raýonlarynda-da duş gelýär.

Çärjew welaýatynda ýaşaýan ilatyň etnik taryhy barada uly ylmy iş ýazan moskwaly etnograf Ýa.R. Winnikow şu etrapdaky salyrlaryň düzüminde kyraçly, ýaýçyly, händekli, akjyk, gazarçy, araky, gulançy, merkit, köpekli, mugal, eşekçi, deýnewli, ýediurug, kyrköüli, egri, ýagyr diýen uruglaryň bardygyny nygtap, olaryň arasynda kyraçlylary ululygy, adam sany boýunça birinji ýerde goýýar. Şu alym kyraçlylaryň tirkeş, aýagarykly, ýüzbegi, tarpyzly, obaly ýaly tirelerden durýandygyny hem belläpdir. Ýa.R. Winnikow dänewde ýaşaýan kyraçly ýaşulular Jumak Jumamyrdaow we Öwlüýäguly Seýithanowdan ýazyp alan maglumatlaryna esaslanyp, kyraçlylaryň ilki Garaköl raýonynda ornaşandygyny hem belläpdir. Emma gurakçylyk zerarly bularyň oturan ýerlerini gum basandygy üçin, 120 ýyl çemesi öň (geçen asyryň ortalarynda) olaryň Amyderýanyň kenaryna göçendiklerini belleýär. Şu alym hem kyraç diýen etnik ady rowaýat esasynda "40 aç" diýip düşündirýär (Ürgençden ýa-da Mangyşlakdan 300 ýyl çemesi öň Lebaba göçüp gelen 40 sany aç, ýagny garyp maşgaladan dörän il).

Biz elimizde bar bolan maglumatlara esaslanyp, **kyraç, kyraçly** diýen etnik adyň ýüze çykyşyny we manysyny şeýleräk terzde düşündirmekçi.

**Kyraç** diýen at iňňän irki türki (türkmen) etnonimleriniň biridir. VI—VIII asyrlarda Mongoliýa etraplarynda (Ötükende) uly Türki Kaganaty (imperiýany) esaslandyran we oguz türkmenleriniň bir bölegi bolan gök türkleriň arasynda **Kyraç** ata diýen legendar şahs bolup, ol edil Gorkut ata ýaly, ile öwüt-ündew bermek bilen meşgullanan öňden görüji adam hökmünde suratlandyrylýar. Bu şahsyň ady belli türk ýazyjysy Atsyzyň gadymytürk eýýamyny teswir edýän "Bozgurtlar" diýen taryhy romanynda öwran-öwran gaýtalanýar. Belki, kyraç urugynyň ady şol täryhy şahsyň Kyraç ata diýen ady bilen baglanyşyklydyr. Ärsary, atabaý, jafarbaý, utamyş, tagtamyş, gyzyl, begenjaly ýaly türkmen tire-taýpalaryna şeýle taryhy şahslaryň adynyň dakylmagy bu pikiri hakykata has ýakynlaşdyrýar. Galyberse-de, kyraçlaryň düzümindäki **tirkeş** tiresiniň ady hem biziň eramyzyň başlaryndan habar berýär: gadymytürki eýýamda (VI—VIII asyrlar) **tirkeş** ýa-da **türkeş** diýen uly taýpa bolup, onuň ady türk sözünden we köplügi, jemi bildirýän –eş goşulmasyndan emele gelipdir we "türkler" diýen manyda ýüze çykypdyr.

Türk alymlary (meselem, Mehmet Aýdyň) gadymy ata-babalarymyz bolan gunlaryň (ýa-da hunlaryň) onok ("10 taýpa") birleşigine girýän etnik toparlar hökmünde türgeşleriň we töleşleriň adyny tutýarlar hem-de olaryň türkmenlerdigini belleýärler. Onok birleşigine salyrlar hem giripdir (bu barada D.Goşaýewiň "Syýasy söhbetdeş" žurnalynyň 1991-nji ýylyň 9-njy sanynda çap edilen "Müň ýyldan soňky duşuşyk" diýen makalasyny okaň). Diýmek, kyraçlylaryň bir tiresi bolan tirkeşler häzir salyrlaryň düzümine degişli bolsalar-da, olar iňňän gadymy geçmişde salyrlar bilen deň derejede şol bir onluga giripdirler.

Ýatlanan gadymytürki eýýamda **kyrkaz** atly türki taýpanyň ady hem duş gelýär. Bu adyň **kyrk** sözi kyrköýli, kyrkmergen, kyrkhaltaly, kyrkişikli diýen urug-tire atlarynda bolşy ýaly, san bilen baglanyşykly hem bolup biler, çünki 3, 7, 9 sanlary bilen birlikde, 40 diýen san türki halklarda sakramental (mukaddes) san hasaplanýar (deňeşdiriň: kyrk çiltenler, Göroglynyň kyrk ýigidi, "Kyrklar" diýen türkmen mukamllary). Kyrk etnonimiýada "gyzyl" ("gyrmyzy") manysynda bolup, ol taýpanyň ýerleşen tarapyny hem aňladyp biler. Meselem, **gyzyl oguz**—"günorta oguzlar", **gyrgyz** (kyrgoguz-kyrguz-kyrgyz)—"gyzyl oguz" we ş. m.

Eger kyraç etnonimi kyrkaz diýen adyň üýtgän görnüşi bolup, onuň kyrk sözüni ýokardaky ýatlanan manylarymyzyň birine syrykdyrsak,

onda onuň az sözüni gadymytürki az ýa-da as diýen taýpanyň adyndan çaklamak hakykata ýakyn bolar. Bu at **asa** görnüşinde çowdurlaryň düzüminde duş gelýär (onuň yzyndaky –a—gadymy at ýasaýjy goşulma). Şu ýerde alanlara aslar diýlendigini, şol aslaryň adynyň os görnüşiniň osetileriň adynda şu wagta çenli saklanandygyny hem ýatlap geçeliň. Bu adyň (oseti) yzyndaky **–eti** goşulmasy "ýurt" manysyndaky gürji sözndendir (deňeşdiriň: kaheti, swaneti).

"Osetiýanyň esasy halky bolan osetileriň ady nire, türkmen nire?" diýen soragyň ýüze çykmagy mümkindir. Bu soraga "bu iki halkyň arasynda ýakyn baglanyşyk bar diýip jogap bermek mümkin, çünki osetileriň etnogenezine halaç diýen türkmen taýpasy we gadymy alanlar (aslar) günüden-göni gatnaşypdyrlar, olaryň etnik ady hem as sözünden emele gelipdir.

Türki dilleriň fonetik kanunalaýyklygy netijesinde **kyrkaz** söz **kyraç** sözüne ýeňil geçip bilýär: kyrkaz—kyrgaz—kyras—kyraş—kyraç.

Kyraç diýen etnik adyň yzyndaky –**aç (aş)** köplük sany aňladýan goşulma hökmünde gadymy türkmen tire-taýpa atlarynda köp duş gelýär. Meselem, gögeç, tunaç, halaç, çekiç, eleç, ýalawaç, ýapaç we ş.m. Şundan ugir alsak, **kyraç** diýen adyň aslynda "kyrklar" manysynda ýüze çykan bolmagy ähtimaldyr (kyrkaç-kyrgaç-kyraç) Kyrk sözüniň manysy barada ýokarda ýatlapdyk). Eger şeýle bolsa, onda kyraç (kyraş) diýen türkmen urugy türkeş taýpasy bilen bir döwürde, mundan iki müň ýyl çemesi öň ýüze çykandyr diýip çaklamak gerek, çünki muny **türkeş**, töleş, kyraş (kyraç) diýen etnonimleriň ýasaalyşyndaky meňzeşlikler tassyklaýar.

Kyraç urugynyň ady Kyraç ata diýen şahsyň asyndan gaýdýan bolsa-da, gadymy kyrkazlaryň etnik adyna syrygsa-da ýa-da "kyrklar" manysyndaky **kyraç** sözünden bolsa-da, bu at şeksiz, iňňän irki türkmen etnonimleriniň biridir, ony göterýän il bolsa şol irki ata-babalarymyzyň nebereleridir diýip, çekinmän aýdyp bileris.

## LAMMA

Garabekewül raýonynyň Lamma (häzirki Seýdi) obasyna adyny geçiren lamma urugy ärsarylaryň bekewül bölümine degişlidir.

Balkan dagynyň Nebitdag şäheriniň üstüne abanyň duran bir şahasyna **Lammaburun**, öň onuň eteginde ýerleşen, häzir bolsa düzlenen bir depä-de **Lammadepe** diýlip, şu urugyň ady dakylypdyr, çünki şu ýerde öň lammalar ýaşapdyr. Muny Nebitdag şäherinden 70—80 kilomter uzaklykda, Kaspi deňziniň kenarynda ýerleşen we häzir zähmetkeşleriň tomusda dynç alýan ýerine öwrülen Helles diýen kurort ýeriň ady hem tassyklaýar. Ol Garabekewül raýonynyň etnonimiýasynda elles görnüşinde saklanyp galypdyr.

Lamma urugynyň ady laýna görnüşinde ilkinji gezek XVII asyrda, Abylgazynyň "Türkmenleriň şejeresi" we "Türkleriň şejeresi" diýen kitaplarynda duş gelýär. Bu taryhçy alym Lammany adam ady bilen baglanyşdyrýar, ýagny ony Oguz hanyň neberesiniň, Inelgazynyň bolsa agtygynyň ady hasaplaýar. Bolmagy mümkin, ýöne käbir türki dillerde lamba sözüniň "näme bolsa-da bir zadyň gyrasyna keslip salynýan nagyş" manysyndan ugur alsak, onda bu adyň şu urugyň öz dowarlarynyň gulagyna salýan tagmasynyň şekili bolmagynyň mümkindigini hem ýatdan çykarmaly däl, çünki bu ugurda hut şeýle tagmalar şu güne çenli saklanýar. Eger etnonim laýna sözünden bolaýsa-da, onuň manysyny tagmanyň şekili bilen baglanyşdyrmak maksada laýykdyr, çünki **laýna** sözi hem käbir türki dillerde "çäk", "tagaşyksyz dilik" diýen manyny aňladýar.

## MAGTYM

Türkmenleriň öwlat taýpalarynyň biri bolan magtymlaryň etnik ady araplaryň mahdum sözünden bolup, ol "hojaýyn", "jenap" diýen manyny aňladýar. Akademik W.W. Bartold we etnograf G.I. Karpow bu taýpanyň adyny 1592-nji ýylda aradan çykan gudratly ruhany Mahdum Agzamyň (ýagny "beýik, şöhratly hojaýynyň") ady bilen baglanyşdyrýarlar.

## MAMAŞ

Ärsarylaryň gara bölüminiň bir urugy bolan mamaşlara, ähtimal, urugbaşynyň ady dakylan bolsa gerek. Şeýle atdaky urug-tireleriň gyrgyzlaryň we Eýranyň Urmiýa welaýatynda ýaşaýan kürtleriň düzüminde-de bardygyny nazara alsak, bu etnonimiň ir wagtlarda

dörändigini çaklamak bolar. Türki halklarda Mamaş atly şahslar bolupdyr. Meselem, gazaklaryň 1518—1822-nji ýyllarda hökümdarlyk eden bir hanyna Mamaş diýlipdir. Belki, şol hanyň raýatlary bolan, soňra dumly-duşa dargan ilata **mamaşlar** diýlendir. Şu ýerde **mamyş** ýa-da **mamyşly** diýen tiräniň gökleňleriň gaýy bölüminde-de duş gelýändigini bellemekçidiris.

## MARYP

Ata we ýemreli taýpalarynyň düzümindäki **ma:ryp** tireleriniň ady araplaryň "günbatar" manysyndaky **magreb** sözünden bolup, ol "afrikaly" diýen manyny aňladýar, çünki orta asyrlarda Demitgazyk Afrikadaky Marokko, Alžir (has dogrusy, Aljezaýyr) we Tunis döwletlerine tutuşlygyna Magryp diýlipdir. XI asyrda başlanan seljuklar ýörişi döwründe bu ýurtlara türki halklaryň, şol sanda türkmenleriň hem göçüp barandygyny nazara alsak, onda Magryba baran we soňra yzyna gaýdyp gelen toparlara maryp diýen etnik adyň dakylmagynyň mümkindigini aňlamak kyn däl. Muny ärsarylaryň düzümindäki müsür diýen tiräniň ady hem tassyklaýar. Öňki makalalarda düşündirilen ajam, araky ýaly etnonimler-de bu pikiriň delili bolup biler.

## MASSAGET

Ylymda saklaryň (skifleriň) uly bölümleriniň biri hasaplanýan we ençeme türki halklaryň, şol sanda türkmenleriň iňňän gadymy ata-babalarynyň biri bolan **massagetler** biziň eramyzdan öňki VIII—VI asyrlarda Syrderýanyň we Amyderýanyň aşak akymlarynda orun tutupdyrlar. Olaryň etnik adynyň manysy barada ylymda dürli çaklamalar bar. Meselem, alymlaryň bir topary gadymy grek taryhçylarynyň maglumatlaryna esaslanyp, ony "Awestadaky" **maso-ka-taý** (ýagny "çig balyk iýýänler") sözi bilen baglanyşdyrsalar, beýlekileri hytaý senenamalarynda **da-ýoe-čži** ("beýik, uly ýue-čži") görnüşinde ýazylyşyndan ugur alyp, massaget etnoniminiň "beýik getler" manysynyň tarapyny tutýarlar. Garagalpak alymy Daulen Aýtmuratow bolsa bu ady aglaba türki dillerde rowaç bolan **bas, mas** (ýagny **"baş"**) we altaý dilinde "gulpak" manysynda saklanyp galan **kede** sözünden

hasaplap, onuň manysyny “depesinde saç, gulpak goýýanlar” diýip düşündirýär. Azerbaýjan we türk alymlarynyň pikirine görä, massager sözi “baş saklar” diýen manydadyr (adyň yzyndaky –t goşulmasy köplügi bildirýär), ýagny **baş sakat—massakat—massaget**. Biz soňky pikiriň tarapyny tutýarys.

## MAŞRYK

Ýomutlaryň garaçuka bölüminiň uly uruglarynyň biri bolan maşryklaryň etnik ady “gündogar” manysyndaky **maşryk** diýen arap sözünden emele gelipdir. Etnograf G.I. Karpow bu urugyň XVIII asyrda Maňgyşlakda ýaşan türkmen taýpalarynyň gündogar ülkelerinde abdallaryň, hojalaryň we galmyklaryň galyndylaryndan emele gelendigini belläpdir. Ýöne magreb (“günbatar”) diýen arap sözünden emele gelen maryp tiresiniň adynyň arap ýurtlary bilen baglanyşyklydygyny nazara alsak (bu barada öň gürrüň edipdik), onda maşryk diýen etnonimiň hem Arabystanyň günbatar etraplarynda döän bolmagynyň mümkindigini ýatladýarys.

## MEŇLITEMIR

Gökleňleriň gaýy bölüminiň düzümindäki **meňlitemirler** Eýranyň Türkmensähra etraplarynda şu etnik ada eýe bolandyr diýip çaklaýarys, çünki gaýylar bu ýerde uzak wagtlap ýaşapdyrlar, olaryň uly bölegi häzir hem Türkmensährada oturýarlar.

Meňlitemir tiresine, ähtimal, tirebaşynyň, ýagny uly ili, şol sanda şu etrapdaky türkmen taýpalaryny öz raýatynda saklan hökümdaryň ady geçen bolsa gerek. Sözümizi delillendirmek üçin taryhy maglumatlara ser salalyň.

Eýrany mongollar basyp alandan soň, bu etraplara han edip olar öz dikmelerini belleýärler. Olaryň birine Hülegü han, onuň ogluna bolsa Meňgütemür diýlipdir. Meňgütemür (türkmençe Meňlitemir) Parsystanyň şol wagtky hökümdary, asly salyr türkmenlerinden bolan Gutlug hanyň gyzy Aýyşhatyna öýlenýär. Gutlug han ölenden soň, 1265—1270-nji ýyllarda Parsystana Abyşhatyn häkimlik edýär. Soňra hökümdarlyk onuň äri Meňlitemiriň eline geçýär. Ähtimal, şu hökümdaryň raýatyndaky ilata

Meňlitemiriň ili, meňlitemir diýen at dakylan bolsa gerek, çünki türkmen etnonimiýasynda şeýle ýol bilen at alan tire-taýpalar juda köp.

## MEREKE, MERKIT, MERÝE

Çowdurlaryň düzümindäki **mereke**, Farap, Dänew, Çärjew raýonlaryndaky salyrlaryň **merkit**, sakarlaryň **merýe** diýen urug-tireleriniň atlary olaryň ýaşaýan obalaryna-da dakylypdyr. Bu atlaryň aslynda bir kökden (**merke** sözünden) döränligi şübhesizdir. Gadymy türki dillerde **merke** sözi “uly urug” diýen manyny aňladypdyr. Mongollaryň ýörişlerinde merkitleriň aýgytly orny eýeländigini, Reşideddiniň, Abylgazynyň işlerinde onuň adynyň köp agzalýandygyny nazara alyp, ençeme alymlar olary mongol taýpasy hasaplaýar. Hatda agzalan alymlaryň özleri-de bu pikiri goldaýarlar.Ýöne merkit diýen etnonimiň gazak, gyrgyz, özbek halklarynyň, mereke urugynyň bolsa özbekleriň düzüminde-de duş duş gelýändigini, hatda baryp X asyrda (mongol çozuşlaryndan has öň) Çimkentiň ýakynynda Merkr diýen türki şäheriň bolandygyny nazara alsak, bu etnik atlaryň juda irkidigini, belki, olaryň türki dilleriň mongol diller bilen umumy bolan, ýagny altaý döwründe dörän bolmagynyň mümkindigini çaklamak hakykata laýykdyr.

Merkit diýen adyň yzyndaky –t—gadymy türki köplük goşulmasydyr (deňeşdiriň: ýomut); **merýe** sözniň ösüş ýoly bolsa şeýledir: **merke—merge—merýe.**

## MEHINLI, MEÝILLI

Kaka raýonynda häzir alilileriň düzümine goşulyp giden mehinliler öň özbaşdak taýpa bolupdyr. Geçen asyryň birinji ýarymynda Hywa hanlary tarapyndan Daşhowuz etrabyna Kakadan sürlüp äkidilen mehinliler häzir özlerine **meýilli** diýýärler. Bu etnik at (mehinli) “Mehin galasyndan çykanlar” diýen manyny aňladýar. (Mehin galasy Bäherden raýonynda ýerleşýär, tekeler Ahaly eýeländen soň, mehinliler alililer bilen birlikde Kaka göçýärler).

Mehinli diýen etnonimiň manysy barada alymlaryň arasynda birlik ýok. Meselem, G.I. Karpow özüniň bir işinde ony “keseki urugdan

goşulan” diýip düşündirse, başga bir eserinde bu ady baryp Parfiýa şalygy döwründe rowaç bolan **mehistan** diýen halkyň ady bilen baglanyşdyrýar. Etnograf G.Ataýew bolsa mehinlileri Meýhen (Mäne) galasyndan çykan hasaplaýar.

## MUKRY

Çärjew welaýatynyň Çärjew, Saýat, Garabekewül, Hojambaz, esasan hem Çarşaňňy we Kerki raýonlarynda, Täjigistanda, Owganystan respublikasynda ýaşaýan ortagürp türkmen taýpalarynyň biri-de mukrudyr. Onuň gelip çykyşy barada alymlaryň arasynda iki hili pikir bar. Etnograf G.I.Karpow mukrulary gökleň taýpasyndan bölünip çykan hasaplaýar we bu etnik ady degişli dilini we çeşmesini görkezmezden, mükr-eh, ýagny “gysylan”, “kemsidilen” diýip terjime edýär. Akademik A.A. Roslýakow bolsa mukrulary türkmen halkyna soň goşulan taýpa diýýär. Beýle çaklamalara ynanmak kyn.

Mukry taýpasynyň gelip çykyşy barada Ýa.R. Winnikowyň we L.H. Gumilýewiň pikirlerini biz ynançly hasaplaýarys. Iňňän gadymy geçmişde Uzak Gündogarda mukry diýen halk ýaşapdyr, muňa gadym dünýä taryhynda şu etrapda ýaşanhalklaryň ýerleşen ýerlerini görkezýän karta seredip, gowy göz ýetirmek bolýar. Bu halkyň adyna baryp VII asyryň alymy Feofilakt Simokattanyň eserlerinde hem duş gelýäris. L.H. Gumilýewiň pikiriçe, şu mukrylylar mundan 2000 ýyl öň manjurlaryň bir taýpasy bolup, olar Hytaýyň serhetine ýakyn ýaşapdyrlar we türki halklar bilen ykdysady, harby we medeni taýdan ýygy aragatnaşyk edipdirler. Ähtimal, şol mukrulylaryň bir böleginiň gadymy döwürde türki halklaryň, şol sanda türkmenleriň arasyna siňip, olaryň bir taýpasyna öwrülen bolmagy mümkindir.

## MANDAS, MUNDUZ, MYNTA

Bu etnonimleriň şol bir taryhy kökden dörändigi şübhesizdir. **Mundas** diýen tire Halaç raýonyndaky ärsarylaryň, munduz— garkynlaryň, mynta hem çowdurlaryň düzüminde duş gelýär. Bu etnik atlar juda gadymy bolup, ol türki halklaryň Altaý, Mongoliýa etrpalarynda jem bolup ýaşan döwürlerinde döräpdir, muny olaryň altaý, tuwa, gyrgyz

ýaly halklaryň düzüminde duş gelýändigi bilen düşündirmek bolar. Türkmenleriň bu halklardan aýrylyşanyna bolsa azyndan bir—bir ýarym müň ýyl geçipdir. Adyň manysyny hem şu agzalan halklaryň dillerindäki sözler bilen baglanyşdyrmak maksada laýykdyr, çünki türkmen dilinde etnonimiň manysyna dogry gelýän söz duşmaýar. Gazak, gyrgyz dillerinde **muntaz, muntazdaý** diýen sözler “arassa”, “päkize” ýaly manylary aňladýar. Belki, bu urug ilki dörän döwründe “hiç urug bilen garyşmadyk”, “päkize” manysyndaky söz bilen atlandyrylandyr. Bu pikiri gökleňleriň **garyşmaz**, garadaşlylaryň **päkize**, ärsary we tekeleriň **aryk** (ýagny “arassa”) diýen urug-tireleriniň atlary hem tassyklaýar.

## MÜJEWÜR

Mary welaýatynyň dürli (esasan, Mary, Murgap), şeýle-de Tagta raýonlarynda ýaşaýan müjewürler türkmen halkynyň ortagürp öwlat taýpasy hasaplanýar. Tire ady hökmünde ýomut, teke, çowdur, şyh taýpalarynda-da duş gelýän bu etnik at araplaryň mujawir (sözüň köki jawara) sözünden bolup, ol birnäçe manyny aňladýar. Onuň bize gerekli we bize dahylly bolan manysy şulardyr: “pire, metjide gol beren”, “haýyr-sahawat işleri bilen meşgullanýan”, “gudtarly öwlüýälere hyzmat edýän”. Bu etnonim oba atlary hökmünde-de ulanylýar. Meselem: Müjewür (Tagta we Telman raýonlarynda), Müjewürbabasary (häzirki ady Muhadow. Mary raýonynda) we ş.m.

## MÜRÜŞGÄR

Baýat, ýemreli, olam, salyr, ärsary taýpalarynyň düzümindäki **mürüşgär** diýen urug-tireleriň ady pars-täjik dillerindäki **mir-i şikar,** ýagny “şikaryň, awyň emiri” diýen sözlerden emele gelipdir. Etnograf Ata Jykyýewyň pikirine görä, bular elguşlary awa öwredip, olar bilen aw edendikleri üçin şeýle at alypdyrlar. Bolup biler, ýöne Orta Aziýa, Owganystan, Hindistan hanlyklarynda we şalyklarynda köşk mir-şikarlary diýen wezipe bolup, olaryň wezipesi hökümdar awa çykanda, oňa gowy ýagdaý döretmek, awlanýan haýwanlary kowup, onuň öňünden geçirmek ýaly işler eken. Bu abraýly wezipäni eýelänleriň imok mirişkarlar diýen adyň dakylan bolmagy hem mümkindir.

Şu atdaky urug-tireler özbekleriň we täjikleriň düzüminde-de köp. Moskwaly etnograf B.H. Karmyşýewa olaryň etnik adynyň manysyny “tejribeli”, “köpbilmiş” diýip düşündirýär.

## MÜRÇELI

Esasan, owşar diýen türkmen taýpasynyň galyndylaryndan we dürli taýpalaryň bölek-büçeklerinden emele gelen mürçeliler ownuk türkmen taýpalarynyň biri bolup, ol Bäherden raýonynyň Mürçe we Garrygala raýonynyň Daýna obalarynda ýaşaýar (Mürçe obasynda ýer gytlyk edeni üçin, 1887-nji ýylda olardan ilki 17 hojalyk Daýna göçüp gelýär we bu ýerdäki mürçeliler obasynyň düýbüni tutýar).

Nohurly, änewli taýpalarynda bolşy ýaly, mürçeli diýen oturymdar taýpa hem olaryň ýaşaýan ýeriniň (Mürçe jülgesiniň) ady dakylypdyr.

## NEFERE

Maşryklaryň nefere tiresiniň ady **nefer** (“adam”) diýen pars sözünden emele gelipdir (adyň yzyndaky –e at ýasaýjy pars goşulmasydyr). Parsça-orusça uly sözlügiň awtory B.W. Miller Parsystanda ýaşaýan 500 öýli türki nefer diýen etnik adyň dakylandygyny belleýär. Ähtimal, maşryklaryň bu tiresi şol taýpadan gaýdýan bolsa gerek.

## NOGAÝ

Täjigistanyň Şährituz raýonynda ýaşaýan hatap türkmenleriniň bir tiresine nogaýlar diýilýär. **Nogaý**—türki halk bolup, ol Demirgazyk Kawakazda, Wolganyňp aşak akymynda we Dagystan ASSR-inde ýaşaýar. Bu halk maňgytlardan (ak maňgytlardan) giçki orta asyrlarda döräpdir. Oňa Altyn Orda hanlarynyň biri Nogaý hanyň ady dakylypdyr (nogaý-mingol dilinde “it” diýmekdir. Türkmen adam atlary bolan Itbaý, güjük, Köpek sözleri bilen deňeşdiriň). Maňgyşlak türkmenleri bilen ýakyn aralykda ýaşamagy, özleriniň hem göçme halklygy, ýaşaýyş şertleriniň meňzeşligi, dini ygtykadynyň birligi (nogaýlar yslam dininiň sünni mezhebine uýýarlar) nogaýlaryň we türkmenleriň has ysnyşmagyna getiripdir. Stawropol we Astrahan türkmenleri nogaýlar bilen gatyşyp

ýaşaýarlar, bularyň arasynda maşgala aragtanşyklary irden bäri dowam edýär. Nogaý diýen türkmen tiresi şeýle aragatnaşygyň miwesidir. Ýeri gelende aýtsak, nogaýlarda hem türkmen atly tireler we adam atlary rowaçdyr.

## NOHURLY

Köpetdagyň Nohur diýen gözel we suwly jülgesinde ýaşaýan ekerançy taýpalaryň biri bolan nohurlylara olaryň ýurdunyň ady dakylypdyr: “Nohur jülgesinde ýaşaýanlar”, “nohurlylar”. Nohur sözi aslynda araplardan (ýa mongollardan) pars diline geçen söz bolup, ol “derýa”, “akym ugry”, “suwly ýer” diýen manylary aňladýar. Nohur jülgesinde-de çeşme köp.

## OWŞAR

Taryhy çeşmelerde **awşar, afşar** görnüşlerinde duş gelýän bu etnik topar gadymy oguz-türkmen taýpalarynyň biri bolup, Mahmyt Kaşgary we Salar Baba ony 24 taýpanyň 6-njysy, Reşideddin, Ýazyjy-ogly we Abylgazy hem 9-njysy hasaplaýarlar. Salar Baba Owşary Oguz hanyň ogly Aýhanyň ikinji perzendi diýse, agzalan alymlaryň beýlekileri ony Ýyldyzhanyň birinji ogly diýip görkezýärler. Adyň manysy barada olaryň pikiri şeýle: “çewik (çalasyn) we wagşy haýwan awyna höwesli” (Reşideddin), “çustu çalak (çalasyn) we awa, janawara, guşa höwesli” (Ýazyjy-ogly), “çalak”, ähtimal, “çalasyn” (Salar Baba), “işni ýyldam işlegçi” (Abylgazy).

Abraýly çeşmelerde bu adyň etimologiýasy barada ýokarda ýatlanan pikirleriň tersine, biz ony düýbünden başga hili düşündirmekçi: **owşar** diýen etnonim **og (ow)** sözünden we –ş hem-de –ar goşulmalaryndan emele gelipdir. **Og** “taýpa”, “il” diýen manydadyr (bu barada **Oguz** makalasyna serediň), **-ş** we **–ar** bolsa jemi, köplügi bildirýän gadymy türki goşulmalardyr. Etnonimiň asly **owuş** bolupdyr, muny ýomutlaryň orsukçy urugynyň düzümindäki owuş diýen tiräniň ady hem tassyklaýar. Ow we –uş—biri-biri bilen sepleşip, bu söze öwrülip gidenden soň, onuň yzyna kňplügi aňladýan –ar goşulmasy ikinji gezek goşulypdyr. Abdallaryň **ogşuk (ogşukbaba)** tiresiniň adynda bolsa oguş sözüniň

yzyna köplügi aňladýan başga bir goşulma—yk goşulypdyr.

Gazaply Nedir şany dünýä inderen bu taýpa şu şanyň döwründe iň kuwwatly ile öwrülýär, ol Eýrana, Türkiýä we Azerbaýjana hem ýaýraýar. Ýerli alymlaryň biragyzdan ykrar etmeklerine görä, Azerbaýjandaky Apşeron (azerbaýjança Awşaran, ýagny “awşarlar”) ýarym adasyna hem şu ýere Türkmenistandan göçüp gelen awşarlaryň etnik ady dakylypdyr.

Nedir şa döwründe esasy bölegi Eýrana giden owşarlaryň galan bölekleri soňra aýry-aýry tireler hökmünde gökleň, mürçeli, esgi we ärsary taýpalarynyň düzümine siňipdirler, mürçeliler bolsa uly bölegini emele getiripdir. Alilileriň düzüminde-de owşarlar uly rol oýnapdyr.

## OGUZ

Gadymy türki eýýamda Mongoliýanyň demirgazyk-gündogar ülkelerinde ençeme türki taýpalaryň birleşiginden dörän oguzlar ilkinji nobatda türkmenleriň, azerbaýjanlaryň, türkleriň we gagauzlaryň (gök oguzlaryň) gös-göni hem-de gandüşer ata-babalarydyr. Mahmyt Kaşgary “oguzlar türkmenlerdir” diýip açyk aýdýar. Biziň eramyzyň VI asyrynda oguzlar Beýik türk imperiýasyny hem döredipdirler.

**Oguz** sözüniň asyl köki, manysy we gelip çykyşy barada Ýewropa, orus we türki alymlarynyň ençemesi öz pikirlerini orta atdylar. Bu çaklamalary gysgaça sanap geçeliň.

1.Oguzlar tarapyndan döredilen “Oguznamalaryň” ählisi we olara esaslanyp iş ýazan Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar Baba, Abylgazy ýaly orta asyr alymlary Oguz sözüni taýpabaşynyň ady hasaplaýarlar. Olaryň pikiriçe, Oguz—Garahanyň ogly bolupdyr, gadymy “Sýanhan-şu” atly hytaý taryhnamasynda onuň öz ady Mode ýa-da Modohan, atasynyň ady bolsa Tuman görnüşinde ulanylypdyr, hatda şu işde Mode-hanyňň biziň eramyzdan öňki 174-nji ýylda ölendigi hem aýdylýar.

Türkmenleriň taryhy barada iş ýazan O. Tumanowiç Oguz hanyň basybalyjy bolandygyny, özüniň hem biziň eramyzdan öňki VII (başga maglumatlara görä, II) asyrda ýaşap geçendigini belleýär, onuň pikiriçe, şol döwürde türki-mongol halklary biri-birinden aýrylyşyp, mongol we tatar (türk—S.A.) diýen iki halka bňlünipdirler. Şu işlere salgylanyp, alymlaryň aglabasy Oguzyň garamagyndaky türki taýpalara onuň adynyň geçendigini belleýärler. Ýöne biz beýle pikiri düýbünden

inkär edýäris. Oguz (ýa-da Mode) diýen taryhy şahsyň bolan bolmagy mümkin, ýöne onuň ady taýpasyna däl-de, tersine taýpanyň ady onuň özüne dakylypdyr. Muny Ärsary, Atatürk ýaly şahslaryň atlary, şeýle-de, oguz diýen etnonimiň hakyky manysy barada biziň etjek gürrüňimiz doly tassyklaýar.

2.Akademik S.P. Tolstow **oguz** sözüni antik awtorlaryň işlerinde ýatlanýan **augasi** diýen halkyň ady bilen baglanyşdyryp, bu sözi öküz diýen toteme ýa-da “derýa” manysyndaky **ögüz** diýen gadymy türki söze syrykdyrýar.

3.Nemes gündogarşynasy I.Markwart oguz sözüni “okçy”, “ýaýdan ok atmaga ökde” diýip düşündirýär.

4.A.N. Bernştamyň pikirine görä, **oguz** sözüniň iň gadymy görnüşi ahyry r sesi bilen gelýän wariant (ogur, edil uýgur, üker etnonimlerindäki ýaly) bolup, ol VIII asyrda oguz görnüşine geçipdir. Bu alym günoera gunlaryň köp sanly taýpalarynyň arasynda huýan atly bir urug bolup, onuň toteminiň öküz ekendigini belleýär. Taýpanyň gerbinde-de öküziň şekili bar eken. Hytaý ieroglifleri bilen ýazylan huýan diýen etnik ady huýar diýip okamak hem mümkin. Eger şeýle bolsa, huýar sözüniň oguz sözüne öwrüliş ýoly şeýledir: huýar—iogaz—oraz—oguz.

5. N.A. Baskakow **oguz** etnonimini og we uz diýen iki bölege bölüp, birinji sözi “oý, pikir, huş” manysyndaky ög ýa-da öý diýen türki söz, ikinjisini (-uz ýa-da –ur) hereket adyny bildirýän goşulma hasaplaýar. Adyň manysy: “asylly, paýhasly”.

6. Oguz sözüniň manysy barada aýdylan pikirleri jemläp, bu barada ýörite makala ýazan ürgençli alym A. Madrahimow adyň düzümindäki og sözüni “ene” ýa-da “taýpa” diýip düşündirýär, -uz bolsa köplük goşulmasydyr. Onuň pikiriçe, bu at ilki öküz diýen totemden etnonime, soňra hem gidronime (“derýa” manysyndaky öküz, ögüz sözüne) öwrülipdir.

Görşümiz ýaly, çaklama köp. Biz bularyň içinden Ýu. Nemet. L.N. Gumilýew, A. N. Kononow ýaly alymlaryň orta atan pikirlerini hakykata has ýakyn hasaplaýarys. Bular oguz sözüniň og bölegini “taýpa, tire” manysyndaky türki söz, -uz bölegini bolsa köplük, jem bildirýän gadymy goşulma hasap edýärler we onuň manysyny “il, taýpa, topar” diýip düşündirýärler. L.N. Gumilýew gadymy türklerde uly taýpalar tarapyndan gysylan urug-tireleriň birleşip, aýratyn toparlary emele

getirendigini, olara-da oguz diýlip at berlendigini belläpdir.

Oguz etnoniminiň şu manysynyň hakykata laýykdygyna türkmen tire-taýpa atlaryndan ýene mysal getirmek mümkin: owuş-ýomut tiresi, ol **ow/og** sözünden we **–uş** köplük goşulmasyndan durýar; **owşar—ow/og** sözlerinden we **–ş** hem-de **–ar** goşulmalaryndan ybarat.

Galyberse-de, **üçoguz, dokuzoguz, onok** (“on taýpa”), **onogur** (“on oguz” ýagny “on taýpa”), **uturgur** (“otuz oguz”) ýaly taýpalaryň sanyny görkezýän sözler bilen gelýän etnonimler bu pikiriň dogrudygyna güwä geçýär. Hakykatdan-da, bu toparlar adyň görkezýän sanyna laýyk taýpany özüne birleşdiripdirler. Meselem, onoklara nişubi we duli diýen iki iliň hersinden bäş (jemi on) taýpa degişli eken.

Sözümiziň ahyrynda, häzirki alymlaryň aglabasynyň oguzlaryň ählisini türkmen hasaplamaýandygyny bellemelidiris. Olaryň pikiriçe, oguz sözüniň manysy türkmene seredende giňdir. Birunynyň pikirine salgylanyp, olar diňe yslamy kabul eden oguzlara türkmen diýlendigini ýazýarlar we öz pikirini delillendirmek üçin, gök oguzlaryň (gagauzlaryň) hem-de Horezm welaýatynda ýaşaýan oguzlaryň türkmen diýen ady almandygyny mysal getirýärler. Ýöne bu mesele geljekde ymykly derňewleri talap edýär.

## OK, OKLY

Ort asyrlarda uly türkmen taýpalarynyň biri bolan **ok** ýa-da **oklular** (**o** sesi uzyn aýdylýar: o:k) gökli we soltanly taýpalary bilen birlikde XI asyrda Syrderýa boýlaryndan Balkan töweregine göçüp gelipdirler. Şagadamyň ýakynyndaky **Okuň gumy** atly uly çöl etraplary olaryň şu ýerdäki ilkinji mekany bolan bolmagy çemeli. Balkan türkmenleriniň göçe-göçlügi döwründe olaryň uly bölegi Eýrandaky Türkmensähra, galanlary Lebap boýlaryna (Halaç we Kerki raýonlarynyň Çohpetde we Hatap obalaryna), Täjigistandaky Jylyköle we Owganystana aralaşypdyrlar.

XVI asyrda Eýranda ýaşaýan türkmenleriň arasynda oklar uly güýje öwrülipdirler. Eýran (Astrabat) häkimleriniň zulumyna çydamadyk ilat ok taýpaly Aba serdaryň ýolbaşçylygynda 1550-nji ýylda uly gozgalaň turzup, ýerli häkimleri öldüripdirler, üstüne ençeme gezek çozuş eden Eýran goşunlaryny hem derbi-dagyn edipdirler. 10—12 ýyllap, tä

Aba serdar gapyllykda Eýran içalysy tarapyndan öldürilýänçä, ýerli türkmenler Tahmasp şanyň zulmundan dynypdyrlar.

Ok diýen etnik at, göräýmäge, düşnükli ýaly: ol “taýpa”, “il” manysyndaky gadymy türki ok, og sözünden emele gelipdir. Ýöne bu adyň o sesiniň uzyn aýdylmagy iňkise goýýar (ýokarda derňelen oguz, owuş, ogşuk, owşar diýen etnonimlerde bu ses gysgadyr). Şonuň üçin bu etnik adyň ýüze çykyşy barada biz başga çaklamany hödürlemekçi. Mälim bolşy ýaly, orta asyr türkmen taýpalarynyň birine **ywa**, (Ywa makalasyna serediň), çowdurlaryň burunjyk bölüminiň bir urugyna-da **ubak** ýa-da **ybak** diýilýär. Biziň pikirimizçe, **o:k** diýen etnik at şu gadymy **ybak** etnoniminiň dürli fonetik üýtgeşmeler netijesinde gysgalan görnüşidir, çünki türki dillerde iki çekimliniň ortasynda gelen b sesi süýkeş b ýada w sesine öwrülýär, w sesi yzyndaky a sesine täsir edip, ony dodaklandyrýar (ybak—uwak), soňra w sesiniň düşüp galmagy netijesinde ýanaşyk gelen iki çekimli (u we o) birleşip, uzyn o sesine öwrülýär (ýok—o:k).

## OKÇY

Ata, esgi we ärsary taýpalarynyň, şeýle-de gyrgyz halkynyň düzüminde duş gelýän okçy diýen tireleriň döreýiş sebäbi iki hili bolup biler: a) bu tireleriň wekilleri ok ýasamaga we ýaý atmaga ökde bolandyklary üçin, olara şeýle at berlipdir, çünki geçmişde bu hünäre türgen adamlara uly hormat goýlupdyr. Muny **mergen, mergençi, mergenli, mergenjik** ýaly türkmen tireleriniň ady hem tassyklaýar; b) okçy tiresiniň ady “taýpa, tire” manysyndaky **ok, og** sözünden (serediň: Oguz) we

-çy/-çi goşulmasy –ly/-li ýerine hem ulanylýar; goýunçy—goýunly, gulançy—gulanly we ş.m.

## OR, ORTEKI

Ärsarylaryň maňgyşlaly urugynyň **or** tiresiniň ady tire wekilleriniň iňňän gadymy ýaşan ýeriniň, ýagny Gazagystanyň we Orsyýetiň territoriýalarynda ýerleşen, Ural derýasynyň çep goşandy bolan Or derýasynyň ady bilen baglanyşyklydyr. Bu tire Or boýundan Maňgyşlaga, soňra hem Halaja göçüp gelipdir. Mukrularyň **orteki** tiresiniň adyny hem

şu deríya bilen baglanyşdyrmak mümkin: orteki—Or derýasynyň aşak akymynda (ýerli şiwede: tekinde) ýaşan il.

Or atly urug-tireler başgyrt we goňratlaryň düzüminde-de bar. Alymlar olaryň etnik adynyň manysyny hem hut şeýle düşündirýärler.

## ORDA, ORDUGOJA

Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenleriniň düzümindäki **orda** we salyrlaryň ýalawaç bölüminiň **ordugoja** uruglarynyň adynda saklanyp galan **orda, ordu** sözleri gadymy türki dillerde "taýpa" manysynda ulanylypdyr. L. N. Gumilýewiň ýazmagyna görä, hut VI asyrda-da türki halklar taýpalara orda diýipdirler, soňra bu söz "döwlet", "ýurt" manysynda hem ulanylmaga başlaýar (Ak Orda, Gök Orda, Altyn Orda, Gyzyl Orda ýaly atlara üns beriň). Irki orta asyrlarda Çu-Talas jülgelerinde (Gyrgyzystanda) ýaşan oguzlaryň paýtagtyna-da Ordu diýilýän eken. Ynha, sözbaşyda sanalan türkmen etnonimleri "taýpa", "topar", "il" manysyndaky şu gadymy söz bilen baglanyşykly döräpdir, **Orda** sözi "topar", "süri" manysynda häzirki türkmen dilinde şu wagta çenli saklanyp galypdyr: garakçylar ordasy, gelegurtlar ordas we ş.m.

## ORMAN

Garadaşlylaryň **orman** urugynyň adyny iki hili düşündirmek mümkin: a) türki dillerde (meselem, tatar, başkyrt dillerinde) "tokaý" manysyny aňladýan **orman** sözünden bolup, ol "tokaýda ýaşaýanlar" diýen manyny aňladýar. Abylgazy özüniň "Türkleriň şejeresi" diýen kitabynda **urman-kant** atly urugynyň adyny tutýar we onuň Çingiz han döwründe gür tokaýlykda ýaşany üçin şeýle at alandygyny ýazýar. **Ormen** atly urug gyrgyzlaryň düzüminde-de bar; b) bu at **Or** derýasynyň adyndan we **man** goşulmasyndan durýar (**Or** we **Türkmen** diýen makalalara serediň).

## ORSUKÇY

Daşhowuz ýomutlarynyň uly uruglarynyň biri bolan orsukçylaryň etnik ady **orus** we **guşçy** (ýa-da **gutjy**) diýen uruglarynyň adyndan

emele gelipdir (olaryň manysy barada **Orus** we **Guşçy** makalalaryna serediň), çünki Hywa hanynyň köşk taryhçysy Münis we Agahynyň işlerinde orsukçy etnonimi ähli ýerde orus-kuşçy görnüşinde ýazylypdyr. Ähtimal, geçmişde bu uruglaryň galyndylary birleşip, özbaşdak uruga öwrülen bolsa gerek.

## ORUS, ORUSBAÝ, ORUSBERDI, ORSUT

Olamlaryň bir urugyna, salyrlarda we Gyzylarbatda ýaşaýan tekelerde hem bir tirä **orus** diýilýär. Öň olamlaryň bu urugynyň Halaç raýonynyň Çohpetde obasyndaky jeňňellikde oturanlygy üçin, bu ýere-de Orusjeňňel diýen at dakylypdyr. Orus sözi ärsarylaryň çekir urugyndaky **orusbaý**, tekeleriň goňur urugyndaky **orusberdi**, çowdurlaryň igdir bölümindäki orsut diýen tireleriniň atlarynda hem duş gelýär (soňky adyň yzyndaky **–ut**—köplügi, jemi bildirýän goşulmadyr). Bu atlaryň düzümindäki **ors, orus** sözleri rus diýen etnik adyň türki dillerde has ýörgünli ulanylýan görnüşidir.

Eýsem, türkmen tirelerine näme üçin orus diýen atlar dakyldyka? Bu etnonimler haçan dörädikä?

Bu soraglara jogap bermek üçin, orus we türkmen halklarynyň gadymy geçmişine ser salmak zerur. Bilşimiz ýaly, türki halklar, şol sanda türkmenler has ir zamanlarda-da oruslar bilen ýygy gatnaşypdyrlar. XI asyrlarda seljuklar hereketi döwründe we ondan öň türki taýpalar Wolga boýlaryna, Kawkaza aralaşyp, oruslar bilen goňşulykda ýaşapdyrlar, gatyşypdyrlar (peçenegleri ýada salyň). Orus senenamalarynda öwran-öwran ýatlanýan polowes (gypjak), peçeneg, berendeý (barany), tork (türk), torkman (türkmen), çýornyýe klobuky (garagalpak), hazar, madýar (majar) ýaly türki kowumlaryň orus halkynyň arasyna siňşi ýaly, oruslaryň belli-belli toparlary türki halklaryň arasyna-da siňendir diýip çaklamak hakykata laýykdyr. Wolga boýlarynda türki kowumlara goşulyşan we olar bilen birlikde täzeden Orta Aziýa gelen toparlara orus diýen etnik adyň dakyljakdygy bolsa ikuçsuzdyr.

Şeýle ýygy gatnaşyklar zamanynda türki halklar öz çagalaryna Orus, Orusberdi ýaly atlary hem dakypdyrlar. Bu at Altyn Ordada ýaşan türki halklarda has hem rowaç bolupdyr. Meselem, bu ýerde 1361—1375-nji ýyllarda höküm süren hana Urus han diýlipdir. XVII asyrda Hywa

hanlygynda ýaşan Orus onbegi diýen türkmen serkerdesiniň ady hem taryhda köp ýatlanýar. Orus sözi bilen gelýän tirelere (hiç bolmanda, olaryň käbirine) şeýle görnükli şahslaryň, tirebaşylaryň adynyň geçmegi hem mümkindir.

Sözümiziň ahyrynda, **orus, orustar** atly tirelere gyrgyzlaryň we goňratlaryň düzüminde-de duş gelinýändigini ýatladýarys.

## OTURGYÇ

Saryklaryň ganlybaş urugynyň **oturgyç** atly tiresine ýerli ilatyň tagmasynyň görnüşine görä şeýle at dakylypdyr. Tagma T harpyny ýada salýar.

## ÖWEZGELDI

Nohurly taýpasynyň **öwezgeldi** diýen urugyna urugbaşynyň ady dakylypdyr. Türkmen dilçisi A.P. Poseluýewskiý Öwezgeldiniň aslynyň ýemreli taýpasyndan bolandygyny, tekeler Ahaly eýeländen soň onuň nohurlylara goşulandygyny belläpdir.

## ÖWJI, ÖGEM

Alilileriň **öwji** tiresiniň adyny A.P. Poseluýewskiý tirebaşynyň ady bilen baglanyşdyryp, onuň manysyny “öwünjeň” diýip düşündirýär. Alili taýpasynyň etnografiýasyny öwrenen K.Ataýew bolsa bu tiräniň Ahala Çärjew etraplaryndan göçüp gelendigini, etnik adynyň hem “galmagalçy” diýen manydadygyny ýazypdyr. Ýöne bu düşündirişleriň hakykata laýyk gelmeýändigini, aslynda bu sözüň “tire, taýpa” diýen manysyndaky ög diýen gadymy türki sözden emele gelendigini bellemelidiris. **Ög** sözi **og** (serediň: Oguz) diýen sözüň fonetik warianty bolup, onuň **g** sesi soňra **w** sesine öwrülipdir, yzyna-da **–çy/-çi** goşulmasynyň fonetik öwüşgini bolan **–ji** goşulypdyr (etnonimiýada **–çy/-çi** goşulmasy **–ly/-li** affiksiniň wezipesini ýerine ýetirýär). Diýmek, **öwji** diýen etnonimiň manysy “topar”, “tire”, “taýpadaşlar” diýen manyda ýüze çykypdyr. Biziň bu pikirimizi ärsary taýpasynyň düzümine girýän ögem (ö:gem) urugynyň ady hem tassyklaýar. Ol ýatlanan ög sözünden we köplügi, jemi bildirýän **–em** goşulmasyndan durýar.

## ÖZBEK

Türkmenler bilen gan garyndaş we ýakyn goňşy bolan özbekleriň etnik ady bu halkyň özi ýaly gadymy däl, bu at XVI asyrda, ýagny Orta Aziýanyň köp bölegi 1505-nji ýylda Altyn Orda hany Şeýbany han tarapyndan basylyp alnandan soň döreýär. Ondan öň- häzirki Özbegistanda ýaşaýan halklara türkler diýlipdir ýa-da olaryň taýpa atlary tutulypdyr (gypjaklar, goňratlar, oguzlar, türkmenler we ş.m.). Magtymguly ýaly beýik şahyryň setirlerinde **özbek** diýen etnik adyň duş gelmeýändigi hem muňa geçýär.

Alymlar **özbek** etnonimini Çingiz hanyň (Juçynyň) neberesi, 1313—1342-nji ýyllarda Altyn Ordanyň uly hökümdary bolan Özbek hanyň (doglan ýyly näbelli, ölen ýyly—1342) ady bilen baglanyşdyrýarlar, çünki orus knýazlaryny biri-biriniň garşysyna öjükdiren, 1327-nji ýylda Twerdäki oruslaryň gozgalaňyny basyp ýatyran, Altyn Ordada döwlet dini hökmünde yslam dininiň sünni mezhebini kabul eden bu han uly abraýdan peýdalanypdyr, şonuň üçin onuň iline Özbek ili diýipdirler. Özbegistany (umuman, Orta Aziýanyň köp ýerini) basyp almaga-da (1505-nji ýyl) Altyn Ordadan we Aral etraplaryndan çozup gelen şol özbekler gatnaşypdyrlar. Bu basybalyjylaryň etnik ady soňra Özbegistandaky oturymdar ilatyň ählisine dakylypdyr.

## ÖKÜZ

Ýomutlaryň uly uruglarynyň biriniň ady bolan **öküz** sözüni alymlar urugyň gadymy totemi bilen baglanyşdyrýarlar. Dogrudan-da, gadymy gunlaryň huýan diýen taýpasynyň eý görýän haýwany öküz bolup, onuň baýdagynda-da şu janawar suraty bolupdyr (serediň: Oguz). Öküz urugynyň şol taýpadan gaýdýan bolmagy hem mümkindir.

## PAKYRŞYH

Şyhlaryň bir bölümini emele getirýän bu toparyň etnik ady Gyzylarbat raýonynyň Bendesen obasynyň 10 kilometr günortasynda ýerleşen Pakyrşyhbaba öwlüýäsine we şu ýerdäki gala hem dakylypdyr. Ýerli ýaşulular we arheolog S.P. Polýakow bu etnik ady (**Pakyr** sözüni)

şu toparyň tirebaşysy bolan Pahreddin diýen adamyň adynyň gysgalan görnüşi hasaplaýarlar. Aşgabatda 1892-nji ýylda orus dilinde çap bolan "Zakaspi oblasty 1882—1890-njy ýyllarda" diýen kitapda bolsa Pakyrşyh diýen adyň Bekirşah sözüniň üýtgän görnüşidigi, çünki bu urugyň öz aslyny dört çaryýarlaryň birinjisi bolan Abubekire direýänligi, etnik atda Abubekir sözüniň gysgaldylyp, onuň diňe Bekir bölegininiň alnandygy barada ýazylýar.

Bu at barada alymlaryň,öňe süren şeýle düşündirişi hakykata laýyk bolsa gerek. Akademik Ýe.E. Bertels we onuň işine salgylanyp, şyhlar barada ýörite iş ýazan S.M. Demidow şyhlaryň garamagynda bolup, hanakalarda ýaşan müritlere arapça fakir ("gedaý") we derwüş diýlendigini belleýärler. Diýmek, bu adyň manysy "şyhlaryň raýatyndaky derwüşlerdir".

## PAMYK

Kaşgaderýa welaýatynyň Baharystan raýonyndaky Pamyk diýen uly oba bolup, onda pamyklar ýaşaýarlar. Özlerini hiç taýpa dahyly bolnadyk özbaşdak türkmen taýpasy hasap edýän bu iliň adyny "pamyk ýaly ýumşak adamlar" diýip düşündirýärler. Başga hili pikirlere görä, pamyk diýen etnik şu iliň geçmişdäki  käri bilen bagly döräpdir, ýagny geçen asyryň ortalaryna çenli pamyklar Amyderýanyň sag kenarynda, Saýadyň deňinde ýerleşen Nerezim oazisinde oturypdyrlar, derýanyň bu etraby ýumurmagy, Nerezimi opgun almagy netijesinde, olar häzirki oturan ýerlerine göçüpdirler. Pamyklar Nerezimde pagta ekip, pamyk öndürip satmaga ökde bolandyklary üçin, olara şeýle at dakylypdyr. Etnonimiň hakyky manysy barada häzirlikçe elimizde başga tutaryk ýok.

## PAR

Ärsarylaryň çekiç urugynyň we Gyzylarbat raýonynda ýaşaýan tekeleriň düzüminde parlar diýen tire bar. Bu etnonimleriň ýüze çykyşy barada alymlaryň arasynda iki çaklama bar. Olaryň birinjisine görä, parlar gadymy parnlar diýen halkyň galyndysydyr. Parnlar gadymy dahlaryň bir taýpasy bolup, olar orta asyrlarda hut Gyzylarbat etraplarynda ýaşapdyrlar. Biziň eramyzdan öňki III asyrda parnlaryň

Tejen töwereklerinde göçüp-gonandyklary barada-da maglumat bar. Gyzylarbadyň ýer-ýurt atlarynda parnlaryň galdyran yzlary şu wagta çenli saklanýar. Meselem, bu etrapyn orta asyrlardaky **Ferawa (Paraw)**, şu ýerdäki dagyň **Partaw,** Paraw obasyndaky gadymy mawzoleýiň **Parawbibi**, Gyzylarbat gumundaky guýynyň **Par** diýen atlarynda **par** diýen etnonime duş gelýäris. Şu raýonyň **Purnuwar** obasynyň ady hem aslynda Parnwart bolup, ol "parlaryň galasy" diýen manyny aňladypdyr. Bu adyň **parn** böleginiň yzyndaky –n, ähtimal, köplük goşulmasy bolmaga çemeli, wart sözi bolsa hindi-ýewropa diller toparynda kert (Stepanakert), **gorod, grad** (Petrograd, Leningrad, Nowgorod) sözleri bilen asyldaş bolup, "şäher", "gala" ýaly manylary aňladýar. Halaç raýonyndaky **Pelwert** obasynyň adynda **wert/wart** sözi gadymy görnüşini saklapdyr. Ýeri gelende aýtsak, Pelwert diýen adyň taryhy çeşmelerde duş gelýän **Parwart** görnüşi Halaç etraplarynda-da parlaryň ýaşandygyna güwä geçýär. Bu atda **parn** diýen etnonimiň yzyndaky **-n** goşulmasynyň düşüp galandygyny hasap etmesek, Perwart diýen oba hut Purnuwar—Parnwart diýen obanyň gadymy atdaşydyr, bu atlaryň manysy, olary emele getiren diller hem birdir.

**Par** sözüniň gelip çykyşy baradaky ikinji çakalamnyň tarapdary garagalpak alymy D. Aýtmuratow bolup, ol bu sözi gadymy **awar/war** diýen halkyň adyna syrykdyrýar we onuň manysyny "depesinde gulpak goýýanlar" diýip düşündirýär (**war** sözüniň manysy barada **Burkaz, warkaz, gerkez, çerkez** diýen makala serediň).

Sözümiziň ahyrynda, **par-parn** diýen gadymy etnonimiň nohurlaryň **parraş**, alilileriň **parhaýly** tireleriniň atlarynda-da duş gelýändigini belleýäris.

## PARSY

Ata, gökleň we ýomut taýapalrynyň düzüminde parsy diýen tireler bolup, olar türkmen halkynyň parslar bilen eden gadymy gatnaşyklaryndan habar berýärler. Irki eýýamlardan başlap, hut ýaňy-ýakynlara çenli türkmenler öz goňşusy bolan parslar bilen durmuşyň ähli ugurlary boýunça ýakyn aragatnaşyk saklapdyrlar, ençene türkmen tire-taýpalarynyň parslaryň düzümine siňşi ýaly, parslaryň esasy bölegi hem türkmenlere goşulyşyp gidipdirler. Türkmen dilinde pars sözleriniň

köpdügi ol ýygy gatnaşykdan habar berýär. Aşgabat şäherinde, Kaka, Tejen, Sarahs raýonlarynda öz ene dilini ýitirmedik, emma türkmen dilini öz ene dili hasap edýän parslaryň esli mukdary ýaşaýar.

## PENJIWAR

Salyrlaryň we saryklaryň penjiwar atly tireleriniň ady tire wekilleriniň gadymy käri, ýagny olaryň Murgap derýasynyň ýakasyndaky gatlalara garawullyk etmegi bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Joşup gelen suwuň ýykmagyndan ýa-da ýagynyň hyýanatyndan goramak üçin, bu etrapdaky gatlalara garawul goýlupdyr. Meselem, hut geçen asyrda-da Gowşutbent gatlasyny 200 öýli garawul gorapdyr. Olara penjiwarlar diýlipdir. Penjiwar sözi parslaryň **penj** (“bäş”) we **war** (”agyz”) sözünden bolup,ilki bäş ýaba bölünýän gatlalary aňladyňdyr.

## PEREŇ, PERREŇ

Ärsarylaryň gara bölümindäki pereň, Mary tekeleriniň düzümindäki **perreň (merjenliperreň** we **begliperreň)** tireleriniň atlary “ýewropaly” diýen manydadyr. Aslynda pereň sözi **frank** diýen taýpa adynyň türkuleşen görnüşidir. Seljuklar hereketi döwründe (XI asyrda) we ondan öň Ýewropa çäklerine aralaşan türkmenler bu etrapda ýaşaýan ilata, esasan hem rumlulara (wizantiýalylara) **pereň**, ol ýerden Orta Aziýa getirilýän üýtgeşik harytlara hem **pereňi** (pereňi mawut, pereňi tüpeň) diýipdirler. Pereňliler bilen goşulyşan, olaryň käbir topryny öz içine siňdiren türkmenleriň ýene gadymy watanlaryna dolanyp gelenlerine pereň, perreň diýen etnik atlaryň dakylan bolmagy mümkindir.

## POLAT, POLATKEL, POLATLY, POLATŞA

Ata, gökleň we çowdur taýpalarynda **polat**, ärsarylarda **polatly**, saryklarda hem **polatkel** we **polatşa** atly urug-tireler bolup, olara tirebaşylarynyň ady dakylypdyr. Polat atlar şahslar barada alymlaryň arasynda dürli pikirler bar. Meselem, Abylgazy polat atly tirelere adyny geçiren Polady Ürgenç (Köneürgenç) hökümdary Akataý hanyň ogly Bulat bilen baglanyşdyrýarlar, çünki ol Hywa etrapynyň we bu ýerde

ýaşaýan uludepe hem-de güneş ärsarylarynyň hany edilip bellenilýär. G.I.Karpow bolsa saryklaryň polatkel we polatşa tirelerine Altyn Orda hany, Şadybegiň ogly Polat hanyň (höküm süren ýyllart 1407—1410) adynyň dakylandygyny ýazypdyr.

Alymlaryň bu pikirlerini inkär etmek niýetimiz ýok, sebäbi ärsarylaryň Hywa, saryklaryň hem Altyn Orda hanlaryna garaşly bolup ýaşandyklary tarhy hakykat (polatşa etnoniminiň şa sözüne üns beriň). Ýöne Mahmyt Kaşgarynyň döwründe (XI asyr) garlyk türkmenleriniň bir tiresine bulat 9polat) diýlendigini göz öňünde tutup, ýokardaky etnonimleriň hiç bolmanda käbiriniň öz gözbaşyny garlyk bulatlaryndan alandyr diýip çaklaýarys.

## PÄKIZE

Ýylanly raýonyndaky **Päkize** we **Omarpäkize** obalaryna, Lenin raýonyndaky bir ýaba ady dakylan **päkize** diýen garadaşly tiresiniň etnik ady “arassa”, “başga tireler bilen gatyşmadyk”, “garnuwsyz” diýen manyda ýüze çykypdyr (ýene Aryk diýen makala serediň).

## SABYNLY

Ärsarylaryň gabyrdy urugynyň bir tiresine **sabynly** diýlip, Hojambaz raýonyndaky Sabynly Surhy obasyna-da onuň ady dakylypdyr. Ýerli ýaşulular bu obadaky Sabynly atly öwlüýäde bir düýe ýüki sabyn üçin öldürilen adamyň jaýlanandygyny gürrüň berýärler, ýöne hakykatda, sabynly—gadymy türki urugyň ady bolup, ol garagalpak etnonimiýasynda **sapun**, Azerbaýjanyň etnonimlerinden dörän ýer-ýurt atlarynda hem **sabynçy** görnüşlerinde duş gelýär. Krymdaky Sewastopol şäheriniň ýakynynda ýerleşen Sapundaga-da hut şu gadymy urugyň ady geçen bolsa gerek.

Sabynly etnoniminiň asyl köki we ýüze çykyşy barada şulary aýtmak mümkin. Göräýmäge, bu ady “sabynçylar”, “sabyn ýasaýanlar” diýip düşündirmek hakykata laýyk ýaly, çünki hünärmentçilik bilen baglanyşykly dörän tire atlary juda köp, ýöne muňa bu adyň sapun, sapyn, sabyn görnüşlerinde hem duş gelýändigi şübhe döredýär. Biziň pikirimizçe, **sabynly** etnoniminiň asyl köki “birleşik”, “topar”

manysyndaky **sap** sözünden we jemi bildirýän –yn goşulmasyndan durýar. **Sap** sözi **sabyr** etnoniminde we **sap-sap goşun, ýüp sapmak** ýaly sözlerde saklanyp galypdyr. Çekimlileri gysga aýdylýan sapyn sözi soňra türkmen dilinde **sa:byn, sa:bynly** görnüşine geçipdir (**-ly** goşulmasy bu ýerde degişliligi bildirýär). Şu etnonimiň manysy barada **Sabyr** diýen makalada serediň).

## SABYR

Garadaşly taýpasynyň satykly bölümine degişli **sabyr** urugynyň ady gadymy türki **sabyr** ýa-da **sawyr** diýen taýpanyň adyndandyr. Akademik W.W. Bartoldyň ýazyşyna görä, bu etnik at Wizantiýa we ermeni çeşmelrinde baryp 463-nji ýylda duş gelýär.

Sabyr etnoniminiň gelip çykyşy (köki) barada biz dilçi alym N. A. Baskakowyň pikirine goşulýarys. Ol bu sözüň **sap, sab** bölegini "birleşmek, goşulmak, sapylmak" manysyndaky işlik, **-yr** bölegini bolsa hereket edýäniň adyny bildirýän goşulma hasap edýär (goşulmanyň manysy barada bu pikir hakykata dogry gelmeýär, çünki ol köplügi, jemi bildirýän goşulmadyr). Diýmek, N.A. Baskakowyň pikiriçe, **sabyr** sözi "birleşdiriji", "jemleýji" ýaly manyny aňladýar. Biz bu adyň "topar", "taýpa", "birleşen il", "ýygyndy" ýaly manysynyň tarapyny tutýarys.

**Sabyr, sawyr** diýen adyň **sagyr** (**Sagyr** diýen makala serediň) sözi bilen asyldaş bolmagy hem mümkindir, bu ýerdäki **g—w** we **w—b** sesleriniň orun çalşygyny dil nukdaýnazardan düşündirmek gaty aňsat: oglak—owlak, ögret—öwret we ş.m.

Ylmy çeşmelerde sabyr etnoniminiň manysy barada çaklamalar başga-da köp. Biz olara onçakly ynanmasak-da, şu ýerde käbirini ýatlap geçeliň.

G.I. Karpow bir işinde sabyrlary gadymy **suwar** etnonimine syrykdyryp, onuň manysyny "atly", "at münmäge suwara" diýip düşündirýär. Ol başga bir işinde sabyrlary grek çeşmelerinde **sapar, sapur,** parsça kitaplarda **şapur, şahpur** görnüşlerinde duş gelýän gadym etnonim bilen baglanyşdyryp, onuň manysynyň hem "şazada" bolmalydygyny ýazýar.

Ikinji çaklama ýerli ýaşululary maglumatlaryndan gelip çykýar. Olar sabyr urugyna tirebaşynyň (geçmişdäki uly hanyň) adynyň

dakylandygyny gürrüň berýärler. Dogrudan-da gadymy Ýazyr ýurdunda (garadaşlylar ýazyrlardan döräpdir) şeýle taryhy şahs bolupdyr. XIII asyrda II ýyllap bu ýurtda Hinduhan höküm sürýär. Tagta dawa etmez ýaly, ol öz dogany Omar hany ýurdundan kowýar we onuň gözlerini oýmagy buýurýar. Jellatlar rehim eip, ony gözüni oýman kowýarlar. Doganynyň höküm süren II ýylynda Omar kör bolup gezýär, şeýle sabyrlylyk zerarly, oňa Sabyr han diýen ikinji at dakylýar, ol Ýazyr iline han bolýar, 1220-nji ýylda mongollardan gorkup, Horezmden gaçan Türkan hatyny öz ýurdunyň (Ýazyr ýurdunyň) serhetine çenli ugradýar, ýöne bu rehimsiz şa aýal ony serhetde öldürýär. Belki, ýerli ýaşulularyň rowaýaty şu han bilen baglanyşyklydyr.

Sözümiziň ahyrynda, **sabyr** atly urug-tireleriň Azerbaýjanda, Türkiýede we Wolga boýlarynda ýaşan türki halklaryň düzüminde-de duş gelýändigini ýatlap geçýäris.

## SAGYR

**Sagyr** we **sagry** görnüşlerinde iki dürli ulanylýan bu etnik at salyr (Hojambaz raýony), saryk we teke (Aşgabat) taýpalarynda saklanypdyr. Şeýle atdaky tireler Gökdepe we Mary etraplarynda-da bolupdyr, oňa şu raýonlardaky **Körsagyr** diýen obalaryň ady güwä geçýär. Biziň pikirimizçe, etnonim **sag** (bu barada **Sak** diýen makala serediň) sözünden we köplügi, jemi bildirýän **–yr** goşulmasyndan durýar.

## SADRAK, SADYR

Salyrlaryň **sadrak** we Stawropol ülkesinde ýaşaýan çowdurlaryň **sadyr** tireleriniň atlary **sad** sözünden we **–yr** diýen köplük goşulmasyndan durýar. Sadrak diýen atda onuň yzyna keçeltmekligi (tiräniň kiçiligini) bildirýän **–ak** goşulmasy hem goşulypdyr (sad –yr –ak). Abylgazy **saýyr** atly türkmen tiresiniň adyny tutýar, bu sözüň hem Oguz hanyň gyrnak aýalyndan bolan oglunyň adydygyny belleýär. Şundan çen tutsaň, **sadyr—saýyr** sözleri bir kökden dörän bolmaly, çünki türkmen dilinde d-ý ses çalşygyna köp duşulýar: adak—aýak (aýak), adgyr—aýgyr we ş.m. K,G sesleriniň aňsatlyk bilen ý sesine geçýänligi (Egemberdi—Eýämberdi, tük—tüý, dügme—düwme—düýme weş.m.) nazara alyp,

sadyr diýen tire adyny ýokarda derňelen sagyr, yzda getiriljek saýynly etnonimleri bilen bir hayarda goýmak mümkin.

## SAZANDA

Ýemreli ýaşululary özleriniň **sazanda** tiresiniň adyny geçen asyrda ýaşap geçen meşhur Baba sazandanyň (tirebaşynyň) ady bilen baglanyşdyrýarlar. Baba sazandanyň asly ýemrelileriň dagly bölüminiň garataýly urugyndan bolup, ol saz çalanda, hamala, bilbilller bu hoş owaza aşyk bolup, dutaryň sapyna gonar eken.

## SAÝYNLY

Çärjew raýonynda ýaşaýan salyrlaryň **saýynly** urugynyň adyny ýerli **saýynhany (söýünhany)** diýen etnonimiň gysgalan görnüşi hasaplaýarlar, ýöne bu adyň aslyny saklar bilen baglanyşdyrmak hakykata has ýakyn bolsa gerek, çünki saýyr, saýat (saýat) ýaly etnonimler muňa güwä geçýär, eger şeýle bolsa, onda bu adyň fonetik ösüş ýoly şeýledir: sakyn—sagyn—saýyn. Diýmek, bu at **sak** sözünden, jemi bildirýän **–yn** we degişliligi (degişli tiräni) aňladýan **–ly** goşulmalaryndan durýar.

## SAK

Türkmenleriň we ençeme beýleki türki halklaryň gadymy ata-babalary bolan **saklar** biziň eramyzdan öňki müňýyllyklarda köp sanly göçme taýpalaryň birleşmesinden emele gelip, uly we güýçli halk derejesine ýetipdir. Olar biziň eramyzdan öňki VIII—IV asyrlarda Orta we Merkezi Aziýanyň (Orta Aziýanyň, Gazagystanyň, Gündogar Türküstanyň) giň sähralarynda ýaşapdyrlar. Gadymy grek alymy Gerodotyň ýazmagyna görä, biziň eramyzdan öňki III asyrda höküm süren Eýran şasy Dariýiň eýýamynda saklara dahlar hem diýlipdir (bu barada Dah, daý diýen makala serediň). Ýewropa göçen saklar skif diýen at bilen bellidir. Bu etnonimiň köki hem sak sözündendir. Taryhda mälim bolşuna görä, saklaryň bir bölegi mundan 2300 ýyl öň Türkmenistanyň territoriýasyna aralaşyp, Parfiýa döwletini döretmäge işeňňir gatnaşýar. Soňra bu saklar türkmen we beýleki türki däl we türki

halklaryň arasyna siňip gidýär, olaryň maddy we medeni durmuşynynda, şol sanda etnonimiýasynda öçmejek yz galdyrýar. Meselem, türkmen tire-taýpa atlary bolan sakar, saýat, saýynly, sakaw, zak, zyk, şag, şagal, şawman, çaka, çakan, çakyr ýaly ençeme etnonimler hut **sak** sözüniň gatnaşmagynda dörän atlardyr. Azerbaýjan, türk, gazak, gyrgyz, özbek etnonimiýasy barada-da ýagdaý şeýledir.

Ýewropa, orus we ençeme sowet alymlary saklary (skifleri) Eýran dilli halk hasap edýärler, emma türk alymlarynyň ählisi, azerbaýjan alymy G. Geýbullaýew, garagalpak alymy D. Aýtmuratow, geçen asyryň görnükli orus etnografy N. A. Aristow we beýlekiler saklaryň türk dilli bolandygyny belleýärler: saklaryň hemmesi bolmasa-da, olaryň belli bir bölegi türki dilde gepläpdir. Belki, Eýran dilli halklar bilen gatyşanlary soňra bu dili kabul edendir.

Saklary Eýran dilli halk hasaplaýn alym A.I. wan Windekens **sak** sözüni parslaryň “it” manysyndaky **seg, sek** sözüne syrykdyrýar we bu etnonimi totemden dörän at hasaplaýar. Käbir adamlar bolsa bu adyň **sak** (sakçy, garawul) diýen türki sözden döründigini ýaňzydýarlar. Sak sözüniň düýp köki barada D. Aýtmuratowyň çaklamasy üns bererlikdir. Ol bu gadymy türki halkyň sak/şak diýen adyny “gamçy, “örülen saç” manysyndaky **çagyk** sözi bilen baglanyşdyrýar we ony “depesinde örülen saç goýýanlar” diýip düşündirýär. Dogrudan-da, geçmişde türki halklaryň esgerleri, umuman erkek adamlary şeýle saç goýupdyrlar. Hut ýaňy-ýakynlara çenli türkmen obalarynda depesi (ýa ýeňsesi) gulpakly oglanlary görmek bolýardy. Bu ýagdaý ata-babalarymyzyň şol gadymy däbiniň dowamydyr. Eger D. Aýtmuratowyň şu pikiri dogry bolsa, onda **sak** sözüniň “gulpak”, “örülen saç” manysynyň tarapyny tutup biljek **sakak** diýen türkmen sözüniň bardygyny hem ýatladýarys. Ol tuwalga (şlem), telpek, şlýapa ýaly başgaplaryň başdan gaçmazlygy üçin, eňegiň aşagyndan geçirilip daňylýan ýüpi aňladýar.

## SAKAW, SAKAWY

Ärsarylaryň **sakaw** we ýomutlaryň **sakawy** diýen tireleriniň atlary **sak** diýen gadymy halkyň adyndan we köplügi, jemi bildirýän **–aw (asly –ak)** goşulmasyndan emele gelen bolsa gerek. Bu adyň tirebaşynyň lakamy bilen baglanyşykly bolmagy hem mümkindir.

## SAKAR, SAKARJA, SAKARLY, SAKGAR

Sakar we Sakarçäfe raýonlaryna adyny geçiren sakarlaryň ady Mahmyt Kaşgary, Reşideddin ýaly orta asyr alymlarynyň işlerinde agzalmaýan bolsa-da, bu taýpa gadymy we uly türkmen taýpalarynyň biridir. Onuň bölekleri soňra beýleki türkmen taýpalarynyň düzümine-de aralaşypdyr. Meselem, burkazlarda **sakarja**, ärsarylarda **sakarly**, baýatlarda **sakarçarlak**, ata we gökleňlerde bolsa **sakgar** diýen urug-tireler bar. Bu atlaryň ählisi **sakar** sözünden döräpdir.

Taryhçy Abylgazy han sakarlary Oguz hanyň nesillerinden Garagazy begiň Gabajyk diýen oglundan önen nesil hasaplaýar. Ol sakarlaryň uly atasyna Kaşga-çora (Kaşga-jora) diýlendigini, bu şahsyň Ärsary baýyň Mamabike diýen gyzynyň azatlyga goýberen gulunyň 4-nji ogludygyny belleýär (beýlekileri Hydyr-jora, Aly-jora we Igbek). Şu awtoryň ýazyşyça, Kaşga-joranyň iline soňra garaöýli, ahyrda hem dagsakar, sakar diýen at dakylypdyr, kaşga we sakar sözleriniň manysy bolsa birdir. Abylgazy Kaşga-joranyň iliniň Ajydeňziň (Garabogazyň) ýakynynda, Amyderýanyň (ýagny Üňzüň) kenarynda ýurt tutandygyny, bu ýeriň ekerançylyk we maldarçylyk üçin ýaramsyzdygy üçin, garaňýli iliniň garyplaşyp, balykçylyk bilen meşgullanýan kenarýaka taýpalarynyň ýanyna göçenligini hem habar berýär.

Alymlar sakar etnoniminiň aňladýan manysyny anyklamaga ýeterlik üns beripdiler, ýöne olaryň ençemesi bu ady reňk aňladýan sakar sözi bilen baglanyşdyrypdyrlar. Meselem, Abylgazy **kaşga** we **sakar** sözlerini manydaş diýse, Çärjew welaýatyndaky taýpa-tireleriň etnografiýasy boýunça barlag geçiren Ýa.R. Winnikow sakar etnonimini Töre Garabeg diýen sakar serkerdesiniň münen sakar aty, ýagny Hywa hanynyň çozup gelen goşunlarynyň garşysyna sakarlaryň beren gaýtawulyna Töre Garabegiň sakar atyň üstünde ýolbaşçylyk edendigi we ýeňiş gazanandygy bilen baglanyşdyrýar. Sakar şiwesi barada iş ýazan dilçi alym Gülnar Meňliýewanyň getirýän rowaýatynda Ärsary baýyň uly toýunda bolan at çapyşykda maňlaýy sakar atly ýigidiň ýeňendigi üçin, oňa we onuň iline sakar adynyň dakylandygy gürrüň berilýär.

Biziň pikirimizçe, beýle rowaýatlaryň sakar etnoniminiň hakyky manysy bilen asla dahyly ýok. Biz bu adyň düýp köki barada G.I. Karpowyň we D. E. Ýeremeýewiň çaklamalaryny hakykata ýakyn

hasaplaýarys. D. E. Ýeremeýew bu ady **sak** diýen gadymy halkyň adyndan we **är** sözünden çaklap, ony “sak adamlary”, “sak ili” diýip düşündirýär. Ýöne bu alymyň **sakar** sözüniň yzyndaky **–ar** goşulmasyny **är** sözünden hasaplamagy nädogry, çünki ol, edil tatar, awar, hazar, owşar, gajar, suwaar, tüwer etnonimlerinde bolşy ýaly, köplügi, jemi bildirýän goşulmadyr.

G. I. Karpow **sakar** etnonimini gadymy grek alymlarynyň eserlerinde teswirleýän **sak, sakarauk, sakaraul** ýaly taýpalaryň adyndan hasaplaýar. Straabonyň ýazyşyça, biziň eramyzdan öňki 206-njy ýylda sakarauklar Syrderýanyň orta akymyndaky Sogdianany basyp alyp, ol ýerden Mara gelýärler. Gerodot bu halky Garabogaz bilen Maňgyşlagyň aralygynda ýerleşdirýär. Mälim bolşy ýaly, sakarauklar (sakaraullar) saklaryň özüdir ýa onuň bir bölümidir.

Diýmek, sakar etnonimi gadymy saklaryň etnik adyndan we -ar goşulmasyndan hasyl bolup, ‘sak ili”, “saklar” diýen mänyda ýüze çykypdyr. Bu ýagdaý türkmenleriň (umuman, türki halklaryň) düzümine gadymy saklaryň giňden aralaşandygy baradaky taryhy maglumatlaryň üstüni ýetirýär.

**Sakar** etnoniminiň **sakgar** görnüşi ilatyň şiwe aýratynlygy bilen baglanyşykly (sekiz—sekgiz, dokuz—dokguz, saka—sakga we ş.m.) Geçmişde saklaryň etnik adynyň sakka görnüşinde hem ulanylandygyny şu ýerde ýatlap geçeliň.

## SAKY

Ärsarylaryň çakyr urugynyň düzümindäki **saky** tiresiniň adyna “mirap”, “saky” diýip düşündirýän bolsalar-da, biz bu etnik ady hem saklara syrykdyrmakçydyrys. Bu adyň, şeýle-de barany, gaýy, bagty, bükri, garrawy, göki, gunny, gyrgy, sanjary, ýabany, ýagmyry ýaly ençeme etnonimleriň düzüminde duş gelýän –y/-i goşulmasy bolsa gadymy türki dillerde köplügi, jemi aňladypdyr. Dörän döwründe a sesi gysga bolan saky etnonimi soňra türkmen dilindäki sa:ky sözüniň täsiri astynda uzyn a sesli söze öwrülipdir.

## SALAK, SALYK

Ýomutlaryň **salak** diýen uly urugynyň ady Oktýabr raýonyndaky **Salakbent**, **Salakýap**, Şagadam etrapyndaky **Salakseňňir** diýen ýer-ýurtlara hem dakylypdyr. Şeýle atdaky tirelere alilileriň, Ahal tekeleriniň, salyk atly tirelere bolsa burkazlaryň düzüminde-de duş gelinýär. Aşgabat raýonyndaky Ýasmansalyk obasy hem ýasman we salyk tireleriniň ýaşaýanlygy üçin şeýle at alypdyr. **Salah**, **salahly** diýen etnonimler Azerbaýjanda, Gürjüstanda, Ermenistanda we Türkiýede, **salyk** atly tireler bolsa gyrgyzlaryň düzüminde-de duş gelýär. Bu ýagdaý ol etnik toparlaryň juda gadymydygyndan habar berýär.

G.I. Karpow **salak** etnonimine "hünäre ukypsyz, salkam-sajak, sölite" diýip, nädogry düşündiriş berýär. Hakykatda, bu at **sal** sözünden we **–yk** ýa-da **–ak** diýen gadymy köplük sany, jemi bildirýän goşulmadan durýar. Sal sözüniň manysy belli däl. Azerbaýjanly alym G. Geýbullaýew ony (**sal** ýa-da **zal** sözüni) gadymy gunlaryň bir taýpasynyň ady hasaplaýar we bu etnonimiň Rostow oblastynda Don derýasynyň çep goşandy bolan **Sal** derýasynyň, **Salsk** şäheriniň, **Sal sährasy** (Salskaýa step), diýen giň territoriýanyň, Azerbaýjandaky **Salian** şäheriniň atlarynda saklanandygyny belleýär. Munuň üstüne Altaý we Kemerewo ülkelerindäki **Salaýyr** atly şäheriň hem-de dagyň atlaryny goşmak mümkin. Diýmek, **salak, salyk** atly tireler gadymy gunlar bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Şu at barada ýene-de **Salar, Salyr** diýen makalalara-da serediň.

## SALTYK

"Saltyklar" diýen meşhur türkmen mukamlar toplumyny dünýä beren bu urugyň ady ärsarylarda we olamlarda saklanyp galypdyr. Onuň wekilleri häzir Çarşaňňy we Garabekewül raýonlarynda, Täjigistanyň Jylyköl diýen ýerinde, köp bölegi bolsa Owganystanyň Akja we Şybyrgan welaýatlarynda ýaşaýarlar. Alymlar bu etnik ady tirebaşynyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Meselem, W.A. Gordlewskiý Arzyrumda XII asyrda Saltyk diýen türkmen hanynyň höküm sürendigini belleýär. Taryhdan mälim bolşuna görä, 1263—1264-nji ýyllarda seljuk oguz-türkmenleriniň bir bölegi Saltyk babanyň baştutanlygynda Kryma

göçüpdir. Ýöne biziň pikirimizçe, tiräniň ady adam adyndan däl-de, tersine, şol belli şahslaryň atlary saltyk diýen ertnonimden dörän bolsa gerek. Abdylhekim Gulmuhammedow we Mäti Kösäýew dagy saltygy seljuk diýen adyň üýtgän görnüşi hasap edýärler, ýöne bu pikiri hem ylmy taýdan esaslandyrmak zerur.

Biz **saltyk** diýen ady ikä bölüp, onuň **sal** bölegini gunlaryň sal taýpasynyň adyna syrykdyrmakçy (**Salak** diýen makala serediň). Adyň –**tyk** bölegi biri-biri bilen sepleşip giden **–t** we –**yk** diýen köplük goşulmalaryndan ybarat bolsa gerek.

## SALYR, SALAR, SALARGAZAN

Türkmenleriň içinde häzire çenli özbaşdak taýpalygyny saklap gelýän iňňän gadymy oguz-türkmen taýpasynyň biri salyrdyr. Mahmyt Kaşgary ony 24 türkmen taýpasynyň içinde 5-nji orunda goýýar. Ort asyr alymlarynyň galanalary (Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Salar Baba we Abylgazy) bu taýpany 17-nji orna geçirip, ony Oguz hanyň Daghan oglunyň birinji çagasyndan ýaýran il hasap edýär. Adyň manysy barada bu alymlaryň pikiri şeýle: Reşideddin: “Nirä barsa, gylyç we çalagy (naýzasy) iş görür”; ýazyjy-ogly: “Sal, ur, ýagny kanda bolsaň, gylyç bilen çomagyň rowan bolsun”; Salar Baba: “Her kişi ýetse, gylyç we çalak urgaý”; Abylgazy: “Gylyçly”. Bu alymlaryň ählisi salyrlaryň tagmasynyň gazaýakly (ýagny gazyň aýagyna meňzeş. Bu barada **Gazaýakly** diýen makala serediň) bolandygyny görkezýärler. Hut şonuň üçin salyrlara geçmişde gazaýaklylar hem diýlipdir.

Şeýlelikde, ýokarda sanalan alymlaryň ählisi salyr diýen ady “sal, ur” ýa-da “salyr” (“gylyç salar”) sözleri bilen baglanyşdyrýarlar. Bu bolsa eýýäm orta asyrlarda salyr etnoniminiň hakyky manysynyň unudylandygyny, onuň şol döwrüň dilinde bar bolan sözler arkaly düşündirilmäge başlanandygyny görkezýär. Türki etnonimleri derňän Ýu. Hemet ýaly meşhur alym hem salyr sözüniň şu manysyndan uzaklaşyp bilmändir we bu ady “çozuşa taýyn batyr esger” diýip düşündiripdir.

Biziň pikirimizçe, **salar, salyr** etnonimleri salak, salyk diýen atlar bilen bir kökden, ýagny sal diýen gun taýpasynyň adyndan we jemi, köplügi bildirýän **–ar/-yr** diýen gadymy türki goşulmadan emele gelipdir (bu barada **Salak** makalasyna serediň).

Indi salyr, salar we salargazan etnonimleriniň degişli taýpalaryny anyklalyň.

**Salyr**—özbaşdak taýpadyr, ol tire hökmünde saýatly we hydyrili taýpalarynyň düzümine hem giripdir. Bularyň bir bölegi 1263-nji ýylda Kryma göçüp gelipdir, hatda şu ýerdäki Salgir derýasynyň ady hem şu salyrlar bilen baglanyşyklydyr.

Gňkleňlerde salar diýen tire bar. Hytaýyň Sýunhau welaýatynda (Pekiniň ýakynynda) ýaşaýan türkmenlere-de salarlar diýilýär. Olar 1370-nji ýylda Samarkant welaýatynyň häzirki Nurata we Goşrabat raýonlaryndan bu ýere göçüp gelip, öz milli däplerini, dilini şu wagta çenli saklapdyrlar.

Stawropol ülkesinde ýaşaýan igdirleriň düzüminde hem salargazan tiresi bolup, ol salyrlardan şu taýpa geçipdir (bu ýerdäki gazan sözi barada Gazan makalasyna serediň).

Sözümiziň ahyrynda salyr diýen etnonimiň il içinde salar görnüşinde-de ulanylýandygyny, ärsary, saryk, teke, ýomut ýaly ençeme türkmen taýpalarynyň hem salyrlar (daşky salyrlar) bilen etnik taýdan baglanyşyklydygyny ýatladýarys.

## SANJAR, SANJARY

Saryklaryň **sanjar** we tekeleriň **sanjary** diýen urug-tireleri XII—XIV asyrlarda döräp, olaryň etnik adyny Marynyň, umuman, seljuklaryň uly hökümdary bolan soltan Sanjaryň (XII asyr) adyna syrykdyrýarlar. A.A. Roslýakowyň we G.I. Karpowyň pikirine görä, Sanjaryň urugyna Marynyň hasylly ýerlerinden köp mukdarda ýer bölünip berlipdir. Ýerli ilat oňa ilki Sanjary, soňra soltanizler (soltan eziz, ýagny “soltanyň ezizleri”) diýip at dakypdyrlar. Ýöne soltanizleriň soltanly diýen gadymy türkmen taýpasy bilen baglanyşykly bolmagy hem mümkindir.

## SARWAN, SARWANLY

Türkmen dilinde **sarwan** sözüniň “düýe çopany” manysynda ulanylýandygy we bu dilde **düýeji, ak düýeli, erekli, erkekli** ýaly düýe maly bilen baglanyşykly etnonimleriň köplügini nazara alyp, saryklaryň **sarwan** we ýomutlaryň **sarwanly** diýen urug-tireleriniň atlaryny “düýe

çopanynyň nebereleri” diýip düşündirmek hakykata laýyk ýaly görünýär. Türkmenleriň düýäni asylly mal hasaplaýanlygyny, ony mukaddes, eý görýänligini hem üstüne goşsaň, şeýle düşündiriş has ynandyryjydyr. Ýöne gyrgyzlaryň we gazaklaryň düzüminde sarman atly uruglaryň bolmagy bu etnonimleriň juda gadymydygyna, sarwan diýen türkmen etnoniminiň hem aslynda sarman sözünden bolaýmagynyň mümkindigine güwä geçýär. Şeýle bolsa, onda bu etnonimleriň köki **sar** (sary) we **man** diýen iki bölekden durýar we “sary ili” diýen manyny aňladýar (**sary** we **man** söleri barada Sary hem-de **Türkmen** diýen makalara serediň).

## SARY, SARYK, SARYJA

**Sary** sözi bilen gelýän taýpalaryň, uruglaryň we tireleriň türkmenleriň düzüminde örän köpdügine göz ýetirmek üçin, biz olary ýeke-ýeke sanap, ýaý içinde-de degişli taýpalaryny görkezeliň: **sary** (alili, ýemreli, salyr, burkaz, teke, igdir, änewli, ärsary), **saryly** (ärsary), **saryja** (alili, düýeji, saryk, teke, ärsary), **sarybaky** (esgi), **sarybükri** (teke), **saryjabaýlar** (ärsary), **saryjalyk** (ýomut), **saryk** (özbaşdak taýpa), **sarykel** (şyh), **sarymolla** (şyh), **sarysopy** (teke), **saryhajy** (şyh), **ärsary** (özbaşdak taýpa). Şu ýerde gyrgyz halkynyň düzüminde **sary**, gypjaklarda we katagan özbeklerinde **sarybaş**, Türkiýäniň Siwas welaýatynda ýaşaýan türkmenlerde **saryjaly**, tuwa, gazak, garagalpak, başgyrt, gyrgyz, hakas, uýgur, goňrat, özbek, azerbaýjan, türk halklarynyň düzüminde **saryk**, garagalpaklarda **ärsary** ýaly **sary** sözi bilen gelýän etnik atlaryň bardygyny, ýagny bu sözüň türki halklaryň etnonimiýasynda giňden ýaýrandygyny ýatladýarys.

Elbetde, bu sanalan etnonimlerdäki **sary** sözüniň käbir ýagdaýda tirebaşynyň ady bilen baglanyşykly bolmagy mümkin, ýöne olaryň köpüsinde bu söz şol bir kökden emele gelip, başga hili manyda ýüze çykypdyr. Eýsem, nähili manyda?

Gypjaklaryň etnik taryhyny derňän K. Şanyýazow irki eýýamda **sary** ýa-da **saryk** diýen uly türki taýpanyň ýa-da taýpalar birleşiginiň bolandygyny çaklaýar. Dogudan-da, IX asyrda Syrderýanyň orta akymyndan gündogarda **sary** atly gypjak taýpasynyň ýaşandygy bellidir. Türkmen alymy S.Agajanowyň pikiriçe, gök gözli we sary saçly bolany üçin, olara **sary** diýen etnik at dakylypdyr. Akademik W.W. Bartoldyň

ýazyşyça, orta asyrlarda saryklaryň üstüne çozan gaýylar olary Sary diýen ýurtdan kowýarlar, sarylaryň uly bölegi türkmenleriň arasyna siňýär. Şu alym sarylaryň, şeýle-de orus senenamalarynda köp ýatlanýan poloweslerіň we kumanlaryň aslynyň birdigini hem ýaňzydýar. Başgyrt alymy R. G. Kuzeýew **sary, saryk** we **gypjak** etnonimleriniň şol bir manyda ýüze çykandygyny, bu taýpalaryň hem bir kökden dörändigini belläpdir. Dogrudan-da, **gypjak** sözüniň aslynda guba (deňeşdiriň: guba düýe, guba dag) sözüniň ýatandygyny, kuman, kuban diýen etnonimleriň hemm guba sözündendigini, gypjaklaryň orusça terjimesi bolan polowes sözüniň hem “sary, guba” manydaky polowoý diýen orus sözünden ýasalandygyny nazara alsak, onda bu taýpalaryň bir kökden döräp, atlarynyň hem şol bir manyda ýüze çykanlygyna göz ýetirmek kyn däl.

Alymlaryň käbirleri (meselem I.G.Dorodomow) derňelýän etnonimleriň düzümindäki **sary** sözüniň reňk ady bilen dahylly bolman, edil **gök oguz, gyzyl oguz, akgoýunly, garagoýunly** diýen atlaryň **gök, gyzyl, ak, gara** sözleri ýaly, türe-taýpanyň ýaşaýan tarapy (demirgazyk) bilen baglanyşyklydygyny ýazýarlar.

Şeýlelikde, **sary** sözi bilen gelýän türki etnonimler taýpa wekilleriniň saryýagyzlygy ýa-da olaryň ýerleşen tarapy bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr: s**ary, gypjak, kuman/kuban, polowes** diýen atlar hem şol bir etnik topara degişli bolup, olar şu taýpalaryň atlarynyň dürli dillere terjime edilen (kalkalaşdyrylan) görnüşidir.

Indi ýokarda sanalan etnonimleriň käbiriniň manylaryny anyklaşdyralyň: saryly—“sary taýpasyna degişli topar”, saryja—“sarylara degişli kiçi il”, sarybükri—“bükrüler bilen gatyşan sarylar”, saryjalyk—“saryja tiresiniň topbal ýeri”, saryk—sary sözüniň gadymy formasy. D. Ýe.Ýeremeýew saryk sözüniň yzyndaky –k bölegini söz ýasaýjy goşulma hasaplaýar. G.I. Karpow bu etnonimiň manysy barada düýbünden başga hili çaklamany orta atýar: saryklaryň legendar baştutany Ýalkamyş Astrahan hanynyň gyzyna (başga maglumata görä, gazak gyzyna) öýlenip, başdan –aýak sary eşik geýýär. Şonuň üçin Ýalkamyşa we onuň iline sary (saryk) diýip at berýärler.

## SATYKLY

Garadaşly taýpasyny emele getirýän iki uly bölümiň biri bolan

**satyklara** olaryň urugbaşysynyň ady dakylan bolsa gerek. Çagasy durmaýan maşgalalarda ýaş çagalara Satyk, Satybaldy, Satyldy, Satym ýaly atlary dakmak däbi türkmenlerde iňňän gadymy döwürlerden bäri dowam edýär. Türkmen taryhynda yz galdyran Satyk atly şahslara duş gelinýär. Olaryň biri Garahany hökümdarlarynyň biri bolan Satyk Bugrahan Abdylkerim bu ýurtda yslam dinini ilkinji kabul edýär, bu han 955-nji ýylda Kaşgarda aradan çykýar. Başga bir Satyk Samarkandyň hökümdary bolýar, ony XV asyrda Ulygbek tagtdan agdaryp, Mongoystana sürgün edýär. Satykly taýpasyna şeýle şahslaryň biriniň adynyň dakylan bolmagy mümkindir. Adyň yzyndaky –ly goşulmasy degişliligi bildirýär (“Satyk ili”).

## SAÝAT/SAÝATLY

Çärjew welaýatynyň Saýat we Azerbaýjanyň Saýatly (häzirki ady Saatly) raýonlaryna adyny geçiren saýat ýa-da saýatly taýpasy orta asyrlarda uly türkmen taýpalarynyň biri bolupdyr. Buhara welaýatynyň Swerdlow raýonyndaky ilatyň esasy bölegini düzýän saýatlar häzir hem özlerini özbaşdak taýpa hasaplaýarlar (bu ýerde Saýat diýen obalar hem bar). XI asyrdaky seljuklar hereketi döwründe saýatlaryň uly topary Azerbaýjana, Türkiýä, Yraga aralaşýar, Türkmenistanda galanlary bolsa ärsary, olam, salyr, baýat, ýomut, saryk we nerezimli taýpalarynyň düzüminde saýat atly tireleri emele getirýärler. Bu tire goňratlarda-da bar.

Alymlaryň aglabasy **saýat** diýen ady araplaryň “awçy” manysyndaky **saýýad** sözi bilen baglanyşdyrýarlar we bu pikiriň dogrudygyny subut edýän delil hökmünde, Saýat raýonynda Awçy obasynyň bardygyny hem ýatlaýarlar. Bu çaklama ynanmak kyn, çünki Awçy obasy Ýolötende-de bar, emma bu ýerdäki ilata saýat diýilmeýär. Galyberse-de, saýat etnoniminde çekimlileriň gysga, emma saýýa:d diýen arap sözünde yzky a sesiniň uzyn aýdylmagy hem bu sözleriň aýry-aýry kökden döränligini subut edýär.

Ýerli ýaşulularyň arasynda meşhur bolan rowaýata görä, **saýatly** diýen at “şaý atly” sözlerinden emele gelipdir, ýagny Ärsary babanyň uly toýundaky at çapyşykda şaý (bezelen) atly ýigit ýeňiji bolýar, oňa we onuň iline “şaý atly” diýýärler. Soňra bu at **saýatly** görnüşine geçýär.

Elbetde, bu rowaýatyň hakykat bilen dahyly ýok, çünki **saýat** etnonimi saý sözünden we goňrat, baýat, dowlat, ýomut ýaly taýpa atlarynda-da duş gelýän -at (-t) diýen köplük goşulmasyndan hasyl bolupdyr. Saý sözi gadymy saklaryň etnik adynyň biraz üýtgän görnüşidir: sakat – sagat – saýat (Kaka raýonyndaky Garmansagat diýen demir ýol stansiýasynyň adynda bu adyň sagat görnüşi saklanyp galypdyr). Hytaý çeşmelerinde sak sözi so, su, saý görnüşlerinde hem duş gelýär. Diýmek, saýat diýen etnik at "saklar", "sak ili" diýen manyda ýüze çykypdyr (**Sak** diýen makala serediň).

## SEÝIT

Türkmenleriň öwlat taýpalarynyň biri bolan we ençeme taýpalaryň arasyna siňen bu sosial toparyň etnik ady araplaryň saýýid sözünden bolup, "hökümdar", "jenap" diýen manyny aňladýar. S.M.Demidowyň pikirine görä, yslam dininde bu adyň "Muhammediň yzyna eýerijiler" manysy hem ýüze çykypdyr. Seýitler Azerbaýjanda, Eýranda hem köp.

## SELJUKLAR

Alymlaryň biragyzdan tassyklamaklaryna görä, oguz türkmenleriniň gaty uly we iňňän kuwwatly taýpalar birleşigini emele getiren seljuklara olara ýolbaşçylyk eden serkerdäniň ady dakylypdyr. Seljuklar birleşigi X asyrda Gyrgyz sähralarynda, Syrderýanyň orta akymlarynda emele gelýär. Oňa ilki asly gynyk diýen oguz-türkmen taýpasyndan bolan Tukak (belki, Tuwak) diýen serkerde, soňra bolsa onuň ogly Seljuk (ýa-da Seljik) ýolbaşçylyk edýär. Seljuk 100 ýa-da 107 ýaşap, 992-nji ýa-da 1009-1010-njy ýyllarda aradan çykýar, ony Jent diýen oguz şäherinde jaýlaýarlar.

Şol galagoply eýýamda Syrderýa oguzlary demirgazyk (ýa-da Ýaňykent) oguzlary we günorta (ýa-da seljuk) oguzlary diýen iki uly topara bölünipdirler. Gündogar ýurtlaryň alymlary Ýaňykent toparyna oguzlar, seljuklara bolsa türkmenler diýip at beripdirler. Soňky toparyň (seljuk türkmenleriniň) uly bölegi XI asyrda Syrderýa boýlaryndan Maňgyşlaga, Balkana, Saragta, Mara gelip, şu ýerleriň üsti bilen Eýrana, Kawkaza, Türkiýä, Yraga, Siriýa we beýleki ýurtlara aralaşýarlar, bu

ýurtlary ýüzugra boýun egdirip, Akgoýunly, Garagoýunly ýaly ençeme döwletleri hem döredýärler.

Seljuk türkmenleri ýaly äpet uly etnik birleşige adyny geçiren şahsyň Seljuk diýen adyny alymlar dürlüçe düşündirmäge synanyşýarlar. Meselem, O.I. Senkowskiý Seljuk diýen ady saljyk (“gaýyjak”) sözünden çaklaýar, çünki, bu alymyň pikiriçe, Seljuk ýaşlykda Amyderýada gaýykçylyk edeni üçin, şeýle at alypdyr. Akademik W.A. Gordlewskiý bolsa türk dilinde seljuk görnüşinde ulanylýan bu etnik ady sel (“sil”) sözi we –çik diýen türkmen goşulmasy bilen baglanyşdyrýar. Bu alym Garategin (Pamir) oguzlarynyň Seltaudaky (Sildagdaky) buzlugy baryp XI asyrda-da bilendigi üçin, olara şeýle adyň dakylandygyny belleýär.

Beýle düşündirişler adyň hakyky manysyny açyp bilmeýär. Biz Seljuk diýen taryhy şahsyň bolandygyny asla inkär etmezden, serkerdelik derejesine ýetenden soň oňa öz taýpasynyň seljuk din ady dakylandyr diýip çaklaýarys, çünki oguzlarda (umuman, türki halklarda) serkerdelere öz taýpasynyň etnik adynyň dakylmasy adaty zat bolupdyr. Muňa Ärsary, Atatürk (Türkiýäniň birinji prezidenti Mustafa Kemalyň “türkleriň atasy” diýen manyda soň dakylan ady) ýaly atlar hem mysal bolup biler.

Eger şu çaklamany hakykat hökmünde kabul etsek, onda seljuk diýen etnonimiň aslynda saljyk (a sesi gysga) ýa-da salçyk bolandygyny ynamly aýtmak bolýar. Bu ýerde sal sözi gadymy gunlaryň sal diýen taýpasynyň adyndandyr (ol barada Salak diýen makala serediň), -jyk we –çyk bolsa goşma affiks bolup, -çy (degişliligi bildirýän –ly goşulmasynyň hyzmatynda) we köplügi bildirýän -k goşulmalaryndan durýar.

Seljuk etnoniminiň saljyk sözündendigine şübhelenýänleri ynandyrmak üçin, iki sany degerli delil getirmekçi. Birinjiden, Seljuk we onuň atasy Tukak gynyk taýpasyndandyr. Gynyk sözüne bagyşlanan makalada gürrüň berşimiz ýaly, gynyk diýen at gadymy gunlaryň gun diýen etnik adyndan we –yk goşulmasyndan durýar. Diýmek, Seljugyň asly gunlara, belki, olaryň sal taýpasyna direýär, şonuň üçinem oňa Saljyk diýen at dakylypdyr. Ikinjiden, gunlar bilen goňşulykda ýaşan, has gadymy geçmişde bolsa olar bilen bir halky emele getiren mongollaryň düzüminde saljyut diýen taýpa bolup, onuň adynyň yzyndaky –yt goşulmasy (edil saljykdaky –k goşulmasy ýaly) köplügi aňladypdyr. Şu iki ýagdaý seljuk diýen adyň aslynda saljyk (saljuk) bolandygyny

tassyklaýar.

Diýmek, seljuk diýen etnik at “sallar”, “sal taýpasy”, “sal ili” diýen manyda bolup, ol salak, salyk, salyr, saltyk ýaly taýpa atlary bilen bir semantik hatary düzýär.

## SOWRANLY

Gökleňleriň **sowranly** tiresiniň ady tire wekilleriniň orta asyrlarda ýaşan gadymy mekanynyň – Sowran şäheriniň ady bilen baglanyşyklydyr. Oguz türkmenleriniň esasy mesgenleriniň biri bolan Sowran (Sauran, Sabran) şäheri Syrderýanyň aşak akymynda, häzirki Türküstan şäheriniň ýakynynda ýerleşipdir. Onuň harabalary şu wagta çenli saklanypdyr, ol Sauran diýen demir ýol stansiýasyndan uzak däl. Bu stansiýa hem şol gadymy şäheriň ady geçipdir.

Öz gezeginde, Sowran şäherine sabyr diýen gadymy türki taýpanyň ady dakylypdyr (bu taýpa barada **Sabyr** diýen makala serediň), -an bolsa köplük sany aňladýan türki goşulmadyr (alpan, gyzan, imren, çakan ýaly etnonimlerde-de bu goşulma duş gelýär). Sowranly etnonimiň yzyndaky -ly goşulmasy tire wekilleriniň gadymy mesgenini, degişliligi bildirýär (edil ahally, maryly etnonimlerde bolşy ýaly).

## SOLTAN, SOLTANLY

Saryklaryň we tekeleriň düzümindäki **soltan**, alilileriň hem-de ýemrelileriň arasyndaky **soltanly** diýen urug-tireler orta asyrlarda uly türkmen taýpasyny emele getiren soltanlylaryň galyndylarydyr. Bu taýpa, okly, gökli we agar taýpalary bilen birlikde XI asyrda Syrderýanyň boýlaryndan Balkan etraplaryna göçüp gelipdirler. Ýöne häzirlikçe bu taýpa adyny geçiren soltanyň kimdigi belli däl.

## SORT

Etrek derýasynyň boýunda Sortgala diýen ýere öz adyny geçiren bu tire günbatar ýomutlaryň düzümine girýär. Türkmenstanyň YA-nyň habarçy çleni, arheolog Ýe.Atagarryýew bu ady “gyzyl” manysyndaky surh diýen pars sözi bilen baglanyşdyrýar. Ýöne bu pikir ynandyrmaýar,

çünki adyň yzyndaky h sesiniň t sesi bilen çalşygyny fonetik taýdan tasa getirmek mümkin däl. Biz bu ady Özbegistandaky şäherde ýaşap, köplenç söwda bilen meşgullanan ýerli ilatyň sart diýen etnik adyndan çaklaýarys, çünki sort aýtamgaly diýen tire Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenleriniň düzüminde-de duş gelýär.

## SÖÝÜNJAJY

Çowdurlar, igdirler bilen birlikde Stawropol türkmenlerini düzýän we Maňgyşlakdan 1667—1670-nji ýyllarda şu etrapa göçüp gelen üç taýpanyň biri söýünjajylardyr (a sesi uzyn aýdylýar). Garabekewül ärsarylarynyň togaçy urugynda-da söýünjajy diýen tire bar. Söýünjajy diýen at iki sözden durýar: Söýünç—urugbaşynyň ady, ajy—hajy sözüniň (Mekkä haja gidip gelen adamyň dini adynyň) gysgalan görnüşi. Stawropol türkmenleri goşma atlaryň ikinji sözüni düzýän hajy sözüniň h sesini taşlap, a sesini uzyn aýdýarlar (a:jy).

Taryhda Söýünç diýen şahslar hem bolupdyr. Meselem, Abylgazy Tatar iliniň mongollara garşy gaýduwsyz göreşen 9-njy hanyň adyny tutýar. Etnonimiň şu hanyň ady bilen baglanyşykly bolmagy hem mümkindir. Belki, tekeleriň we ýomutlaryň düzümindäki söýünjek, ärsary we sakarlaryň **söýünç**, çowdurlaryň **söýünhoja** tireleriniň ady-da **Söýünç** handan gaýdýandyr.

## SÖÝÜNHANY

XV—XVI asyrlarda Kaspi deňziniň kenarynda ýaşan teke, salyr, saryk we ýemreli taýpalaryna umumylykda **söýünhany** diýen etnik at berlipdir. Bu topara **Söýünhan** ulusy we ýakatürkmen (ýagny “deňiz ýakasynda ýaşaýan türkmenler”) hem diýlipdir. “Bar özbek ile (bile) külli Söýünhanda tapylmaz” diýen setirlerinden çen tutsaň, Seýdi şahyr Söýünhan diýip ähli türkmen taýpalaryny göz öňüne tutupdyr.

Söýünhan—Altyn Orda hany Batyýyň saýyn han diýen ýörgünli adynyň türkmenleşdirilen görnüşidir. Mongol dilinde saýyn sözi “şöhratly, oňat, ajaýyp” ýaly manylary aňladýar.

Mälim bolşy ýaly, kenarýaka türkmenleri ençeme wagtlap Altyn Orda hanlaryna tabyn bolupdyrlar, şonuň üçinem olara s**aýynhany— söýünhany** diýipdirler.

## SUWAN

Ärsarylaryň abdal urugyna degişli bolan **suwan** tiresi öz gözbaşyny gadymy türki **suwan** diýen taýpadan alyp gaýdýan bolsa gerek. XVII—XVIII asyrlarda **suwanlar** dulat (Dowlat makalasyna serediň) diýen taýpalar birleşigine girip, Gyrgyzystanyň Jetiögüz etraplarynda ýaşapdyrlar.

L.N. Gumilýew gadymy türki eýýamda su (so) türki taýpanyň bolandygyny, onuň etnik adynyň hem “böri, möjek” diýen manydadygyny belläpdir (umuman, gadymy türkler börini totem hasaplapdyrlar (Bu barada Böri, gurt. Möjek diýen makala serediň).Eger şeýle bolsa, onda adyň yzyndaky –an goşulmasy jemi, köplügi bildirýän goşulmadyr.

Garagalpak alymy D. Aýtmuratow su—so diýen taýpanyň adyny “örülen ýüp, saç” manysyndaky so diýen hytaý sözünden çaklaýar we onuň etnonimini gadymy türkleriň depesinden örülen saç goýbermek däbi bilen baglanyşdyrýar.

## SUWAR

Gökleňleriň **suwar** tiresiniň adyny iki hili düşündirmek mümkin: a) suwan etnoniminde bolşy ýaly, suwar diýen at suw sözünden we köplügi, jemi bildirýän—ar diýen gadymy türki goşulmadan durýar; b) suwar tiresine tirebaşynyň ady dakylypdyr. Abylgazy Arslan hanyň höküm süren döwründe onuň bir akylly maslahatçysyna “ynagyna” Suwar diýlendigini ýazýar. Şu alym bu kitabyny başga bir ýerinde Suwarjyk diýen şahsyň adyny tutýar, ol Salyr Gazanyň nebersi, Ögürjik alpyň bolsa dogany edilip görkezilýär. Suwar tiresine şu şahslaryň biriniň adynyň dakylan bolmagy-da mümkindir.

## SUWLAR, SUWÇY, SÜWJI, SUÝUK

Ärsarylaryň **suwlar, suýuk**, arabaçylaryň **suwçy**, Hojambaz we Kerki raýonlarynda ýaşaýan salyrlaryň **süwji** tireleriniň atlary häzirki türkmen dilinde şol görnüşlerde ulanylýan sözlerden däl-de, su (bu barada Suwan diýen makala serediň) sözündendir, olaryň yzyndaky –lar goşulmasy köplügi, -çy, -jy (-ly/ -li goşulmasynyň hyzmatynda) –

degişliligi aňladýar. Suýuk (Suýuk) etnoniminiň –uk goşulmasy bolsa jemi, köplügi bildirýär.

## SURH

Ärsarylaryň surh urugyny, şeýle-de Halaç posýolygynyň töwereginde ýaşaýan tire-uruglaryň köpüsini ýerli mugallym Derkar Hekimow gadymy halaç taýpasyndan galan il hasap edýär. Käbir alymlar bolsa surh etnonimini pars-täjik dillerinde “gyzyl” manysynda ulanylýan surh sözünden hasaplaýarlar. Elimizde muny tassyklajak tutarygymyz ýok. Biz bu urugyň adyny hem gadymy su etnonimine (ol barada **Suwan** diýen makal serediň) we biri-biri bilen sepleşip, bitişip giden –r hem-de –h (-k) diýen köplük goşulmalaryna syrykdyrmakçy.

## SURHY

Ownuk türkmen taýpalarynyň biri bolan surhularyň ady barada iki hili çaklama bar:

a) Abylgazy **surhy** diýen etnonimi sorky görnüşinde ulanyp, ony Oguz hanyň gyrnakdan bolan agtygynyň ady dakylan il hasaplaýar, onuň ýazmagyna görä, Oguz hanyň Günhan oglunyň höküm süren döwründe, surhy taýpasynyň baştutany hasaplanýan Sorky Günhanyň attutarybolupdyr. Abylgazynyň döwründe oňa Sorhy (Surhy) hem diýlipdir.

b) surhy diýen taýpa ady öňde teswirlenen surh etnoniminden we degişliligi bildirýän –y goşulmasyndan durýar.

## SUHTY

1855-nji ýyla çenli häzirki Murgap raýonynda ýaşap, şu ýerdäki 1-nji we 2-nji Suhty diýen obalara adyny geçiren, ol ýerden göçüp gelenden soň bolsa Ýolötendäki Ýokary Suhty we Aşaky Suhty diýen obalary döreden suhtular saryk taýpasynyň uly urugy hasaplanýar. Olaryň gepleşiginde bu etnonim sukty, sukdy görnüşlerinde ulanylýar. Şundan we Hywa taryhçylary Munis hem-de Agahiniň işlerinde bu adyň sokty ýaly ýazylyşyndan ugur alsaň, onda suhty/sokty etnonimini

gadymy sogdy diýen halkyň adyndan emele gelendir diýip çaklamak mümkin, çünki türkmenler Syrderýa boýlarynda sogdular bilen ýanaşyk aý-da gatyşyp ýaşapdyrlar. Taryhdan mälim bolşy ýaly, häzirki täjikleriň we özbekleriň ata-babalary bolan sogdular biziň eramyzdan öňki 1 müňýyllykda paýtagty Samarkant şäheri bolan Sogdiana diýen ýurduň esasy ilatyny emele getiripdirler. Diýmek, örän irki eýýamda, Syrderýanyň boýlarynda suhty diýen etnik adyň dörän bomagy ähtimaldyr.

Suhty/sukty urugynyň adynyň gadymy su/so (Suwan diýen makala serediň) diýen etnonimden gaýtmagy hem mümkin. Şeýle bolsa, bu adyň yzyndaky –k, -t we –y goşulmalaryny öňli-soňly goşulan we biri-biri bilen sepleşip giden köplük affiksleri hasaplamak mümkin.

## SÜLEÝMEN

Ärsarylaryň bu urugyna tirebaşysynyň ady geçipdir, G.I.Karpow ony Süleýmen diýen Altyn Orda hanynyň ady bilen baglanyşdyrýar. Süleýman diýen adam ady gazaklarda, nogaýlarda Süleýmen görnüşinde ulanylýar, hatda gazaklarda süleýmen atly urug hem bar. Şundan çen tutsaň, ärsary süleýmenleri Maňgyşlakda gazaklar bilen ýanaşyk ýaşan döwründe şeýle etnik ada eýe bolandyr diýip çaklamak mümkin.

Süleýmany diýen urug Eýranda, Hindistanda, Pakistanda ýaşaýan baharly türkmenleriniň düzüminde-de duş gelýär.

## SÜNÇELI

Gadymy we ownuk oturymdar türkmen taýpalarynyň biri bolan sünçelilere olaryň oturýan Sünçe deresiniň we çeşmesiniň ady geçipdir. Aslynda Sünçe diýen at parslaryň “daşly çaý, çeşme” manysyndaky Sangçah sözündendir. Şu jähtden sünçe sözüni wengr alymy German Wamberiniň “söýünji”, “buşluk” diýip düşündirmegi hakykata dogry gelmeýär.

## SYÝADAGSAKAR

Sakarlaryň bu urugynyň adyny Abylgazy **dagsakar** diýip tutýar we ony Kaşga-çoranyň neberesi hasaplaýar. G.I.Karpowyň toplan

maglumatlaryna görä, syýadagsakaryň ikinji ady hojainebegdir. Etnograf Ata Jykyýew sakarlaryň syýadag urugynyň Maňgyşlakdaky Garadag diýen ýerde oturandygyny, şonuň üçinem olara syýadag diýen etnik adyň dakylandygyny belleýär (parsça syýa – "gara" diýmekdir). Ýöne Garadag we Akdag diýen ýerler Samarkant oblastyndaky Nurata daglarynda hem bar. Seýdi şahyryň şeýle setirlerine üns beriň:

*Derýaýy – Syryň belli imiş başdan-aýagy...*
*Her kim biledir Nurata, Akdag, Garadagy...*

Seýdiniň agzaýan bu ýerleri türkmenleriň gadymy mekanydyr, häzir hem ol ýerde Nurata türkmenleri ýaşaýarlar. Şundan ugur alsak we Ýusup Ýegenmyradowyň 1928-nji ýylda sakarly Şiri Baba oglundan ýazyp alan "Syýadagsakarlar Çärjew etrapyna 150 ýyl mundan öň (ýagny 1780-nji ýyllarda) Syrderýa boýlaryndan göçüp gelipdirler" diýen maglumatyny hem munuň üstüne goşsak, syýadag urugyna adyny geçiren dagyň Maňgyşlakda däl-de, Nurata daglarynda ýerleşýändigini çekinmän aýtmak mümkin. Galyberse-de, Nuratada türkmenler bilen goňşulykda ýaşaýan täjikler bu ýerdäki Garadaga Siýadag ýa-da Siýahkuh diýýärler.

Diýmek, syýadagsakar etnonimi "Garadagly sakarlar" diýen manyda ýüze çykypdyr.

## TAGA, TAGAN, TAGANBAÝ, TAGARÇYK, TAGÝAGMYR

Bu sanalan atlaryň ählisini aslynda **tag** sözünden emele gelen bolmagynyň mümkindigi üçin, biz olary bir makalada derňemekçi. Öňi bilen bu tireleriň degişli taýpalaryny görkezip, olaryň manylary barada aýdylýan pikirleri sanap geçeliň.

Ärsarylardaky **taga** tiresi gyrgyzlarda-da duş gelýär. **Taga – daýy** sözüniň gadymy görnüşi bolany üçin, bu ady "daýylar ili" diýip düşündirýärler. Alymlaryň biragyzdan tassyklamaklaryna görä, ärsarylaryň we saryklaryň düzümindäki tagan urugyna, ýomutlaryň öküz urugynyň taganbaý tiresine urugbaşynyň ady dakylypdyr. G.I.Karpow ony Altyn Orda hany, Batyýyň ogly Tagan bilen baglanyşdyrýar.

Garadaşlylaryň **tagarçyk** tiresiniň adyny ýerli ýaşulular "sanaç,

tulum”, “deriden edilen gap” manysynda ulanylýan **tagarçyk** ýa-da **takarçyk** diýen şiwe sözünden dörän at hasaplaýarlar.

Atalaryň **tagýagmyr** tiresiniň ady hem “Ýagmyryň tagyny (ýagny tagmasyny) kabul eden il” diýlip düşündirilýär.

Biz bu düşündirişleriň ählisini inkär etmeýäris, çünki bularyň käbiriniň hut ýokardaky manylarda ýüze çykan bolmagy mümkindir. Ýöne sanalan etnonimlere esas bolup biljek **tag** sözüniň bardygyny hem ýatlap geçýäris. Bu söz gadymy türki dillerde “topar, süri” (belki, “taýpa, urug”) manylarynda ýörgünli bolupdyr. Mysal hökmünde Ýusup Balasagunynyň “Kutadgu bilig” (“bagt getirýän bilim”) diýen kitabynyň Kair nusgasyndan alnan şu sözlemi hödürleýäris: “Kedik tagy birle tiriglik kylaýyn”, ýagny “keýik (ýabany haýwanlar) sürüsi bile ýaşaýyn”. Häzirki türkmen dilindäki **dag, dag bolup ýatmak** sözlerinde hem “topbak”, “jem” diýen gadymy many duýlup dur. Eger şu pikirimiz hakykata dogry gelýän bolsa, onda bu atlar ilki “topar”, “urug” manysynda ýüze çykypdyr, muňa hut şu manydaky ençeme türkmen tire-taýpa atlary güwä geçýär. Etnonimiň yzyndaky –a at ýasaýjy (deňeşdiriň: baga, bada, çaka, asa), **tagan** sözündäki –an – jem, köplük, **tagarçyk** sözündäki –ar – köplük goşulmasydyr, -çyk bolsa –jyk goşulmasynyň dymyk görnüşi bolup, ol tiräniň kiçiligini, uly tireden bölünip aýrylandygyny bildirýär, **tagýagmyr** hem “Ýagmyryň topary” diýen manydadyr.

## TAZYGAN

Ärsarylaryň bekewül bölüminiň **tazy:gan** (y sesi uzyn aýdylýar) urugynyň ady gadymy **daz** we **taz** diýen türki taýpanyň adyndan bolup, onuň yzyndaky –yk we –an öňli-soňly goşulan we biri-biri bilen sepleşip giden köplük goşulmalarydyr (daz sözi barada **Daz** makalasyna serediň). Köne täjik dilinde **tazigan** sözüniň “täjikler” manysyny aňladýandygyny nazara alyp, bu etnonimi doganlyk täjik halkynyň ady bilen baglanyşdyrýanlar hem bar.

## TARHAN

Arabaçy, gökleň, ýomut, teke, änewli, ärsary taýpalarynyň düzümindäki **tarhan** ýa-da **tarhanlar** atly tireler bu tiräniň wekilleriniň

(ýa-da tirebaşynyň) haýsydyr bir wajyp hyzmaty bitirendigi, hünäri bilem meşhurlyk gazanandygy, döwlet ähmiýetli iş edendigi we şuňa meňzeşler üçin, hökümdar tarapyndan olara tarhanlyk hukugynyň berlendigini aňladýar. Tarhanlar köplenç salgytdan boşadylypdyr.

## TAT/TATLAR

Alili, gökleň, ýomut, müjewür, olam, salyr, saryk,bteke, hoja we ärsary taýpalarynyň düzüminde **tat/tatlar** diýen urug-tireler bar. **Tat** atly etnik toparlar Orta Aziýanyň ähli ýerinde, Kawkazda, Krymda, şeýle-de Eýranda, Wenriýada we Mongoliýada duş gelip, olar köplenç daşardan, ýagny beýleki taýpa-tireler tarapyndan dakylan atlardyr (ylmy dilde: alloetnonimlerdir). Azerbaýjandaky **tat** halkynyň ady şu halkyň özüne ykrar eden etnik ady (awtoetnonim) bolup, bu halkyň dili Eýran diller toparyna girýär.

**Tat** sözi—gadymy türki termin. Ol VIII asyryň Orhon-Ýeniseý ýazuw ýadygärliklerinde hem duş gelýär. Meselem, Kultegin ýadygärliginde ol sogdulary aňladypdyr. Garahanlylar döwletinde bolsa yslamy kabul eden eýran dilli halklara-da, köphudaýlylyga uýan türki dilli uýgurlara-da tat diýlipdir. Umunan, bu terminiň manysy her döwürde bir hili bolupdyr. Meselem, gadymy türki eýýamda türki halklaryň boýun egdiren we dili türki bolmadyk raýatlaryna tat diýlen bolsa, Mahmyt Kaşgarynyň döwründe ol söz uýgurlary we hytaýlylary-da aňladypdyr. Şu awtor “tatsyz türk bolmaz, başsyz börük bolmaz” diýen nakyly-da ulanypdyr.

Akademik W.W. Radlow tat terminine iki hili düşündiriş berýär: 1) “Hökümdarlara hyzmat edýän we olaryň ýakynynda ýaşaýan halk”, 2)”öz ilinden aýrylyp, agalyk ediji halka raýar bolan il”. Akademik S. P.Tolstowyň pikiriçe, **tat**—“salgyt töleýän oturymdar ildir”.

Wagt geçdigiçe, Orta Aziýada **tat** termininiň manysy barha giňelipdir, çarwa halklar oturymdar ilaty, ylaýta-da horezmlileri, buharalylary, hywalylary tat diýip atlandyrmaga başlapdyrlar.

## TATAR

XVIII asyryň Orhon-Ýeniseý ýazuw ýadyräliklerinde duş gelýän **tatar** diýen etnonim şol döwürde mongollaryň bir bölegini,

W.W.Radlowyň pikiriçe, Onon derýasynyň boýunda ýaşaýan mongollary aňladan bolsa gerek (alymlar tatar diýen toparyň dörän wagtyny VI asyr hasaplaýarlar). Tatar-mongol çozuşlaryndan soň, oruslar mongollaryň basyp alan ýerlerindäki ähli halklary (ýewropalylardan özgelerini) tatar diýip atlandyrýarlar. Sowet häkimiýeti döwründe bolsa, Tatarystanda ýaşaýan ýerli ilata resmi suratda tatar diýen etnik at dakyldy (öň olara Gazan türkleri, Krym türkleri diýilýärdi).

Ýomutlaryň garaçukat bölüminde-de **tatar** diýen urug bar. Akademik W.W. Bartoldyň pikiriçe, bu urug türkuleşen mongol taýpasy bolan garatatarlaryň galyndylarydyr. Temirleň türk soltany Baýezidiň maslahaty boýunça bu tatarlary XIV asyryň ahyrynda Mawerannahra sürýär. Temirleň ölenden soň, bu taýpanyň bir bölegi Mara göçýär, soňra bular özbaşdak urug hökmünde ýomutlaryň arasyna siňýär. Urugyň döreýiş taryhy gysagaça şeýledir.

Indi tatar dieýn etnonimiň manysy barada. Abylgazy “Türkleriň şejeresi” diýen kitabynda Tatary Oguz handan has öň ýaşap geçen hanyň ady hasaplaýar. Onuň ýazyşyça, bu han mongollaryň garşysyna uzak wagtlap söweşýär, ýöne ahyrda ýeňilip, mongollara goşylyp gidýär. Şu awtor “Türkmenleriň şejeresi” diýen ikinji işinde tatarlaryň Jürjüdiň (Çynmaçynyň, Hytaýyň) ýakynynda ýaşaýandygyny, mongollar we tatarlar oguzlar bilen süňňübir garyndaş hasaplansa-da, Oguz hanyň mongollar hem-de tatarlar bilen 72 ýyllap urşandygyny, 73-nji ýylda Oguzyň olary boýun egdirendigini belleýär.

Etnograf D.Ýe. Ýeremeýew **tatar** sözüni ikä bölýär: **tat** we **ar (är)**. Hakykatda onuň birinji sözi **tat** bolsa-da (bu barada **Tat** makalasyna serediň), ikinji bölegi är sözünden däl, eýsem, gadymy türki—ar diýen köplük goşulmasydyr (deňeşdiriň: salar, hazar, bulgar, sakar we ş.m.

## TEBER

Saryklaryň, tekeleriň, Astrahan we Stawropol etraplarynda ýaşaýan igdirleriň düzümindäki **teber** diýen tireleriň adynyň gelip çykyşyny iki hili düşündirmek mümkin:

1. “Taýpa”, “topar” manysyndaky tebe, depe (bu baradaky Depbe, depel, uludepe, begdepesi diýen makala serediň) sözünde we –r diýen gadymy türki köplük goşulmasyndan emele gelip, ol “taýpa: diýen

manyny aňladýar.

2. Kaspi deňziniň günorta-gümdogar kenarlarynda, Girkaniýa (Gürgen) diýen ýurduň günbatarynda iňňän gadymy Tabarystan döwletini guran tabar, teber diýen halkyň adyndan (taryhy çeşmelerde tabar etnonimini tapur görnüşinde-de duş gelýär.

## TEGELEK

Mary tekeleriniň gökje urugynyň düzümindäki **tegelek** tiresine tire wekilleriniň saýlap alan tagmalarynyň şekiline görä şeýle at dakylypdyr. G.I. Karpow olaryň tagmasynynyň tegelek, ýagny o harpy görnüşindedigini ýazýar.

## TEKE

Uly türkmen taýpalarynyň biri bolan tekeleriň XVI asyra çenliki taryhy barada ýazuw çeşmelerinde hiç hili maglumat duş gelmeýär. “Türkmen sowet ensiklopediýasynyň” 8-nji tomunyň 2-nji kitabynda bu taýpa bagyşlanyp ýazylan makalada agzeki maglumatlara esaslanyp, XII—XIII asyrlarda tekeleriň Syrderýanyň aşaky akymlarynda ýaşandygy, soňra olaryň bir böleginiň Samarkanta, uly toparynyň bolsa Balkan—Maňgyşlak ertapyna süýşenligi hakynda aýdylýar. Dogrudan-da, Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenleriniň düzüminde teke, syçmaz ýaly tireleriň bolmagy bu maglumatyň dogrudygyna güwä geçýär. Ýöne tekeler XVI—XVII asyra çenli uly we güýçli taýpa hökmünde türkmen taryhynyň sahnasyna çykmadyk bolarly, ýogsam türkmen tire-taýpalarynyň gelip çykyşyna bagyşlanan “Türkmenleriň şejeresi” diýip ajaýyp işini 1660-njy ýylda ýazyp gutaran Abylgazy bu uly işde tekeler barada diňe iki setir ýazmak bilen çäklenmezdi (ondan öňki alymlaryň işlerinde, umuman, teke diýen etnik at agzalmaýar). Abylgazy şeýle diýýär: “Salyr ilinde bir kişi bar erdi, (ady) Toýtutmaz. Teke we saryk ili anyňoglanlary tururlar”. Bar bolany şu. Ýöne Abylgazynyň tekeleriň salyr ilindendigini baradaky maglumaty biziň üçin has ähmiýetli, çünki bu maglumat tekeleriň taýpa hökmünde nirede we haçan dörändigini çaklamaga mümkinçilik berýär. Bu çaklamany orta atmazdan öňürti, biz teke taýpasynyň gelip çykan wagty baradaky pikirleri ýatlap geçmekçi.

G.I.Karpow bu taýpa XVI asyrda dörändir diýýär, soňra ýazan işinde bolsa bu senäni XI-XII asyrlar diýip görkezýär. Türkiýäniň Anadolu welaýatyna Horezmde we Saragtda ýaşan tekeleriň baryp XIII asyrda göçenligini, şeýle-de gazak, gyrgyz halklarynyň düzüminde teke atlaryň urug-tireleriň duş gelýändigini nazara alsak, teke diýen etnik adyň gaty gadymydygyny çekinmän aýtmak bolar, çünki türkmenler seljuklar hereketi döwründe (XI asyr) gyrgyzlardan aýrylyşyp, häzirki mekanlaryna göçüpdirler. Diýmek, tekeler taýpa hökmünde bolmasa-da, kiçiräk etnik topar görnüşinde XI asyrdan öň döräpdir. Belli edebiýatçy alym Ahmet Bekmyradowyň teke sözüni gadymy gunlaryň tüke (tukýu) etnoniminden çaklamagy ýöne ýerden däl bolsa gerek. Öz sözüni delillendirmek üçin, bu alym gunlaryň harby-administratiw bölünişigindäki käbir däpleriň tekelerde saklanandygyny habar berýär (serediň: “Ýaş kommunist”, 1985, 20 iýul).

Ýokarda agzalan alymlaryň pikirlerini, iň esasy-da, türkmen etnonimleriniň berýän maglumatlaryny nazara alyp, biz bu taýpanyň döreýşi barada şeýle çaklamany hödürlemekçi.

Tekeler urug hökmünde iňňän gadymy döwürde, türkmenleriň Gyrgyz sähralarynda ýaşaýan eýýamynda emele gelipdir. Muny olaryň teke diýen etnik ady hem tassyklaýar. Alymlar bu sözi biragyzdan totemden dörän at hasaplaýar. Totemlerden emele gelen etnonimler bolsa tire-taýpa atlarynyň iň gadymy gatlagyny emele getirýärler.

Seljuklar hereketi döwründe tekeleriň uly bölegi günbatara süýşüpdir, göçmän galanlary gyrgyzlaryň we gazaklaryň düzümine siňipdir. Maňgyşlaga gelen tekeler köpçülikleýin şu ýarym adanyň demirgazygynda, Ýaýyk (Ural) we Emba derýalarynyň ýakalarynda ornaşypdyrlar. Muny Ýaýyk derýasynyň kenaryndaky häzirki Uralsk diýen şäheriň öňki adynyň Tekeli bolandygyny hem tassyklaýar. Galyberse-de, mongollaryň agalygy döwründe Ýaýyk, Emba etraplary we Maňgyşlak, Balkan sebitleri Altyn Orda hanlaryna tabyn bolupdyr. Tekeleriň utamyş we togtamyş diýen esasy iki bölüminiň ikisine-de Altyn Orda hanlarynyň adynyň dakylmagy hem tekeleriň şol etrapda ýaşanlygyndan habar berýär.

Tekeli diýen urug-taýpalara we olaryň atlary dakylan obalara Azerbaýjanda, Gürjüstanda hem duş gelinýär. Alymlar (A. Bakyhanow, A. Ýakubowskiý, M.Hajyhalylow we beýlekiler) ony biragyzdan

türkmen taýpasy hasaplaýarlar.

Altyn Orda döwletiniň basybalyjylyk syýasaty tekeleri atarman, çaparman, ezber esger edip terbiýeleýär. XV asyrda Altyn Orda hanlygy kiçi hanlyklara (Astrahan, Krym, Gazan we Sibir hanlyklaryna) bölünenden soň, ýurtda uruş-galmagal köpelýär, tekeleriň uly bölegi Günbatar Türkmenistana (Was etraplaryna) göçýär. Londonda ýaşaýan türkmen taryhçysy professor Mehmet Saraý "Türkmenler imperializm zamanynda" diýen ylmy işinde (ser.: "Garagum", 1992, №1) Maňgyşlak etrapynda ýaşaýan tekeleriň üstüne gazak sähralaryndan galmyklaryň wagtal-wagtal (meselem, 1639 we 1700-nji ýyllarda) çozanlygyny, netijede tekeleriň bu ýerden gysylyp çykarylandygyny belleýär.

Türkmenistanyň günbatarynda ýaşaýan taýpalar: ärsarylar, saryklar, ýomutlar we salyrlar daşky salyr diýen taýpalar birleşigini emele getiripdirler. Tekeler hem soňra şu birleşigiň düzüminde uly taýpa hökmünde özüni tanadýar. Abylgazynyň bu taýpanyň asly salyr bolan Toýtutmazyň neberesi diýip görkezmegi şu jähetden hakykata dogry gelýär. Diýmek, tekeleriň kiçiräk etnik toparlygyndan uly we güýçli taýpalyk derejesine ösüp ýetişmegi XVI-XVII asyrlarda amala aşandyr, taýpalyk derejesine ýeten ýeri hem daşky salyrlaryň içidir diýip çaklamak hakykata laýyk bolsa gerek.

Teke taýpasynyň soňky taryhy belli, XVI asyrda Uzboýuň suwy kesilenden soň, Uzboý, Was etraplarynda ýaşamak kynlaşýar. Netijede, tekeler Ahal etrapyna süýşüp, bu ýerdäki oturymly ilaty XVIII asyrda gysyp çykarýar we olaryň ýerini eýeleýär. Dumly-duşdaky tekeleriň Ahala jemlenmegi netijesinde bu ýeriň ilaty barha gürelýär, XIX asyrda olaryň bir bölegi Saragt-Tejen etraplarynda ornaşýar. 1855-1857-nji ýyllarda bolsa tekeler Gowşut hanyň ýolbaşçylygynda Murgap oazisini hem eýeleýärler.

Diýmek, **teke** diýen at türkmenleriň iňňän gadymy etnonimleriniň biri bolup, ol bu toparyň teke diýen öý haýwanlaryny totem edinen döwründe ýüze çykypdyr.

Teke ýaşulularynyň biziň bu çaklamamyzy kabul etmezligi hem mümkindir, çünki olar teke diýen etnonimi Tekemuhammet ýa-da Tekýemuhammet diýen taýpabaşynyň adyndan gelip çykan, tekeleriň özüni (has dogrusy, utamyşy we togtamyşy) bolsa saryklaryň legendar taýpabaşysy Ýalkamyş bilen dogan hasap edýärler. Biz bulary asla

inkär etmeýäris, ýöne Tekemuhammet diýen taýpabaşy hakykatda ýaşan adam bolsa-da, bu şahsa degişli taýpanyň ady dakylandyr hasap edýäris.

Sözümiziň ahyrynda Eýran gyzylbaşlarynyň düzüminde tekeli diýen taýpanyň bardygyny bellemekçi. Onuň ady hem şu etnonim bilen baglanyşykly bolmaly. Hydyrilileriň düzümindäki **tekeleçler**, gökleňlerdäki **tekeli**, burkazlardaky **tekem**, ärsarylardaky **tekren** diýen tireleriň adynda-da **teke** etnonimi duş gelýär, bu atlaryň yzyna bolsa gadymy köplük sany aňladýan ýa-da atdan at ýasaýan dürli goşulmalar goşulypdyr.

## TEMEK, TEMEN, TEMES, TEMEÇ

Ärsarylaryň **temek**, ýomutlaryň **temen, temeç,** tekeleriň hem **temes** diýen urug-tireleriniň atlarynyň şol bir kökden dörändigi şübhesizdir, ýöne olary emele getiren sözler häzirki dilde ulanylýan **temek, temen** ýaly sözler däl-de, soňky döwürde manysy unudylan gadymy sözlerdir. Olary anyklamak gaty çetin, çünki şu etnonimleriň manysyna laýyk geljek şeýle sözler dilimizde saklanmandyr. Şeýle-de bolsa, akademik W.W.Radlowyň meşhur sözlüginden (Опыт словаря тюркских наречий, III tom, 1-nji kitap, 1132 sah.) alnan bir sözi okyjylaryň dykgatyna ýetirmekçi. Bu alym altaý, teleut we kumandy ýaly türki halklaryň gepleşiginde “goşulyşmak”, “birleşmek” manysynda ulanylýan temeş, temeşüw sözlerini getirýär. Bu sözleriň asly **tem** ýa-da **teme** bolsa gerek. Sanalan etnonimler, belki, şu söz bilen baglanyşyklydyr. Eger şeýle bolsa, onda bu atlaryň yzyndaky –k, -n, -s, -ç - gadymy türki goşulmalary bolup, bu atlaryň ählisi “goşulyşan, birleşen toparlar” diýen manyda ýüze çykypdyr.

Saryklaryň **temir**, çowdurlaryň **temirli**, ýomutlaryň **temirogly**, salyrlaryň **temirhoja** tireleriniň adyndaky **temir** sözüni hem ýokarda sanalan etnonimleriň hataryna goşmak, ýagny ony **tem** sözünden we **–ir** diýen köplük goşulmasyndan hasaplamak mümkin. Türkmen dilinde Temir (“demir”, ýagny “demir ýaly berk bolsun” manysynda) diýen adam adynyň bardygy üçin, bularyň tirebaşynyň ady bilen baglanyşykly dörän bolmagy hem ähtimaldyr.

## TERAKIME, TEREKEME

Çelekeniň ýakynyndaky Ogurjaly adasynda ýaşan türkmen taýpalarynyň birleşiginden dörän uly etnik topara XVIII asyrda **terakime** diýen at dakylýar. XIX asyrda näbelli adam tarapyndan ýazylan, häzir bolsa Türkmenistan YA-nyň Magtymguly adyndaky Edebiýat institutynyň golýazmalar fondunda saklanýan "Türkmenleriň şejeresine goşmaça" atly golýazmada Eýranda Agamuhammet hanyň agalyk süren döwründe (XVIII asyr) Ogurjaly adasynda ýaşaýan semedin, gereý we nedim taýpalarynyň aksakgallary geňeş edýärler we bu taýpalaryň ählisine **terakime** diýlip at dakylýar. Bu söz türkmen sözüniň arap dilinde ulanylýan köplük sandaky görnüşidir (bu dilde şeýle forma köplük sanyň döwük görnüşi diýilýär).

**Terakime** diýen etnik – sosial topara degişli adamlaryň sany Azerbaýjanda birnäçe milliona ýetýär. Bu ýerde **terakime** sözi häzirki wagtda "göçüp-gonup ýören garyp çarwalar" diýen manyda bolsa-da, alymlar onuň aslyny türkmen diýen etnonim bilen baglanyşdyrýarlar.

**Terekeme** diýen tire gökleňleriň gaýy bölüminde-de duş gelýär.

## TERENJI

Ärsarylaryň gara bölümine degişli **terenji** tiresi, ähtimal, türkmenleriň Gyrgyz sährasynda ýaşan döwründe (XI asyrdan öň) dörän bolsa gerek, çünki **terenjileriň** uly bölegi Jetiögüzde ýaşaýar (terenjiler häzir özlerini uýgur saýýarlar).

**Terenji** ýa-da **tarançy** diýen etnik adyň asly "däne", "galla" manysyndaky gadymy türki tary ("dary") sözünden bolup, ol "däneçi", "gallaçy", "däne öndürýänler", "ekerançylar" diýen manyda ýüze çykýar. Dogrudan-da, terenjiler gadymy ekerançylardyr. Hut şonuň üçin 1890-njy ýylda Rus patyşasynyň Murgap mülkünde pagtaçylygy ýola goýmak we ýerli ilaty pagta ekmäge öwretmek üçin, **terenjileriň bir** bölegi Jetiögüzden Mara göçürilýär. Olar häzir hem Baýramaly etraplarynda ýaşaýarlar.

## TIBET

Saryklaryň bedeň urugynyň tibet atly tiresi gadymy türki eýýamdan, ýagny türki halklaryň Hytaý etraplarynda ýaşan, tibetliler bilen ýakyn aragatnaşyk eden döwründen habar berýän bolsa gerek (bu barada **Mukry** makalasynda-da aýdylypdy). Saryk taýpasyny etnografik taýdan derňän G.Öwezberdiýew bu tiräniň hut Tibet bilen baglanyşyklydygyny belläpdir.

## TIRKEŞ

Salyrlaryň kyraç urugynyň **tirkeş** tiresi iňňän gadymy **tirgeş/türgeş** diýen uly taýpanyň galyndysydyr. Bu etnonim Demirgazyk Altaýlaryň tubalar taýpasynyň we gyrgyzlaryň düzüminde-de duş gelýär. VI-VIII asyrlarda Beýik Türk imperiýasynyň Günbatar Kaganatyndaky türkleriň uly taýpasyna türkeş/türgeş diýipdirler. Bu taýpa Altaýýň günbatarynda ýaşap, dulu (Dowlat makalasyna serediň) diýen taýpalar birleşigine giripdir. Olar Jetiögüz etraplarynda göçüp-gonupdyrlar. Etnonimiň asly türkeş bolup, ol türk sözünden we köplügi, jemi aňladýan –eş diýen gadymy türki goşulmadan durýar. Manysy – “türkler”.

## TOWAR/TOGAR

Ärsarylaryň ýabany urugynyň **towar** ýa-da **togar** tiresiniň adyny iki hili düşündirmek mümkin.

1.Biziň eramyzdan öň Amyderýa, Murgap we Gerirud (Tejen) derýalarynyň boýunda ýaşan we Toharystan diýen ýurda adyny geçiren gadymy **tohar** diýen halkyň adyndan. Garagalpak alymy D.Aýtmuratow bu etnik ady **tuk** (tük, tüý) we **hara** (gara) diýen türki sözlerden hasaplap, ony “gara saçly” diýip düşündirýär.

2.Gypjaklaryň tog taýpasynyň adyndan we –ar diýen köplük goşulmasyndan. Şu çaklama dogry bolsa, onda ärsarylaryň towuk (tow/tog sözünden we –uk diýen köplük goşulmasyndan durýar), towy, togaçy, olamlaryň tokly tireleriniň atlaryny hem tog diýen etnik at bilen asyldaş hasaplamak mümkindir.

## TOGTAMYŞ

Tekeleriň iki uly bölüminiň biriniň, gökleňleriň bolsa bir tiresiniň ady bolan **togtamyş** etnonimini alymlar biragyzdan Altyn Orda (Ak Orda) hany Togtamyş diýen soltanyň (taýpabaşynyň) ady bilen baglanyşdyrýarlar. Bu gazaply han Maňgyşlak etraplaryny öz gol astynda saklan Tüýhoja oglanyň ogly bolup, ol XIV asyryň ahyrynda we XV asyryň başlarynda höküm sürüpdir. Şol döwürde tekeler hem şu etrapda ýaşapdyrlar.

## TOPAZ, TOPLAR

Tekeleriň topaz urugynyň we ärsarylaryň **toplar** tiresiniň “topar” manysyndaky **top** sözünden we köplük **sanyň –az** hem-de **–lar** goşulmalaryndan durýar. Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenleriniň **topa aýtamgaly** we garadaşlylaryň **topbakürt** (ýagny “kürt urugynyň topary”) tireleriniň ady hem hut şu söz bilen baglanyşylykdyr.

## TÜWER

Gadymy oguz-türkmenleriň 24 taýpasynyň biri bolan tüwerleriň ady Mahmyt Kaşgarynyň sözlüginde **tüger** görnüşinde ýazylyp, 18-nji orunda gelýär, Reşideddin (**düker**) 7-nji, Ýazyjy-oglunda (**döger**) 6-njy, Salar Babada (**döger**) 2-nji, Abylgazyda bolsa (**düker**) 8-nji orunda getirilipdir. Reşideddin, Ýazyjy-ogly, Abylgazy bu taýpany Oguz hanyň Aýhan diýen oglundan önen nebere hasaplasa, Salar Baba ony Günhanyň ikinji oglunyň nesli diýýär.

Adyň aňladýan manysy barada bu alymlaryň pikirleri şeýle: Reşideddin: “Toplanmak üçin”; Ýazyjy-ogly: “Derilmek (toplanmak) üçin bir ýere geleler”; Abylgazy: “Töwerek”.

Tüwerler XI asyrda Syrderýa boýlaryndan Balkan-Maňgyşlak etrapyna gelip, häzirki Krasnowodsk raýonynyň Gyzylgaýa posýologynyň ýakynyndaky Tüwer obasynyň we Tüwergyryň töwereklerinde ornaşýarlar, ýöne seljuklar hereketi döwründe olaryň uly bölegi Kiçi Aziýa ýurtlaryna, Kawkaza aralaşýar, galan bölekleri çowdurlaryň,

baýatlaryň, ärsarylaryň arasyna siňýär. Kalinin raýonyndaky **Tüwer** obasynyň, Garabekewül raýonyndaky **Tüwereý** obasynyň we şeýle atdaky tiräniň, Çärjew raýonynyň Ýasydepe obasynyň bir bölegi bolan **Tüwerler** obasynyň atlaryndan çen tutsaň, tüwerleriň şu etraplara-da ýaýranlygy aýdyň bolýar.

**Tüwer** sözüniň gelip çykyşy barada häzirki alymlaryň arasynda dürli pikirler bar. Meselem, ýewropaly alym Henning ony **tohar** diýen gadymy halkyň adyndan hasaplasa, garagalpak alymy D. Aýtmuratow tüweri “tüý” manysyndaky **tük/tüg** sözüne we –r diýen söz ýasaýjy goşulmasyna bölüp, bu ady tutuşlygyna “saçly”, “depesinde çokul gaýýanlar”, “gara saçlylar” diýip düşündirýär.

Abylgazynyň tüwer sözüni “töwerek” diýip düşündirýändiginden ugur alyp, onuň “tegelek tagmaly” manysynyň tarapyny tutýanlar hem bar, ýöne agzalan orta asyr alymlarynyň işlerinde bu taýpanyň tagmasy tegelek däl-de, egrem-bugram çyzyklardan ybarat.

Biz **tüwer** etnoniminiň asyl köki barada düýbünden başga çaklamany orta atmakçy: bu at häzirki türkmen dilinde **düwün, düwünçek, düwmek** sözlerinde duş gelýän gadymy **tüg/düw** sözünden we köplügi aňladýan **–er** goşulmasyndan bolup, ol “ýygyn”, “topar”, “taýpa” diýen manyny aňladýar. Türki etnonimleriniň köpüsiniň hut şu manyda ýüze çykanlygy, şeýle-de Reşideddiniň, Ýazyjy-oglunyň we Abylgazynyň tüwer sözüne berýän düşündirişleri bu çaklamanyň hakykata laýykdygyny görkezýär, çünki bu alymlaryň “toplanmak”, “ýygylmak”, “töwerek” diýen düşündirişleri “jem”, “topar” diýen manydakyn üzňe däldir.

## TÜMEN

Tekeleriň **tümen** we **tümenşagal** atly tireleriniň atlaryndaky **tümen** sözi gadymy türki dillerde “on müň”, “on müň esger berip biljek il” diýen manyny aňladypdyr. Mongollarda uly taýpalara **ulus** ýa-da **tümen** diýlip, bu sözleriň manysy edil ýokardaky ýalydyr. Bu ýagdaý tümen sözüniň altaý (türki, momgon, tungus-manjur) dilleri üçin umumydygyny görkezýär. Günbatar Sibirdäki, Tur derýasynyň boýundaky **Tümen** (orusça Týumen) şäherine-de şu etrapdaky türki halklaryň (Sibir tatarlarynyň) **tümen** diýen taýpasynyň ady geçipdir.

## TÜRK

Türki dilli halklaryň ählisini aňldýan bu etnik at häzirki döwürde Türkiýedäki ilatyň resmi ady hökmünde kabul edildi. Türk sözüniň asyl köki barada ýörite ylmy makala ýazan akademik A. N. Kononow alymlaryň bu babatdaky pikirlerini bir ýere jemledi. Meselem, G. Wamberi **türk** sözüni "adam", "ynsan", Ýu. Nemet "güýç, kuwwat", A.N. Bernştam "maşgala", "taýpa", S.P. Tolstow "öýlenmedik ýaş esgerler topary" diýip düşündiripdirler. Şu makalada A.N. Kononowyň özi türk sözüni **tür** we **k** diýen iki bölege bölüp, onuň **tür** böleginiň ilki "Hudaý, Alla" manysynda bolanlygyny, soň onuň hormatly orny (öýüň törüni), soňra "kanun, düzgün, tertip" manysyny aňladandygyny, ahyrda-da "güýç, kuwwat, hjaýyn" ýaly mana eýe bolandygyny belleýär. Alymyň pikiriçe, adyň **–k** bölegi jem, köplük goşulmasydyr, ol türkmenleriň **il-gün** söz düzüminde saklanyp galan **gün/kün** sözüniň gysgalan görnüşidir.

A.N. Kononow soňra ýazan bir işinde **türk** sözüni **türkün** sözi bilen asyldaş hasaplaýar we onuň "ojak", "taýpanyň üýşen ýeri", "halk", "il" ýaly manylardadygyny belleýär, **türkün** sözüni bolsa "dogmak", "döremek" manysyndaky **töröh** diýen mongol sözi bilen bir kökden dörän söz çakalaýar (deňeşdiriň: döremek).

Garagalpak alymy D. Aýtmuratow **türk** sözüni "örülen" manysyndaky gadymy türki tür sözi bilen asyldaş hasaplap, onuň manysyny "depesinde örülen saç goýýan il" diýip düşündirýär. Alymyň pikiriçe, **tür** sözi **türre/dürre** (gamçy) sözünde saklanyp galypdyr.

Her kimiň öz pikirini aýtmaga haky bar, şonuň üçin biz bu abraýly alymlaryň nädogry netijelerini tankyt etmän, olaryň biziň garaýşymyza dogry gelýän zatlaryny peýdalanyp, türk sözüniň asyl köki baradaky öz pikrimizi beýan etmäge çalşalyň.

Öňi bilen. A.N. Kononowyňky ýaly, **türk** sözüni **tür** we **k** diýen iki bölege böleliň. Munuň **tür** ýa-da **tur** bölegi türki halklaryň iňňän gadymy etnik ady bolsa gerek. Ol Turan diýen toponimlerde duş gelýär: Eýran dilli halklaryň Eýran (arian, ýagny "ariýler ýurdy")sözünden tapawutlylykda, Turan sözi türki dilli halklaryň watanyny aňladypdyr )W.W. Bartoldyň güwä geçmegine görä, Turan sözi baryp "Awestada-da—3—3,5 müň ýyl öň hem ýatlanýar). Mollanepesiň:

*Eýran, Turan, Arap, Ajam ilinde,*
*Görmedim seniň deý owadan gelin—*

diýen setirlerine üns beriň. **Turan** atly şähere we **Turan-uýuk** atly çöketlige Tuwa ASSR-inde-de duş gelinýär. Bu atlaryň **tur** sözi **türk** sözüniň gadymy görnüşini saklandyr çaklaýarys. Adyň yzyndaky –**an** bolsa türki dillerde-de, Eýran dilli halklarda-da jemi, köplügi aňladýar.

Öz gezeginde, has irki geçmişde **tür** sözi hem **tü** (**tüg, düw**. Bu barada Tüwer diýen makala serediň) sözünden we ür diýen köplük goşulmasyndan emele gelen bolsa gerek: tüg-ür, --tüý-ür, -tüýr- tür. Goşulmasy bilen bu sözüň aňladýan manysy şeýle bolmaly: “topar”, “taýpa”, “il”. **Tüg** sözi goşulmasy bilen sepleşip, dilde bitewi bir söz hökmünde kabul edilenden soň, ýagny yzdaky –r sesiniň köplük goşulmasydygy düýbünden ýatdan çykarylandan soň, ol täzeden başga bir köplük (**türk** sözünde **–k**, **Turan** sözünde –**an**) goşulmasyny kabul edipdr.

Diýmek, **türk** sözi “topar” manysyndaky **tüg/tü** sözünden we yzly-yzyna goşulan –**r** we **–k** köplük goşulmalaryndan hasyl bolup, “taýpa”, “topar”, “il” manysynda ýüze çykypdyr. Muny **tüwer** diýen etnonim hem tassyklaýar.

## TÜRKMEN

Biziň eramyzyň başlarynda Merkezi we Orta Aziýanyň giň sähralarynda ýaşan türki dilli taýpalar dürli-dürli toparlara we iri taýpalara bölünip, olaryň hersine özbaşdak at berlipdir. Türki taýpalaryň arasynda öz gadymy adyny saklan we soňra halk derejesine ýeten şeýle toparlaryň arasynda öňi bilen gyryzlary, uýgurlary, galyberse-de türkmenleri we başgyrtlary görkezmek mümkin, çünki **gyrgyz** we **uýgur** diýen etnik at baryp biziň eramyzyň başynda-da duş gelýär. **Türkmen** ady hem türki halklaryň içinde gadymy atlaryň biridir. Bize mälim bolan taryhy çeşmelerde, meselem, VIII asyryň başynda düzülen Tun-dýan diýen hytaý ensiklopediýasynda bu söz **tö-kü-möng** görnüşinde duş gelýär. Täjigistandaky Mug dagyndan tapylan Sogd dokumentleri hem VIII asyryň başyna degişlidir. Şol dokumentlerde-de türkmen sözi getirilipdir. Baryň 1300 ýyl çemesi mundan öň ýazylan taryhy dokumentleriň ikisinde

duş gelýän **türkmen** etnonimi bu sözüň VIII asyrda däl-de, eýsem ondan has öň döränligine şaýatlyk edýär. Biziň pikirimizçe, **türkmen** sözi biziň eramyzyň birinji müňýyllygynyň ortalarynda, takmynan 1,5 müň ýyl mundan öň ýüze çykan bolsa gerek.

Türkmen sözüniň aňladýan manysy orta asyr alymlarynyň hem ünsüni özüne çekipdir. Müň ýyl mundan öň ýaşap geçen meşhur orta asyr alymy, asly köneürgençli Abu-Reýhan al-Biruny (973—1048) ilkinji gezek **türkmen** sözüne düşündiriş berýär. Onuň pikirine görä, "Geçmişde yslam dinini kabul eden we musulmanlar bilen gatyşan oguz türkleri dürli dilli halklaryň arasynda tarjuman, ýagny "terjimeçi" bolýar. **Tarjuman** sözi soňra **targuman**, has soňrak hem **türkmen** görnüşine geçýär".

XI asyrda ýaşan meşhur dilçi Mahmyt Kaşgarly we XIV asyrda ýaşan taryhçy alym Reşideddin **türkmen** sözüni **türk manend** sözleriniň gysgalan görnüşi hasaplaýarlar. Olaryň pikiriçe, **türk manend** diýen pars-täjik sözi "türke meňzeş", "türk biçim" diýen manydadyr. **Türkmen** sözüniň gelip çykyşyna we aňladýan manysyna soňky döwürlerde-de köp üns berlip, VIIIewropa, orus, türk we sowet alymlary ol hakda onlarça çaklamalary öňe sürdüler. Olaryň käbirini ýatlap geçeliň. Fransuz alymy Ž. Deni we wengr alymy L. Ligeti türkmen sözüne "arassa türkler", türk taryhçysy Neşri "türk iman", ýagny "musulman dinini kabul eden türkler", türk dilçisi professor Faruk Sümer "öz türk", ýagny "türki halklaryň özeni", "esasy türk" ýaly düşündiriş berýärler. Orus alymy I.F. Blaramberg **türkmen** sözüni "ok we ýaý" manysyndaky **tir-keman** sözleriniň üýtgän görnüşi hasap edýär. Bu pikiri türkmen alymy Ahmet Bekmyradow hem goldaýar.

Dürli çeşmelerde **türkmen** sözüniň **türk men**, ýagny "men türkdürin", **türk koman**, ýagny "koman türkleri" ýaly düşündirişine-de duş gelinýär. Bu sözüň manysy barada başga hili pikirler hem köp.

Biz türkmen sözüniň manysy barada geçen asyrda türki halklaryň taryhy barada iş ýazan belli orus alymy H.A. Aristowyň, wengr alymy Wamberiniň, sowet alymlary Tumanowiçiň. D. Ýeremeýewiň. A.A. Roslýakowyň we beýlekileiň pikirini dogry hasaplaýarys. Bu alymlar türkmen sözüni iki bölege bölýärler: türk we men.

Türk sözi türki dillerde gepleýän halklaryň ählisine degişli umuma atdyr. Bu barada biz Türk diýen makalada giňden gürrüň edipdik.

Türkmen sözüniň **men** ýa-da **man** goşulmasy **sarman, besermen, kuman, maňgyt** ýaly halk we halkyýetleriň, taýpalaryň atlarynda, şeýle-de türkmen taýpa-tireleriniň atlary bolan **akman, garaman, nawman, hudman, orman, gyrman, ýasman, çeşmen** ýaly ençeme etnonimleriň düzüminde duş gelýär. Diýmek, **man-men** goşulmasy türki halklaryň w taýpalaryň atlarynda köp ulanylýan sözdür. Adyny sanan alymlarymyzyň pikirine görä, halk we taýpa-tire atlaryndaky **man-men** sözi, edil **tür/ (türk)** sözi ýaly, "il, halk, taýpalar toplumy" ýaly manyny aňladýar. Şeýlelikde, **türkmen** sözi ilki ýüze çykanda "türk ili", " türk taýpasy", "türk taýpalaryndan jemlenen halk" ýaly manylary aňladypdyr. Gadymy geçmişde ençeme taýpa-tireleiň has ady hökmünde "il, halk, topar, ýygyndy, taýpa, oba" ýaly manylary aňladýan adaty sözleriň, ýagny jyns atlaryň köp ulanylýandygyny nazara alsak, **türkmen** adynyň manysy barada aýdylan bu pikir hakykata laýykdyr.

## TÄJIK

Türkmenler bilen iňňän gadymy döwürlerden bäri goňşulykda ýaşan we bular bilen köp babatda gatyşyp giden bu doganlyk halkyň **täjik** diýen etnik ady tire atlary hökmünde gökleň, teke we şyh taýpalarynyň düzüminde duş gelýär. Gökleňleriň **täzeki** diýen tiresiniň ady aslynda **täjik** etnoniminden bolsa gerek.

Akademik W.W. Bartold täjik sözüni **taý** we **–jyk** diýen iki bölege bölüp, onuň **taý** bölegini araplaryň **taý** diýen taýpasynyň adyndan hasaplaýar. Parslar taparyndan **tazy** görnüşinde ulanylýan taý etnonimi "arap" ýa-da "musulman" diýen manyny aňladypdyr. Adyň ikinji bölegi –jyk bolsa keçeltmegi bildirýän goşulmadyr.

F.D. Lýuşkewiçiň pikirine görä, **täjik** etnonimi aslynda **tatjyk** sözüniň üýtgän görnüşidir. Tat sözi barada **Tat** diýen makala serediň, **-jyk** goşulmasy bolsa, edil ýokardaky ýaly, kiçiligi bildirýär. Diýmek, **täjik**—"tatjyk". "tatlaryň kiçi topary" diýen manyda bolup, ol soňra tutuş halkyň adyna öwrülipdir.

## TÄZEGOŇRAT

Daşhowuz welaýatynyň Telman raýonynda, Gubadagyň eteginde

bir topbak ile **täzegoňrat** ýa-da **garaýylgynly** diýen etnik at dakylypdyr (ilki Gaýraýylgyn diýen ýerde oturanlygy üçin, olara garaýylgynly diýipdirler). **Täzegoňrat** diýen adyň gelip çykyşy barada Hywa hanynyň köşk taryhçysy Agahi şeýle ýazýar: Ýomut taýpasynyň gul we gyrnakdan doglan neberesi köpelip, uly il bolýar. Ýerli ilat tarapyndan gul diýlip kemsidilýänligi üçin, olar özlerine özbaşdak ýer bölüp bermegini sorap, Hywa hany Allagula arz edýärler. Allaguly han olary Garaýylgyn diýen ýere göçürip, özlerine-de täzegoňrat diýip at dakýar.

## UÝGUR

Türki kowumlaryň arasynda iň gadymy halk bolan we türkmenleriň gan garyndaşy hasaplanýan uýgurlaryň uly bölegi (3,6 milliony) Hytaýyň Sinszýan—Uýgur awtonom raýonynda, azragy Hindistanda, Owganystanda, Pakistanda, 173 müňüsi hem öňki SSSR-de (Gazagystanda, Gyrgyzystanda, Özbeigstanda we Türkmenistanda) ýaşaýar. Bu halkyň etnik ady biziň eramyzdan öňki III asyrda duş gelýär. VI asyrda Beýik Türk Kaganaty synandan soň uýgurlar özbaşdak döwlet gurýarlar.

Edil türkmenler ýaly, uýgurlaryň hem aňyrsy gunlara direýär. Hytaý çeşmerinde getirilýän rowaýata görä, gun patyşasy özüniň iňňän owadan gyzyny hiç kime rowa görmän, gelýän sawçylary yzyna gaýtarýar. Taňrynyň emri bilen asmandan bir böri inýär. Şu börüden we şol owadan gyzdan dörän neberelere soňra uýgur diýlipdir.

Merkezi Aziýada iň medeniýetli we juda gadymy halk bolan uýgurlaryň etnik ady hem onlarça alymlaryň ünsüni özüne çekipdir. Meslem, 974-nji ýylda ýazylan “Kýu-Wu-taý” diýen hytaý çeşmesinde uýgur sözi “hökümdary şöhratlandyrýan we hüjüm edýän” diýlip terjime edilýär.

Peşideddiniň pikiriçe, Oguz hanyň iline goşulyp, onuň Gara hanyň garşysyna alyp baran söweşleine ýardam berenligi üçin, Oguz han bu halka uýgur diýip at berýär. Bu türki söz uýmak işliginden bolup, “uýujy”, “goşulan”, “bileşen” diýen manydadyr.Abylgazy hem bu ady şeýleräk düşündirýär.

“Türk etnonimleri” diýen kitabynyň bi babyny ýörite uýgur sözüni derňemeklige bagyşlan garagalpak alymy D.Aýtmuratow bu etnonimi uý

(“ýüň, tüý, saç” manysynda) we gur (“gara”) sözlerinden hasaplap, onuň “gara saçlylar” manysynyň tarapyny tutýar. Şu kitapda bu etnonimiň manysy barada dürli pikirler hem getirilýär.

Biziň çaklaýşymyza görä, uýgurlaryň we oguzlaryň gadymy garyndaş bolşy ýaly, olaryň etnik atlary hem şol bir kökden döräpdir. Käbir türki halklar (meselem, çuwaşlar) z sesine gutarýan türki sözleri r sesi bilen aýdýarlar: **oguz—ogur, dokuz—tohar, sekiz—seker** we ş.m. **Göz** we **görmek, geler** we **gelmez** ýaly sözlerde bu fonetiki hadysa türkmen dilinde-de duş gelýär. Diýmek, uýgur sözi r—dilli türki taýpalar, oguz hem z—dilliler tarapyndan döredilne atlardyr. Muny VIII asyr uýgurlaryna dokuzoguz diýlendigi hem tassyklaýar (ilki döwlet guranda, uýgurlar 9 sany oguz taýpasyndan eken).

## USSAJYK, USSALAR, USSAŇKYLAR

Sakarlaryň **ussajyk**, ärsarylaryň **ussalar**, ýomutlaryň **ussalygürbe** we **ussaňkylar** tirelerine ýa ussa taýpabaşysynyň ady dakylypdyr, ýa-da tire wekilleriniň ökde hünärmentdiklerine görä, olara şeýle at berlipdir. Nohurlylaryň **ussanedir** tiresiniň adynda tirebaşynyň Nedir atly adam bolandygy hem görkezilipdir.

## USTAJAL

Gökleňleriň **ustajal** tiresiniň adyna Türkiýe türkmenleriniň düzüminde-de duş gelinýär. Türk alymy Faruk Sumer ony “ussa hajyly”, ýagny, “Mekgä haja gidip gelen ussanyň ili” diýip düşündirýär. G.I.Karpow bolsa ustajal diýen gökleň tiresini Eýran gyzylbaşlrynyň ustajlu taýpasyndan goşulan hasaplaýar.

## UTAMYŞ, ÖDEMIŞ

Togtamyş bilen birlikde teke taýpasyny emele getirýän iki uly bölümiň biri bolan **utamyşlaryň** adyny alymlar (G.I. Karpow we beýlekiler) Altyn Orda hany Utamyş hanyň (Ötemişiň) ady bilen baglanyşdyrýarlar. Tekeleriň Altyn Orda hanlarynyň gol astynda köp oturandygyny, olaryň togtamyş bölegine-de şol hanlaryň biriniň

adynyň geçendigini nazara alsak, onda beýle düşündirişiň hakykatdan üzňe däldigine göz ýetirmek kyn däldir (bu barada **Teke** we **Togtamyş** makalalaryna serediň). Çowdurlaryň ödemiş tiresiniň ady hem Utamyş handan gaýdýan bolsa gerek.

**Utamyş** (ütemis, ötesim) diýen urug-tireler gazaklaryň we garagalpaklaryň dzüminde-de duş gelýär.

## UAŞAGAN, UŞAGON

Çowdurlaryň **uşagan** tiresiniň ady aslynda uşagon (uşago:n) bolup, ol ärsarylaryň bekewül bölümindäki **uşagon** urugynyň ady bilen gabat gelýär. Soňky urug on sany uşak (ownuk) tiräni ), çaýy, gultak, çakmak, tazygan, kelte, kenan, omçabaş, keltebaş, bürgüt we hoja tirelerini) özüne birleşdirenligi üçin, şeýle at alypdyr. Bu etnonimiň uşak (aşakdaky makala serediň) we on sözlerinden bolmagy hem mümkindir.

## UŞAK

Ýomutlaryň bir uly urugyna, ärsarylarda bolsa bir tirä **uşak** diýlip, ol “ownuk”, “kiçi” manysyndaky uşak sözünden emele gelipdir. Etnonimiýada bu söz “kiçi tire” diýen manyny aňladýar. Azerbaýjan dilinde-de ol hut şeýle manyda ulanylýar. Garagalpaklardaky **usak**, gazaklardaky **oşakty** diýen urug-tireleriň atlary hem şu terminden emele gelipdir.

## ÜKER

Ýomutlaryň salak urugynyň **üker** tiresiniň ady “tire, taýpa, urug” manysyndaky **ükür, ügür** diýen gadymy türki sözdendir. Has irki eýýamda türki halklar “süri, topar, ýygyn” ýerine **ükür** sözüni ulanypdyrlar. A.N. Bernştam VIII asyra çenli **oguz** diýen etnonimiň **üker** görnüşinde bolandygyny, bu sözüň aslynda gunlaryň “öküz” manysyndaky üker etnoniminden emele gelendigini ýazýar.

## ÜKÜRJIKLI

Salyrlaryň garaman bölüminiň **ükürjikli** diýen urugynyň ady çeşmelerde **ökürjikli** görnüşinde-de duş gelýär. Geçen asyryň ortasyna çenli bu urug Ýolötendäki Ükürçikli diýen depäni we demir ýol razýezdinininiň töwereklerinde ýaşap, soňra Saragta göçüpdir. Bu etnik at "tire, taýpa" manysynda ükür diýen gadymy türki sözden (**Üker** makalasyna serediň) we kiçeltmekligi bildirýän **–jik** hem-de degişliligi aňladýan **–li** goşulmalaryndan hasyl bolupdyr.

Abylgazy bi etnonimi Oguz hanyň, Salar Gazanyň neberesi Garagazy begiň birinji ogly Ögürjik alpyň ady bilen baglanyşdyrýar. Onuň ýazyşyna görä, Syrderýa we Amyderýa boýlarynda ýaşaýan türkmenleriň Şamelik atly hany öldürenden soň, agzalalyk başlanýar. Salyr ili Diňli begiň baştutanlygynda Yraga girýär. Bu ýerde ençeme ýyl ýaşandan soň, bu ilde Ögürjik atly batyr ýigit döreýär.

Şu Ögürjigiň (Ögürjik alpyň) öz ili bilen baýyndyrlardan gaçyp, Şamaha, soňra Kryma, Ýaýyk boýuna, Maňgyşlaga, ahyrynda Balkana gelşi barada biz **Araky** makalasynda giňden gürrüň beripdik.

Taryhçy alym Ata Jykyýew Abylgazynyň bu maglumatyny dogry saýýar we ögürjik diýen adyň **ögür (ogur)** sözüni hem oguz diýen etnik adyň üýtgän görnüşi hasaplaýar.

Ögürjik diýen şahsyň hakykatda ýaşap geçen adamdygyna biz hem ynanýarys, ýöne ükürjik iline serkerde bolandan soň, bu şahsa ikinji gezek Ögürjik diýen at dakylandyr çak edýäris. Diýmek, **ükürjik** diýen etnonim birinji, onuň hanynyň **ögürjik** diýen ady bolsa soňra döräpdir.

## ÜRGENJI, ÜRGENÇLI, RÖWENJILI

Ürgenji atly etnik toparlar Orta Aziýanyň aglaba şäherlerinde, şeýle-de ärsary, çowdur, mukry, garawul taýpalarynyň we Nurata türkmenleriniň, **röwenjili** (ýagny "ürgençli") diýen tire hem şyhlaryň düzüminde duş gelýär. Ürgençden (Köneürgençden), Hywadan, Daşhowuz etraplaryndan çykyp, dürli iliň içine aralaşan toparlara köplenç **ürgenji, ürgençli** diýen at dakylypdyr.

## ÜREGIR

Gadymy 24 türkmen taýpasynyň biri bolan bu taýpany Mahmyt Kaşgary 15-nji, galan orta asyr alymlary 20-nji orunda goýýarlar. Reşideddin, Ýazyjy-ogly we Abylgazy ony Oguzhanyň Daghan diýen oglunyň 4-nji, Salar Baba bolsa Deňizhanyň 3-nji perzendiniň ady we şondan önen taýpa hasaplaýarlar. Bu alymlaryň pikriçe, adyň aňladýan manysy şeýle bolmaly: Reşideddin—"mydama ýagşy iş ediji we düzgün gurujy". Ýazyjy-ogly—"hemişe eýgilik we yhsan ediji"; Salar Baba "Işi daýym belent bolgaý"; Abylgazy "ýagşy iş kylgujy".

Biziň pikirimizçe, **üregir** diýen adyň altaý, teleut, sagaý, koýbal, gyrgyz ýaly ençeme türki dillerde "topar, topbak, süri, jemgyýet" (ýagny "urug, taýpa") ýaly manylary aňladýan we **ögür, ügür** sözüniň gysgalan görnüşi bolan **ür, üre** sözi bilen baglanyşykly bolmagy mümkindir.

## ÜRKÜT

Ärsarylaryň **ürküt** tiresiniň ady gadymy türki **ürküt, irküt** diýen taýpanyň ady bilen baglanyşykly bolup, ýokarda agzalan **ür, üre** ("taýpa" manysynda) sözlerinden we jemi, köplügi aňladýan **–k** hem-de **–t** goşulmalaryndan emele gelen bolsa gerek. Ýeri gelende aýtsak, Gündogar Sibirdäki **Irkut** derýasyna we onuň ýakasyndaky **Irkutsk** şäherine hem şu türki taýpanyň ady dakylypdyr.

## ÜÇIL, ÜÇOK, ÜÇURUG

Taýpalaryň birleşiginiň üçlük (trial) sistemasy türki etnonimiýanyň häsiýetli aýratynlygy bolup, şu däp esasynda sözbaşyda sanalan atlar we üçoguz diýen etnonim döräpdir.

Türkmen taýpalarynyň üçil ("üç il") birleşigi XVI asyrda orta Uzboýda döräp, alili, düýeji we hydyrili, G.Ýe. Markowyň pikirine görä bolsa, hydyrili, adak ili we alili ýaly gadymy ekerançy taýpalary özüne birleşdiripdir. Bu at "üç il", "üç taýpa" diýen manydadyr.

Orta asyr alymlary tarapyndan sanalýan 24 türkmen taýpasy deň iki bölege bölünip, onuň birinji bölegine bozok (bu barada Bozok makalasyna serediň), ikinjisine hem üçok  diýen atlar dakylypdyr. Üçoklara Oguz

hanyň Gökhan, Daghan we Deňizhan diýen üç kiçi oglunyň nebereleri (baýyndyr, beçene, çawuldur, çepni, salyr, eýmir, alaýontly, üregir, igdir, bükdüz, ywa we gynyk diýen 12 taýpa) degişli bolupdyr.

**Üçok** etnonimi **üç** diýen sandan we "taýpa, il" manysyndaky gadymy türki **ok** sözünden (bu barada **Oguz** makalasyna serediň) ybarat bolup, "birleşen üç il, taýpa" diýen manyda ýüze çykypdyr. P. Melioranskiniň şaýatlyk etmegine görä, geçen asyrda ýomutlaryň düzüminde-de üçok diýen topar bar eken.

**Bozok** we **üçok** diýen atlaryň **ok** böleginiň hakyky manysy Reşideddiniň döwrüne çenli eýýäm ýatdan çykarylan bolmaly, çünki bu alym ol sözi rowaýat esasynda **ok** (ýaýyň oky) sözi bilen baglanyşdyrýar (bu rowaýat barada **Bozok** makalasyna serediň).

Türkmen etnonimiýasynda üç sany **üçurug** diýen topar bolup,ärsarylardaky üçuruglar arslan, mundas we osman, saryklaryňkyda horasanly, baýraç we alaşa, tekeleriňki hem kürt, garahal we şyh diýen urug tireleri öz içine alýar.

## HAZAR

Gunlaryň ýörişlerinden soň Gündogar Ýewropada iňňän güýçli döwleti—Beýik Hazar Kaganlygyny (imperiýasyny) döreden, öz döwründe Wolganyň aşak akymyny, Demirgazyk Kawkazyň köp bölegini, Azow ýakalaryny, Krymy, Gündogar Ýewropanyň hem Dnepre (Wenriýa) çenli ýaýylyp ýatan giň sähralaryny şu döwletiň garamagyna geçiren türki dilli hazarlar taryhda öçmejek yz galdyran güýçli halk bolupdyr. Arap taryhçylarynyň **al-hazar**, latyn dilli halklaryň **hazari, gazari,** grekleriň **hazaron**, oruslaryň **hozar, kozari**, majarlaryň **kazar**, ermenileriň **haziri** ýaly dürli görnüşlerde ulanan hazar diýen etnik ady geçmişde türk diýen manyny aňldypdyr, meselem, gadymy hytaý çeşmelerinde türk-hazar diýen etnik at ýanaşyk (kese çyzyk arkaly, ýagny deň derejede) getirilipdir.

Meşhur türk alymy professor Ibrahim Kafesoglu **hazar** diýen adyň Anadolu türklerinde **gezer** görnüşinde aýdylýandygyndan ugur alyp, ony "gezýän, göçüp-gonýan" diýip düşündirýär we hazar halkynyň özeniniň gadymy sabyrlardan ybaratdygyny hem belleýär. Şu alymyň güwä geçmegine görä, Ýewropa ýurtlarynyň hökümdarlary bu güýçli

halk bilen ysnyşyk etmäge, garyndaşlyk açmaga ymtylypdyrlar, hazar şalaryna gyz berip, olardan hem gyz alypdyrlar. Meselem, Rum imperatorlary Ýustinian (685—695) we Konstantin V (741—775) dagy Hazar hökümdarlarynyň gyzlaryna öýlenipdirler, hatda Konstantiniň Çiçek atly hazar aýalyndan bolan ogly soňra imperator bolup (775—780), ol taryhda Hazar Leon ýa-da Leon IV at bilen bellidir.

Töwerekdäki türki halklar hem hazarlar bilen ýakyndan gatnaşyk edipdirler, ylaýta-da Horezm döwleti hazarystan bilen ysnyşypdyr. Kaspi deňziniň Hazar diýen ady hem bu halkyň türkmenler we Türkmenistan bilen eden şol gatnaşyklaryndan habar berýär.

735-nji ýylda araplaryň, 895-nji ýylda peçenegleriň, X asyryň 60-njy ýyllarynda hem orus knýazy Swýatoslawyň uran zarbalarynyň netijesinde Hazar imperiýasy synýar, bu halk bolsa çuwaşlaryň, tatarlaryň we ýene-de ençeme halklaryň arasyna siňip gidýär. Onuň belli bir bölegi şol wakalrdan soň Türkmenistana (Horezme) göçüp gelýär. Muny Saýat we Garabekewül raýonlaryndaky Hazarekli diýen galalaryň, Garagumdaky Hazarýoluň, Horezm welaýatyndaky Hazarasp şäheriniň atlary hem tassyklaýar.

Şol hazarlaryň belli bir böleginiň hydyrili taýpasyna adyny geçiren bolmagy juda mümkindir.

Hazar diýen at aslynda iki bölekden durýar: **haz** we **-ar** (köplük goşulmasy). Haz sözüniň manysy belli däl, ol sakarlaryň merýe urugynyň haz diýen tiresiniň adynda saklanypdyr. Has atly tireler bolsa baýatlaryň we çowdurlaryň düzüminde duş gelýär. Akademik W.W. Bartoldyň Kaspi deňzine adyny geçiren **kasp** diýen halk adynyň **kas** sözünden we **–p** goşulmasyndan durýandygy baradaky pikirini nazara alyp, **kas** we **haz/ has** diýen gadymy etnonimleriň bir kökden dörän bolmagynyň mümkindigini ýatlap geçýäris, ýöne bu mesele goşmaça derňewleri talap edýär.

Tatar alymy G.F. Sattarow **Gazan** (Kazan) diýen şäher (we taýpa) adynyň **gaz/kaz**, **hazar** diýen etnonimiň hem haz bölekleriniň aslyny şol bir sözden çaklaýar. Eger şeýle bolsa, onda **gazak, gajar, gazan, gazarçy** ýaly türkmen etnonimlerini hem **hazar** diýen at bilen bir hatarda goýmak mümkindir (agzalan etnonimler barada degişli makalalara serediň).

## HALAÇ

Gadymy oguz-türkmen taýpalarynyň biri bolan **halaçlara** Mahmyt Kaşgary 24 türkmen taýpasynyň iň ahyryndan orun berýär. Bu taýpanyň gelip çykyşy barada ol şeýle rowaýaty getirýär. 22 türkmen taýpasynyň taýpabaşylary iki adamyň agyr ýüklerini arkasyna göterip, çagalaryny yzyna düşürip, yzdan süýrenip gelýänlerini görýärler we bu ikisine gaharlary gelip: “Gal aç” diýýärler. Şu iki adamdan halaçlaryň iki urugy emele gelýär we olara soňra halaç diýen at dakylýar.

Reşideddin we onuň işinden peýdalanan Ýazyjy-ogly, Salar Baba, Abylgazy ýaly alymlar hem aýaly ýolda çaga dogran we şonuň üçin goşundan yza galan adama Oguz hanyň gahary gelip, “gal aç” diýeni sebäpli, bu taýpanyň **Galaç** (soňra halaç) diýen ada eýe bolandygyny ýazýarlar.

Elbetde, bu rowaýatlaryň halaç etnoniminiň hakyky manysy bilen dahyly ýok, ýöne olar eýýäm orta asyrlarda **halaç** sözüniň manysynyň unudylandygyna güzä geçýärler.

Orta asyrlarda halaçlar beýleki türkmen taýpalary bilen birlikde Syrderýa boýlarynda ýaşapdyrlar, X asyrda ilkinjileriň hatarynda Mawerannahrdan Amyderýanyň çep kenaryna göçüpdirler, häzirki Halaç raýonynyň ady şol halaçlar bilen baglanyşyklydyr. Buhara welaýatyndaky Halaç obalarynda hem şu taýpanyň galyndylary ýaşaýarlar. Halaç diýen oba Azerbaýjanyň Salýan raýonynda hem bar. XII asyrda halaçlaryň uly bölegi Hindistana we Kiçi Aziýa ýurtlaryna gidipdirler. Wengr alymy G. Wamberi halaç sözüniň gylyç sözünden gözlese, türkmen taryhçysy S. Agajanow Seljuklar döwletinden garyplaşan çarwa ilata kalaş diýlendigini belläpdir. Ýöne adyň manysy baradaky bu pikirler hem göwnüňden tutmaýar.

Biziň pikirimizçe, **halaç** diýen etnik at **hal (kal)** diýen sözden we gadymy köplügi aňladýan **–aç** goşulmasyndan durýar (deňeşdiriň: gögeç, kyraç, temeç, çekiç, eleç, ýalawaç we ş.m.) Hal/kal sözüniň gadymy manysy belli däl, biz türki sözlüklerden onuň manysyna kybapdaş gelýän sözi tapmadyk. Ýöne şor diýen türki halka soňra goşulan **kalar** atly taýpanyň, halama, halam, hallar, hafa, halhal, halahar diýen türkmen urug-tireleriniň atlarynda-da duş gelýän hal sözi öň kal görnüşinde bolupdyr. Belki, bu söz gadym döwürde “topar, topbak, üýşmek” diýen

many ny aňladandyr, çünki ärsary şiwesinde duş gelýän galak sözi şeýle pikir etmäge esas döredýär. Şiwede bu söz “Jürrümkesdi” diýen oýunda maýdançanyň ortasynda gum üýşürilip edilen tümmegi—belligi aňladýar.

## HALWAÇYLAR

Ýemrelileriň **halwaçylar** tiresiniň wekilleri halwa bejermäge ezber bolany üçin, şeýle at alypdyr. Kesp-hünär bilen baglanyşykly dörän bu tiräniň etnik adyna öwrülipdir.

## HALKADAGLY

Gökleňleriň gaýy böleginiň bu tiresiniň tagmasy halka şekilli tegelek bolany üçin, olara halkadagly (“halka tagmaly”) diýen at berlipdir. **Daglamak** işliginde duş gelýän **dag** sözi “tagma” manysynda hem ulanylýar. Meselem, bir mataldan alnan: “Bir at aldym segsene, segsen ýerinde dagy bar” diýen setirlere üns beriň.

## HASARLY

Kaka we Baýramaly raýonlarynda ýaşaýan ownuk türkmen taýpalarynyň biri bolan **hasarlylaryň** etnik ady olaryň öňki mekanlarynyň—Eýrandaky Deregez diýen ýerindäki Hasar obasynyň ady bilen baglanyşyklydyr. Özlerine Deregez türkleri diýip at berýän bu taýpa geçen asyrda Kaka raýonyna göçüpdir, olaryň göçüp gelen obalaryna-da Täzehasar diýen at berlipdir. Eýran dilleriniň **hasar (hisar)** sözi “gala” manysyndadyr.

## HATAP

Häzir özbaşdak ownuk taýpalaryň biri bolan hataplary G.I. Karpow we Ýa.R. Winnikow dagy gökleňleriň bir bölümi hasap edýärler. Kerki we Dostluk raýonlarynda ýaşaýan bu taýpanyň etnik adynyň döreýşi barada meşhur rowaýatda bu iliň serkerdesiniň aýalynyň ýolda, düýäniň hatabynda ogul dogranlygy, ondan önen ile-de **hatap** diýen adyň

dakylandygy gürrüň berilýär.

Hataplara olaryň tagmasynyň düýäniň hatabyna meňzeşligi üçin şeýle adyň dakylan bolmagy hem mümkindir.

## HOJA

Respublikamyzyň köp ýerlerine ýaýran dagynyk öwlat taýpalarynyň biri hojalar bolup, olaryň etnik ady ençeme türkmen taýpalarynyň (mürçeli, nohurly, salyr, çowdur we ärsarylaryň) düzüminde-de duş gelýär. Hoja sözi şeýle manylary aňladýar:

1) “mugallym”;
2) ”baý”;
3) “garry”;
4) “uly;
5) “dört çaryýarlaryň neberesi”.

**Hojaýyn** we orus dilindäki hozýain sözleri hem şol bir kökden (hoja sözünden) emele gelipdir.

## HOJADYRYK

Ahal tekeleriniň düzümindäki **hojadyryk** diýen tiräniň adyny G.I. Karpow “ýarym hoja” diýip düşündirýär we hojalaryň beýleki taýpalardan ogullyga alan perzentlerinden önen nesle şeýle at berilýändigini belleýär.

## HOJAILI

Sakar raýonyndaky ownuk taýpalaryň biri bolan we aslyny hoja saýýan hojaililieriň etnik ady “hojalaryň ili” diýen manydadyr. Garagalpagystandaky Hojaili şäherine-de şu taýpanyň ady dakylypdyr.

## HOJALYK

Darganata raýonyndaky Hojalyk oba sowetine adyny geçiren bu tiräniň ady sakarlaryň hojainebeg urugynyň düzüminde-de duş gelýär. Bu etnonim **hoja** sözünden we degişliligi aňladýan **–lyk** goşulmasyndan emele gelipdir. Manysy—“hojalar ili”.

## HORASANLY

Ärsary, sakar, salyr, saryk, nohurly we hoja taýpalarynyň **horasanly** diýen urug-tirelerine olaryň gadymy döwürde oturan ýurdunyň ady dakylypdyr. Türkmenistanda Köpetdagyň eteklerine we şu etrap bilen serhetleşýän Eýran welaýatlaryna geçmişde Horasan diýlipdir.

XIV asyr türkmen alymy Hafiz-i Abruwyň berýän maglumatyna görä, orta asyrlarda Nusaýyň ýakynynda Salyr atly obalar bar eken. Horasanly salyrlaryň şu ýerde ýaşap, şeýle etnik ada eýe bolandygyny Ata Jykyýew hem belläpdir.

## HURDOÝMAK

Garadaşlylyaryň we şyhlaryň düzümindäki **hurdoýmak** tireleriniň ady parslaryň "bölek, ownuk, kiçi" manysyndaky hord we mongol-türki dillerdäki oýmak/aýmak (ýagny "taýpa", "oba". Serediň:Aýmak) sözlerinden emele gelip, "kiçi taýpa" diýen manyda ýüze çykypdyr. S.M. Demidow orta asyr türkmenleriniň gatyşan çarwa urug-tirelerine hutdoýmak diýip at berýändigini belleýär.

## HYWALY, HYWAÇY

Mürçeli, nohurly, sakar we çowdur taýpalarynyň **hywaly**, ýomut we düýeji taýpalarynyň hem **hywaçy** urug-tireleriniň etnik ady "Hywadan çykan il" diýen manyny aňladýar. Etnonimiýada bu atlaryň yzyndaky – **ly** we **-çy** goşulmalary şol bir hyzmaty ýerine ýetirip, biri-biriniň ornuny çalşyp bilýär. Geçmişde Horezm ülkesine we Daşhowuz, Köneürgenç etraplaryna tutuşlygyna Hywa diýip at beripdirler.

## HYDYRILI

XVI asyrda Uzboýuň orta akymynda alililer we düýejiler bilen birlikde taýpalar birleşigini emele getiren **hydyrililer** hut soňky wagtlarda-da özbaşdak taýpalygyny saklapdyrlar. XVI asyrda Uzboýuň suwy kesilenden soň, onuň wekilleri dumly-duşa pytramaga mejbur bolupdyrlar. Şeýlelikde, olaryň bir bölegi Horezm etraplaryna, uly bölegi

hem Çärjew töwereklerine (Sakara) göçüpdirler. Çärjew töweregine ýerleşmedik hydyrilileriň uly bölegi Buhara we Samarkanta gidipdir. Häzir Buhara welaýatynyň Alat, Garaköl raýonlarynda we Samarkant raýonynyň “Moskwa” kolhozynda şol hydyrililleiň uly toparlary ýaşaýarlar.

Uzboý hydyrilileriniň birt bölegi Maňgyşlagyň üsti bilen Stawropol ülkesine tarap süýşen bolsa gerek, çünki bu ýerdäki igdirleriň düzüminde hydyrili diýen tire bar. Hydyrili taýpasynyň adyny “Hydyryň ili” diýip düşündirmek, Hydyry bolsa taýpabaşynyň ady hasaplamak, göräýmäge, hakykatdan üzňe däl ýaly, çünki Abylgazy  bu şahsy ýaşap geçen adam hökmünde suratlandyrýar. Onuň ýazmagyna görä, Ärsary baýyň Mamabike diýen gyzy dört ogly we iki gyzy bolan bir guluny azatlyga goýberýär. Ol Uzboýuň ugrundaky Kürtüşata etraplarynda orun tutýar. Özi we aýaly ölenden soň, onuň ogullary barha gurlanýarlar. Onuň Hydyr çora (jora) diýen ogly soňra hydyrilileriň, Aly-çora—alilileriň taýpabaşysy, Igbek diýen üçünji ogly uly baý, Kaşga diýen ogly hem sakarlaryň baýtutany bolýarlar.

Arheolog Hemra Ýusubow orta Uzboýdaky Kürtüşata mawzoleýini şol Hydyr-çoranyň jaýlanan ýeridir diýip çaklaýar.

Inkär edip bolmajak şeýle delilleriň bardygyna, Uzboýuň suwy kesilenden soň, Hydyrili taýpasynyň uly böleginiň Sakara—öz gadymy garyndaşlarynyň ýanyna göçüp baranlygyna seretmezden, biz hydyrili etnoniminiň ýüze çykyşy barada düýbünden başga hili bir çaklamany okyjylaaryň dykgatyna ýetirmekçi.

Malim bolşy ýaly, **hydyrili** diýen at köne çeşmelerde **hyzyrili, hyzrili, hazrili** görnüşlerde z harpy bilen ýazylýar. Wolga boýunda Hazarystan diýen uly döwletiň düýbüni tutan hazarlaryň türkmenler bilenýakyn gatnaşykda bolanlygyny ýada salsak, onda hydyrili etnoniminiň “hazar ili” manysynda ýüze çykanlygyny bellemek bolar: hazar ili—hazyr ili—hyzyr ili—hydyrili (bu barada **Hazar** makalasyna serediň).

## HÄNDEKLI

Dänew we Farap raýonlaryndaky salyrlaryň düzüminde händekli diýen urug bolup, Farapdaky Händek obasyna hem onyň ady geçipdir.

**Händek** ýa-da **handak**—gadymy oguz taýpasydyr. Arap alymy Idrisiniň şaýatlyk etmegine görä, ol X asyrda Ruz (Gyrgyzystandaky häzirki Çu) derýasynyň ýakasynda ýaşapdyr. Onuň galyndylary soňra salyrlaryň, goňratlaryň we beýleki taýpalaryň arasyna siňipdir.

Gadymy çeşmelerde **handag** görnüşinde duş gelýändigini hazara alyp, käbir alymlar bu oguz etnonimini Oguz hanyň 5-nji ogly Daghanyň ady bilen baglanyşdyrýarlar (daghan—Haandag ili). Ýöne bu pikir bilen doly ylalaşmasak-da, adyň hakyky manysy barada häzirlikçe elimizde başga tutaryk ýok.

## ÇAGATAÝ

Sakarlaryň hojainebeg bölüminde we Buhara oblastynyň Alat raýonynda ýaşaýan çowdurlaryň düzüminde çagataý atly tireler bar. Sakar çagataýlary **çagataýbala** ("ýokarky çagataý") we **çagataýpaýan** ("aşaky çagataý") diýen iki bölege bölünýär.

**Çagataý**—Çingiz hanyň ikinji oglunyň adydyr. Oňa Mawerannahr, Jetiögüz we Gündogar Türküstan bölünip berilýär, bu giň ýurt Çagataý ulusy diýip at alýar, bu ýerde ýaşaýan ilata-da Çagataý türkleri diýipdirler. XIV asyrdan soň Çagataý ulusynyň aýtymy daralyp, ol diňe Mawerannahry (Amyderýa we Syrderýa aralygyny) öz içine alýar. Sakar we çowdur çagataýlarynyň hem aslynda Çagataý ulusynda ýaşandyklary üçin, olara şeýle at berlipdir (sakar çagataýlary 1780-nji ýyllar çemesinde Sakara Samarkant etraplaryndan göçüp gelipdirler).

## ÇAÝY, GARAÇAÝLY

Ärsarylaryň bekewül bölüminiň 10 urugynyň birine çaýy (ça:ýy) diýilýär. Ýomutlaryň maşryk urugynyň düzüminde-de çaýy etnonimine duş gelinýär. Bu urugyň wekilleri Çärjew welaýatynyň Garabekewül, Daşhowuz oblastynyň Köneürgenç, Oktýabr, Täjigistanyň Jylyköl raýonlarynda, esli bölegi hem Owganystanda ýaşaýar.

Türki dillerde **çaý** sözüniň "çeşme", "derýa" ýaly manylaryndan ugur alyp, çaýy diýen etnik adyň manysyny "çaýly" ýagny "çeşmäniň (derýanyň) kenarynda ýaşaýanlar" diýip düşündirmek mümkin. Bu pikiri Stawropol ülkesiniň Garaçaý-Çerkes awtonom oblastynda ýaşaýan

**garaçaý** ýa-da **garaçaýly** diýen türki halkyň ady hem tassyklaýar, çünki onuň ady "gara suwly çaýyň ýakasynda ýaşaýan il" diýen manyda ýüze çykypdyr. Çaýy diýen etnonimiň manysy baradaky bu çaklama hakykata laýyk bolsa, onda çaýy urugyny düzýän **gutluçal, körçal, söýünçal** diýen üç esasy tiräniň adyndaky çal sözlerini hem "çaýly" diýen adyň gysgalan görnüşi hasaplamak mümkindir.

Alymlar çaýy etnoniminiň, şeýle-de **taryhy** (waka), **emeli** (hemra), **gazaky** (goýun), **türkmeni, täjiki** ýaly sözleriň yzyndaky –y goşulmasyny pars-täjik dillerinde degişliligi bildirýän affeks hasap edýärler. Beýli pikir türkmen diline giçki döwürlerde aralaşan sözler babatda hakykata laýykdyr, ýöne iňňän irki eýýamlarda—türki dilleriň altaý dil birligini düzen döwürlerinde dörän goňşy, ýagşy, garşy, dagy ýaly sözlerde, şeýle-de barany, bagty, bükri, gaýy, garrawy, gowly, gyrgy, sanjary, soky, surhy, ýabany ýaly türkmen etnomimlerinde –y affiksi gadymy türki goşulma bolup, ol diňe bir degişliligi däl, eýsem köplügi hem aňladypdyr.

## ÇAKA, ÇAKAN, ÇAKMAK, ÇAKÇAK, ÇAKYR

Sözbaşyda sanalan etnonimleriň düzümindäki **çak** sözi olaryň bir kökden dörän bolmagynyň mümkindigini görkezýär. Degişli taýpalaryny ýaý içinde getirmek bilen, biz olary täzeden sanap geçeliň: **çaka** (teke, esgi), **çakan** (ýemreli, mürçeli, salyr, teke, hydyrili, çandyr, çowdur, ärsary, garawul), **çakanalagöz** (ýomut), **çakmak** (çowdur, ärsary), **çakçak** (çowdur), **çakyr** (ärsary, alili, gökleň, mukry).

Bu sanalan atlardan çakan, çakmak, çakyr ýalylarynyň manysyna dogry geläýjek sözleri häzirki türkmen dilinden hem tapmak mümkin. Meselem, **çakan** diýen etnonimiň çakan gözli tirebaşynyň adyndan bolmagy ähtimal, çünki çakanalagöz diýen etnonim onuň hut şu manysynyň tarapyny tutýar. **Çakyr** diýen ady bolsa "aran" manysyndaky **çakyr** sözi (rus dilindedäki ýakor hem şu sözdendir) ýa-da çakyr diýen aw guşunyň ady bilen baglanyşdyrmak mümkin. Bu ýagdaýda çakyr etnonimi tagmanyň görnüşine görä döräpdir ýa-da totemden emele gelipdir.

**Çak** sözi bilen gelýän etnonimleriň ýüze çykmagyna ýatlanan ýagdaýlaryň sebäp bolup biljekdigini inkär etmezden, biz olaryň asyl

köki barada düýbünden başga çaklamany orta atmakçy: bu atlar gadymy **sak** diýen etnonime syrygýar (Sak diýen makala serediň). Saklaryň ady geçmişde **sak, saka, şak, şaka, çaka** görnüşlerinde-de ulanypdyr. Türki dillerde s-ş we ş-ç ses çalşygy ýay fonetik hadysa däl: baş—bas, gaş—kas, şiýşe—çüýşe, çi'lik—şaşlyk we ş.m. Eger bu çaklama hakykata dogry gelýän bolsa, onda çaka, çakan, çakyr etnonimleriniň soňundaky **–a, -an, -yr** goşulmalary köplügi, jemi bildirýärler.

Bu atlaryň saklardan gaýdýanlygyny subut edýän delil hökmünde olaryň juda gadymydygyny, çakmak etnoniminiň özbeklerde, azerbaýjan etnonimiýasynda, çakçak diýen tiräniň gazak argynlarynda, gyrgyzlarda, çakyr diýen sözüň hem azerbaýjanlarda, gyrgyzlarda, hatda gadymy bulgarlaryň düzüminde bardygyny ýa-da bolandygyny şu ýerde ýatlap geçýäris.

## ÇAL, ÇALÇA, ÇALBAR, ÇALBOZAN, ÇALMA, ÇALŞAK, ÇALYŞ

**Çal** sözi bilen gelýän etnonimler türkmen taýpalarynyň aglabasynda duş gelýär. Meselem, **çal/çallar** (baýat, ýomut, hatap, ärsary, garawul taýpalarynda), **çala** (alili, saryk, teke, ärsary), **çalbar** (çowdur), **çalbozan** (saryk), **çalma** (ärsary), **çalmak** (pamyk), **çalyş** (ärsary, hatap, esgi). Çal, çala, çalyş diýen tire-taýpa atlary gyrgyzlaryň, özbekleriň, azerbaýjanlaryň düzüminde-de bar. Bu bolsa beýle atlaryň juda gadymydygyndan habar berýär. Meselem, seljuklar hereketinden (XI asyrdan) öň türkmenler Günorta Gyrgyzystanda oturypdyrlar. Olaryň bir şäherine (galasyna) Çalyş diýlipdir. Bu ýerde çalyşlar ýaşandygy üçin, ol şeýle at alypdyr. Çalyşlaryň bir bölegi seljuklar bilen Siriýa barypdyr. Türk alymy Faruk Sümer XVI asyrda çalyş diýen şol oguz taýpasynyň Halapda ýaşandygyny habar berýär.

Ýokarda aýdylanlardan çen tutsaň, iňňän irki eýýamlarda çallar uly türki taýpany emele getirip, soňra olar çar tarapa dargan we beýleki taýpalaryň düzümine siňen bolarly. Bu etnik adyň çal sözüni çal başly (çal sakgally) taýpabaşynyň lakamy bilen baglanyşdyrmak göwnejaý bolaýjak ýaly, çandyrlaryň çalbaş tiresiniň ady hut şeýle düşündirişiň tarapyny tutýar. Ýöne **çal** sözi bilen gelýän etnonimleriň beýlekilerinde bu sözüň a sesiniň gysga aýdylmagy olaryň köküniň başga sözdendigine

güwä geçýär. Üstesine-de, Dörtgül (Garagalpagystan) türkmenlerinde bu etnonim çalabaş görnüşinde gysga aýdylýar.

Biz türki dillerde s sesiniň ş, ş sesiniň ç sesine geçiş kanunalaýyklygyny göz öňünde tutup, (bu barada **Çaka, çakan** diýen makala serediň), çal sözi bilen gelýän etnonimleriň **Salak, salyr** makalalarynda teswirlenen sal diýen gun taýpasy bilen baglanyşykly bolaýmagynyň mümkindigini şu ýerde ýatlap geçýäris.

## ÇANDYR

Garrygaladaky Çendir (Çandyr) jülgesine adyny geçiren çandyrlar Daşhowuz, Çärjew, Buhara, Samarkant we Kaşgaderýa welaýatlarynda ençeme obalary emele getiren dagynyk türkmen taýpasydyr. Olaryň şunça giň territoriýa ýaýramagyna Buhara w Hywa hanlarynyň "Bölüşdir-de höküm sür" diýen syýasaty sebäp bolupdyr. Ilki Hywa hany özüne garşy gidýän bu uruňgan taýpanyň bir ýerde jemlenmeginden heder edip, olary bölüşdiripdir we hanlygyň çet-çemerelerinden ýer beripdir. Şeýlelikde, Lenin, Ýylanly, Darganata raýonlaryndaky we Ürgenç etraplaryndaky Çandyr obalary emele gelipdir. Hywa hanynyň bu syýasatyny Buhara emiri hem ulanypdyr. Netijede, çandyrlar Dänew, Çärjew, Farap, Buhara welaýatynyň Garaköl, Alat, Samarkant welaýatynyň Nurata, Pesdargam, Kaşagaderýa welaýatynyň Baharystan, Ulýanow raýonlaryna göçürilipdir.

Taýpa wekilleriniň uruşmaga, göreşmäge gaty ökde bolandygyny, Özbegistanyň atly pälwanlarynyň köpüsiniň hut şu taýpadan çykanlygyny göz öňünde tutup, ýerli ýaşulular öz taýpalarynyň adyny "siňir" we "çeýe" manylarynda ulanylýan çandyr diýen şiwe sözünden hasaplaýarlar. Ýöne beýle düşündiriş onçakly ynandyrmaýar. Biz çandyr diýen etnonimi gadymy çowdur taýpasynyň adyndan çaklaýarys, çünki gurluş taýdan bu atlar meňzeşdir. Galyberse-de, orta asyr alymlarynyň işlerinde çawuldyr görnüşinde duş gelýän bu etnik ady XV asyr alymy Ýazyjy-ogly çawyndyr görnüşinde ýazypdyr.

## ÇARŞAŇŇY

Çarşaňňy raýonynda, Kerki, Oktaýbr we Tagtabazar raýonlaryndaky

Çarşaňňy obalaryna, Saýat raýonynda bir ýaba adyny geçiren çarşaňňy urugy ärsarylaryň bekewül bölümine degişlidir. Abylgazy Lamma (kitapda laýna) çarşaňňy uruglaryny Ärsary babanyň Inelgazy diýen oglundan önen il hasap edýär, ýagny Inelgazynyň Töre diýen oglundan Lamma, Sokman diýen oglundan hem Çarşaňňy diýen ogul bolup, olaaryň neberelerine (uruga) hem şu ogullaaryň atlary geçýär.

Il içinde aýdylýan rowaýatlar çarşaňňy diýen ady "4 sanay şaňňy sesli adymyň nesli" diýip düşündirýärler. (parsça çar—"dört" diýmekdir).

## ÇARYK, ÇARYKLY, ÇARH, JARUK, JARUKLUK

Gökleň we nohurlylaryň düzümindäki **çaryk**, burkaz we ýomutlardaky **çarykly**, salyrlardaky **çarh** diýen urug-tireleriň atlary Mahmyt Kaşgarly tarapyndan ýatlanýan jarukluk diýen oguz-türkmen taýpasynyň adynyň gysgalan görnüşidir.Mahmyt ony iň soňky (22-nji) orunda goýup, bu taýpanyň az sanlydygyny, tagmasynyň näbellidigini, özüniň hem Barçuk etraplarynda ýaşaýandygyny ýazýar.

Çaryklaryň **çagrak** diýen türkmen taýpasy bilen baglanyşykly bolmagy hem mümkindir. Çagraklar XIII asyryň başynda Horezmşalaryň goşunynda gulluk edip, mongollaryň çozuşy döwründe owganystana we Pakistana gaçypdyrlar.

**Çaryk** diýen etnonimi A. P. Poseluýewskiý tire wekilleriniň çaryk geýýändigi bilen baglanyşdyrsa, G. P. Wasilýewa ony saryk diýen taýpanyň adyndan hasaplaýar.

Bu adyň asyl köki barada ýene iki çaklamany orta atýarys. Mahmyt Kaşgary çar (çar/çarmak) sözüni "maşgala" (ýagny "urug") diýip düşündirýär. Gadymy uýgur dilinde ýazylan budda rowaýatlarynda bolsa çar sözi "örülen saç" diýen manydadyr: uzun saçyn çar tugup – "uzyn saçyny örüp düwüp". Gadymy türk erkekleriniň depesinde örülen saç goýmak däbini ýada salalyň. Şeýlelikde, çaryk etnoniminiň "garyndaşlar topary" ýa-da "depesi örülen saçlylar" manysynda –yk goşulmasy köplügi, jemi, topary aňladýar.

## ÇATRAK

Ärsarylaryň uludepe bölüminiň çatrak urugynyň ady çat, çatmak,

çatma, çaty, çatalba, çatan sözlerinde duş gelýän çat sözünden we gadymy türki –r hem-de –ak diýen köplük goşulmalaryndan ýasalyp, “birleşen, goşulyşan il” diýen manyda ýüze çykypdyr.

## ÇEGES

Dänew raýonyndaky salyrlaryň bir urugy çegeslerdir. Abylgazy Balkan etrapynda ýaşaýan tüwerleriň arasynda Çekes (Çeges) atly begiň bolandygyny ýazýar. Şundan ugur alyp, bu etnik ady şu şahs bilen baglanyşdyrmak mümkin. Ýöne ol bege etnik adyň dakylmagy, çeges urugynyň bolsa aslynda çig, çigil diýen gadymy türki taýpalardan gaýdýan bolmagy, biziňçe, has ynandyryjydyr, çünki çig sözüniň yzyndaky –es köplük goşulmasy bolup, bu etnonim “çigler” diýen manyda ýüze çykypdyr.

## ÇEKIR

Ärsary, gökleň, salyr, sakar taýpalarynyň düzüminde **çekir**, çowdurlarda hem **çekirbaý** diýen urug-tireler bar. Olaryň adyndaky **çekir** sözüniň manysy babatda hakykata ýakynlygy taýdan biri beýlekisinden kem oturmaýan iki sany çaklamany okyjylaryň dykgatyna hödürleýäris. Birinji çaklama görä, **çekir** diýen at ýokarda derňelen çeges etnonimi bilen manydaşdyr: ol **çek (çeg, çig)** sözünden we **-ir** diýen köplük goşulmasyndan hasyl bolup, “çigler” diýen manyny aňladýar. Ikinji çaklama Orta Aziýada baryp yslamdan hem öňki döwürden dowam eden çekirlik gullugy bilen baglanyşykly. Akademik W.W. Bartoldyň ýazyşyça, bu etrapdaky hanlar, begler, uly we hatda ortagürp baýlar öz köşgüni, mal-mülküni gorap saklamak üçin hakyna tutma garawullar, družinnikler saklapdyrlar. Olara çekirler diýip at berlipdir. Halaç raýonynda ýaşaýan çekir ýaşulularynyň beren maglumatyna görä, hut şu asyryň 20-nji ýyllaryna çenli Garagumdaky örülerini we mallaryny dürli çozuşlardan hem-de talaňçylykdan goramak üçin, ýerli baýlar çekir urugynyň ýigitlerini garawul (çekir) gullugyna kabul edip, olara hak töläpdirler. Çekir etnoniminiň ýüze çykyşy şu çaklamalaryň haýsy-da bolsa birine esaslanýar.

## ÇEMÇE, ÇOMUÇLY

Geçen asyryň ortalaryna çenli Murgap raýonyndaky Çemçedepe diýen ýerde ýaşan **çemçe** atly saryk tiresine tagmasynyň görnüşine görä şeýle at dakylypdyr. Bu tagma çemçäni ýada salýar (aşagy dik çyzykly tegelek). Hatap taýpasynda şeýle tagmaly tirä **çomuçly** diýip at beripdirlert. Çömüçli, çömüşli diýen urug-tireler başgyrtlaryň, garagalpaklaryň, özbek gypjaklarynyň we goňratlaryň düzüminde-de bar. Moldowada, gagauz halkynyň merkezi bolan Komradyň (onuň ady **goňrat** diýen etnonimden) ýakynyndaky Çimişliýa posýologynyň ady hem Çömüşli diýen urug adyndan emele gelipdir. Bularyň ählisiniň tagmasy şol bir görnüşe eýedir.

## ÇEPNI, ÇEPI

Gadymy oguz-türkmenleriň 24 taýpasynyň sanamasynda Mahmyt Kaşgary **çepnileri (jebni)** 21-nji, Salar Baba—22-nji, Reşideddin, Ýazyjy-ogly we Abylgazy dagy hem 16-njy orunda goýýar, soňky üç alym **çepni** sözüni Oguz hanyň 4-nji ogly Gökhanyň 4-nji çagasynyň we ondan önen iliň ady hasaplasa, Salar Baba ony Deňizhanyň 2-nji oglunyň ady çaklaýar. Bu alymlaryň çepni sözüne berýän düşündirişleri şeýle: Reşideddin: “Nirede ýagy görse, heminsöweşer”; Ýazyjy-ogly: “Kanda ki ýagy görse, derhal söweşer we çapar”; Salar Baba: “Her kanda ýagy bolsa, tawakkuf kylgaý, uruşgaý”; Abylgazy: “Bahadyr” (ýagny “batyr”, “gahryman”). Türk alymy I. Kafesoglu şu alymlaryň ýazanlaryndan ugur alyp, çepni diýen etnonimi goşunyň düzülüşi bilen baglanyşykly dörän atlaryň hataryna goşýar.

Abraýly alymlaryň **çepni** taýpasyna beren mahabatly düşündirişlerini inkär etmezden, biz bu etnonimiň “kiçi bölek”, “topar”, “süri” manysyndaky gadymy **çep, çöp** diýen türki sözden emele gelip biljekdigini hem bellemelidiris. Mahmyt Kaşgary **çöp** sözüni “bölejeik” manysynda ulanypdyr: Bir çöp ýegil—“bir bölejik iý”. Türk dilinde we türkmen diliniň ýomut (maşryk) şiwesinde mal agylyna-da çeperi diýilýär. Şulardan ugur alyp, çeni diýen at “bölejik il”, “topar”, “kiçi taýpa” manysynda ýüze çykandyr çaklaýarys.

Seljuklar hereketi döwründe (XI asyr) çepnileriň uly bölegi Eýrana,

Türkiýä, Kawkaza, Yraga aşypdyr. Türkmenistanda diňe gökleňleriň düzüminde çepni, atalarda hem **çepi** diýen tireler duş gelýär.

Alili, ata, gökleň, hatap we hydyrili taýpalarynyň **çepbe**, çowdur we ärsarylaryň **çepek**, burkazlaryň **çepbeje** diýen tireleriniň hem şol gadymy çepniler bilen bir kökden dörän bolmagy mümkindir.

## ÇERIKLI, ÇERLI

Samarkant welaýatyndaky Nurata türkmenleriniň düzümindäki **çerikli** we saryklaryň **çerli** tireleri, biziň pikirimizçe, baryp VIII asyryň ýazuw ýadygärliklerinde agzalýan gadymy türki çerikli taýpasynyň galyndylarydyr. Şol wagtyň türki dillerinde "goşun", "esger" manysynda **çerik** sözi ulanylypdyr. Diýmek, bu etnonim "esgerler ili" diýen manyda ýüze çykypdyr.

## ÇIG, ÇIGIL

**Çig** we **çigil** sözleriniň hersi bir gadymy türki taýpanyň ady bolup, olar VI—VIII asyryň Orhon-Ýeniseý ýazuw ýadygärliklerinde-de duş gelýär. Meselem, şu işlerde çig diýen gadymy halkyň Ýeniseýiň ýokary akymlarynda, Saýan daglarynda ýaşaýandygy görkezilýär. Biziň pikirimizçe, **çigil** diýen etnonim hem aslynda **çig** diýen etnik atdan we **–il** diýen köplük goşulmasyndan ybaratdyr. **Çig** diýen etnonim häzirki wagtda ata, ýomut we teke taýpalarynyň, **çikje** tiresi ýomutlaryň düzüminde saklanypdyr. G.I. Karpowyň dogry belleýşi ýaly, alili, ýomut we teke taýpalaryndaky **çil/ çiller** diýen tireleriň ady gadymy çigil etnoniminiň gysgalan görnüşidir. Garadaşlylaryň **çildir**, Nurata türkmenleriniň **çilikli**, hataplaryň **çillikli** tireleriniň adyny hem **çigil** sözüniň gysgalan görnüşinden (**çil** sözünden) emele gelen etnonimleriň hataryna goşmak mümkin.

Ýusuf Balasagunynyň "Kutadgu bilig" diýen eserinde we gadymy uýgur hatynda ýazylan budda rowaýatlarynda **çigil** sözüne "garamaýak il" diýlip düşündiriş berilýändigine garamazdan, biz çig we çigil etnonimleriniň aslyny **çigmek, çigin, çigit** sözlerinde saklanyp galan **çig** sözi bilen baglanyşdyrmakçy. **Çig, çigin** sözlerinde "düwün", "topbak", "ýygyn" ýaly manylary aňladýandygyny nazara alsak, **çig/çik** diýen

gadymy etnoniminiň hem şu sözden emele gelmeginiň mümkindigini çekinmän aýtmak mümkindir, çünki tire-taýpa atlarynyň aglabasy hut “topar, ýygyn, tire” manylaryndaky sözlerden döräpdir.

## ÇOWDUR

Iňňän irki eýýamdan tä şu günlere çenli özbaşdak taýpalygyny saklap gelýän 5 türkmen taýpasynyň biri çowdurlardyr (beýlekileri baýat, salyr, eýmir, ywa taýpalary).

Çimkent gazaklarynyň düzüminde **şauldyr** diýen urugyň, şu etrapda şeýle atdaky demir ýol stansiýasynyň bolmagy çowdurlaryň XI asyra çenli Türküstan töwereginde ýaşandygyny görkezýär. Soňra olaryň uly topary Maňgyşlaga gelýär. Bozajy diýen çowdur taýpasy bu ýerdäki Bozajy ýarym adasynda ornaşýar. XVI—XVII asyrlarda çowdurlaryň bir bölegi abdallar we söýünjajylar bilen birlikde Astrahan hem-de Stawropol etraplaryna göçýärler, beýleki bir bölegi bolsa Daşhowuz welaýatynyň Kalinin hem-de Telman raýonlarynda ornaşýarlar. Çowdur taýpasynyň wekilleri Saýatda, Hojambazda, Buhara oblastynyň hem Alat we Garaköl raýonlarynda ýaşaýarlar.

Uzak taryhy döwür içinde çowdurlaryň öz içine dürli taýpalary, (meselem, abdallary, igdirleri) siňdirişi we köpelip-könelişi ýaly, onuň çowdur diýen etnik ady hem dürli fonetik özgerişlere sezewar bolupdyr. Meselem, XI asyr alymy Mahmyt Kaşgaryda bu taýpanyň ady **juwaldar** görnüşinde duş gelýär, bu alym ony 24 türkmen-oguz taýpasynyň arasynda 20-nji orunda goýýar. Reşideddiniň işinde **jawuldur**, Ýazyjy-oglunda **çawyndyr**, Abylgazyda **çawuldur** görnüşlerinde getirilen bu etnonim 15-nji orunda bolup, sanalan alymlar ony Oguz hanyň 4-nji oglunyň 3-nji neberesiniň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Diňe Salar Baba **çawuldury** Daghanyň 2-nji ogly hasaplap, ony 18-nji orna geçirýär.

Bu alymlaryň etnonime berýän düşündirişi şeýle: Reşideddin: “Şerefli (şöhratly), üýni ýaýgyn (ýagny sesi gaty)”; Salar Baba: “Daýym (mydam) işi uruş-dawa bolgaý”; Abylgazy: “Şan-şerefli” we “Namysly”.

Häzirki döwrüň alymlary hem çowdur diýen etnonimi orta asyr alymlarynyňka meňzeş terzde düşündirýärler. Meselem, türk alymy I. Kafesoglu bu babatda “beýik, şöhratly”, çowdur şiwesini öwrenen türkmen alymy H.A. Maşakow bolsa “namysjaň, gahryman” ýaly

düşündirişleri getirýär.

Biz bu etnonimiň iň gadymy **juwaldar** (**çowaldar** diýip okamak hem mümkin) we häzirki döwürde ulanylýan çowdur görnüşlerinden ugur alyp, onuň düýp köküni **çog (çok)** diýen türki söz bilen baglanyşdyrmakçy (**çok** sözi ýemrelileriň çokçy tiresiniň adynda hem duş gelýär). Türkmenistandaky Çohpetde (asly Çokpetde), Çokagaç, Çokjünewüt ýaly ýer-tut atlarynda çok sözi "gür", "topbak", "bir ýerde çogdam ösýän" ýaly manylary aňladýar. Häzirki türkmen dilinde çok sözi "köpçülik","märeke", "ýygyn" diýen manydadyr, hatda "çopan adam çoka (märekä) bolmaz" diýen nakyl hem bar. **Çog/çok** sözüniň gadymy manysy **çugdumlanmak, çugutmak, çokul** (depede ýa-da ýeňsede goýulýan çogdam saç), **çokaý** (agzy bürülip bir ýere ýygnalýan aýakgap), **çokga** (sakgal), **çogmak** (topbak) ýaly sözlerde saklanýar.

Diýmek, **juwaldar/çowdur** diýen etnominiň **juw/çow** sözleri aslynda **çog/çok/çug** sözünden bolup, ol "ýygyn", "märeke", "topar", "il" diýen manyny aňladýar, ol sözüň yzyna goşulan **–yl, (-yn)**—köplük sanyň goşulmasydyr. **Çowdur, igdir, çandyr** ýaly etnonimler üçin umumy bolan **–dur/-dyr/-dyr** goşulmalarynyň asyl köki näbelli (kem işlik goşulmasy däl), ýöne etnonimiýada onuň hem köplügi aňlatmagy mümkindir.

## ÇOMK, ÇOMALAK, ÇOMAN, ÇOMUR

Salyrlaryň **çomak**, tekeleriň **çomalak** we **çomur**, gökleňleriň, ýomutlaryň hem **çoman** diýen tireleriniň adynda gaýtalanýan **çom** sözi bu atlaryň häzirki dilde ulanylýan sözlerden däl-de, eýsem başga kökden döränligine güwä geçýär.

Türki dillerde **ü-j** (ýigit—jigit, ýyl—jyl, ýegen—jiýen, ýer—jer) we **j—ç** (jaň—çaň, jüňňül—çuňňul) ses gezekleşmeleriniň kanunalaýyk fonetik hadysadygyny nazara alyp, biz çom sözüni gadymy ýom (bu barada Ýomut makalasyna serediň) sözi bilen bir kökden dörän we türki tire-taýpa atlarynda "topar", "jem", "ýygyn" ýaly manylary aňladýan söz hasaplaýarys. Ol çommalmak, çomak (ýagny ujy uly düwünli, tommakly taýak) ýaly sözlerde aýdylana ýakyn manyda ulanylypdyr. Eger şeýle bolsa, onda **çomak, çoman, çomur** diýen etnonimleriň yzyndaky **–ak, -an, -ur** goşulmalary köplügi aňladyp, tutuşlygyna bu atlar "topar", "il",

“taýpa” diýen manyda ýüze çykypdyr.

Käbir okyjylaryň **çomur** diýen etnonimiň “oturymly il” manysyndan ugur alyp, biziň çaklamamyz bilen ylalaşmazlygy mümkin. Ýöne biz olara **çomur** sözüniň hut özüniň hem **çarwa**, ýagny göçüp-gonýan, dagynyk il manydaky sözüň tersine, **çomur**, ýagny “bir ýere ýygnanan, oturymly, topbak il” diýen manyda ýüze çykandygyny ýatlatmakçydyrys.

Sözümiziň ahyrynda, Garagalpagystanda ýaşaýan çoman diýen ýomut tiresiniň obasyna **Çomanoý** diýilýändigini ýatladýarys (Daşhowuz ertrapynyň toponimiýasynda oý sözi “oba”, “oturymly ýer” diýen manydadyr. Deňeşdiriň: Alilioý, Magtymoý, Kyrkgyzoý). Soňra şu ýerdäki posýologa we raýona-da obanyň ady geçýär, ýöne garagalpaklar bu ady Şumanaý görnüşinde ulanýarlar.

## ÇOTAKLY, ÇOTAN, ÇOTLAR, ÇOTUR

Ärsary taýpasynyň çekir urugyna degişli **çotakly**, kyraçly salyrlarda (Farapda) **çotlar**, tekelerde **çotan**, gökleňlerde hem **çotur** diýen tireler bolup, olaryň ählisiniň ady çot sözünden we köplügi, jemi bildirýän **–ak, -an, lar, -ur** goşulmalaryndan emele gelipdir.

Yzyndaky –**ly** diýen degişlilik goşulmasyndan çen tutsaň, çotakly tiresiniň ady “Çotak diýen ýerden çykan il” manysyndadyr. Ýerli ýaşulular hem ony hut şeýle düşündirýärler.

Balkanda, Maňgyşlakda ýaşan türkmenleriň üstüne XVII—XIX asyrlarda Hywa hanlarynyň wagtal-wagtal çozandygy, şol çozuşlarda bu etrapdaky türkmenler üçin Çotak diýen ýeriň tebigy gala bolup hyzmat edendigi barada taryhy çeşmelerde degerli maglumatlar bar. Çotak diýen ýer üstünden geçip bolmajak dagyň öwrüminde ýerleşip, onuň diňe girelgesi goralypdyr. Ýöne bu çeşmelerde Çotagyň ýerleşen ýeri görkezilmändir. Şol döwrüň taryhy wakalaryny derňän W.W. Bartold ýaly alymlar hem onuň nirededigini anyk bilmändirler. Arheolog Hemra Ýusupowyň Günbatar Türkmenistanda geçiren barlaglary netijesinde Çotagyň Şagadam-Gyzylgaýa şosse ýolunyň ugrunda, Tersakan jarynyň demirgazygynda, Akgyryň günorta-günbatar böleginde ýerleşýändigi anyklandy. Diýmek, çotakly tiresiniň “Çotak etrapynda ýaşaýanlar”, “çotakly” diýen ady hakykata has laýykdyr. Şol döwürde ärsarylaryň şu ýerde ýaşandygy hem bu pikiri doly tassyklaýar.

Ýöne biz Çotak deresine-de çotak tiresiniň ady dakylypdyr diýip çaklaýarys, çünki ýokarda sanalan tireleriň adyna esas bolan çot sözi dag atlarynda duş gelmeýär, emma ol türkmen tireleriniň atlarynda köp gaýtalanýar, hatda gyrgyzlarda-da bir uruga çot diýilýär.

Biziň gözden geçiren türki sözlüklerimizde çot sözüniň tire ady üçin ýaraýjak manysyna duş gelmedik. Diňe XI asyr alymy Mahmyt Kaşgary Hotan türkleriniň dilinde "urug", "tohum" manysynda çut, çüt sözüniň ulanylýandygyny ýazypdyr. Şundan ugur alyp, türki etnonimlerde köp duş gelýän çot sözüniň "urug", "tire" manysynda ýüze çykan bolmagynyň mümkindigini bellemekçidiris. Aglaba etnonimleriň hut şu ýol bilen dörändigi bu çaklamany hakykata has-da ýakynlaşdyrýar.

## ŞAÝY, ŞAÝYLY

Atalaryň **şaýy**, Büzmeýinde ýaşaýan tekeleriň **şaýyly** tireleriniň ady, megerem, tire wekilleriniň dini ygtykatlary bilen baglanyşykly ýüze çykan bolsa gerek. Mälim bolşy ýaly, yslamda sünni, Eýranyň, Azerbaýjanyň aglaba ilaty hem şaýy mezhebine uýýar. Şaýylaryň arasyndan gelip goşulan ile şeýle etnik adyň dakylan bolmagy mümkindir. Aslynda şaýy sözi araplaryň şia (şyga) sözünden bolup, "ynamdaşlar" diýen manydadyr.

## ŞIRWAN

Geçmişde Çelekeniň ýakynyndaky Ogurjaly adasynda şirwan diýen türkmen urugy ýaşapdyr. Şu atdaky tire ärsarylaryň eleç urugynda-da bar.

Ogurjaly şirwanlarynyň etnik adynyň gelip çykyşy barada Ata Jykyýew üç sany çaklamany orta atýar: a) bu urug Azerbaýjan şirwanlarynyň bir bölegidir. Tagtalary daňyp, şonuň üstünde Kaspiden şu ýere ýüzüp geçendikleri üçin, olara tagtaly şirwan hem diýipdirler; b) ikinji rowaýata görä, Ogurjaly şirwanlarynyň urugbaşysy Aly Şirwan bolup, ol Kaspiniň günbataryndan gelipdir; w) urugyň ady Eýrandaky Astrabadyň ýakynynda ýerleşen Bibişirwan diýen ýer bilen baglanyşyklydyr.

## ŞYH

Öwlat türkmen taýpalarynyň biri bolan şyhlar respublikamyzyň ähli ýerinde duş gelýär, olar aýry-aýry tire hökmünde aglaba taýpalaryň düzümine hem siňipdirler. Bu türkmen taýpasynyň uly kowçum bolup topbak oturan ýeri Gyzylarbat raýonynyň Bendesen obasy we Termez şäheriniň töweregidir.

**Şyh** diýen etnik at araplaryň şeýh sözünden bolup, ol “ýaşuly”, “aksakgal”, “taýpa başlygy”, “derwişleriň baştutany”, “dini howandar”, “öwlüýäleriň goragçylary” ýaly manylary aňladýar.

## YBAK, YBAGATA

Çowdurlaryň **ybak** (ol **uwak** görnüşinde-de ulanylýar) we atalaryň **ybagata** tireleriniň ady iňňän gadymydyr. Muny ybak diýen etnonimiň gazak we gyrgyz halklarynyň düzüminde-de saklanandygy subut edýär. Gazak alymlary M.S.Mukanow we W.W.Wostrow dagy ybak urugynyň adyny şu ilatyň tagmasy bilen baglanyşdyrýarlar, çünki bu urugyň tagmasy abak (ortasyndan dik çyzyk geçirilen parallelepiped) görnüşindedir.

Arheolog S.P. Polýakow **ybak** diýen etnonimi agarlaryň taýpabaşysy bolan we 800 ýyl çemesi mundan öň ýaşap, Günbatar Türkmenistanda jaýlanan Agar-ubak diýen şahsyň adyndan hasaplaýar.

Biziň pikirimizçe, **ybaklar** orta asyr oguz-türkmen taýpasy bolan ywalaryň böleklerinden emele gelipdir, onuň etnik ady **ywa** etnoniminden we –k diýen köplük goşulmasyndan durýar (**Ywa** makalasyna serediň).

## YWA

Mahmyt Kaşgarynyň döwründe **ywalar** 24 türkmen taýpasynyň içinde iň ulularynyň biri bolmaga çemeli, çünki bu alym ony 4-nji orunda goýýar. Ýöne soňky alymlar ywany has yzda—Salar Baba 20-nji, Reşideddin, Ýazyjy-ogly we Abylgazy hem 23-nji orunda getirýärler. Soňky 3 alym Ywa diýen sözi Oguz hanyň Deňizhan oglunyň 3-nji perzendiniň, Abylgazy bolsa Daghanyň 2-nji oglunyň we ondan önen taýpanyň ady hasaplaýar. **Ywa** diýen etnonimi Mahmyt **iwe**, Abylgazy

**awa**, beýleki alymlar hem **ýywa** görnüşlerinde ulanypdyrlar. Bu etnonimiň manysyny olar şeýle düşündirýärler: Reşideddin we Ýazyjy-ogly: “Derejesi hemmesinden üstün”; Salar Baba: “Atlary barça nemelerden ýokary bolgaý”; Abylgazy: “Mertebesi belent”.

Garagalpak alymy D.Aýtmuratow ywa taýpasynyň gadymy awarlardan gaýdýanlygyny, onuň adynyň hem awar etnoniminiň goşulmasyz (awa) görnüşidigini belleýär. Şu alymyň pikiriçe, **awa/awar** sözi mongollaryň **ewer** ýa-da hytaýlaryň **efa** sözündendir. Ol dillerde ýatlanan sözler “örülen saç”, “çokul” diýen manyny aňladýar, awarlar (we ywalar) depesinde örülen saç goýýanlygy üçin şeýle at alypdyrlar.

Okyjylaryň dykgatyna biz ýene bir çaklama hödürlemekçi. Gadymy türki dillerde (VII—VIII asyr Orhon ýazuw ýadygärliklerinde), häzirki döwürde bolsa Astrahan we Stawropol türkmenleriniň gepleşiginde **ywa/uýa** sözleri “höwürtge”, “maşgala”,”urug” ýaly manylary aňladýar. Ywa diýen etnonimiň şol sözden emele gelen bolmagy mümkindir.

Türkmenistanda gadymy **ywalar** uly yz galdyrmandyrlar, çünki olar seljuklar hereketi döwründe Kiçi Aziýa ýurtlaryna göçüpdirler. Diňe Buhara welaýatynyň Alat raýonynda ywa türkmenleri häzirki döwrülerde-de taýpalygyny saklap, bir ýerde kowçum bolup ýaşaýarlar.

## YSLAM

Ärsarylarda bir urugyň, ata, müjewür, çowdur we şyh taýpalarynda hem tireleriň ady bolan **yslam** sözi musulman sözi bilen asyldaş bolup, arap dilinde “dine boýun”, “tabyn” diýen manyny aňladýar.

Yslam diýen etnik atlar VII—VIII asyrlarda, ýagny türkmenleriň yslam dinine zor bilen salnyp başlan döwürlerinde dörän bolsa gerek. Yslamy kabul eden toparlara beýlekileriň **yslam** diýip at dakan bolmagy mümkin.

## EÝMIR

Oguz-türkmenleriniň gadymy taýpalarynyň biri bolan eýmirleriň adyny orta asyr alymlary **eýmür**, Abylgazy bolsa **imir** görnüşinde ulanypdyrlar. Mahmyt Kaşgary ony 24 taýpanyň arasynda 11-nji, Reşideddin, Ýazyjy-ogly we Abylgazy 18-nji, Salar Baba bolsa 21-nji

orunda goýýar. Kaşgarydan we Salar Babadan beýleki alymlar Eýmiri Oguz hanyň 5-nji ogly bolan Daghanyň 2-nji perzendiniň ady we ondan önen il hasaplasa, Salar Baba ony Deňizhanyň 1-nji oglunyň ady çaklaýar. Bu alymlar eýmir sözüniň manysyny şeýle düşündirýärler: Reşideddin: "Soň derejede iýi (gowy) we zengin (güýçli)"; Ýazyjy-ogly: "Hetsiz eýi, baý ol (bol)"; Salar Baba: "Leşgerlik we tawangär bolgaý"; Abylgazy: "Baýlarnyň baýy".

Etnograf alym Ýu.Zuýew **eýmir** diýen etnonimiň aňladýan manysyna degişli ýörite makala ýazdy. Onuň pikiriçe, bu taýpanyň ady totemden emele gelip, "teke" diýen manyny aňladýar, çünki Reşideddin eýmirleriň totemi hökmünde şu haýwanyň adyny tutýar; galyberse-de X—XI asyrlarda ýazylan hytaý çeşmelerinde gara guýrukly **imo (imir**) diýen haýwanyň ady duş gelýär. Ol geçi ýa-da keýik bolmaly. Şu zatlary nazara alyp, Ýu.Zuýew imir diýen ady iki bölege bölýär: i**m** we **–r** (goşulma). **Im** sözi, onuň pikiriçe, häzirki türkmen dilindäki **umga/ ýumga** (dag geçisi) we **emmek** sözünde saklanyp, ol "teke", "geçi" diýen manydadyr.

**Eýmir** sözüniň aöladýan manysyna Ýewropa alymlary hem üns beripdirler. Meselem, Gamiltonyň pikiriçe, bu at "şan-şerepli, ygtybarly" diýen manydadyr.

Elbetde, ymykly ylmy barlaglar geçirmezden, eýmir etnonimine berilýän beýle düşündirişlere ynanmak kyndyr. Bu sözüň asyl köküni gunlaryň, belki-de, türki, mongol, tungus-manjur halklarynyň bir umumylygy emele getiren altaý döwründe ýaşan halklaryň dilinden gözlemek dogry bolar, çünki eýmirleriň ady gadymy türki eýýamda-da duş gelýär. Meselem, türk alymy Ybrahim Kafesoglunyň ýazmagyna görä, baryp 745-nji ýylda Ötükende öz döwletini guran uýgurlara **dokuzoguz** ("9 taýpa") hem diýilýän eken, çünki olar 9 taýpadan ybarat bolupdyr. Onuň 8-nji taýpasynyň ady hytaýça **Hi-ýe-wu** görnüşinde ýazylyp, ol türkçe okalanda **aýamur** ýa-da **aýmur** görnüşine eýe bolýar. Kafesoglu bu ady hut eýmirler bilen baglanyşdyrýar.

**Eýmir** ýa-da **iýmir** diýen etnik adyň **eý/iý** bölegi, biziň pikirimizçe, **igdir** etnoniminiň **ig** sözi bilen asyldaş bolsa gerek (**Igdir** makalasyna serediň), çünki türki (türkmen) dillerinde g sesi aňsatlyk bilen ý sesine geçip bilýär (ege-eýe-eýe, tük-tüg-tüý, çugun-çoýun-çoýun we ş.m.).

## EKEREM

Esenguly raýonyndaky Ekerem posýologyna ady dakylan bu tire ýerli gepleşikde “ekerançy” manysynda ulanylýan **ekerem** sözi bilen atlandyrylypdyr, çünki olar diňe bir tumaç urugynyň içinde däl, eýsem, şu etrapdaky beýleki urug-tireleriň arasynda-da ilkinji bolup Garadepe obasynda düme ekerançylygyny ýola goýupydyrlar.

## ELEÇ, ELEŞ

Hojambaz raýonynyň Eleç obasynda ýaşaýan **eleç** diýen ärsary urugy we Ogurjaly adasynda öň özbaşdak urug bolup, soňra garainjikler bilen goşulan **eleş** tiresi aslynda bir kökden emele gelipdiler, çünki Ata Jykyýewiň bellemegine görä, ärsarylaryň eleç urugy Kaspi deňziniň kenarlarynda-da ýaşapdyrlar. Arheolog T.Hojanyýazow eleç diýen etnonimi gadymy halaç diýen taýpa adynyň fonetik öwüşgini hasap edýär.

## ERDEN, ERDENLI

Saryklaryň **erden** tiresini G.I. Karpow peçenegleriň ertem diýen urugy bilen asyldaş hasaplaýar, çünki arabaçy, saryk we beýleki käbir türkmen taýpalary geçmişde peçenegler bilen goňşy oturyp, ýakyn aragatnaşykda bolupdyrlar. Mahmyt Kaşgary erdem sözüni “medeniýetli”, “buýsançly”,”salyhatly” diýip düşündirýär. Türk alymy I. Kafesoglu bolsa **erdem** diýen urug adyny “güýçli-kuwwatly” ýaly manyny aňladýan etnonimleriň toparyna goşýar.

Dänew raýonynda ýaşaýan salyrlaryň erdenli tiresi hem aslynda saryklardan galan topardyr, çünki XVIII asyryň ahyrlaryna çenli saryklaryň uly topary Çärjew etraplarynda: Dänew raýonynyň Sarykbala, Saýat raýonynyň Erdelaryk obalarynda oturypdyrlar.

## ESGI

Saýat, Sakar raýonlarynda, Özbegistanyň Buhara, Samarkant, Surhanderýa welaýatlarynda, Täjigistanyň hem Şährituz raýonynda **esgi**

diýen gadymy türkmen taýpasynyň wekilleri ýaşaýarlar. Ýerli ilatyň arasynda aýdylýan meşhur rowaýatda esgiler Ärsary babanyň uly (esli) oglunyň nebereleri hasap edilýär. Şu rowaýat esasynda Saýat raýonynda täze döredilen oba sowetleriň birine Esli diýen at dakyldy.

Esgileriň ärsarylar bilen baglanyşyklydygyny Abylgazy hem (XVII asyr) tassyklaýar. Ol "Türkmenleriň şejeresi" diýen kitabynyň "Türkmen bolup, türkmene goşulan illeriň beýany" diýen babynda ilkinji nobatda esgi taýpasynyň gelip çykyşy hakynda söz açyp, şeýle ýazýar: "Owal zamanda Ürgenç, Balkan we Maňgyşlak Özbek hanyň adyl ogly Janybek hana tabyn erdi. Janybek han türkmen iliniň aýyply we günäkärlerini jezalandyrsyn diýip, olaryň içine Sankly-Sin diýen uýgury iberdi. Ol gelip, il içinde bir ýyl ýaşady. Her ýerde aýyply we günäkär bar bolsa, ony sorady (jezalandyrdy). Onuň nökeri we gullary köp erdi. Olaryň içinde ählisinden bäş ýyl köp gulluk eden Aýaz atly ýaşuly (eski) gul bar erdi. "Başymdan, malymdan aýrylaryn" diýen türkmen günäkärleriniň barçasy bir ýere ýygylyp, şol Aýaza köp rişwetler (sowgatlar) berip: "Eger sen begiňi (Sankly-Sini) öldürseň, bir ilden toplanan maly we bir höwürtgeden getirilen guşy (awçy guşy) saňa bereli, her haçan Janybek han kişi iberip, seni sorasa, biz gizläli, ählimiz seniň üçin gyrlaly weli, seni tutup bermäli" diýdiler. Aýaz köp mala we bularyň şirin sözüne köňlüni berip, bir gije Sankly-Sini gapyl ýatanda öldürdi. Söz berlen maldan Aýaza bir owlak hem hem ýetmedi. Sürülerdäki maly kim beren bolsa, şol aldy. Sankly-Siniň nökerleri Janybek hanyň gaşyna gaýdyp gitdiler. Aýaz gorkunjyna gidebilmän, Balkan dagynda oturan türkmenleriň içinde galdy. Şol ýyl Janybek han Etil suwy (Wolga) ýakasyndaky Saraý şäherinde hak rähmetine gitdi (öldi). Barça esgi halky şol Aýazyň oglanlarydyr".

Diýmek, Abylgazynyň pikiriçe, **esgi** diýen etnonim "ýaşuly, irki, köne" manysyndaky **esgi** diýen türki sözdendir. Janybek hanyň 1357-nji ýylda ölenligini nazara alsak, esgi taýpasynyň dörän wagty hem XIV asyryň ikinji ýarymyna gabat gelýär.

Abylgazynyň taryhy hakykat bilen utgaşyp duran bu maglumatyny inkär etmäge hetdimiz ýok. Ýöne esgi diýen etnonimiň juda irki bolaýmagynyň mümkindigi baradaky çaklamamyzy okyjylaryň dykgatyna ýetirmekçi. Ak hun, eftalit, abdal diýen atlar bilen taryhda yz galdyran gadymy türki halk bolupdyr (bu barada **Abdal** diýen makala

seredíň). Biziň eramyzyň III-IV asyrlaryndaky taryhy wakalary beýan edýän çeşmelerde şol ak hunlaryň **asgil** ýa-da **eskil** diýen taýpasynyň ady tutulýar. Bu sözüň yzyndaky **–l** köplük goşulmasy hasap edilse, şol taýpanyň asgi ýa-da eski diýen adynyň derňelýän esgi etnonimine esas bolup biljekdigine düşünmek kyn däl, sebäbi hunlar (ýa-da gunlar) türkmenleriň gös-göni gadymy ata-babalarydyr.

Öz gezeginde, **asgi** diýen taýpanyň gadymy türki as, az diýen halkdan gaýdýan bolmagy hem mümkindir. Bu toparyň baryp VII asyrda agzalýan etnik ady igdirleriň **asa** tiresiniň we Demirgazyk Kawkazda ýaşaýan **oseti** (orusça osetin) halkynyň adynda saklanýar, osetileriň ady **os**, ýagny **as** diýen etnik atdan we gürji dilinde "ýurt", "il" manysynda ulanylan **eti** goşulmasyndan durýar. (Deňeşdiriň: swaneti, kaheti). Malim bolşy ýaly, osetileriň etnogenezinde bolsa şol türki aslar ulky orun eýeleýär. Esgi diýen etnonim aslaryň adyndan (as sözünden) gaýdan ýagdaýynda, onuň yzyndaky ki (k we i) bölegini gadymy türki köplük, jem goşulmalary hasap edýäris (kemki, erki, kerki, gowky, soky, gyrgy ýaly etnonimler bilen deňeşdiriň).

Sözümiziň ahyrynda Ahmet Bekmyradow ýaly ajaýyp edebiýatçy alymyň we Kömek Kulyýew ýaly gowy ýazyjynyň esgi ilinden çykandygyny ýatladýarys.

## ESENILI

XV—XVII asyrlarda Maňgyşlakda we Uzboý ýakalarynda ýaşan igdir, çowdur, arabaçy, abdal we kem-käsleýin gökleň taýpalary birleşip, uly etnik topary ýa-da tutuş ili emele getiripdirler. Olara esenili diýlipdir. Bu at çeşmelerde hasanili, il içinde bolsa esenhany görnüşlerinde hem duş gelýär.

G.I. Karpow Esen we Hasan diýen ady Sufiýan handan öň Hywada hanlyk eden Hasan hanyň ady bilen baglanyşdyrýar. Başga bir işinde ol türkmenleriň bir böleginiň Oguz hana ýa-da onuň 6 oglunyň birine, beýleki bir toparynyň bolsa Çingiz hana Esen diýýändigini belläpdir.

Etnograf G.I. Wasilýewa özbekleriň bir böleginiň, gazaklaryň we garagalpaklaryň nesilbaşysyna Esen han diýilýändigini habar berýär. Esenili diýen etnonim, belki, şu şahsyň ady bilen baglanyşyklydyr.

## ETBAŞ

Halaç raýonyndaky Etbaş obasyna ady geçen **etbaş** diýen ärsary tiresiniň ady, aslynda, **itbaş** ýa-da **itbaşy** bolsa gerek, muny **etbaş** diýen etnonimiň il içinde **itbaş** görnüşinde-de ulanylyşy we etbaş tiresiniň bir bölümine **itakly ("it akyly")** diýilýändigi tassyklaýar. **Itagyz** diýen tire ýemrelileriň düzüminde hem bar.

**It** sözi bilen gelýän tire-taýpa atlary türki halklaryň iňňän gadymy däbi, ýagny olaryň iti eý görülýän haýwan, taýpanyň howandary (totem) hasaplamagy bilen baglanyşyklydyr (bu barada **Barak, it, köpek, ganjyk** diýen makala serediň). Türki halklar ir eýýamda totem hökmünde börini birinji, iti ikinji, beýleki haýwanlary bolsa ondan soňky orunlarda goýupdyrlar, iň gowy rowaýatlaryny we däp-dessurlaryny möjege, ite bagyşlapdyrlar. Meselem, kidanlar atly gadymy türki halkyň güýz baýramyna hytaýlar dan-he-mi diýip at beripdirler (türki dilde ol "it başy" diýen manyny aňladýar). Şu baýram 8-nji aýyň 8-nji gününde geçirilip, şol gün iliň hökümdary ak iti soýduryp, onuň kellesini öz çadyryndan 7 ädim uzaklykda gömdüripdir, gömlen kelläniň tumşugy (dişleri) görnüp durar ýaly edilipdir. 7 günden soň hökümdar öz çadyryny şol kelläniň üstünde dikdiripdir.

Şuňa meňzeş rowaýatlar oguzlaryň arasynda-da bolupdyr. Meselem, bir dini rowaýatda gürrüň berlişine görä, Hoja Ahmet Ýasawy at ogrularyny (başga bir rowaýatda Akmany we Garamany) adam kelleli ite öwürýär.

Bu rowaýatlar we itbaş diýen etnonim itiň hem-de onuň kellesiniň biziň ata-babalarymyz üçin gadymy geçmişde nähilidir bir mifik gudrata eýe bolandygyna, olaryň iňňän irki ynam-düşünjelerine şaýatlyk edýärler.

## ÄRSARY

Uly türkmen taýpalarynyň biri bolan we Çärjew welaýatynyň ilatynyň esasy bölegini düzýän ärsarylaryň wekilleri respublikamyzyň aglaba raýonlarynda, Buhara welaýatynyň Galasiýa, Alat, Garaköl, Kaşgaderýa welaýatynyň Baharystan, Surhanderýa welaýatynyň derýa ýakasyndaky ähli raýonlarynda, Täjigistanyň Kolhozabat, Jylyköl, Gumsňňir we Şährituz raýonlarynda ýaşaýarlar. Ärsarylaryň uly

bölegi Owganystanyň Balh, Meýmene, Mazaryşerip, Antguýy, Hyrat welaýatlarynda ornaşypdyrlar. Olaryň bölek-büçekleri Eýranyň Maşat, Büjnürt, kem-käsleýin Kümmethowuz welaýatlarynda we Türkiýede hem duş gelýär.

Ähli çeşmeler we rowaýatlar biragyzdan bu taýpa Ärsary diýen taryhy şahsyň—taýpabaşynyň adynyň dakylandygyny tassyklaýarlar. Dogrudan-da, Balkan etraplarynda ýaşan we salyr ili diýip at alan taýpalar birleşginiň ýolbaşçysy Ärsary baý taryhy şahs bolupdyr. Abylgazy ol barada: “Salur ilinde, Abulhanda (Balkanda) Ärsary baý tiýgen barçerdi. Uzak ömür tapgan döwletli we musulmanlykka kuşeş kylaturgan kişi erdi” diýip ýazýar. Şu alymyň maglumatyna görä, Ärsarynyň şejeresi şeýle: Oguz—onuň neberesi Dalyr Gazan—onuň neberesi Ňgürjik alp—onuň ogly Berdi we Buka diýen ekizler—Berdiniň pgullary Gulmy we Gulhajy—Gulhajynyň ogly Ärsary—Ärsarynyň ogullary Inelgazy, Zeýnelgazy we Mustapagazy.

Ärsary diýen taryhy şahsyň ömri, uly ile baştutanlyk edişi, onuň adynyň döreýşi, Horasanyň hany tarapyndan bu şahsyň wagşylyk bilen öldürilişi hakynda “Ärsarybaba baradaky rowaýatlar we hakykat” diýen uly makalany ýazanlar: arheolog H.Ýusupow hem-de žurnalist S.Hanow dagy (serediň: “Ýaş kommunist”, 1990, 22 awgust) Ärsaryny 1260—70-nji ýyllarda doglan, 1335-nji ýyl çemesinde-de öldürilen hasap edýärler. Bu şahsyň mazary Krasnowodsk raýonynda, Gyzylgaýa posýologyndan 35—40, Tüwer obasyndan hem hem 12 kilomter uzaklykda, Şagadam—Hywa kerwen ýolunyň ugrunda, häzirki Ärsarybaba daglarynyň üstünde ýerleşýär. 1961-nji ýylda moskwaly arheolog S.P. Polýakow ol mazary gazyp gördi, bu babatda ýazan işinde mazardan çykan kelle süňküniň iki ýerinden ýaý peýkamynyň (belki, naýzanyň) deşendigini, sag eliniň süňküniň mazarda ýokdugyny, onuň gylyç bilen çapylandygyny, gursak, oňurga we çep äňiniň süňkleriniň döwlendigini, süňklerde gylyç yzynyň bardygyny belleýär.

Mälim bolşy ýaly, mongollarynyň çozuşyndan soňky döwürde Alyşir Nowaýy türki halklaryň içinde ilkinji magaryfçy, ylmy-bilimi ýaýradyjy hasap edilýär. Arapşynas alym Nazar Halymow öz makalasynda Ärsarynyň Nowaýydan iki asyr öň hakyky magaryfçy bolandygyny, onuň dini we dünýewi kitaplary türkmen diline terjime etdirip, Balkan etrabyndaky ili sowatly we düşünjeli etmäge çalşandygyny, onuň 40 düýe

berip, Köneürgençdäki Şyh Şeref atly ahuna terjime etdiren “Muin-al-mürid” (“Müritler üçin gollanma”) atly kitabynyň Ärsarydan soň ençeme asyryň dowamynda türkmenler tarapyndan ürç edip öwrenilendigini belleýär.

Ynha, şu taryhy şahs (Ärsary) XIII asyryň birinji ýarymynda mongollar tarapyndan derbi-dagyn edilen türkmenleriň galan-gaçanlaryny daşyna jemleýär, bu ile-de Ärsarynyň ili diýen at galýar. Elbetde, bu il bir taýpanyň wekili bolman, ol orta asyrlarda sanalýan 24 türkmen taýpasynyň köpüsinden ýygnanandyr diýip çak edýäris, ýöne onuň özenini salyrlar ýa-da salyr diýen taýpa birleşiginie giren türkmenler düzüpdir.

Biz “Sary, saryk, saryja” diýen makalada XI asyrda sary diýen gadymy türki taýpanyň Maňgyşlak, Balkan etraplarda ornaşandygyny belläpdik. Ärsarynyň raýatyna üýşen ile şol döwürde salyrlar hem diýlen bolsa gerek, çünki sary sözi bilen gelýän etnik atlar türkmenlerde juda köp (ol barada ýatlanan makala serediň). Şu ile baştutanlyk eden şahsa-da Ärsary diýen at “Sary iliniň äri, gerçegi, howandary” diýen manyda soň dakylypdyr diýip çaklaýarys, çünki birinjiden, Mekgä haja gidip, Gulhajy adyny alan we yslamy öz ýörelgesi edinen dini sowatly adam öz ogluna yslam we pygamberler bilen baglanyşykly at dakmaly. Ikinjiden, türki halklarda, şeýle-de araplarda hökümdarlara derejesine, at-abraýyna, jemgyýetde tutýan ornuna görä öz iliniň ady bilen baglanyşykly täze at dakmak däbi ýörgünli bolupdyr. Nyzam ul-mülk (“mülki tertipleşdiriji”), Iltüzer (“ili düzüji”), \türiýäniň birinji prezidenti Mustafa Kemalyň Atatürk (ýagny “türkleriň atasy”) diýen ikinji ady muňa mysal bolup biler. Sarylaryň uly iline baş bolansoň, Ärsara-da şeýle adyň dakylmagy bolup biljek zatdyr. Soňra onuň birinji, hakyky ady ýatdan çykarylypdyr. Owganystanyň Meňejik etrabynyň Ketdeharyn obasynda ýaşaýan şahyr Magtymguly Harynyň beren maglumatyna görä, Ärsarynyň hakyky ady Gulmämmet bolmaly.

Sözümiziň ahyrynda, garagalpaklaryň maňgyt taýpasynda-da ärsary diýen urugyň bardygyny belleýäris.

## ÝABANY

Ärsarylaryň **ýabany** diýen urugynyň etnik ady “giň sährada

ýaşaýanlar” diýen manyny aňladýar. Gadymy türki halklar “sähra” sözüne derek **ýaban** sözüni ulanypdyrlar. Öý haýwanlaryndan tapawutlylykda dagda-düzde, çölde, jeňňelde ýaşaýan janawerlere-de **ýabany haýwan** diýilýär.

Türk alymy professor Faruk Sümer Yragyň Halap welaýatynda ýaşaýan türkmenleriň bir taýpasyna **ýaban äri** diýilýändigini, çünki onuň öň ýabanda ýaşandygyny belleýär, belki, ýabanylar bilen ýaban äriler aslynda bir kökden dörän etnik toparlardyr.

## ÝABY

Gökleňleriň we tekeleriň düzümine girýän **ýaby** tiresiniň adynyň ýüze çykyşy we manysy barada birnäçe çaklamany hödürlemekçi:

1) bu at gadymy oguzlarda hökümdarlaryň adyny aňlatmak üçin ulanylan ýabgu diýen tituldan emele gelipdir. Seljuk serkerdeleri özleriniň uly ogullaryna-da ýabgu diýen tituly beripdirler;

2) orta asyrlarda uly türki taýpanyň (ýa-da halkyň) ady bolan ýabaku sözünden. Ýabaku diýen etnonim hem aslynda ýabgu diýen titul bilen baglanyşyklydyr; 3) bu at ýaby diýen totem bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Bu ýagdaýda ýaby diýen etnonim gadymy türki eýýamda dörän bolmaly, çünki gunlaryň harby-administratiw bölünişiginde esgerleriň dürli toparlary gylýallaryň belli-belli görnüşlerini (ýaby, alaşa, baýtal), olaryň dürli reňkdäkilerini (bu barada **Alaýontly, alat** diýen makala serediň) münmek däbi ýörgünli bolupdyr.

Ýaby diýen taýpa Alyşir Nowaýynyň döwründe Sogdianada (Samarkant töwereklerinde) oturypdyr. Ol şeýle ýazýar:

*Sogd içinde oltururlur ýabular,*
*Ýabularnyň mingen aty ýabular.*

## ÝAGMYR, ÝAGMYRÇY

Orta asyr türkmenleriniň arasynda **ýagmyr** ýa-da **ýagmyry** diýen uly we güýçli taýpa bolupdyr. Häzir onuň galyndysy hut şeýle at bilen gökleňleriň, ýagmyrçy görnüşinde hem hataplaryň düzüminde saklanypdyr (ýagmyrçy—“ýagmyr taýpasyna degişli il” diýen

manydadyr). A. Roslýakowyň, S.Agajanowyň pikirine görä, bu taýpa asly ýazyrlardan bolan we XI asyryň başynda (1028-nji ýylda) türkmenleriň Horasan häkimleriniň garşysyna alyp baran göreşlerine baştutanlyk eden görnükli serkerdäniň—Ýagmyryň ady dakylypdyr.

Biz bu etnonimiň gadymy türki ýagma diýen taýpanyň (ýa-da halkyň) ady bilen baglanyşykly bolmagynyň mümkindigini hem unutmaly däldiris. Baryp XI asyrda Mahmyt Kaşgary tarapyndan agzalýan bu taýpa dokuzoguzlardan bölünip aýrylýar we garlyklaryň eýeleýän mülkleriniň uly bölegini olaryň paýtagty Kaşgar bilen bile basyp alýar. Ýagmalaryň köpüsi soňra özbek halkynyň düzümine siňýär.

W.W. Bartold **ýagma** diýen etnonimi “ýagýanlar”, “çozýanlar” diýip düşündirýär. Dogrudan-da, **ýagma** sözi “dökülmek”, “çapmak, çapawullamak” diýen manydadyr. Türkmen dilindäki ýagy, ýow sözleri hem şu söz bilen asyldaşdyr.

**Ýagmyr** we **ýagma** sözleriniň yzyndaky –myr we –ma goşulmalarynyň hyzmaty hem birräkdir: -myr (ýa-da –myş) öten zaman ortak işliginiň goşulmasy bolsa, -ma iş adyny bildirýär.

## ÝAZYR, ÝAZY

Ýazyr—24 türkmen taýpalarynyň iň ululарynyň biri bolup, Mahmyt Kaşgary ony (ýazgyry) 10-njy, Reşideddin, Ýazyjy-ogly we Abylgazy 5-nji, Salar Baba bolsa 9-njy orunda ýerleşdiripdirler. Salar Baba by taýpa adyny geçiren taýpabaşyny Ýyldyzhanyň birinji ogly hasaplasa, beýlekiler ony Aýhanyň birinji ogly edip görkezýärler. Ýazyr sözüne olaryň beren düşündirişleri şeýle: Reşideddin: “Çok (köp) ülkede häkim”; Ýazyjy-ogly: “Çok welaýat anyň ola”; Salar Baba: “Köp welaýatlar seniň sary bolgaý”; Abylgazy “Iller agasy”. Soňky alym özişinde ýasyr diýen taýpanyň adyny hem tutýar we oňa “Aldyga her nemerse (närse) uçrasa, any ýykar” diýip düşündiriş berýär.

Elbetde, bu alymlaryň ählisi adyň asyl köküni ýazmak (ýere ýazmak, ýagny “ýeňmek”, “basyp almak” manysyndaky söz) bilen baglanyşdyrýarlar: ýazyr-ýazar, ýagny “boýun egdirer”. Bu ýagdaý eýýäm orta asyrlarda ýazyr etnoniminiň hakyky manysynyň unudylandygyn güwä geçýär.

Biziň pikirimizçe, **ýazyr** sözüniň manysy we gelip çykyşy barada

akademikler S.P. Tolstowyň we A.A. Roslýakowyň pikirleri hakykata ýakyndyr. Bular **ýazyr** etnonimini gadymy ýas diýen türki taýpa bilen baglanyşdyrýarlar. Bu pikiri Abylgazynyň işinde 24 türkmen taýpasynyň biri (6-njysy) hökmünde **ýasyr** etnoniminiň getirilmegi hem tassyklaýar (ýazyr diýen at 5-nji orunda gelýär). **Ýas** ýa-da **as** diýen at gadymy alanlaryň ikinji ady bolup, ol igdirleriň **asa** ýa-da **ýasa** tiresiniň adynda hem duş gelýär (bu sözler barada Olam we Esgi makalalaryna-da serediň). Şu pikir dogry bolsa, onda etnonimiň gurluşy şeýle bolmaly: **ýaz (-ýas –as)** we –**yr** diýen gadymy türki köplük goşulmasy. Manysy: “ýaz ili”, “ýaz taýpasy”.

Taryhçy alym S. G. Agajanow **ýazyr** diýen taýpa adyny “ýazy är”, ýagny “ýazyda, sährada ýaşaýan il” diýip düşündirýär we ony gadymy **sul** diýen taýpa adynyň düşnükli sözler bilen terjime edilen (kalkalaşdyrylan) görnüşi hasaplaýar. **Sul** sözi “çöl” sözüniň fonetik öwüşginidir. Sullar V—VI asyrlarda Balkan etraplarynda ýaşapdyrlar. Küşt boýunça ort asyrlarda dünýä çempiony bolan meşhur türkmen küştçüsi as-Suly hem şu taýpadan bolupdyr.

Mary tekeleriniň düzümindäki **ýazy** tiresiniň ady hem ýazyr diýen etnonimiň gysgalan görnüşi bolsa gerek (şahyr Mollanepes şu tireden bolupdyr). **Ýaz** sözüniň yzyna goşulan –y goşulmasynyň köplük sanyň başga bir formasy bolmagy-da mümkindir, ol göki, gyrgy, barani, gaýy, garrawy, gunny ýaly etnonimlerde hem duş gelýär.

**Ýazy** sözi Mary tekeleriniň düzümindäki **ýazyýusup** tiresiniň adynda hem bar.

Sözümiziň ahyrynda ýazyrlaryň geçmişine degişli käbir zatlary ýatlalyň. Mongol çozuşlarynyň edil öň ýanynda bu taýpa Ahalda tas özbaşdak döwlet gurmak we özbaşdak halk bolmak derejesine ýeteňkirläpdir. Olaryň paýtagtyna ilki Tak, soňra Takýazyr diýen at berilýär. Bu gadymy şäheriň harabalary häzir Bäherden raýonynda bolup, ol Şähryslam diýen at bilen bellidir. Ýazyrlaryň ýurduna bolsa Ýazyr ili ýa-da Ýazyrystan diýlipdir.

Hazirki garadaşly diýen türkmen taýpasy hem ýazyrlardan döräpdir. (**Garadaşly** makalasyna serediň). Mongol çozuşlaryndan soň, ýazyrlar dumly-duşa dargap, olaryň köp bölegi Kiçi Aziýa ýurtlaryna göçüpdir.

## ÝAÝÇY, ÝAJY

Dänew, Farap raýonlarynda we Buhara wlaýatynyň Alat, Garaköl sebitlerinde ýaşaýan salyrlaryň düzüminde **ýaýçy** we **ýaýçyly**, Saragt salyrlarynyň içinde hem **ýajy (ýa:jy)** diýen urug-tireler bolup, olaryň asly we ady bir kökden döräpdir. Bu atlaryň manysy öz-özünden düşnükli: “ýaýçy”, “ýaý ýasamaga we ýaýdan ok atmaga türgen il”.

Ýaýçy tireleriniň gadymy salyr türkmenlerine degişliligini tassyklaýan delil hökmünde salyr serdary Tenek barada aýdylýan rowaýatlarda köplenç sary ýaýyň gürrüňi edilýändigini, Maňgyşlakda salyrlaryň gadymy oturymly ýerlerinde olaryň galdyran mazarlaryna, tamdyrlaryna we guýularyna ýaýyň suratynyň çekilendigini bellemelidiris (bular barada Ata Jykyýew öz kitaplarynda jikme-jik gürrüň berýär). Galyberse-de, Abylgazy özüniň “Türkmenleriň şejeresi” diýen işinde Ýajy sözüni  salyrlaryň legendar serkerdesi bolan Ögürjik alpyň üçünji gezek ekiz doglan ogullarynyň biriniň ady hasaplaýar (beýlekisi Diňli) we onuň nebereleriniň häzir (XVII asyrda) Amyderýanyň boýlarynda, Garaköl töwereklerinde ýaşaýandygyny, olara indi çajy däl-de, ýaýçy diýilýändigini hem belleýär (şol ýaýçylaryň nebereleri Garaköl töwereklerinde häzir hem bar).

Diýmek, bu urugyň ady ilatyň (ýa-da urugbaşynyň) tapylgysyz we öz döwründe juda möhüm bolan hünäri—ýaý bejermek ýa-da oky nyşana dogry urmak bilen baglanyşykly ýüze çykypdyr. Däri salnyp ot açýan ýaraglaryň ýok eýýamynda (XIV—XV asyrla çenli), çozup gelýän ýagyny ýakyn getirmezlige ýaý iň esasy ýarag hasap edilipdir. Gowy ýaý ýasaýan ussalar we ýaý atmaga türgen ýigitler uly abraýdan peýdalanypdyrlar. Şeýle toparyň kesp-käri, hünäri bilen baglanyşykly adynyň soňra urug adyna öwrülen bolmagy mümkindir. W.W. Radlow irki türkleriň arasynda ýaýçy tiresiniň bolandygyny ýatlaýar. Şeýle urug Azerbaýjanda-da ýaşaýar.

**Ýajy** urugynyň ady **ýaýçy** etnoniminiň gysgalan görnüşidir. Ýaýçy etnoniminiň ýüze çykyşy barada alymlar dürli rowaýatlary getirýärler. Hakykylygyna ynanmasak-da, olaryň birini şu ýerde ýatlap geçeliň. Etnograf Ýa. R. Winnikowyň ýaýçyly urugynyň wekillerinden ýazyp alan rowaýatynda ýaý atmaga we aw etmäge ökde Çyly diýen adamyň ady tutulýar, ol Salyr Gazanyň bir agtygy hasap edilýär (ýaý-Çyly—ýaýçyly).

## ÝAKALYBAMYLY

Garadaşlylyaryň **ýakalaybamyly** diýen tiresiniň ady bu etnik toparyň geçmişdäki göçüp-gonan ýerleri bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Atdan belli bolşy ýaly, olar ilki Kaspi deňziniň ýakasynda, soňra hem häzirki Bäherden raýonynyň Bamy obasynda oturypdyrlar. Tekeler Ahaly eýeländen soň, olar Daşhowuz etraplaryna göçüpdirler.

## ÝAKA TÜRKMENI

Kaspi deňziniň ýakasynda ýaşaýany üçin, söýünhany diýen taýpalar birleşigine giren taýpalara (gökleňlere, eýmirlere, salyrlara we oklulara) ýaka türkmeni hem diýlipidr. Taryhçy alym G.E.Markowyň bellemegine görä, çeşmelerde XVI asyrdan başlap duş gelýän bu etnik at diňe Eýran taryhçylarynyň işlerinde ulanylypdyr, olar Eýran bilen araçäkde—Etrek, Gürgen we Balkan etraplarynda ýaşaýan türkmenlere ýaka türkmeni diýipdirler. Türkmenleriň özi bu topara söýünhany diýip at beripdir.

## ÝALAWAÇ

Salyr taýpasyny emele getirýän 4 bölümiň biri ýalawaçlardyr (beýlekileri akman, garaman we kiçiaga). Gadymy türki dillerde ýalawaç sözi “wekil”, “ilçi” we “pygamber” manylarynda ulanylypdyr. Bu adyň ýalawaç sözüniň şol manylarynyň haýsy hem bolsa biri bilen baglanyşykly ýüze çykan bolmagy ähtimaldyr.

Geçmişde ýalawaç lakamly taryhy şahslar hem bolupdyr. Meselem, horezmli Mahmyt ýalawaç taryhda yz galdyran şahs hökmünde bellidir. Çingiz han ony 1218-nji ýylda Horezm şasy Muhammet şanyň huzuryna ilçi edip iberýär. Soňra ol Pekinde ilçi bolýar we 1254-nji ýylda şol ýerde ölýär. Mahmyt ýalawajyň ogly Masut beg Orta Aziýanyň ekerançylyk bilen meşgullanýan ülkelerine häkim bellenipdir. Myhmydyň aslynyň salyr bolmagy hem mümkindir, çünki Pekiniň ýakynynda salar türkmenleri häzir hem bar, olaryň uly topary bu ýere Samarkant etraplaryndan 1370-nji ýyldan öň göçüp gelipdirler. Belki, olar bu ýerde öňden oturan garyndaşlaryny penalap gelendirler. Ýalawaç urugynyň adynyň daşary ýurtlarda ilçilik eden şeýle şahslaryň biriniň

tituly bilen baglanyşykly ýüze çykan bolmagy hem ähtimaldyr. Ýöne bu pikire nakgaş-ýazyjy Juma Hudaýgulyýew düýbünde garşy çykýar (ser.: Çaklamaňam çaky çagşy.—Edebiýat we sungat.—1991, 4-nji oktýabur.

## ÝAPAGY, ÝAPAN, ÝAPAÇ, ÝAPBAN, ÝAPMA, ÝAPYRLY

Sözbaşyda sanalýan etnonimleriň ählisi **ýap (ýap)** sözünden we dürli söz ýasaýjy (köplenç, köplük) goşulmalaryndan hasyl bolupdyr, bu ýagdaý olaryň bir kökden döränligini çaklamaga mümkinçilik berýär.

Mahmyt Kaşgary (XI asyr) **ýabagu** diýen gadymy türki taýpanyň adyny tutýar. Ol hem manysy babatda ýokarky etnonimler bilen bir hatarda durýan atdyr.

Bu atlarda gaýtalanýan **ýap, ýab** sözi (çekimlisi gysga) gadymy türki söz bolup, ol ýapmak (çörek ýapmak, ýorgan ýapmak), **ýapyşmak, ýabşyrmak** ýaly sözlerde häzire çenli ýörgünli ulanylýar. Irki eýýamda ol "ýapyşmak, birleşmek, toplanmak, jemlenmek") ýaly manylary aňladypdyr. Saýylmadyk, ýagny berçigip ýatan topbak-topbak ýüňe ýapagy ýüň, gadymy türki türki dillerde burum-burum tüýli haýwana (gürjä) hem ýapagy diýlip at berilýändigi ýap sözüniň hut şu manydadygyny bildirýär.

Diýmek, sanalan etnonimleriň ählisi "birleşen il", "topar", "ýygyn" manysyndaky ýap (ýap, ýab) sözünden durýar.

Indi olaryň degişli taýpalaryny görkezip, bu atlaryň manysy barada käbir çaklamalary hem şu ýerde ýatlap geçeliň.

Saryklaryň **ýapagy** tiresi ýokarda ýatlanan **ýabagu** diýen gadymy taýpanyň galyndysydyr. Bu at **ýap** sözünden we **–ak** hem-de **–y** diýen köplük goşulmalaryndan durýar. **Ýapan** (teke) we **ýapaç** (esgi, teke) etnonimleri-de ýap sözünden we **–an, -aç** diýen köplük goşulmalryndan hasyl bolupdyr.

Ýomutlaryň **ýapban** tiresiniň ady **ýapan** etnoniminiň fonetik görnüşidir. Bu ady etnograf alym G.P. Wasilýewa "aryk, kanal" maysyndaky ýap sözünden hasaplap, onuň manysyny "mirap" diýip düşündrýär we bu etnonimi Sumbar, Çendir, Etrak jülgelerinde dörändir diýip çaklaýar.

Ata Jykyýew şyhlaryň düzümindäki **ýapma** etnoniminiň "ýapyşan, ýagny soň goşulan" manysynyň tarapyny tutýar.

## GOŞMAÇA
## Türkmen taýpalarynyň nesil daragty

Türkmen taýpalary çylşyrymly gurluşdan (nesil daragtyndan) ybarat. Ol ýa-da beýleki urugyň, tiräniň degişli etnik toparyny, nesil daragtynyň ululy-kiçili ençeme şahalarynyň arasynda olaryň ýerleşýän orunlaryny kesgitlemegi aňsatlaşdyrmak maksady bilen, biz taýpalaryň urug-tire bölüniş shemasyny (nesil daragtyny, şejeresini) bermegi makul bildik. Nesil daragty köp şaha bölünmeýän taýpalar shema görnüşinde däl-de ýazgy arkaly berildi. Bir tagta kagyzda ýerleşdirildi. Türkmen taýpalarynyň nesil daragty köplenç orus dilinde çap edilen işlerden alyndy. Türkmen dilindäki asyl nusgasyny anyklamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, tire atlarynyň yzyna sorag belgisi goýuldy (shemalarda we ýazgylarda olaryň alnan çeşmesi görkezildi).

Shemalaryň alnan çeşmeleri:

**Amansaryýew J.** Türkmen diliniň ýomut şiwesiniň demirgazyk gepleşikleri. Kand.dis. A.,1954.

**Arazkulyýew S.** Garagalpak ASSR-niň Dörtgül raýonyndaky türkmen gepleşikleri.—Aşgabat: TDU, 1961.—15 sah.

**Ataýew Kurbandurdy**. Hozýaýstwo i etniçekaýa istoriýa turkmen Ahala.—Dis. Kand. Istor. Nauk.—Aşhabat-Moskwa.1966.

**Wasilýewa G.P.** Turkmeny-nohury.// Sredneazaitskiý etnografiçeskiý sbornik.—M., 1954.

**Winnikow Ýa.R.** Rodoplemennoý i etniçeskiý sostaw naseleniýa Çardžouskoý oblasti Turkmenskoý SSR i ýego rasseleniýe.// Trudy Instituta istorii, arheologii i etnografii.—T. VI.—Ser. Etnog.—Aşhabat: Izd-wo AN TSSR, 1962.

**Demidow S.** Turkmenskiýe owlaýady.—A.: Ylym, 1976.

**Karpow G.I.** Plemennoý i rodowoý sostaw turkmen.—Poltorask (Ashahad), 1925.

**Karpow G.I.** Etniçeskoý sostaw turkmen. Dis. kand. istor. nauk.—MGU, 1942.

**Mawyýew N.** Türkmen diliniň arabaçy dialekti.—A. Ylym, 1987.

**Muhyýew H.** Türkmen diliniň nohur dialekti. Kand. Dis. Aşgabat, 1959.

**Hudaýbergenow J.** Türkmen diliniň ýemreli dialekti. Aşgabat;

Ylym, 1977.

**Ýazlyýew Ç.** Istoriýa i hozýaýstwennoýe razwitiýe naseleniýa Srednego Murgaba (XIX—naçalo XX w.).—A.: Ylym, 1985.

## ARABAÇY

N. Mawyýewiň işinde berilýän maglumatlara görä, arabaçylar 12 urugdan durýar:

1.GULANJY. Degişli tireleri: gara, gyrman, dödek, hetda:r.

2.ÖKERJI.

3.AKJA—begler, kazylar, öküzler, wekiller.

4.JEMAL—begler, jürjenler, majaşlar, warraklar.

5. GÖ:GEM—gara, köçäsygmaz, goturgeçili, esensakaw (Ýa.R.Winnikowyň işinde bu urug ikä—gögem we noýem tirelerine bölünýär).

6.Ä:RDEM (Winnikowda bu urug ýok).

7.ÝARY—goýnaýak (Winnikowda goýunjy), gyzyl, waz, däliler.

8. GARLYK (a sesi gysga)—ak garlyk, gara garlyk, suwçy garlyk.

9. A:LDO:RY (Winnikowda aldaly)—pyşlar, tarhanlar, goturhanlar, kürtler.

10.ALGULAK.

11.DAŇAK (Winnikowda damak).

12. DÄ:DEK.

Bulardan başga-da, Ýa. R. Winnikowyň işinde **janaýyl** diýen urugyň ady getirilýär. Ýerli ýaşulular kelleaýak tiresini hem arabaçylara goşýarlar, ýöne onuň degişli urugy belli däl.

## BAÝAT

Ýerleşen ýerleri boýunça Ýa.R. Winnikow baýatlary 4 topara bölýär:

1.BURDALYKBAÝAT. Oňa degişli urug-tireler: başbagly, laňňylar, kelteler, gazaklar, kemşik, mürüşgär.

2.GADAMBAÝAT—bi:gam, gözeller, ýeti:mek, sapaklar, taýlaklar, çürreler.

3. NAMAZGABAÝAT—arbaplar, su:rlar, şalalar, çallar, etdiler.

4.KIŞTIWA:NBAÝAT—gök, kaşaň, esenbatly.

Bulardan başga-da, ýerli ýaşulular 4-nji topara degişli **gaýy, togalakkele, mäşpaýaly, köpek** ýaly tireleryň adyny tutýarlar.

Alat raýonynda (Buhara oblasty) ýaşaýan baýat ýaşulularyndan alan maglumatlarymyza görä, bu ýerdäki baýatlar **çölbaýat** (kelbaýat) we **gassapbaýat** diýen iki topara bölünýär.

## BURKAZ

Ýerli ýaşulularymyzdan ýazyp alan maglumatlarymyza görä, **burkazlar bersin, bö:ri, ýo:luň** (ýo:luň) diýen üç urugdan, öz gezeginde olar hem birnäçe tireden durýar:

BERSIN—beg-dessa:ly, a:ýabakar, ýary (ak ýary we gara ýary), tekem.

BÖ:RI—bitli, da:ban, şyh, a:luw.

ÝO:LUŇ—ýassy, garai:njik.

## GARKYN

Saýat we Halaç raýonlarynda ýerleşen garkynlar häzir ärsarylaryň düzümine goşulyp giden bolsalar-da, Ýa.R.Winnikow olaryň nesil daragtyny aýratynlykda görkezýär we olary iki topara bölýär:

ÇOHBETDEGARKYN—üçurug (oňa degişli tireler: arslan, mandas, osman), gurreýtbekiş ( gurreýt we bekiş), baýhaky (bolmalysy: baýhalky), sagaka (bolmalysy: solaka), pestili, çartly, hemze.

SAÝATGARKYN—şaýyk, akjalar, aryklar.

Kerki raýonynyň Tutly Gyzylaýak obasynda ýaşaýan garkyn ýaşululary ärsarynyň daýysy saýylýan garkynlaryň jemi 11 tireden durýanlygyny, bu tireleriň adynyň hem köplenç jabdak (jübüt-jübütden) aýdylýandygyny belleýärler: **ataka-tyrraýt (ýa-da ata-ketirreýt), bekiş-gurraýt (hurreýt), osman-munduz (mundas), beg-solaka, arslan, beg, baý.**

## GÖKLEŇ

G.I. Karpow (1925) gökleň taýpasyny gaýy, do:durga, hatap we mukry diýen 4 topara bölüp, häzirki döwürde özbaşdak taýpa hasap

edilýän hatap we mukry taýpalaryny hem onuň düzümine goşýar. Gökleňleriň ownuk tirelerini bolsa ol şeýle görkezýär:

GAÝY—jangurban, garnas, halkadagly (Eýranda), garabalkan (Eýranda), dary, däli, temek (Eýranda), elýaňy, akkel, gyzyl, garakel, bokgaja, gyzylymam.

DO:DURGA—gerkez, gyryk, ýaňak (Eýranda), seňrik (Eýranda), baýyndyr (Eýranda), keýikgodana, sowranly.

HATAP—bo:rugçy, çanakçy, telter, köwsi.

MUKRY—ürgenji, köpekler, ýigirmidö:rt, tokaý.

Gökleňleriň tire-taýpa bölünişigi barada ýörite makala ýazan (K woprosu o rodowom sostawe gýoklen.—TSSR YA-nyň habarlary. Jemgyýetçilik ylymlary seriýasy.—1960--№4) Janmämmet Öwezow bu taýpany diňe iki bölege bölüp, olara degişli tireleri aşakdaky ýaly görkezýär:

GAÝY—akkel, garakel, suwar, garnas, jangurbanly, bokgaja, temek, tat, çaryk, ak, köse, şyh, galmyk, arap, gulaly, ýüzbegi, çigni? salar, adnakel, ýankel, onbegi, terekeme, ýanyk,togtamyş, gätmen, dary, däli, elýaňy, gyzyl, goňur, halkadagly, garabalkan, karug?, kir?.

DO:DURGA—gerkez, sowranly, köpek, kirrik, garaguzy, godana, diňlik, garawul, keýik, çakyr, gökje, ýana?, çekir, ganjyk, hojambaz, aýderwiş, awşar (owşar), erkekli, baýnar?, kelesaňlar, garnas, kekeç, köwli, mürzebaý, garaganak?, çowdur, baýat.

## ÝEMRELI

J.Hudaýbergenowyň işinde getirilen shema görä, ýemreli taýpasy ilki bilen **dagly** we **gumly** diýen iki uly bölümden ybarat. Daglylaryň uruglary we olara degişli tireler şulardyr:

GAZAK—guşlar, garaçäkmenler, onbegiler, sarylar, jellewler, köseler, soltular.

BAÝ—baýlar, soltanly, wişşikler, akgaşlar, gürgenler, kazylar, şahyrlar, körler.

MA:RYP—gapanlar, tilkiler, göwdükler, jommuklar, serdarlar, baýlar, sallahlar, köwekler, kekeçler, molla, köwli, şeýtan.

HYDYR—halamlar, hanlar, olam, düýeler, ussalar, bekewüller, keleçler, sazandalar, porhanlar, küşşeler, külekler, ýetimekler, onbegiler,

ekitçeler, parraçlar, garataýly, temek, gabsyk, düýeler, heşdekler, gedekler, akdişler, (arçadally), begler, şagallar, horazlar, gyzyljalar, künjüliler, sä:neler.

BERDIHOJA—girneler, gerreýler, wekil, ýelek, köpek, öwren, mergenler, kezzaplar.

ÇAKAN—arzybeg, heýwanlar, halwaçylar, toýnuklylar.

GARAJA—kädililer, güneýatanlar.

TAKYRDYŇ—enjamlar, keýtikler, seýpeller, gowçular, bakgallar, porruklar, bazzallar, yňdyrmalar.

DÄ:DIŞ—sülügünler, küleler, itagzylar, pekgeýler, köseler.

JÜNEÝT—goşmaklar, gowaçalar, alajalar, galmyklar.

BEDES—kör, geçemen.

ÝARY—kepbanlar, peňňamlar, şorumsa, bilbil, bahar, kerler, kejiler, begler, pyçaklylar.

GARRAWY—mürüşgär, şallym, onbegi, matgarlar, garaboýnak, garaboýun, hallar, ýalaklar, çokçular.

## MUKRY

Ýa. R. Winnikowyň düzen şejerisi boýunça mukry taýpasy 3 bölümden ybarat (ýerlerde öz ýygnan maglumatlarymyzy hem ýaý içinde onuň üstüne goşýarys);

DAŞRABATMUKRY—ýigrimidört, çopan, tatlar, kuşlar, tokaý, garagan, köpek, (çakyrlar), (araplar), (şagallar).

GYZYLAÝAKMUKRY—alçy, gyrgyly, ketdeler, egriler, begenler, meýteli, perda:zy, baýlar, hudman, (boýnyýogyn).

HOJAHAÝRAN.

## OLAM

Ýa. R. Winnikowyň işinde olamlaryň 6 urugynyň we olara degişli ençeme tireleriň bardygy bellenipdir. Olar aşakdakylardan ybarat:

Ä:DEŇ—abal?, da:tha:, garaja. (olam dialekti barada ylmy iş ýazan H. Bagyýew bu uruga degişli tireleri şeýle görkezýär: da:tha:-lar, amek-ýüwrük, ýoluk).

HEKIM (bolmalysy hä:ki:m)—bitli, köse, garatutly, tokguz, hykly, eşek.

GYZYL—a:şyg, wölke, körhalky, horram.
ÝOLUK—keller, garalar, haýallar.
GARAMGO:L. Winnikow bu urugyň degişli tirelerini görkezmesede, H. Bagyýew onuň **begler**, **kürümçi** diýen tireleriniň bardygyny belläpdir.
AKGUMOLAM—gökdonly, şorden (bolmalysy şä:rdem), elbe, arap, kürt, gajar, tokly, jynly, bady, garsakçy, hyşşa.
H. Bagyýew Winnikow tarapyndan ýatlanmadyk orus urugynyň adyny tutýar we onuň begler, abyl, baý, peşmek ýay tirelerini sanaýar. Akgumolamly ýaşulular bolsa ýokardakylaryň üstüne ýene a:nnaba:ky, köne şä:rdem, şyh, tatlar, kyrryklar, possuklar ýaly tireleri hem goşýarlar.
Täjigistanyň Jylyköl raýonynda ýaşaýan olamlaryň düzüminde-de ýokardakylardan üýtgeşik aşakdaky tireler duş gelýär: keýikler, şagallar, rähmet, döwler, uşak.

## HATAP

Ýa.R. Winnikow hatap taýpasynyň nesil daragtyny şeýle görkezýär:
KELTEARYK—çanakçy, telter, borugçy, köwsi.
ÇÖMMEGA:RYK—dönmez, gopal, beg, joň, gürdek, kälhal, garrylar.
I:RIAHMETLI—çallar, weliler.
I:RIDÄLI—i:ri däli, çillik.
MAÝDAKMARALI?—na:jeren, köseler, hoşoý.
Hatap ýaşulularyndan ýazyp alan maglumatlarymyzda, ýokardakylardan başga-da, bu taýpanyň aşakdaky tireleriniň atlaryny tutulýar: **çepbe, a:geşekli, gartaňlar, gazak, guşçy, gyrak, mollalar, ýu:halar, köwsi, perda:zy, arbap, bagşy, ýagmyrçy, nowaýyrlar, bi:gam, çalyş, ýalap, maýda ahmedaly, i:ri ahmedaly, nä:jirem, jürdük, maýda däli, i:ri däli, lowlaho:rlar, gäkilikler, tikgiler.**

## ESGI

Ýa.R. Winnikowiň işinde esgi taýpasynyň nesil daragty şeýle görkezilýär: bu taýpa ilki bilen **a:bygüzer** we **hanhalky** diýen iki topara bölünýär.

ABYGÜZERIŇ urug-tireleri şulardyr: buslum (ýa-da muslum), garaýetim, galp, sowakçy, ýapaç, ýediurug, guljuk, sarybaky. Bulardan **galp** urugy **tersaýak** we **baçala** diýen iki tirä bölünýär. Ýapaçlaryň bolsa **atalyk** we **agajaýak** diýen iki şahasy bar.

HANHALKYNYŇ urug-tireleri: ýarymsa, solagaý, i:njaldy (ýa-da i:njeldi), üggüldi, heseneke, çaka okjy, halhal.

Esgileriň uly bölegi Özbegistanyň dürli raýonlarynda we Täjigistanyň Şährituz raýonynda ýaşaýarlar. Ýerleşen ýerlerine görä, olara şeýle atlar dakylypdyr: **Gyrteý esgisi**—Garaköl we Alat raýonlarynda: **Börilaň esgisi**—Alatda. Bu topar Kaşgaderýa welaýatynyň Mübärek şäheriniň töweregine göçüp gelenden soň **Köneşäher esgisi** diýen ady alýar; **Çalyş esgisi**—Ürgenç etrapynda, **Hatap esgisi**—Termez töwereginde ýaşaşar. Köneşäher esgileriniň düzüminde **na:jy, taýsy, kör** diýen uruglar bolup, olardan **körler owşar, ýolma, bowuş, gandym** diýen tirelere bölünýär. Gyrteý esgilerinde ýene-de **çalyş, leglek, si:wa, pitek, gopal** ýaly tirelere duş gelinýär.

Täjigistanyň Şährituz raýonynyň Jargorgan obasynda ýaşaýan esgileriň ýaşulusy Saparguly Togtaýewden ýazyp alan maglumatymyza görä, esgileriň abygüzer we hanhaky bölümleriniň hersi 16 tireden ýa-da 8 sany jübdek (goşa) urugdan durýär. Ola şu aşakdakylardyr:

ABYGÜZER—joň-nerbaş, üggüldi-buslum, galp-tersaýak, sarybaky-amanek, köşek-taýlar...

HANHALKY—çokaý-heseneke, ýapaç-ýediurug, okçy-däli, guljuk-gulla”py, ýa:rymsa-halhal, sowakçy-çöwre, injaldy-arybakan, solagaý-agajaýak.

## MÜJEWÜR

S.M. Demidow Mary we Baýramaly raýonlarynda ýaşaýan müjewürleri iki uly topara bölýär: **gutam** (Mary) we **haly:l** (Baýramaly). Ol bulara degişli tireleri şeýle belleýär:

GUTAM—mezi-t, serdar, gyzylja, ereş.

HALY:L—jynlar (onuň bir bölümi gyzyldonly), ma:rha: (haňralar), y:sa:jy (Isa hajy), keller, ýo:nus, pirsözün (tatlar), serdarlar.

Şu awtor Tagta raýonyndaky müjewürleriň 5 bölümini belleýär: abylhalyk, çandyr, mezit, mämmedaly, öwlüýäler.

Ýerli ýaşulular Murgap oazisindäki müjewürleri yslam we Ýo:nus diýen iki uly topara bölüp, olara degişli şu tireleri sanaýarlar:

YSLAM—garabaý, ebeýt, babanyýazkel.

ÝONUS—pirsöýün, serdarlar. Bulardan başga-da, olar gutamlara degişli **e:rýegi, seýdi** ýaly tireleriň atlaryny tutýarlar.

## MAGTYM

Magtymlaryň etnik toparlary şulardan ybarat: o:tly magtym, pir nagtym, gylly magtym, haltaly magtym, toka magtym, gyzyl magtym (S.M.Demidow).

## SEÝIT

Seýitleriň urug-tireleri: şaseýit, managar, ak eşekli (ýa-da ak eşikli), gany:mat, tilkiler, düýeler, döwler (S.M. Demodow).

## HOJA

Hojalaryň etnik toparlary: balkanly, hoja, dagly, ysrabatly (ýagny astrabatly), depbamganly, horasanly, zeňňihoja, berdili, mätili, arabaçy, tatlar, ärsary hojasy (S.M. Demidow).

## GARADAŞLY

G.I.Karpow garadaşly taýpasyny jaglanly we satykly diýen iki uly topara bölüp, olaryň uruglaryny şeýle görkezýär:

**Jaglanly**—kazy, çebiş, jüneýit, melişge, bamyly, bagty, orman, meýilli (mehinli), esrikgara, syrtygara, keç, amanpolat, ýüztanap.

**Satykly**—gyzyl, gart, meňiş, pekgeý, sabyr, nasrylla, kürt, baý, tagarçyk, arap, sapa, kädi, jüneýit, çildir.

## PAMYK

Geçen asyryň ortalaryna çenli pamyk türkmenleri Amyderýanyň sag kenaryndaky Nerezim oazisinde (Saýadyň deňinde) ýaşapdyrlar,

ýöne derýanyň sag kenaryny güýçli ýumurmagy we Nerezimi opgun almagy zerarly, olar häzirki oturan ýerlerine—Kaşgaderýa welaýatynyň Baharystan raýonyna göçmäge mejbur bolupdyrlar.

Ýerli ýaşulularyň beren maglumatlaryna görä, pamyk diýen etnik topara öň **arap** hem diýlip, ol **kekirler** we **garaçanaklar** diýen esasy iki topardan ybarat eken. Olara degişli urug-tireler şulardyr:

**Kekirler**—çalşak, melle, gullar, keçeler, ekizekli, nyýazbaý.

**Garaçanaklar**—keller, dogmalar ýa-da pälwanlar, çalşaklar, garainjikler, jöhitler, gereňler, alaňlylar, iňňeçiler, palaňlar, çukurköllüler, goturlar.

## ÇANDYR

Daşhowuz, Çärjew, Buhara, Samarkant, Kaşgaderýa welaýatlarynda ençeme obalary emele getirýän çandyrlar, ýerli ýaşulularyň maglumatlaryna görä, **baýyndyr, kelçandyry, ga:baja** we **gutlubaý** diýen dört bölekden ybarat bolup, olaryň düzümine börübeg, ka:jam, köýük, dogmalar, şu:ra:ba:t, pa:syh: ga:şlar, berreler ýaly tireler degişlidir.

## MÜRÇELI

Bu ownuk türkmen taýpasy **owşar** we **ýüzbaşy** diýen iki bölümden ybarat bolup, onuň tireleri aşakdakylardan ybarat (öz toplan materiallarymyz boýunça): dä:başy, köpek, begmämmet, lejin, boýakçy, arba:p, hywaly, garadäli, japbak, bokly, geçili.

## ÄNEWLI

Ýerli ýaşulular bu etnik topara degişli şu tireleri sanaýarlar: seýit, magtym, talhan (tarhan), sakar, lezgiler, erbaplar, gazaklar, şa:ryza:lar, serhoşlar, nejepler, tüpeňçiler, mäsimler, sarylar.

## DÜÝEJI

Ýerli ýaşulular bu taýpanyň esasy 5 urugyny sanaýarlar: semidin,

saryja, akja, myýawyt (ýa-da miýewit), gereý (ýa-da bulutkowan).

## HYDYRILI

Çärjew, Sakar, Farap raýonlarynda we Samarkant welaýatynyň Samarkant raýonynyň “Moskwa” kolhozynda ýaşaýan hydyrili taýpasynyň wekillerinden şu aşakdaky urug-tireleriň atlaryny ýazyp aldyk: güwleme, karamat, salyr, çeçke, tekeleçler, çoň, garagaş, ýalançy köseler, çepbeler, mugullar, ipeşikler, açbegler.

## ŞYH

Türkmenleriň öwlat taýpalaryny ýörite derňän S.M.Demidow (Türkmenskiýe owlýady. Aşhabad, 1976) şyhlary aşakdaky ýaly territorial toparlara bölüp, olara degişli urug-tireleri şeýle görkezýär:

**Gyzylşyh.**

**Kenarýaka (Kaspi) şyhlary**—garababa, halylbaba, gündogdy, annaguly, annagöz, ýapma, garalar.

**Pakyrşyh**—bu topar baýgeldi we hurdoýmak diýen iki bölege bölünip, **baýgeldi** bölegi sarymolla, gurt garaçakan, gurak, köke, tüwer, täjik, misgär, kezzap, **hurdoýmaklar** bolsa döw, aktelpek, ezizgök, sülpi, gabasakgal, yslam, ýarty ýaly tireleri öz içine alýar. Bulardan başga-da, biz şu topara degişli garrybükür, halyl, baýramaly ýaly tireleriň atlaryny ýazyp aldyk.

**Röwşenjilişyh**.

**Astanababalyşyh**—dört bölekden ybarat: rabatly, sarykel, bedel, täjik.

## SURHY

Amyderýanyň sag kenarynda ýaşaýan surhy diýen ownuk türkmen taýpasynyň wekilleri Sabynlysurhy (Hojambaz raýonynda) we Gargalysurhy diýen iki topara bölünip, olar esasy 4 urugdan ybarat: ýolug, lebberdi, mugal, garabagşyly.

## ÄRSARY

Ärsary taýpasynyň nesil daragtynyň Ýa.R.Winnikow tarapyndan 1962-nji ýylda düzülen shemasynyň juda çylşyrymlydygy, oňa degişli tire-urug atlarynyň ummasyz köpdügi, şonuň üçin-de bu shemanyň ençeme tagta kagyzy eýelejekdigi göz öňünde tutulyp, ony ýazgy üsti bilen bermegi makul bildik.

Mälim bolşy ýaly, ärsary taýpasy uludepe, güneş, gara we bekewül diýen 4 uly bölümden, her bölüm ençeme urugdan, käbir uruglar hem birnäçe tireden durýarlar. Biz her bölümiň degişli uruglaryny, ýaý içinde bolsa uruglara degişi tireleri sanadyk. Ýa. R. Winnikowyň işi orusça ýazylandygy üçin, käbir atlaryň türkmen dilindäki asyl nusgasyny anyklamak mümkin bolmady. Şeýle ýagdaýda biz ol atlaryň yzyna sorag belgisini goýduk. Il içinden öz ýygnan maglumatlarymyz käbir ýagdaýda Ýa. R. Winnikowyň shemasyndakydan üýtgeşik gelýär. Biz olary uruglara degişli tireleriň sanawyndan soň getirmegi makul bildik.

### I. ULUDEPE.

Bu bölüm jemi 13 urugdan ybarat bolup, olara degişli ownuk tireler aşakdakylardyr:

1. **Gurama** —guramamergenli (oňa degişli tireler: keşler, keller, ekizli, ýusuply, şagallar?), guk, kazylar (oňa degişli tireler: garrylar, peltekli, kazylar), köpekli (oňa degişli tireler: goçaklar, depederler), hapyzlar (oňa degişi tireler: sarybaýlar, meňirsek, lokaşa?), o:klar (oňa degişi tireler: çakanlar, gökjeler, çyrklar? sarylar, nerbaşlar, saryja, mamyja?).

2. **Garaja** —bagşyly (degişli tireleri: sakawlar, tutluk, işanlar), reýimberdili (degişli tireleri: taýlar, tergeler? akçili? toplar, tatlar, gazaklar), gülegenje (degişli tireleri: tegen, garainjik, mangar? düňter, çal, mamur, zorra, alýaly?), gutal, körgarga, garnas (degişli tireleri: çala, mämiş), kürt, şekerek, korkansy? garamämili (degişli tireleri: ekiz, tenter? gatygulak, enakly?) karkara, mergenli, agrybaş, erki (degişli tireleri: awga, basak, ýyglak, iltalmaz, şagal, şeýtan, şor), suwlar.

3. **Surhy** —ýoluk, käller, gyzylkör, kemler, garrylar, gulaklar, garabagşyly, lepderi, mugal, taýak, magsymlar.

4. **Çatrak** —gylgysdy, agajaly, şorly, çartmaly.

5. **Surh** —rahmyşly (degişli tireleri: ýolka, gurin? ýalama), kemenli (degişli tireleri: akner? nuka?), guýmanly, jawaşly (degişli tireleri: arykçy, gürji, jan), haýber, garainjik (degişli tireleri: geden, garainjik, eseke), ürgençli.

6. **Esenmeňli** —çoça (degişli tireleri: kaşgala? çolak, taýmaz), babaguly (degişli tireleri: seýgin, gazak, begler), tüwelekçi, yslamly, maňgyşlaly, gumakly, gylgysdy, a:çbeg, saryja, gutal, gukly?

7. **Akderi** —garaýeser (degişli tireleri: gullar, boýnak, dolmek?), gökler, gyzylly (degişli tireleri: çapaty, işanlar), günderi (degişli tireleri: marek? suýuk), ýonaçy (tireleri: käl, çekiç), bäşderi, begler, arybakan, goplar? çohap, ular? açly.

Il içinden biz bu urugyň ýene-de köýükli, taýyrly, kündeli, bagşylar, garagoýunly ýaly tireleriniň adyny ýazyp aldyk.

8. **Ajy** —arykberkeli (aryk we berkeli), ataokçy (ata we okçy), çarşagal (çar we şagal), çalyş (çalyş we süýbek), balkanly.

9. **Gyzylaýak** —mustapaly, maňgyt, garagoýun, gös? tanşyly? atanyýazly, ajamar (degişli tireleri: begler, baýramja), saltyk, jagalbaý, arunler?, tarhan, ýazaly, agalar, hanyk, homaki, gazlar?

10. **Müsürgarabagşyly** —müsür (degişli tireleri: uşak,gylgapar, iri), garabagşyly (tireleri: aşyk, au:rja, ürküt, kürre).

11. **Etbaş** —itakly (degişli tireleri: ýegenam? garaýandak, öljekli? zy:klar, owlar?), borugly? (tireleri: gamly, gylly), babamaňgyşlaly (tireleri: osman, balhy, körler), maňgyşlaly (tireleri: gyjakçy, durduly, käller, çöpagaç? merdan, or, atça?), abdal, ýonakly, gyrky, koçali? köýükli, tutluk.

12. **Gabyrdy** —gökdaş (degişli tireleri: gök, guş, bada), şagag? (tireleri: hojaly, wölkeli), çyzygaý, şeýtan, sabynly, şyh (tireleri: garji? garaýandakly).

13. **Dänajy** —taşlakly? (degişli tireleri: tekren, açlar), Mekan dänajy (tireleri: isgenderli, garly, kerli, ümürhojaly, aýdaşbaýly, çala), Guwak dänajy (tireleri: surh, obak, gazak, pesli?), halhal, mamaş, garaguşak, keçe.

## II. GÜNEŞ

Bu bölüme aşakdaky 6 urug degişli:

1. **Gabasakgal** —aklar, göleler, dadyşly? kärler, rähmişli, abyşly, altygaryn, kesmeler.

2. **Çekir** —dowça (degişli tireleri: towy, jangaý? ahmetli, biýbaş, malaýly, çallar, begler, keçemeňli, bolur), zürçotakly (tireleri:muraga, ussalar, suwgöz, zür, çotakly), duşemme (tireleri: körçi, läleýin, buruljyk, alladat, arykbatyr, şagal, orusbaý), garagoýunly (tireleri: gyzyllar, çarjalar, garajumalar, ýylanlar), çöpbaş, gyrly.

3. **Süleýman** —uşak (degişli tireleri: gyşyk, mätgurban, badaklar), agzygara, balkanly, eşekli, jäke? marra, garga (garça?), kyrklar, takene? şaýym, geçiler.

4. **Çakyr** —gyzylgoýunly (degişli tireleri: gatybaş, şagla, aklar, egarli? zähkeşli, däliler, leňňer, gaýşaklar, myrathojaly), garagaýonly (tireleri: pataşlar, şeýtanlar, taklar), sakarly (tireleri: saky, jumalar, köşekler, surlar), kumkaly? garma, mäşpaýaly.

5. **Omar** —garagoýun (degişli tireleri: garynja, kürre, kelteler, arlan, garagädik, tatbegler), gyzylgoýun (tireleri: aýym, ajaka, ak, şagla, gatybaş, çütçüt, mätek, kömeç, däli.

6. **Gurama** —arykbatyr, bagşyly (degişli tireleri: köneýagyrly, wagar, persiz), gy:nly, tarhan, gorçaňňy (tireleri: gatyk, aryk, goňurly, galmykly).

## III. GARA

Ärsary taýpasynyň bu bölümi 8 urugdan ybarat:

1. **Guraýyş** —ahmetli, däli, ellesli, goýunjy, gyzyljar, köke, köje, sary, şahlar, çalyş, çynaklar.

Guraýyş urugyndan bolan owganystanly türkmenleriň beren maglumatyna görä, bu urug 6 uly bölümden ýa-da 3 jabdyk (jübüt) tireden ybarat, kö:je-ellesli, şag-ameda:ly, baý-mamaş.

2. **Baý** —şyhym, şagundy, i:sa:mly, ellesli, taňryberdili, sümükli, aşaktop, däli, aklar, dygyr, kel, körler, gaşhadaly, alataýly, arally, alga, gysyr, ojukly? perrik.

3. **Çekiç** —altybörük, garaboýun, gaýgysyz, jynlylar, gamşakly, kör, garrylar, ketenjik, kelek, kärgär, saltyk, sady, suwlar, sardykly, par,

torgaý, täneler? uşak, çöwreler, çakmak, erjel.

Ýa. R.Winnikow tarapyndan sanalýan urug-tire atlaryndan başgada, biz çekiç ýaşulularyndan aşakdaky tire atlaryny ýazyp aldyk: i:sa:mly, jäje, düýeler, güjük, şyrgyt, boýnyuzyn, a:ýmak, serçeler, çeňkler, baý, mamaş.

4. **Yslam** —idiberdi (degişli tireleri: i:gliçeltek, kelleki, öwezsu:r, işan), nu:ra:jy (tireleri: kemler, agzykem, garaşaly, kazylar, çüňker, akja, çynaklar).

5. **Tagan** —bu urugyň wekilleriniň aglabasy Owganystanda ýaşaýar.

6. **Ýabany** —gulanjy ýabany, dawutly ýabany (degişli tireleri: jynly, buýanhana, kaly? gurama?), hänek, bowam, gyzylagyz, juma, togar, jögi, urat, garaboýun, talyk? garaýandakly.

7. **Gazan** —melejik? şag.

8. **Mamaş** —ä:deň, altymamaş, bagaja, gyrmyzy, şine, hatap, hasanly.

Ýa.R.Winnikow däli urugyny garalara goşmaýar, ýöne G.I. Karpowyň shemasynda ol gara bölüminiň birinji urugy hasaplanyp, onuň wekilleriniň Owganystanda ýaşaýandygy hem aýdylýar. Dogrudan-da, däli urugynyň wekilleri köpçülikleýin Owganystanyň Akja welaýatynda oturýarlar. Owganystanda çykýan “Göreş” diýen türkmen gazetniň redaktorynyň orunbasary bolan we asly Jeňňelaryk obasyndaky däli urugyndan bolan Sadylla Mollarozy oglunyň beren maglumatyna görä, bu etrapdaky däli urugy ýagşyhojaly, geňişli, gyzylýüňli we öküzli diýen 4 tirä bölünýär. Ýagşyhojaly tiresiniň düzüminde taňňyrly, kassa: plar, jynlar, geňişlilerde hem magsymlar we geçiler diýen ownuk bölümler bar.

Täjigistanyň Jylyköl etraplarynda ýaşaýan türkmenler geçmişde **garatürkmen** diýen at bilen taryha giripdir. Ýerli ýaşulular olary ärsarylaryň gara bölümi bilen baglanyşdyrýarlar. Olar arynjy we terenji uruglaryny hem şu garalaryň bir urugy hasaplaýarlar.

## IV. BEKEWÜL

Ärsarylaryň bekewül bölümi 6 urugdan durýar:

1. **Sa:ryly** —kelleli, berdinyýaz, mollaly, imren, onbegi, towşan, totçi? imçek? kyrykly, tomar.

2. **Lamma** —çerkez (degişli tireleri: i:gli, gum, ýedi), omçabaş

(tireleri: köseler, şeýtanlar, sakawlar, araplar, kyryklar), bataş, garaltaý, bürgüt, geçili, gamyşlakly, gedamas, gularyk, saltyk.

Ýaşulular çarşaňňy tiresini hem lammalaryň bir bölümi hasap edýärler. Oňa degişli tireler şulardan ybarat: müresen, gyzylgöz, düýegöz.

3. **Uşago:n** —bürgüt, kena:n, kelteler, keltebaş, hoja, tazy:gan, ça:ýy (degişli tireleri: gutluçaý, körçal, söbünçal—Jylykölde: sa:rybaş, arba:p, gara:met, ço:çalar—Garabekewülde).

Adyndan belli bolşy ýaly, uşagon urugy 10 sany ownuk (uşak) tireden ybarat bolmaly, emma Ýa.R.Winnikow oňa degişli diňe 7 tiräniň adyny sanaýar. Ýerli ýaşululardan ýazyp alan maglumatlarymyza görä, gultak, çakmak we omçabaş tireleri hem şu uruga degişli bolmaly.

4. **Ýerli** —naty (degişli tireleri: balykçy, tagaşa? nesi:mli), çakmak (tireleri: tary, ogry, hojalar, postak), abdal, ýegen, özbekgullar, polatkel (tireleri: sakaw, garly, ýöritmez?, garrylar, gedemler, erteler, towuklar, dükler, köseler.

5. **Gültak** —meleje, hojaly, batyr, diwana, garryşeýtan, melik.

6. **Togaçy** —aşga:ly, beglan? begmek (kiçi tireleri: abdylla, iýji, kelte, aýdyrli? wekil, dükjebaý, iýji, polatly, söýünja-jy, şalyk, herri, çalyş.

* * *

G.I. Karpow we Ýa.R. Winnikow dagy Hojambaz we Halaç raýonlarynda ýaşaýan **eleç** urugyny ärsary taýpasynyň hiç urugyna-da goşmandyrlar. Ýerli ýaşulular ony uludepe bölüminiň bir urugy hasaplap, degişli tirelerini aşakdaky ýaly sanaýarlar: go:duk, horasanly, däli, tebip, körpeçli, dowuşly (ýa-da bekeş). Ownuk tireleri: melebaş, kel, aryk, bäşeşekli, mollaly, kanty, pan, garjaw. Bu urugyň wekilleri özlerini o:k we ajy uruglary bilen ýakyn garyndaş hasaplaýarlar.

Ýokardaky awtorlar garkynlary hem ärsarylaryň düzümine girizmändirler, emma Saýatda we Halaçda ýaşaýan garkynlar özlerini ärsary saýýarlar (hatda olar özlerini Ärsary babanyň daýysy hasaplaýarlar). Bu urug jübüt-jübütden (jabdak) gelýän II tireden ybarat: ataka-tyrraýt (ýa-da ata-ketirreýt), bekiş-gurraýt, osman-munduz (mundas), beg-solaka, arslan, baýlar, sola.

6. 1. G. I. Karpow 1925



## ÝOMUT

Uly türkmen taýpalarynyň biri bolan ýomutlar Günbatar (Balkan) we Demirgazyk (Daşoguz) ýomutlary diýen iki topara bölünýär. Olaryň urug-tirelere bölüniş shemasy (nesil daragty) çeşmelerde dürlüçe görkezilýändigi üçin, biz ol shemalary aýry-aýrylykda getirmegi makul bildik. Shemalaryň alnan çeşmeleri: G. I. Karpow. Племенной и родовой состав туркмен, Полторацк (Ашгабад), 1925. Rus dilinde nädogry ýazylyp, anyklamasy kyn bolan atlaryň yzna sorag belgisi goýuldy. 2. J. Amansaryýew. Türkmen diliniň ýomut şiwesiniň demirgazyk gepleşikleri. Kandidatlyk dessertaçiýanyň golýazmasy. Aşgabat,1954. Z. A. Geldiýew. XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başynda Etrek türkmenleriň hojalygy. Diplom iş. Aşgabat, TDU, 1966

6. 1. G. I. Karpow 1925



## Daşoguz ýomutlary

Bir sahypa sygmadygy üçin, nesil daragtynyň shemasy böleklere bölünip ýerleşdirildi.



Dowamy



ÝOMUT
BAÝRAMŞLY
GARAÇUKA
Öküz
Salak
Orsukçy
Uşak
Jafarbaý
Atabaý
Hajy
Barak
Tebele
Temeç
Garaboýun
Garsak
Gojuk
Baga
Bähelke
Maşryk
Mollaköse
Çakşetli
Tamdyrly
Gara barak
Akdüýeli
Begataogly
Begler
Söýünjek
Garakçy
Keller
Gökje
Çebşekler
Çallar
Gowaldaň-
lar
Atalyk
Molla
Köse
Annaata-
ogul
Babaçalata-
ogul
Küren
Kerwenbaşy
Labalar
Ussaňkylar
Däliler
Söýlübeg
Esenje
Serdar
Agarlar
Gabanlar
Kürreler
Emeler
Körler
Garalar
Balykçylar
Gyzyl
Daňryk
Gurama
Marama
Akgaryn
Da:şlar
Daz
Gullar
Gyryk
Alagöz
Togdary
Nefere
Garaçakan
Dädekeler
Eýmir
Ganýokmaz
Düýeji
Tarhan
Harazçy
Halfa

## Günbatar (Balkan) ýomutlary
## (Ak Atabaý)



6. 1. G. I. Karpow 1925





Saryklar
Yzdaky sahypada
TEKE
ÝALKAMYŞ
TOGTAMYŞ
UTAMYŞ
Beg
Wekil
Syçmaz
Bagşy
Bükri
Ýusup
Ganjyk
Gagşal
Aksopy
Hajysopy
Soltany:z
Üçurug
Gökbaý
Şowa
Akdaşaýak
Garadaşaýak
Mi:riş
Çeltek
Salyk
Ýasman
Arlaň Waraň Ýşgalaň Baýgeldi Dokçaga Haýwan Balkanguly Gagşalbeg Gürjemen Argyn Kepgin Bagşy Gara Bibikör Agybagşy Galpak
Gutam
Şagla Çepekli
Gyr? Kör (Kir) Sagyr Tümen Perreň Şagal
Arap Ba:gaja Menli Gyzylgöz Mülkaman Bokurdak
Baý Gaby:l
Perreň Topaz Garaahmet
Gyzylbeg Begendik Müňçe Gürji Matyr
Perdanly Perili
Uruşgan Wekil Äýdar Ýüzbaşy Mürşük

Awtory näbelli



Ýä. R. Winnikow 1962



6. 1. G. I. Karpow 1925



Dowamy




6. 1. G. I. Karpow 1925

Ýä. R. Winnikow 1962



6. 1. G. I. Karpow 1925



Ýazlyew. Ç. 1925




Ýazlyew. Ç. 1925
Tekeleriň düzüminde
Dowamy
ÝAKAMYŞ-SARYK
AMAŞA
POLATŞA (HERZEKI-SUHTY)
ALYŞA (ÜÇURUG)
BEDEŇ
SÖÝÜNALY
GULJA
GANLYBAŞ
SUHTY
GYZYL
GOJA:LY
Şejeresi öňdäki sahypada
Tibet
Madji?
Akňogaý Onbegi Aşyrbaý Düýeji Ýatan
Garanogaý
Hanteber Garlybaş
Baýteber
Agajaýak
Maşyk
Saryja Alagöz
Abdal
Mömünişan Alýacik? Garatilki
Ganlybaş
Çemçe
Dädegulу
Erden
Şeriptagan Kerpota Pota Tagan Onbegi Şerip Ker Garaderi
Janguly
Akguly
Gyzylja
Şyhtemir-batym
Garahojaly
Şawman
Tat
Gullar Kerler Kermanlar Gökler
Esir Atamet Kiçiegen
Garaboýun Amagulak Emin Owlat Bagşy
Çerli Oturgyç Gupbaş Garaýak
Baýlym
Halym
Gutak
Alşym
Çarköpek
Üpji
Gyzylmyrat Maş?
Garaja Janguly Garaatly
Onbegi Çasgyn Çala Surry
Gulanbaý
Gylyçmergen
Batym
Şyhtemir
Baýlym Keller Miriş Mollalar Torgaý
Kel Akdaşly Ener
Kel Ezme Ýegre Ýylan
Duz Gurt Garagol
Hymyrdy Begler Hepbe Şumy
Garasar Gazan
Soltan Possun Durdaly

Ataýew. K. 1968



6. 1. G. I. Karpow 1925



Arazkulyýew S. 1961
(Gysgaldylyp alyndy)



Wasilýewa G. P, 1954




Muhyýew H. 1959
Dowamy
N O H U R L Y
ZERTLI
Kazy
Hywaly
Çaryk
Sepguly
Seýitguly
Muhammetguly
Aýy
Aýy
Bebir
Hojanepes
Kör
Ogry
Ogry
Beg
Kel
Hojanyýaz
Adybaý
Ussanedir
NOHURLY
Denjik
Melik
Ýshata
Sygyr
Eşek
Ýüzbegi
Ýüzbegi
Garadaşly
Guşhana
Ýüzbaşy
Annagurban
Öwezýüzbaşy
Hoja
Erbap
Öwezgeldi
Abdyrahman
Bahar
Jagyljugul
Parraş
Köse

## Düşündiriş berlen etnonimleriň görkezijisi


**A**

Abdal — 16
Awçy — 19
Agar — 20
Agar äri — 22
Agöýli — 23
Adak ili — 24
Adakly — 24
Adakly Hyzyr — 24
Ajam — 25
Ajan — 25
Ajy — 26
Azerbaýjan — 28
Aýmak — 29
Aýy — 31
Ak — 101
Akgoýunly — 31
Akderi — 34
Akja — 36
Akjaly — 36
Akjyk — 36
Akman — 37
Alabölük — 39
Alaýontly — 40
Alam — 42
Alan — 42
Alaň — 42
Alaöýlükli — 39
Alat — 40
Alaça — 44
Alaçyk — 44
Alban — 46
Alaşa — 44
Alwan — 46
Aldory — 42
Alabörükli — 39
Alili — 48
Alkaöýli — 39
Alkyrewli — 39
Alpan — 46
Arabaçy — 49
Arakçy — 52
Araky — 52
Arbap — 53
Aryk — 53
Arykkör — 154
As — 42
Asgi — 237
Askroprobatid — 32
Ata — 56
Afşar — 164
Aç — 26
Açbeg — 26
Aşina — 32

**B**

Baga — 57
Bagaja — 57
Bfgty — 57
Bagtyýarlar — 59
Bagweli — 57
Bagly — 57
Bagşy — 75
Bada — 59
Badak — 59
Badal — 59
Badrak — 59
Baý — 61
Baýramaly — 64
Baýraç — 65
Baýtally — 42
Balkan — 66
Balkanly — 66
Balykçy — 66
Barani — 31
Barak — 67
Bargut — 85
Bataş — 59
Batym — 59
Batyrlar — 47
Baharly — 68
Bahar — 68
Başbagly — 57
Baýat — 61
Beg — 69
Begdepesi — 135
Begenjaly — 69
Bekdili — 69
Bekewül — 70
Bekirşyh — 173
Beçene — 71
Bitik — 74
Biweten — 74
Bozajy — 75
Bozmelek — 77
Bozok — 77

Bozýatan — 77
Borugçy — 80
Böri — 81
Boýakçy — 80
Bujakly — 83
Burkaz — 84
Burunjyk — 87
Bükdüz — 87
Büzmeýinli — 87
Bürgüt — 88
Bäşbagly — 88
Bäşderi — 34
Bäşöýli — 88
Bäşurug — 88

**W**

War — 86
Waraň — 86
Warrak — 86
Warkaz — 84

**G**

Gabyrdy — 84
Gagauz — 90
Gaşgal — 91
Gajar — 91
Gaz — 210
Gazak — 92
Gazan — 93
Gazarçy — 94
Gazaýakly — 95
Gaýrakçy — 97
Gaýy — 98
Galmyk — 98
Galpak — 99
Ganjyk — 67
Gapan — 101
Gara — 101
Garzatly — 40
Garaboýnak — 103
Garaboýun — 103
Garawul — 103
Garabölük — 106
Garagalpak — 99
Garagoýunly — 31
Garadaşly — 104
Garaderi — 34
Garaýylgynly — 209
Garaman — 37
Garamahmyt — 104
Garamgol — 105
Garamyş — 105
Garaöýli — 106
Garaçaýly — 221
Garaçuka — 107
Garaýuha — 107
Garjaw — 108
Garkyn — 108
Garlyk — 108
Garma — 108
Garnas — 108
Garsak — 112
Garsakçy — 112
Garyşmaz — 54
Gaty — 112
Gataýak — 112
Gatygulak — 113
Gatyk — 113
Gereý — 113
Gatyr — 113
Gereýli — 113
Gerkez — 84
Gerre — 113
Gereň — 113
Geçemen — 114
Gireýli — 113
Girjik — 113
Girdek — 113
Girne — 113
Girraz — 113
Girran — 113
Gowak — 114
Gowky — 114
Gowçy — 114
Goldagly — 114
Goňrat — 114
Goňur — 115
Goşa — 116
Goşma — 116
Goşmak — 116
Goştamgamgaly — 116
Goşhadaly — 116
Goýunly — 116
Gögem — 117
Gögeç — 117
Gögüş — 117
Gök — 117
Gökje — 117
Gökjeli — 117
Gökleň — 118
Gökjeli — 117
Gökli — 118
Göktaý — 118
Gökteý — 118
Gök — 118
Gökçi — 80,118
Gökşal — 91
Gul — 119
Gulanjy — 119
Gulançy — 119
Gultak — 120
Gumly — 120
Gumuk — 121
Gunlar — 121
Gurama — 108
Gutal — 58
Gunny — 121
Gur — 132
Guraýş — 122
Gurt — 81
Gutam — 58
Gutlar — 57
Gutlutemir — 122
Gutly — 122
Guşçy — 123

Gutçy — 58
Günderi — 34
Güjük — 68
Güneş — 123
Gürji — 68,124
Gürjizmen — 124
Gyzganly — 125
Gyzan — 124
Gyzyk — 125
Gyzylaýakly — 126
Gyzylbaş — 127
Gyzylýak — 126
Gyzylergenek — 127
Gyzylja — 126
Gyzylkör — 154
Gyzylly — 126
Gyzyl oguz — 125
Gylawuz — 128
Gylyçmergen — 128
Gynyk — 128
Gypjak — 129
Gyrgy — 132
Gyrgyz — 130
Gyrgyly — 132
Gyrman — 132
Gyrryk — 132
Gyryk — 132
Gyrykly — 133
Gyrymsa — 133

**D**

Dabaşy — 133
Dagsakar — 107
Daz — 133
Dagly — 120
Daý — 134
Datha — 133
Dah — 134
Daş — 134
Daşaýak — 126
Daş butur — 135
Daşky — 135
Daşky salyr — 135
Daş oguz — 135
Da-ýue-çji — 159
Demirçi — 135
Depbe — 135
Depel — 135
Diwansaýat — 136
Dowladöküzler — 136
Dowlat — 136
Dowlatgeldi — 136
Doldurga — 136
Doýç — 7
Dokuz — 137
Dokuzoguz — 137
Duglat — 136
Doly — 136
Dulu — 136
Düýeji — 137
Dyşky — 134
Däli — 134,140
Dähli — 134

**Ýe**

Ýewreý — 147
Ýediurug — 141
Ýemreli — 142
Ýerki — 142

**Ýo**

Ýomut — 143

**J**

Jagal — 144
Jagalbaý — 144
Jagyljogul — 145
Jangurban — 145
Jangurbanly — 145
Janybek — 145
Janyk — 146
Jaruklyk — 225
Jaryk — 225
Jatyrtürkmen — 146
Jafarbaý — 146
Jafarbegi — 146
Jelaýyr — 146
Jojaň — 147
Jögi — 147
Jöhit — 147
Juwazçy — 148
Juwaldar — 148
Jüýje — 148
Jylantamgaly — 148

**Z**

Zeňňi — 148

**I**

Igdir — 147
Imir — 234
Inuit — 13
Irki — 142
Irkit — 142
Irküt — 142
It — 67
Itagyz — 238
Itakly — 238
Itbaş, itbaşy — 238
Itbeçene — 71
Iç — 135
Içbutur — 135
Içki — 135
Içki sayr — 135
Iç oguz — 135

**Ý**

Ýabagu — 246
Ýaban äri — 241

Ýigrimidört — 150
Ýüzbegi — 133
Ýüzbaşy — 133

**K**

Kabardy — 90
Kazak — 92
Kaňly — 49
Karzit — 113
Kara-koraýyş — 122
Karyk — 132
Kaum-i külah-i siýah — 100
Keýik — 151
Keýikçi — 151
Kem — 152
Keman — 152
Kemen — 152
Kemer — 152
Kemki — 152
Kersençi — 152
Keç — 152
Keçje — 152
Keçkelle — 152
Koman — 129
Komi — 31
Köw — 153
Köwek — 153
Köwli — 153
Köwsi — 153
Köýük — 153
Köýükli — 153
Köýündi — 153
Kömürçi — 153
Köpek — 67
Kör — 153
Körek — 153
Körsagyr — 154
Körçi — 154
Kuban — 130
Kuman — 130
Kumy — 120
Kumeri — 26
Küpbaş — 152
Kürdük — 155
Kürt — 154
Kürtçapyk — 155
Kyraç — 155
Kyrk — 132
Kyrranlar — 133
Kyrryk — 133
Kädi — 152
Kädibaş — 152
Kädili — 152
Kädi — 152
Kädiçi — 152

**L**

Lamma — 157

**M**

Magtym — 158
Mamaş — 158
Maňgyşlow — 66
Mamyt — 104
Maňgyşlaly — 66
Mari — 13
Massaget — 159
Maşryk — 159
Maryp — 159
Meýilli — 161
Melik — 79
Mergençi — 19
Meňlitemir — 159
Mereke — 159
Merkit — 159
Merýe — 159
Mehinli — 161
Mogoljyklar — 105
Möjek — 81
Mugal — 105
Mugul — 105
Mukry — 161
Mundas — 162
Müjewür — 162
Mürüşgär — 163
Mürçeli — 163
Müsür — 159
Mynta — 162

**N**

Nemes — 8
Nenes — 13
Nefere — 163
Niwh — 13
Nilger — 80
Nogaý — 164
Nohurly — 164

**O**

Owuş — 165
Owşar — 164
Oguz — 166
Ogur — 132
Ogşuk — 167
Ok — 167
Okly — 167
Okçy — 168
Olam — 42
Onbegi — 133
Onogur — 132
Onok — 167
Or — 169
Orda — 169
Ordugoja — 169
Orman — 169
Orsukçy — 170
Orsut — 170
Orteki — 169
Orus — 170
Orusbaý — 170
Orusberdi — 170
Oruskuşçi — 170
Os — 293

Oseti — 44, 293
Oturgyç — 171

**Ö**

Öwezgeldi — 171
Öwji — 171
Ögem — 171
Ödemiş — 211
Özbek — 172
Öküz — 172
Özlütemir — 64

**P**

Pakyrşyh — 172
Pamyk — 173
Par — 173
Parnlar — 174
Parsy — 174
Parhaýly — 174
Penjiwar — 175
Pereň — 175
Perreň — 175
Peçeneg — 71
Polat — 175
Polatkel — 175
Polatly — 175
Polowes — 129
Päkize — 176
Pälwanlar — 47
Pälwanly — 47

**R**

Röwenjikli — 213

**S**

Sabynly — 176
Sabyr — 177
Sawyr — 177
Sagry — 178
Sagyr — 178
Sadrak — 178
Sadyr — 178
Sazanda — 178
Saýynly — 178
Saýynhany — 178
Sak — 179
Sakaw — 180
Sakawy — 180
Sakar — 180
Sakarauk — 181
Sakarja — 180
Sakarly — 180
Sakarçarlyk — 180
Sakgar — 180
Sakka — 182
Saky — 182
Sal — 182
Salak — 182
Salar — 183
Salargazan — 183
Salah, salahly — 182
Saltyk — 183
Salyk — 182
Salyr — 182
Sanjar — 184
Sanjary — 184
Sapur — 177
Sarwan — 185
Sarwanly — 185
Sart — 242
Sary — 185
Sarybaky — 185
Sarybükri — 185
Saryja — 185
Saryjabaýlar — 185
Saryjalyk — 185
Saryk — 185
Sarykel — 185
Saryly — 185
Sarymolla — 185
Sarysopy — 185
Saryhajy — 185
Satykly — 187
Saýat — 187
Saýatly — 187
Seýit — 188
Seljuklar — 188
Sowranly — 190
Sojak — 147
Sojaň — 147
Soltan — 190
Soltaniz — 184
Soltanly — 190
Sort — 190
Sort aýtamgaly — 191
Söýünjajy — 191
Söýünjek — 191
Söýünhanny — 191
Söýünhoja — 191
Söýünç — 191
Suwan — 192
Suwar — 192
Suwlar — 192
Suwçy — 192
Sul — 243
Surh — 193
Surhy — 193
Su, so — 192
Suhty — 193
Suýuk — 192
Süwji — 192
Süýmüş — 152
Süýrüje — 152
Süýrükelle — 152
Süleýman — 194
Sünçeli — 194
Syýadagsakar — 194

**T**


Tabar — 198
Taga — 195
Tagan — 195
Taganbaý — 195
Tagarçak — 195
Tagtaly şirwan — 195
Tagýagmyr — 287
Taz — 134
Tazi — 209
Tazygan — 196
Taý — 209
Tapur — 198
Tarançy — 203
Tarhan — 196
Tat — 196
Tatar — 197
Teber — 198
Tegepek — 198
Teke — 198
Tekeleçler — 201
Tekeli — 200
Tekem — 201
Tekren — 201
Tele — 141
Temek — 201
Temen — 201
Temes — 201
Temeç — 201
Temir — 64
Temrli — 202
Temirogly — 202
Temirhoja — 20
Terakime — 202
Terekeme — 202
Terenji — 202
Tibet — 203
Tirket — 203
Towar — 204
Towuk — 204
Towy — 204
Tog, tow — 204
Togalak — 152
Togalakkelle — 152
Togar — 203
Togaçy — 204
Togtamyş — 204
Tokly — 204
Topaz — 204
Topar aýtamgaly — 204
Topbakürt — 204
Topla — 204
Tuwa — 135
Tüwer — 204
Tüýs ýolma — 58
Tüke, tükýu — 199
Tümen — 205
Tümenşagal — 205
Türgeş — 156
Türk — 206
Türgeş — 156
Türkmen — 207
Täjik — 209
Täzegoňrat — 209


**U**


Ubak — 168
Udmurt — 13
Uýgur — 210
Uludepe — 135
Ussajyk — 211
Ussalar — 211
Ussanedir — 211
Ussaňkylar — 211
Ussalygürbe — 211
Ustajal — 211
Utamyş — 211
Uturgur — 167
Uşagan — 212
Uşagon — 212
Uşak — 212


**Ü**


Üker — 212
Ükürjikli — 212
Ürgenji — 213
Üregir — 213
Ürküt — 214
Üçil — 214
Üçoguz — 214
Üçok — 214
Üçurug — 214


**F**


Firuzkuh — 33
Frank — 175


**H**


Hazar — 215
Halaç — 216
Halwaçylar — 217
Halkadagly — 217
Handag — 221
Hasanili — 238
Hasarly — 218
Hatap — 218
Hoja — 218
Hojadyryk — 218
Hojaili — 219
Hojalyk — 219
Hoin-irgen — 26
Hurdoýmak — 219
Hywaly — 219
Hywaçy — 219
Hydyrili — 220
Hyzyili — 220
Händekli — 221

**Ç**

Çawyndyr — 224
Çagataý — 221
Çagrak — 225
Çaýy — 221
Çaka — 222
Çakan — 222
Çakanalagöz — 222
Çakmak — 222
Çakçak — 222
Çakçabaş — 152
Çakyr — 222
Çal — 223
Çala — 223
Çalbar — 223
Çalbaş — 224
Çalbozan — 223
Çalma — 223
Çalşak — 223
Çalyş — 223
Çandyr — 224
Çaraýmak — 29
Çarh — 225
Çarşaňňy — 225
Çaryk — 225
Çatrak — 226
Çeges — 226
Çekir — 226
Çekirbaý — 226
Çemçe — 227
Çepbeje — 228
Çepek — 228
Çepi — 227
Çepni — 227
Çerikli — 228
Çerkez — 84
Çerli — 228
Çýornye klobuki — 100
Çerre — 86
Çig — 228
Çigil — 228
Çikje — 228
Çil, çiller — 228
Çildir — 228
Çilikli — 228
Çowdur — 229
Çomalak — 230
Çomak — 230
Çoman — 230
Çomur — 230
Çomuçly — 227
Çotakly — 231
Çotan — 231
Çotlar — 231
Çotur — 231

**Ş**

Şaýy — 232
Şaýyly — 232
Şapur, şahpur — 177
Şirwan — 232
Şyh — 232

**Y**

Ybagata — 223
Ybak — 233
Ywa — 233
Yslam — 234

**E**

Egri — 152
Egrikelle — 152
Eýmir — 234
Eýmirili — 142
Ekerem — 235
Eleç — 236
Erbap — 53
Erden — 236
Erekli — 185
Ertem — 236
Erkekli — 185
Esgi — 236
Esenili — 238
Esenhaly — 238

**Ä**

Ärsary — 239

**Ýa**

Ýabany — 241
Ýaby — 241
Ýagalbaý — 144
Ýagma — 242
Ýagmyr — 242
Ýajy — 244
Ýazy — 243
Ýazyr — 242
Ýaýçy — 244
Ýaýçyly — 244
Ýakalybamyly — 245
Ýakatürkmeni — 245
Ýalawaç — 245
Ýapagy — 246
Ýapan — 246
Ýapma — 246
Ýapyrly — 246
Ýas, ýasa — 243
Ýasyr — 243
Ýatagan — 80
Ýatan — 80
Ýagudi — 147

ATANYÝAZOW Soltanşa
РОДОСЛОВНАЯ ТУРКМЕН
На туркменском языке

Redaktor S. Annasähedow
Korrektor O. Taňňyýewa
Suratçy A. Esenow
Tehredaktor N. Berdiýew

Ýygmaga berildi 15.03.92 Çap etmäge rugsat edildi 12.07.93
Formaty 60X84 1/16 Tiražy 30.000 Zakaz № 1132

“Turan—1” neşirýaty, Aşgabat, DOSAAF pr., 118
Metbugat öýi, Aşgabat ş., Atabaýew köç., 20.